**D. Ballyýewa, S. Goçumowa, M. Gurbannazarowa**

# HALKARA YNSANPERWER HUKUGY

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2025

UOK
B

**Ballyýewa D. we başg.**
**B** **Halkara ynsanperwer hukugy.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2025.

Okuw kitaby Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde halkara hukugy, hukuk öwreniş, halkara gatnaşyklary we diplomatiýa, halkara žurnalistikasy hünärleri boýunça bilim alýan talyplar üçin niýetlenip, ondan beýleki ýokary okuw mekdepleriniň talyplary, magistrler hem-de aspirantlar, şeýle hem degişli hünärmenler peýdalanyp bilerler.

TDKP № , 2025 KBK ýa 73

© D. Ballyýewa we başg., 2025.



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOW**



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

**Türkmen halkynyň Milli Lideri**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

*– Biz daşary syýasatyň we halkara gatnaşyklarynyň guraly hökmünde harby güýji düýbünden ret edýäris. Türkmenistan islendik ýagdaýlary parahatçylykly serişdeler we usullar arkaly kadalaşdyrmaga birinji derejeli ähmiýet berýär*[1].

## GIRIŞ

Halkara hukugyň kadalary diňe bir parahatçylyk döwründe hereket etmän, uruş we ýaragly çaknyşyklar döwründe hem hereket edýär. Şunuň ýaly kadalary döretmek we kämilleşdirmek zerurlygy dürli hili uruşlaryň, ýaragly çaknyşyklaryň köp sanly mysallaryny görkezýän jemgyýetçilik durmuşynyň hakyky tarapy bilen beýan edilýär. Özüniň sosial häsiýetine we maksatlaryna garamazdan, olaryň hemmesi ýaragly söweş serişdelerini ulanmak, ýagny söweşýän taraplaryň, şeýle hem harby çaknyşyga gatnaşmaýan taraplaryň halkara hukugyň ýörite kadalaryny berjaý etmegi bilen häsiýetlendirilýär. Şeýle kadalar, köplenç, urşuň kanunlary we däpleri ýa-da halkara ynsanperwer hukugy diýlip atlandyrylýar. Halkara ynsanperwer hukugynyň kadalary halkara hukugyň iň gadymy pudaklaryna degişlidir.

Halkara hukugy ylmynyň ösmeginde belli golland hukukçysy Gugo Grosiniň uly orny bardyr (1583–1645 ý.). Ol özüniň «Uruş we parahatçylyk hukugy hakynda» kitabynda (1625 ý.) halkara hukuk tejribesini jemläpdir we umumylaşdyrypdyr.

Bu spesifik halkara-hukuk kadalary ýaragly söweşleriň serişdelerini we usullaryny çäklendirmek, olaryň has agryny gadagan etmek üçin niýetlenendir. Olar raýat ilaty we medeni gymmatlyklary, ýaragly çaknyşyklar döwründe garaşsyz taraplaryň ýagdaýyny goraýarlar hem-de harby jenaýatlar amala aşyrylanda, olaryň bozulmagy üçin jenaýat jogapkärçiligini belleýär. Şeýlelikde, bu kadalar ýaragly çaknyşyklaryň netijelerini hem-de masştabyny çäklendirmäge obýektiw ýardam edýär.

---

[1] Geljege barýan parahatçylyk döredijilik köprüleri (Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 66-njy mejlisindäki çykyşy). – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011. S. 7.

Halkara ynsanperwer hukugy umumy halkara hukugyň iň esasy we wajyp pudaklarynyň biridir. Soňky ýyllarda, ýagny XX asyryň ahyrlarynda hem-de XXI asyryň başlarynda dünýäniň birnäçe künjeginde dürli-dürli ýaragly çaknyşyklar, tebigy betbagtçylyklar bolup geçdi. Harby çaknyşyklar döwründe esgerlere, parahat ilata kömek bermek halkara ynsanperwer hukugynyň iň wajyp meselaleriniň biridir. Ýaralylaryň, syrkawlaryň, raýat ilatynyň, harby ýesirleriň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak meseleleri 1949-njy ýylyň Ženewa Konwensiýalary we olaryň 1977-nji ýyldaky II Goşmaça Protokollary bilen düzgünleşdirilýär. Häzirki wagtda halkara ynsanperwer hukugyna – harby gapma-garşylyklar döwründe uruşýanlaryň özüni alyp barmagynyň uniwersal hukuk ulgamy hökmünde düşünilýär.

Biziň hemişelik Bitarap döwletimizde ynsanperwerlik syýasatyny doly halkara derejede alyp barmaga mümkinçilikler Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan ýola goýlandyr. Biziň döwletimiz dünýä möçberinde hereket edýän ynsanperwerlik baradaky şertnamalara hem goşulandyr. Bu ugurlar boýunça Türkmenistanda birnäçe içerki kanunçylyk namalary hem hereket edýär.

Halkara ynsanperwer hukugyny okatmagyň esasy maksady hem halkara ynsanperwer hukugynyň düşünjesini, kadalaryny, ýörelgelerini, çeşmelerini, bu hukuk pudagynyň subýektlerini we obýektlerini, halkara ynsanperwer hukugy babatdaky milli kanunçylyk namalaryny öwretmekden ybaratdyr.

# I BAP. HALKARA YNSANPERWER HUKUGY: DÜŞÜNJESI, PREDMETI, ÇEŞMELERI WE ÝÖRELGELERI

## § 1. Halkara ynsanperwer hukugy halkara hukugyň pudagy hökmünde. Halkara ynsanperwer hukugy barada düşünje we onuň predmeti

Halkara ynsanperwer hukugy diýlende adalatlylyga, deňlige, adamyň esasy hukuklarynyň we azatlyklarynyň hormatlanylmagyna düşünilýär. Bir söz bilen aýdylanda «gumanizm» adamy söýmekdir. Emma adamzadyň taryhynda gumanizme garşy düşünje, «barbarus» – *wagşylyk* düşünjesi hem döredi.

**Halkara ynsanperwer hukugy** – bu konwension we adat kadalarynyň jemi bolup, ýaragly çaknyşyklara gatnaşyjylaryň arasyndaky urşy alyp barmagyň serişdelerini, usullaryny ulanmak babatynda, ýaralylary, syrkawlary, ýesirleri hem-de raýat ilatyny goramak, bu kadalaryň bozulmagy üçin döwletleriň jogapkärçiligi babatynda ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýär.

**Halkara ynsanperwer hukugynyň predmeti** ýaragly çaknyşyklar döwründe urşy alyp barmagyň tertibini, kadalaryny, kanunlaryny, şahsyýetiň hukuklaryny goramak boýunça ýüze çykýan jemgyýetçilik gatnaşyklarydyr. Halkara ynsanperwer hukugynyň ulgamy şulardan ybaratdyr:

1. Adaty hukuk we şertnamalaýyn kadalar;
2. Umumy ykrar edilen ýörelgeler;
3. Halkara jogapkärçilik instituty;
4. Halkara guramalaryň ykrarnamalary;
5. Halkara kazyýetleriň, edaralaryň kararlary we çözgütleri.

Gumanizmiň ideýalarynyň ösmegine adamzadyň görnükli akyldarlary: Biruny, Ibn Sina, Nowaýy, Döwletmämmet Azady, Magtymguly, Ibn Halduni, Wolter, Russo, da Winçi, Monten, Şekspir ýaly ençeme şahsyýetler öz goşantlaryny goşdular. Bu alymlar geljegi adalatly, ylmyň ösmeginde, ahlak sypatlarynyň ösmeginde görýärdiler.

XIX asyryň II ýarymynda bu ideýalar, ilkinji gezek, uruş hereketlerini çäklendirýän we ynsanperwer hukugynyň goragyna urşu-

jylary hem-de raýat ilatyny alýan köptaraplaýyn Konwensiýalaryň kadalarynyň kabul edilmegine ýardam etdi.

Häzirki zaman halkara ynsanperwer hukugynda ýaragly çaknyşyklar döwründe adam hukuklaryny goramagyň düzgünleri 1899-njy we 1907-nji ýyllaryň Gaaga Konwensiýalarynda (urşy alyp barmagyň kanunlary, kadalary we düzgünleri), şeýle hem 1949-njy ýylyň Ženewa Konwensiýalarynda hem-de 1977-nji ýylyň Goşmaça Protokollarynda öz beýanyny tapdy.

Köp döwletleriň alymlary «Ynsanperwer hukugy» düşünjesini ulanmakda dürli pikirleri, garaýyşlary öňe sürýärler. Mysal üçin, «Uruş hukugy» – Ž.Berber, A.Ferdross, «Halkara harby hukugy» – Ý.Bart, käbirleri bolsa, «Ýaragly çaknyşyk hukugy» – D.Lewin, L.Sawinskiý, I.Arsibasow, «Halkara ynsanperwer hukugy ýaragly çaknyşyklar döwründe» (BMG), «Halkara ynsanperwer hukugy» (Halkara Gyzyl Haç Komiteti) diýip ulanýarlar.

**Halkara ynsanperwer hukugynyň gorag berýän taraplary:**

1. Ýaralylara, syrkawlara we gämi heläkçiligine uçran taraplara;
2. Lukmançylyk we harby işgärlere;
3. Harby ýesirlere;
4. Raýat ilatyna we aýry-aýry raýat şahslaryna.

Häzirki zaman halkara gatnaşyklarynyň çylşyrymlaşmagy, halkara we halkara häsiýetli bolmadyk ýaragly çaknyşyklaryň uruş hereketlerine getirip biljek ýagdaýlarynyň öňüni almak halkara bileleşiginiň esasy meseleleriniň biridir. Halkara ynsanperwer hukugynyň kadalaryny doly we gyşarnyksyz ýerine ýetirmek hem şu jähetden örän zerurdyr.

## § 2. BMG tarapyndan ulanylýan «Halkara gumanitar hukugy» diýlen düşünjäni kesgitlemek. Halkara ynsanperwer hukugynyň çeşmeleri. Halkara ynsanperwer hukugynyň çeşmeleriniň klassifikasiýasy

Halkara ynsanperwer hukugynyň hem hukugyň beýleki pudaklarynyňky ýaly öz çeşmeleri bardyr. Halkara jemagat hukugynyň kadalaryndan tapawutlylykda ynsanperwer hukugynyň kadalary diňe

ýaragly çaknyşyklar döwründe hakyky hereket edýär, sebäbi olar çozuş hereketi amala aşyrylandygyna ýa-da öz-özüňi goramaga bolan hukugyň ulanylýandygyna garamazdan, harby hereketler başlananda jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýärler.

Harby çaknyşyklar hukugynyň ulgamynda hereket edýän şertnamalar, ylalaşyklar, kadalar, hukuk meselelerine degişli kararlar, şeýle hem halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalary we ýörelgeleri, döwletler tarapyndan kada emele getirmegiň barşynyň netijeleri, halkara guramalaryň ykrarnamalary, Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň (mundan beýläk – HGHK) kararlary halkara ynsanperwer hukugynyň çeşmeleridir diýen netije çykarmak bolar.

Halkara ynsanperwer hukugynyň hataryna ynsanperwer hukugyny alyp barmaga degişli meseleleri düzgünleşdirýän milli hukugyň kadalaryny hem goşmak bolar. Her bir döwlet halkara hukugynyň esasy subýekti bolmak bilen, ynsanperwer hukugynyň çeşmelerini ösdürmäge we kamilleşdirmäge öz goşandyny goşýar.

**Köptaraplaýyn halkara ylalaşyklar** (konwensiýalar) ynsanperwer hukugynyň has ýaýran çeşmeleridir. Halkara ylalaşyklary ähli döwletleriň gatnaşýan ýa-da gatnaşyp biljek şertnamalaýyn hukugydyr. Onda ähli halkara bileleşigi üçin hökmany bolan kadalar bardyr.

Halkara ynsanperwer hukugynyň esasy çeşmeleri urşuň pidalaryny goramak hakynda Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan 1949-njy ýylyň 12-nji awgustynda kabul edilen dört sany köptaraplaýyn Ženewa Konwensiýalarydyr (mundan beýläk – ŽK):

– «Hereket edýän goşunlarda ýaralylaryň we syrkawlaryň ýagdaýyny gowulandyrmak hakynda» I ŽK;

– «Deňizdäki ýaragly güýçleriň düzüminde bolanlaryň, deňiz gämi heläkçiligine uçranlaryň ýagdaýyny gowulandyrmak hakynda» II ŽK;

– «Harby ýesirlere garamak hakynda» III ŽK;

– «Raýat ilaty goramak hakynda» IV ŽK.

Ženewa Konwensiýalarynyň 1977-nji ýylyň 8-nji iýunynda kabul edilen iki sany «Goşmaça Protokol» bilen üstüniň ýetirilendigini bellemek gerek:

– 1949-njy ýylyň 12-nji awgustyndaky Ženewa Konwensiýalaryna halkara çaknyşyklaryň pidalaryny goramaga degişli «I Goşmaça Protokol»;

– 1949-njy ýylyň 12-nji awgustyndaky Ženewa Konwensiýalaryna halkara häsiýetli bolmadyk çaknyşyklaryň pidalaryna degişli «II Goşmaça Protokol».

«I Goşmaça Protokolda» halkara ýaragly çaknyşyklaryna degişli täze kadalar görkezilýär, «II Goşmaça Protokol» halkara häsiýetli bolmadyk ýaragly çaknyşyklara degişli kadalardyr.

Görkezilen ylalaşyklaryň üçüsi ýaralananlary, syrkawlary, gämi heläkçiligine duçar bolan adamlary we harby ýesirleri goramagyň ozaldan belli bolan meselelerine bagyşlanandyr. Şonuň bilen birlikde, IV ŽK garşydaşyň eline düşen raýatlary eden-etdilikden we sütemden goramagy üpjün edýär.

Konwensiýalara, «I Goşmaça Protokola» gol çeken iki we ondan köp taraplaryň arasynda islendik beýleki ýaragly çaknyşyk yglan edilen, başlanan halatynda ýaragly çaknyşygy taraplaryň biri ykrar etmese-de, Konwensiýalar hem-de «I Goşmaça Protokol» ulanylýar. Bu resminamalar kolonial agalygyna we daşary ýurt basybalyjylaryna, şeýle hem jynsparazçylyk düzgünlerine garşy halklaryň alyp barýan göreşinde ýaragly çaknyşyklar bolan halatynda hem ulanylýar.

Konwensiýalaryň we «I Goşmaça Protokolyň» ulanylmagy harby hereketler söweş meýdanynda tamamlanandan soňra, garşydaş taraplar gidenden soň bes edilýär. Bu düzgün görkezilen möhletlerden soň gutarnykly azat ediljek, Watanyna gaýtaryljak we ýerleşdiriljek adamlara degişli däldir. Bu adamlar gutarnykly azat edilmegine, Watanyna gaýtarylmagyna we ýerleşdirilmegine çenli Konwensiýalaryň hem-de I Goşmaça Protokolyň degişli düzgünleri tarapyndan goralmalydyr.

1949-njy ýylyň Konwensiýalary, şeýle hem esasy çeşmeleri häzirki zaman şertlerinde ynsanperwer hukugynyň goragyndaky raýat urşunyň pidalaryna hem degişli bolmagy bilen aýratyn möhümdir. Muňa Owganystandaky, Ruandadaky, Ýugoslawiýadaky bolup geçen ýaragly çaknyşyklar, wakalar şaýatlyk edýär.

Soňky ýyllarda Ženewa Konwensiýalary giňden ykrar edilen halkara şertnamalaryna öwrüldi. Häzirki wagtda hakykat ýüzünde ähli halkara bileleşigi olary berjaý etmek barada borçlandy. GDA-nyň Merkezi Aziýa döwletleri hem 1949-njy ýylyň Ženewa Konwensiýalaryna hem-de olaryň 1977-nji ýyldaky I we II Protokollaryna goşuldylar. 1992-nji ýylda – Türkmenistan, 1992 – 1993-nji ýyllarda

– Täjigistan Respublikasy, 1993-nji ýylda – Özbegistan Respublikasy 1993-nji ýylda – Gazagystan Respublikasy, 1994 – 1996-njy ýyllarda – Gyrgyz Respublikasy goşuldylar.

1949-njy ýyldan soňra halkara hukugyna laýyklykda ýaragly çaknyşyk döwründe adamlary hem-de obýektleri goramak boýunça I we II Goşmaça Protokollardan başga-da, täze girizilen kadalar peýda boldy. «Ýaragly çaknyşyklar mahalynda medeni gymmatlyklary goramak hakynda» 1954-nji ýyldaky Konwensiýa, «Bakteriologik (biologik) we toksin ýaragynyň işlenip taýýarlanylmagyny, öndürilmegini hem-de toplanylmagyny gadagan etmek, olary ýok etmek hakynda» 1972-nji ýyldaky Konwensiýa, «Tebigata täsir edýän serişdeleri harby taýdan ýa-da islendik beýleki ýagdaýlarda duşmançylykly peýdalanmagy gadagan etmek hakynda» 1976-njy ýyldaky Konwensiýa, «Adaty ýaragyň çendenaşa weýrançylyk getirip biljek hasaplanylýan anyk görnüşlerini ulanmagy gadagan etmek ýa-da çäklendirmek hakynda» 1980-nji ýyldaky Konwensiýa hem-de bu Konwensiýanyň Protokoly; şeýle hem «Pyýada goşunlara garşy ulanylýan minalary ulanmagy, gorlaryny toplamagy, öndürmegi we peýdalanmaga bermegi gadagan etmek hem-de olary ýok etmek hakynda» 1997-nji ýyldaky Ottawa Konwensiýasy degişlidir.

Merkezi Aziýanyň döwletleri görkezilen ylalaşyklaryň köpüsine goşuldylar. Mysal üçin, «Harby çaknyşyklar bolan mahalynda medeni gymmatlyklary goramak hakynda» Konwensiýa Türkmenistan 2018-nji ýylda goşuldy.

Şonuň bilen birlikde, Türkmenistan 1997-nji ýyldaky Ottawa Konwensiýasyny taýýarlamagyň başyny başlady we ilkinjileriň biri bolup ony tassyklady.

Ynsanperwer hukugynyň çeşmelerine görkezilen ylalaşyklardan başga-da şu aşakdakylar degişlidir:

«Genosid jenaýatlarynyň öňüni almak we oňa jeza bermek hakynda» 1948-nji ýyldaky Konwensiýa, 1948-nji ýyldaky «Adam hukuklarynyň Ählumumy Jarnamasy», «Bosgunlaryň hukuklary hakynda» 1951-nji ýyldaky Konwensiýa; 1966-njy ýyldaky «Raýatlyk we syýasy hukuklar hakynda» Halkara Pakty; şeýle hem «Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar hakynda» Halkara Pakty hem-de beýlekiler degişlidir.

Ýaragly çaknyşyklar mahalynda kast etmeklik we zorluk ýaly erbet hadysalaryň, ilki bilen, adam hukuklaryna galtaşýandygyna tejri-

be şaýatlyk edýär. Şonuň üçin ýörite çeşmeler bilen bir hatarda adam hukuklary hakynda köptaraplaýyn kadalar ynsanperwer hukugynyň möhüm çeşmeleridir. 1995-nji ýylyň 26-njy maýynda GDA gatnaşyjy döwletler adamyň hukuklary we esasy azatlyklary hakynda Ylalaşyga gol çekdiler.

Şertnamalaýyn hukugyň kadalary adaty hukugyň ýörelgelerini we düzgünlerini çalşyryp bilmeýär. 1949-njy ýylyň Ženewa Konwensiýalarynyň birnäçe düzgünleri adaty hukuga öwrülendir. Munuň özi şertnamalaýyn hukugyň adaty hukuk bilen bir hatarda ösüp bilýändigini görkezýär. Eger-de döwletler şertnamanyň haýsy-da bolsa bir kadasy boýunça ylalaşyk gazanyp bilmeseler, onda kähalatlarda bu işe adaty hukuk gatyşýar.

Tutuşlygyna halkara ynsanperwer hukugy ýazylan we ýazylmadyk birnäçe esas goýujy düzgünlerden durýar, olar halkara hukugynyň binýadynyň bir bölegidir.

**Halkara adatlary** halkara ynsanperwer hukugynyň subýektleriniň özüni alyp barmagynyň düzgünleridir. Olar birmeňzeş hereketleriň gaýtalanmagy netijesinde emele gelýär we hukuk kadasy hökmünde ykrar edilýär. Hereketleriň gaýtalanmagy olaryň dowamlylygyny aňladýar.

Adat kadalary ýazylmadyk düzgünlerdir. Döwletleriň halkara birleşigi olaryň hökmany hukuk güýjüni ykrar etdi. Olar tutuşlygyna halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgelerini we kadalaryny emele getirýärler.

Halkara hukugynyň häzirki zaman nazaryýetinde we tejribesinde adat kadalarynyň ähmiýetiniň artýandygy, olaryň milli hukuga täsiri duýulýar. Öz tebigaty boýunça adat hukugynyň kadalary, şertnama ýaly, döwletleriň ylalaşygynyň netijesidir. Emma tapawut, kadalaryň emele gelmegindedir, şeýle hem olaryň görnüşleriniň beýan edilmegindedir. Şertnama üçin ýazmaça görnüş, adat üçin bolsa ýazylmaýan görnüş häsiýetlidir. Mundan başga-da, adat hukugynyň kadalary, eger-de olaryň mazmuny ýeterlik düşnükli bolmasa ýa-da gös-göni ulanmak üçin çylşyrymly bolsa, takyklanmaga we milli hukugyň içki mazmunyna girizmäge degişlidir.

Şonuň bilen birlikde, özüňi alyp barmagyň düzgünleriniň emele gelmegi bilen, kadalaryň döremegi tamamlanmaýar. Diňe hukuk ka-

dalary hökmünde döwletler tarapyndan ykrar edilmegi döwletleriň özüni alyp barmagynyň ol ýa-da beýleki düzgünlerini kada öwürýär. Adaty kadalaryň şertnamalaýyn kadalarynyňky ýaly hukuk güýji bar. Brýussel uniwersitetiniň professory Erik Dawidiň belleýşi ýaly: «Kada özünde haýsy-da bolsa bir ýetmezçiligiň ýazylan hukuk tarapyndan aňşyrylmandygy üçin şol durşuna galýar, ýazmaça hukuk kada salgylanýar. Mundan başga-da, ýaragly çaknyşyklar bolan halatynda döwletleriň ulanylýan ähli şertnamalaýyn resminamalar bilen baglanyşykly däldigi üçin ýa-da olaryň birnäçesini ýatyryp bilýändigi üçin, kadanyň ýaragly çaknyşyklar babatda ulanylmagy dowam etdirilýär. Bu ol ýa-da beýleki sebäbe görä, takyk ylalaşyk bilen düzgünleşdirilmeýär».

Şeýlelikde, kada hökmünde-de özüňi alyp barmagy topara bölmek çylşyrymly işdir. Şertnamalaýyn kadalardan tapawutlylykda, adat kadasy haýsy-da bolsa, bir ýazmaça görnüşli bitewi nama bilen taýýarlanylmaýar. Şoňa görä, adat kadasyny takyklamak üçin şu kömekçi serişdeler: kazyýetiň kararlary, taglymatlar, halkara guramalaryň kararlary, döwletleriň birtaraplaýyn namalary we hereketleri peýdalanylýar.

**Kazyýetiň kararlary (hukuk meselelerine degişli kararlar) we halkara hukugynyň taglymatlary** halkara ynsanperwer hukugynyň kömekçi serişdeleridir (BMG-niň Halkara Kazyýetiniň, beýleki halkara kazyýet edaralarynyň (tribunallarynyň) kararlary).

Kazyýetiň kararlarynyň adaty hukugy emele getirmäge gatnaşýandygy üçin belli bahasy ýokdur. Ýöne tejribäniň hukuk kadasyna öwrülmegi üçin degişli «opinio juris», ýagny kazyýet tejribesinde emele gelen düzgünleri halkara hukugynyň kadalary hökmünde ykrar etmek zerurdyr. Kazyýetiň kararlary hukukda ýetmezçilikler bolan halatynda aýratyn ähmiýete eýedir. Olar halkara hukugynyň kadalary hökmünde kazyýetiň kararlaryny soňra ulanmak üçin, hukuk meselelerine degişli kararlary taýýarlaýarlar.

Kazyýetiň kararlarynyň täsiri diňe bir kazyýetiň abraýyna bagly däldir, ol kararlaryň esaslydygyna, halkara durmuşynda we halkara hukugynda nämeler bolup geçýändigini nähili takyk beýan edip bilýändigine hem baglydyr. Munuň bilen diňe bir milli kazyýetler razylaşman, eýsem, BMG-niň Halkara Kazyýeti hem ylalaşmaly bolýar.

Halkara hukugynyň, halkara ynsanperwer hukugynyň kadalarynyň kazyýet tarapyndan ulanylmagynyň halkara-hukuk ulgamyna täsiri düýpli üns berilmegine mynasypdyr. Muňa Ruanda, Ýugoslawiýa boýunça tribunallaryň iş tejribesi şaýatlyk edýär. Kazyýetler döwletlere, hereket edýän hukuk ulgamynyň ähli böleklerine, halkara hukugyna hormat goýulmagy ruhunda oňyn täsir etmäge ukyplydyrlar.

Beýleki tarapdan, kazyýetiň kararlarynyň halkara hukugyna, şol sanda ynsanperwer hukugyna täsiri köp halatlarda olaryň hukukçylaryň giň köpçüligine düşnükliligine baglydyr.

Mundan başga-da, häzirki wagtda halkara hukugynyň ähmiýetini we taglymatyny peseldip bolmaz. Olar belli bir halatlarda möhüm halkara-hukuk düzgünlerini, şeýle hem döwletleriň nukdaýnazarlaryny aýdyňlaşdyrmaga ýardam edýär. Hususan-da, jedelleşýän taraplar halkara kazyýet edaralaryna berýän resminamalarynda halkara hukugyň dürli meseleleri boýunça hünärmenleriň pikirlerini ýygy-ýygydan peýdalanýarlar.

Halkara hukugynyň emele gelmeginde görnükli we abraýly hukukçylaryň eserleriniň uly ähmiýeti bardyr. Geçmişde (täze eýýamyň VI asyry) Gadymy Rimde Digestiý Ýustinianyň möhüm hukuk taglymaty mälimdir. Hut hukukçylaryň nazary işlerinde, ilkinji gezek, halkara hukugy baradaky pikir aýdyldy. Olary beýan edenler Gugo Grosiý, Emmer de Wattel we başgalar.

Ýokarda bellenilişi ýaly, BMG-niň Halkara Kazyýetiniň Statutynyň 38-nji maddasyna görä: «Dürli milletleriň halkara jemagat hukugy boýunça has ýokary hünärli hünärmenleriň taglymatlary, kazyýetiň kararlary bilen bir hatarda hukuk kadalaryny kesgitlemek üçin kömekçi serişde hokmünde Kazyýet tarapyndan peýdalanylýar».

Häzirki wagtda halkara gatnaşyklarynyň we olaryň hukuk taýdan düzgünleşdirilmeginiň çylşyrymlaşmagy diňe bir nazaryýetiň hem-de tejribäniň ýakynlaşmagynyň däl, eýsem, olaryň özara hyzmatdaşlygynyň zerurlygyny talap edýär. Bu, ilki bilen, dünýä bileleşiginiň döwletleri tarapyndan halkara hukuk kadalaryny berjaý etmekde «goşa ölçegi» aradan aýyrmaga, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgelerini we kadalaryny milli kanunçylygyň içki mazmunyna girizmäge degişlidir.

**BMG-niň, beýleki halkara guramalaryň ykrarnamalarynyň ynsanperwer hukugynyň** köptaraplaýyn çeşmeleridigini aýtmak gerek. Halkara hukugy ylmynyň, şol sanda ynsanperwer hukugynyň ösmegi üçin Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan kabul edilen «BMG-niň halkara hukugynyň Onýyllygy» diýen 44/23-nji Ykrarnama uly ähmiýete eýedir. Onda, hususan-da, halkara hukugyny wagyz etmek we höweslendirmek boýunça çäreleriň ençemesi kesgitlenildi. Mysal üçin, oňa laýyklykda, «Onýyllygyň esasy maksatlary, hususan-da, şular bolmalydyr: a) halkara hukugynyň ýörelgelerini kabul etmäge we ony hormatlamaga ýardam etmek; b) döwletler arasyndaky jedelleri çözmegiň serişdelerine we usullaryna (olara Halkara Kazyýetine ýüzlenmegi goşmak bilen) ýardam etmek we oňa hormat goýmak; ç) halkara hukugynyň we onuň kodifikasiýasynyň (jemlenmeginiň) oňyn ösmegini höweslendirmek; d) halkara hukugyny öwrenmegi, ýaýratmagy we has giňden ykrar edilmegini höweslendirmek».

Halkara hukugynyň Onýyllygynyň Altynjy komitetiniň 1992-nji ýylyň 25-nji noýabryndaky nutugy boýunça BMG-niň Baş Assambleýasynyň Ykrarnamasynda şular nygtalýar: «Döwletler hukugy, syýasy ylymlary, jemgyýetçilik ylymlaryny we beýleki degişli dersleri öwrenýän talyplar üçin halkara hukugy boýunça sapaklary goşmaga öz okuw mekdeplerini höweslendirmelidir»; «Döwletler halkara hukugynyň mugallymlaryny taýýarlamak, halkara hukugy boýunça okuw kitaplaryny taýýarlamak hakyndaky meselelere seretmelidir».

Halkara ynsanperwer hukugy üçin interwensiýanyň we döwletleriň içerki işlerine gatyşmaga ýol berilmezligi hakynda Jarnamany kabul eden BMG-niň Baş Assambleýasynyň XXXVI maslahatynyň 36/103 belgili Ykrarnamasy düýpli ähmiýete eýedir.

Häzirki döwürde BMG-niň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda kabul eden «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly 50/80 belgili Ykrarnamasy hem möhüm ähmiýetlidir.

Halkara hukugynyň we ynsanperwer hukugynyň çeşmesi hökmünde BMG-niň Baş Assambleýasynyň Ykrarnamalarynyň ählisi, elbetde, şeýle ähmiýetli däldir. Bu jähetden halkara bileleşiginiň subýektleriniň hukuklaryna we borçlaryna degişli Ykrarnamalar esas goýujy resminamalardyr. Şonuň üçin ynsanperwer hukugyna dahylly

2. Sargyt № 3735

biçak uly ähmiýetlilik, ozal bellenilişi ýaly, adam hukuklarynyň 1948-njy ýyldaky Ählumumy Jarnamasyna degişlidir. Hut şu Jarnama diňe bir halkara hukugyna däl-de, eýsem, dünýäniň ähli ýurtlarynyň diýen ýaly milli hukugyna uly täsir etdi. Häzirki wagtda Halkara Kazyýetiň tejribesinde hem BMG-niň Baş Assambleýasynyň Ykrarnamalarynyň abraýynyň artmak meýlini bellemek bolar.

Çeşmeleriň ulgamynda BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň kararlary-ykrarnamalary aýratyn orun tutýar. Olar BMG-niň Tertipnamasynyň VII babyna laýyklykda Howpsuzlyk Geňeşi tarapyndan kabul edilýär.

Halkara edaralaryň we maslahatlaryň ähmiýetiniň hem-de tutýan ornunyň artmagy häzirki zaman halkara gatnaşyklarynyň häsiýetli alamatlarynyň biridir.

Şunuň bilen birlikde, ynsanperwer hukugy üçin 1899-njy ýylyň Gaaga maslahatynyň, Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk boýunça 1975-nji ýyldaky Helsinki maslahatynyň aýratyn ähmiýeti bardyr. Onda halkara jemagat hukugyny, şeýle hem ynsanperwer hukugyny mundan beýläk-de ösdürmäge ýardam edýän düzgünler bar.

Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň (mundan beýläk – HGHK), beýleki halkara guramalaryň we maslahatlaryň kararlary döwletleriň ylalaşylan nukdaýnazarlaryny beýan edýär.

HGHK-nyň wezipeleriniň köpdügini we örän dürli-dürlüdigini bellemek zerurdyr. HGHK-nyň beýleki işleri has umumy häsiýete eýedir. Hususan-da, ynsanperwer hukugy babatynda döwletleriň hökümetleri we Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý jemgyýetleri, meselem, Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýeti bilen hyzmatdaşlyk hem HGHK-nyň işinde möhüm orun tutýar.

## § 3. Halkara ynsanperwer hukugynyň ýörelgeleriniň umumy düşünjesi. Ýörelgeleri toparlandyrmak. Çalşyrma ýörelgesiniň (Martensiň ýörelgesi) mazmuny

Halkara ynsanperwer hukugynyň ýörelgeleri bilen halkara hukugynyň berk baglanyşyklydyr. Halkara ynsanperwer hukugynyň ýörelgeleri we halkara hukugynyň ýörelgeleri döwletleriň parahatçylykly

ýaşamagynyň tarapdarydyrlar. Bular döwletleriň arasynda parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün edýär, dünýäde ynsanperwer hyzmatdaşlygyny ýola goýýar. Halkara ynsanperwer hukugynyň ýörelgeleri bilen halkara hukugynyň ýörelgeleriniň ýene bir özara baglanyşygy adamlaryň, halklaryň we milletleriň hukuklaryny goramak bolup durýar. Halkara ynsanperwer hukugynyň ýörelgeleri ýaragly çaknyşyk wagtynda ulanylýar. Halkara ynsanperwer hukugynyň maksady urşuň getirýän horluklaryny ýeňletmek bilen çaknyşyklaryň pidalaryny goramakdyr.

1949-njy ýyldaky Ženewa Konwensiýalaryna gatnaşýan döwletler islendik ýagdaýda şu Konwensiýany berjaý etmäge borçludyrlar. Parahatçylyk döwründe güýje girmeli bolan kararlardan başga, şu Konwensiýa iki ýa-da birnäçe taraplaryň arasynda yglan edilen uruş, ýa bolmasa başga bir islendik ýaragly dawa halatynda, hatda olaryň biri uruş ýagdaýyny ykrar etmeýän halatynda ulanylýar. Bu Konwensiýa döwletleriň ähli territoriýasynyň ýa-da onuň bir böleginiň basylyp alynmagynyň ähli halatlarynda, hatda şol basyp almaklyga hiç hili ýaragly garşylyk görkezilmese hem ulanylar.[2]

Eger dawa gatnaşýan döwletleriň biri şu Konwensiýanyň gatnaşyjysy bolmasa, oňa gatnaşýan döwletler muňa garamazdan, özleriniň özara gatnaşyklarynda onuň täsirinde bolmagynda galar. Mundan başga-da, eger ýokarda görkezilen döwlet Konwensiýanyň düzgünlerini kabul edýän we ulanýan bolsa, şol döwlet Konwensiýanyň täsirinde bolar.

1949-njy ýylyň Ženewa Konwensiýasynyň 3-nji maddasyna görä, dawa gatnaşýan döwletler şu düzgünleri ulanmaga borçludyrlar:

l. Harby hereketlere gönüden gatnaşmaýan adamlar, şol sanda ýaragly güýçleriň düzüminden bolan, ýaragyny tabşyran adamlar, şeýle hem kesel, ýaralanmak, saklanylmak netijesinde ýa-da başga bir islendik sebäp boýunça harby hereketlere gatnaşmagyny bes eden adamlar ähli ýagdaýlarda jynsy, teniniň reňki, dini ygtykaty, aýal-erkekligi, emläk ýagdaýy ýa-da islendik beýleki şunuň ýaly ölçegler sebäpli hiç hili kemsitmesiz ynsanperwer garaýyşdan peýdalanmalydyr. Şu maksat bilen, ýokarda görkezilen adamlar barada şu hereketler gadagan edilýär:

---

[2] *Гассер Х.П.* «Международное гуманитарное право». – М., 1995. С. 15.

a) janyna we beden eldegrilmesizligine hyýanat etmek, hususan-da, öldürmegiň, şikes ýetirmegiň ähli görnüşleri, rehimsiz çemeleşmek, gynamalar hem-de ejir çekdirmeler;

b) adamlary girewine almak;

ç) ynsanlyk mertebesine hyýanat etmek, hususan-da, masgaralaýjy we kemsidiji çemeleşmek;

d) medeniýetleşen milletler tarapyndan zerur diýlip ykrar edilen kazyýet kepillendirilmeleriniň bolmagynda geregiçe döredilen kazyýet tarapyndan çykarylan deslapky kazyýet çözgüdi bolmasa, iş kesmek we jezany ulanmak.

Halkara ynsanperwer hukugynda ýaragly çaknyşyklar wagtynda raýat ilatyny goramaklygyň esasy ýörelgeleri:

1. Halkara hukugynda ykrar edilen we halkara resminamalarda beýan edilen adamyň esasy hukuklary ýaragly çaknyşyk ýagdaýynda hem şol durşuna ulanylýar;

2. Ýaragly çaknyşyk döwründe harby operasiýalar alnyp barlanda harby hereketlere işjeň gatnaşýanlar bilen raýat ilatynyň arasynda tapawut edilýär;

3. Harby operasiýalar alnyp barlanda raýat ilatyny agyr jebir çekmelerden, wepat bolmagyndan we olary zyýan ýetirilmeden goramak üçin möhüm çäreler alnyp barylýar.

Raýat ilatynyň ýa-da aýratyn şahslar repressiýalaryň, mejbury göçürilmeleriň ýa-da beýleki ýagdaýlaryň obýektleri hökmünde ulanylmaýar. Raýat ilatyna halkara kömegini bermek – BMG-niň Adam hukuklarynyň Ählumumy Jarnamasynyň we beýleki halkara resminamalaryň ynsanperwer ýörelgelerine gabat gelýär.

Halkara ynsanperwer hukugynyň ýaragly çaknyşyklar dörän ýagdaýynda ulanylýan esasy ýörelgeleri:

1. Harby hereketlere gatnaşmagyny bes eden we oňa gatnaşmaýan adamlaryň ömrüne hormat goýmalydyr. Olar ahlak we fiziki taýdan eldegrilmesizdir. Ähli halatlarda olar gorag astyna alynmalydyrlar we hiç bir tarapdan kemsidilmän olara adamkärçilikli garalmalydyr;
2. Harby hereketlere gatnaşmagyny bes eden, meýletin ýesir düşen duşmanlary öldürmek ýa-da jezalandyrmak gadagandyr;

3. Ýaragly we hassa esgerler jeň meýdanyndan äkidilmelidirler hem-de ýesir alan tarap olara lukmançylyk kömegini bermelidir. Şeýle hem sanitariýa işgärleri, sanitariýa edaralary, sanitariýa ulaglary we enjamlary gorag astyna alynmalydyr. Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý nyşanlary gorag bolup hyzmat edýär, olara hökmany suratda hormat goýulmalydyr;
4. Duşmanyň elindäki ýesirleriň we parahat halkyň öz ömrüne, mertebesine, şahsy hukugyna hem-de öz garaýşyna hormat goýulmagyna hukugy bardyr. Raýat ilaty her hili sütemlerden we yzarlanmalardan azat bolmalydyrlar. Raýat ilatyna maşgala agzalary bilen hat alyşmak we lukmançylyk kömegini almak hukugy berilmelidir;
5. Her bir şahsyýet esasy hukuk kepilliklerinden peýdalanyp biler. Hiç kim etmedik jenaýaty üçin jogapkärçilik çekmeýär. Hiç kimi fiziki, ahlak taýdan sütemlere sezewar etmek ýa-da olaryň mertebesini kemsitmek bolmaz;
6. Çaknyşykdaky taraplar we olaryň ýaragly güýçleriniň agzalary uruş hereketleriniň usullaryny hem-de serişdelerini ulanmakda çäklendirilýärler. Artykmaç weýrançylyklary, sütemleri döredýän ýaraglary we söweş usullaryny ulanmak gadagan edilýär;
7. Çaknyşykdaky taraplar parahat oturan halka we raýat obýektlerine hormat goýmak hem-de goramak üçin, parahat ilat bilen kombatantlaryň arasyndaky tapawudy aýyl-saýyl etmelidirler. Raýatyň ýa-da parahat halkyň üstüne hüjüm etmek gadagandyr, diňe harby obýektlere hüjüm edilmelidir.

Halkara ynsanperwer hukugynyň esasy ýörelgeleri halkara hukugynyň subýektleriniň arasyndaky hökmany gatnaşyklardan ybaratdyr.[3]

XVIII asyrda bu babatda Žan-Žak Russo tarapyndan örän köp işler edildi, ol döwletleriň arasynda urşy alyp barmaga degişli şeýle ýörelgäni kesgitledi:

«*Uruş munuň özi adamlaryň arasyndaky gatnaşyk däl-de, eýsem, döwletleriň arasyndaky gatnaşykdyr, şeýle hem adamlar esger hökmünde öz ýurduny goramak maksady bilen biri-birlerine tötänden duşman bolýarlar (...). Eger-de urşuň maksady döwleti duşmançylyk-*

[3] *Жан Пикте.* «Развитие и принципы международного гуманитарного права». – М., 1995. С. 26.

*ly ýok etmek bolsa, esgerleriň ellerinde ýarag bar mahaly beýleki tarapyň goraýjylaryny ýok etmäge hukugy bardyr, beýleki tarapdan bolsa olar ýaraglaryny taşlap, boýun egen bolsalar, duşman bolmaklaryny bes edýärler we şeýlelikde, ýönekeý adamlara öwrülýärler*».

1899-njy ýylda F.F.Martens ynsanperwer hukugy tarapyndan göz öňünde tutulmadyk ýagdaýlar üçin şu aşakdaky ýörelgäni teklip etdi: «*(...) ilat we uruşýanlar halkara hukugynyň başlangyçlarynyň goragy we hereketi astynda galýarlar, sebäbi olar sowatly halklaryň arasynda ornaşan däplerden, adamkärçilik babatdaky kanunlardan hem-de jemgyýetçilik aňynyň talaplaryndan gelip çykýarlar*».

«Martensiň bu öňünden duýdurmasy» adaty hukugyň kadasyna öwrülip, 1977-nji ýylyň I Goşmaça Protokolynyň 1-nji maddasynyň 2-nji bölegine girizildi.

Eger-de Russo we Martens ynsanperwer ýörelgeleri diýilýäni esaslandyran bolsalar, Sankt-Peterburg Jarnamasyny düzüjiler şu resminamada göni we gytaklaýyn häsiýetde harby hökmanylygyň hem--de artykmaç ejir bermegi gadagan etmegiň tapawudyny belli etmegiň ýörelgelerini beýan etdiler: *«Döwletiň uruş mahalynda ýeke-täk kanuny maksadynyň duşmanyň harby güýçlerini gowşatmakdygyny (...);*

*Peýda getirmezden, garşydaşa ýara salýan ýaragyň ulanylmagynyň gyrylýan adamlaryň ejirini artdyrýandygyny ýa-da olaryň ölümini gutulgysyz edýändigini, munuň bolsa ýokarda ýatlanylan maksada laýyk gelmeýändigininiň ykrar edilmegini nazarda tutmaly».*

1977-nji ýylyň Goşmaça Protokollarynda şu ýörelgeleriň, aýratyn hem, tapawudyň belli edilmeginiň ýörelgesi takyklandy we tassyklandy:

*« ... Dawalaşýan taraplar hemişe parahat ilat bilen harbylaryň, şeýle hem raýat obýektleri bilen harby obýektleriň arasyndaky tapawudy belli etmelidirler we degişlilikde öz hereketlerini diňe harby obýektleriň garşysyna gönükdirmelidirler»* (I Goşmaça Protokolyň 48-nji maddasy).

Örän möhüm ýörelge bolan barabarlyk ýörelgesi, hukuklar ýa--da gadaganlyklar ileri tutulmadyk halatynda, bir tarapdan, harby zerurlyk, beýleki tarapdan ynsanperwerlik talaplary tarapyndan öňe sürülýän bähbitleri deňelýär.







1. *Ynsanperwer hukugynyň ýörelgesi* – uruşýan taraplar özleriniň garşydaşlaryna urşuň maksatlary bilen deň gelmeýän zyýany ýetirmeli däl;
2. *Ženewa hukugynyň ýörelgesi* – hatardan çykan şahslar, şeýle hem uruş hereketlerine gös-göni gatnaşmaýanlar hormat goýulmaga we adamkärçilikli garalmaga hukuklydyrlar;
3. *Gaaga hukugynyň ýörelgesi* – çaknyşykda durýan taraplaryň harby hereketleriň usullaryny we serişdelerini çäklendirilmegi.




1. *Eldegrilmesizlik* – her bir adamyň ýaşaýşynyň hormatlanylmagyna psihiki we fiziki eldegrilmesizligine hukugy bardyr;

2. *Kemsitmelere ýol bermezlik* – adamlary goramaklyk, olaryň jynsyna, diline, dinine, emläk ýagdaýyna bagly bolmaly däldir. Bu barada 1977-nji ýylyň Goşmaça Protokolynyň preambulasynda bellenilendir;
3. *Howpsuzlyk* – her bir adamyň şahsy howpsuzlyga hukugy bardyr. Bu bolsa hiç kimiň etmedik etmişi üçin jogapkärçilige çekilip bilinmeýändigini aňladýar.




1. *Bitaraplyk ýörelgesi* – ynsanperwerlik kömegi hiç wagt çaknyşyklara goşulmaklygy aňlatmaýar. Şu ýörelge Gyzyl Haçyň işi üçin örän möhümdir;
2. *Adalatlylyk ýa-da aramlyk ýörelgesi* – gorag astyndaky adamlaryň adaty durmuşy alyp barmak babatda mümkinçilikleri bolmaly;
3. *Gorag ýörelgesi* – döwletler milli we halkara derejesinde gol astyna düşen şahslaryň goragyny üpjün etmeli.



1. *Şahslar boýunça çäklendirmek ýörelgesi* – raýat ilaty we aýry-aýry şahslar harby operasiýalar bilen bagly ýüze çykan howplarda umumy goragdan peýdalanýarlar;
2. *Obýektler boýunça çäklendirmek ýörelgesi* – diňe harby obýektlere hüjüm edilmeli;
3. *Uruş hereketlerini alyp barmagyň serişdelerini we usullaryny çäklendirmek* – bu kadanyň mazmuny, ejir çekmegiň agyr ýagdaýlaryna getirip bilýän ýagdaýlary we usullary tankyt etmek bolup durýar. Mysal üçin, 1868-nji ýylyň Gaaga Kowensiýasy we Sankt-Peterburg Jarnamasy ýaraglaryň birnäçe görnüşlerini gadagan etdi.



# II BAP. HALKARA YNSANPERWER HUKUGYNYŇ DÖREMEGI, TARYHY WE ÖSÜŞINIŇ DÖWÜRLERI

## § 1. Halkara ynsanperwer hukugynyň gelip çykyşy we ösüşi. Halkara ynsanperwer hukugynyň ösüşiniň döwürleri. Gadymy döwürde urşuň kanunlary we adatlary

Harby göreşleriň kanuny hem urşuň özi ýaly gadymydyr, uruş bolsa adamzat durmuşynyň bar bolşy ýaly dowam edip gelýär. Gadymy jemgyýetde ykdysadyýet gulçulyga esaslanypdyr. Şumerlerde harby hereketler doly gurnalan proses bolupdyr. Ol urşy yglan etmek bilen başlanypdyr. Şol bir wagtda, ylalaşmaga mümkinçilik, parlamentçilere eldegirmesizlik we parahatçylyk şertnamany baglaşmak göz öňünde tutulypdyr. Wawilon patyşasy Hammurapi özüniň kanunlaryny şu sözler bilen başlaýar: «Men şu kanuny güýçlüleriň pesleriň üstünden tabynlygyna ýol bermezlik üçin kesgitleýärin».

Hettleriň siwilizasiýasynda hem söweş hereketlerini alyp barmagyň ynsanperwer düzgünleri bolupdyr. Olar adalatlylyga we dogruçyllyga esaslanan kanunlar toplumyny emele getiripdirler, ýagny urşy yglan edipdirler hem-de parahatçylykly şertnamalary baglaşypdyrlar. Müsüriň XIX dinastiýasynyň faraony Ramzes II bilen Hettleriň patyşasy Hattuşil III-niň arasynda b.e.ö. 1296-njy ýylda baglaşylan şertnama bellidir.

Hindi taryhy ýadygärligi bolan – Manuwyň kanunlary urşy alyp barmagyň usullary hakynda düzgünleri saklapdyr, harby güýç ulanmakda berk çäklendirmeleri kesgitläpdir, ýagny zäherli ýaraglary ulanmak gadagan edilipdir, ýeňiji ýeňlene has pes derejede talaplary etmäge borçlanypdyr we ş. m.

Urşuň ynsanperwer kadalary Hytaýyň gadymy ýadygärliklerinde hem saklanypdyr. Bu barada «Harby sungat hakynda» traktatda (b.e.ö. VII asyr) berlendir. Onda görkezilişine görä, adamyň öldürilmegi, eger ol tabyn bolsa, bagtsyzlyk hasaplanypdyr. Gadymy hytaý akyldary Se-Ma b.e.ö. IV asyrda biderek ýykmaklygy inkär edipdir we raýatlaryň goralmagy hakynda alada etmäge çagyrypdyr. Hy-

taý harby nazaryýetçisi Sun-Szu bolsa, adamlaryň ýesirlikde wagty olaryň gowy saklanylmagy barada aýdypdyr. Ol şeýle ýazypdyr: «Uruş döwründe gowy syýasat döwleti basyp almakdyr we oňa ýitgi, zeper ýetirmeli däldir. Duşmanlara garşy ýaraglaryny eýelemekden, ony ýok etmeklik gowudyr. 100 urşuň dowamynda 100 ýeňiş gazanmak – bu harby ussatlygyň ýokary derejesi däldir».

Gadymy Gresiýanyň şäher döwletleriniň arasynda adaty kada hökmünde uruş yglan edilmezden başlanylmandyr. Şäher gabalanda metjitlerde, buthanalarda gizlenenleri öldürmek gadagan edilipdir, uruş döwründe basylyp ýesir alnanlary alyş-çalyş etmäge ýa-da deregine pul bilen öwezi dolunmaga degişli edilipdir.

Şonuň bilen birlikde, grekler ýesir almak düzgünini bilmändirler. Mysal üçin, afinylylar Milet şäherini eýelemek bilen, ähli uly miletlileri öldüripdirler, aýallary we çagalary gullara öwrüpdirler, ýeňlenler gulçulyga sezewar edilipdir ýa-da olara deportasiýa ulanyp bilnipdir.

Rim tejribesi, aýratyn hem giçki döwürde bitaraplyk institutyna esaslanypdyr. Mysal üçin, Mitridat bilen uruş döwründe konsul Gneý Pompeý Iberiýanyň we Albaniýanyň bitaraplygyny gazanypdyr hem-de oňa goşunyny öz territoriýasyndan geçirmäge rugsat beripdir.

Gadymy taryhçylaryň, filosoflaryň we hukukçylaryň aýratyn beýan etmeleri uruş sebäplerine we häsiýetine degişli bolupdyr.

## § 2. Orta asyrlarda urşuň kanunlary we adatlary

Orta asyrlaryň harby adatlary zabunlygy bilen tapawutlandyrylypdyr. Şoňa seretmezden urşy yglan etmekligiň adat kadalary bolupdyr, feodal döwletleriň goşunlary parahat ilat bilen harby adamlaryň arasyndaky tapawutlary bilmändirler. Ýesirleri gullara öwrüpdirler, ýesirlerden ýaralananlary ykbalynyň oduna zyňypdyrlar. Bu zabunlygyň şaýady bolup haçly ýörişler çykyş edýär. Araplaryň harby adatlarynyň mazmuny garşydaşyň kimdigine bagly bolupdyr, arap döwletlerini ýa-da «ynanmaýanlaryny» uruş döwründe musulman döwletleriniň arasynda ýüze çyksa, şerigat elmydama ylalaşmaklyga ymtylypdyr. «Ynanmaýanlar» babatda bolsa «mukaddes uruş» yglan edilipdir.

1280-nji ýylda «Wikaýat» uruş kanunlary Ispaniýada mawrlaryň hökümetiniň gülläp ösen döwründe ýüze çykypdyr. Ol aýallary, çagalary, garrylary, dälileri, kesellileri we parlamentarileri öldürmekligi gadagan edipdir. Belli bolşy ýaly, Salahaddin 1187-nji ýylda Iýerusalime giripdir, onuň esgerleri hiç bir ýaşaýja gazaply garamandyrlar we hiç bir ýaşaýjyny öldürmändirler. Şeýlelikde, Salahaddin hristianlary goramak üçin ýörite gözegçileri goýupdyr.

XVI asyrda ösüş depginleri «kartel we kapitulýasiýa» ulgamynyň emele gelmegine getiripdir. Ol gapma-garşy uruşýan goşunlaryň serkerdebaşylarynyň arasynda ýüze çykypdyr. 1581-nji ýyldan 1864-nji ýyl aralygynda 290-dan gowrak şeýle ylalaşyklar baglaşylypdyr. Olaryň ilkinjisi 1393-nji ýylda Şweýsariýanyň kantonlarynyň arasynda «Sempah ylalaşygyna» gol çekilipdir.

Raýmund Pennafort (1180 – 1275 ý.) ilkinji bolup, «Urşuň esasy – bu kanuny eýeçiligiň ýa-da Watany goramagyň gaýtarmasy» diýip beýan edipdir. Ol şu soraglara garapdyr:

– urşy diňe içerki häkimiýet alyp baryp biler;
– urşuň maksady parahatçylyk bolmaly;
– urşuň maksady diňe bir ar alma, yzarlama bolman, eýsem, hukuk hakynda jedeliň çözgüdi bolmaly;
– ol hökümdar tarapyndan yglan edilmelidir.

Ýaragly çaknyşyklar meselesini öwrenmekde Kristina Pizanskaýanyň işlerine hem uly üns berilýär. Ol özüniň «Harby we rysar ýeňişleri hakynda» kitaby (1488 ý.) bilen meşhurdyr. Italýan alymy Alberiko Džentiliniň işi (1552 – 1608 ý.) «adalatly» uruş taglymatynyň we halkara hukugynyň ösmegine düýpli täsir edilipdir.

Uruş hukugynyň şeýle hem, halkara hukugy ylmynyň ösmeginde belli golland hukukçysy Gugo Grosiniň uly orny bardyr (1583 – 1645 ý.). Ol özüniň belli «Uruş hukugy we parahatçylyk hakynda» kitabynda (1625 ý.) halkara hukuk tejribesini jemläpdir we umumylaşdyrypdyr. G.Grosiý «adalatly» uruş taglymatyna daýanypdyr. Ol ilkinji bolup: «Döwletiň urşy yglan etmekligi, onuň garşydaşlarynyň uruş kanunyny gözegçilik etmezligini aňlatmaýar» diýip belläpdir.

XVII – XVIII asyrlarda urşuň ynsanperwerleşdirilmegine gözegçilik edildi, bu bolsa harby göreşi hemişelik goşunlaryň alyp barmak-

lygy bilen baglydyr. Raýat ilaty az derejede harby hereketlere çekilip başlanýar. Talaňçylyk etmeklik ýatyrylýar.

## § 3. Täze döwürde halkara ynsanperwer hukugynyň ösüşi. Halkara ynsanperwer hukugynda «Solferino ideýasy»

1859-njy ýylda ženewaly telekeçi Anri Dýunan tötänleýin söweş meýdanyna düşüp, 40 000-den gowrak fransuz we awstriýaly esgerleriň ejir çekmelerini we wepat boluşlaryny görýär. Solferinoda bolan bu söweşde degişli lukmançylyk kömegi berilmeýär we esgerleriň köpçülikleýin ölümine getirýär. A.Dýunan meýletinçiler toparyny tapýar we ejir çekenlere kömegi guraýar. Ondan üç ýyl geçensoň ol «Solferino söweşi barada ýatlama» (1862 ý.) kitabyny ýazýar. Anri Dýunan özüniň «Solferino söweşi barada ýatlama» kitabynda birnäçe pikirleri öňe sürýär. Ilki bilen hem, diňe bir parahatçylyk wagtynda däl, eýsem, söweş hereketleri döwründe hereket edýän ynsanperwer guramany döretmek, söweş hereketlerini alyp barmagy düzgünleşdirýän halkara şertnamasyny işläp taýýarlamak, kabul etmek, söweş hereketlerine lukmançylyk, dini işgärlerine bitarap derejesini bermek ýaly pikirler kitabyň esasy mazmunyny beýan edýär. Dýunanyň pikiri 1864-nji ýylda Ženewada diplomatik konferensiýada gury ýer uruşlary wagtynda ýaralanan we syrkaw harby esgerleriň ýagdaýyny gowulandyrmak hakynda Konwensiýa kabul edilip, ynsanperwer hukugynyň esaslary goýulýar. 1899-njy ýylda ilkinji Gaaga konferensiýasynda urşy alyp barmagyň düzgünlerini kesgitleýän Konwensiýalar kabul edildi. Bu düzgünler soňra Gaaga Konferensiýasynyň çagyrylmagyna ýardam etdi (1907 ý.). Ikinji Jahan urşunyň täsirlerinde raýat ilatyň arasynda uly ýitgiler bolýan, harby ýesirlere, syrkawlara we ýaralananlara adamçylyga laýyk gelmeýän esaslarda garaýarlar, bu bolsa 1949-njy ýylda urşuň pidalaryny goramak hakynda Ženewa Konwensiýalarynyň dördüsiniň kabul edilmegine getirýär.

Ikinji Jahan urşundan soňra 1949-njy ýylyň Konwensiýasynyň häzirki döwürde urşuň pidalaryny üpjün etmekde gaýtadan seredilmegine zerurlyk döreýär. 1977-nji ýylda Goşmaça Protokollaryň kabul edilmegi Konwensiýa has-da uly ähmiýet berýär. Şunlukda, hä-

zirki wagtda halkara ynsanperwer hukugyna harby gapma-garşylyklar döwründe söweşýänleriň özüni alyp barmagynyň uniwersal hukuk ulgamy hökmünde düşünilýär.

## § 4. 1864-nji ýyldaky Ženewa Konwensiýasynyň aýratynlyklary. 1949-njy ýyldaky Ženewa Konwensiýalarynyň kabul edilmegi

Halkara ynsanperwer hukugy döreýänçä ýaragly çaknyşyklar adatlara esaslanýan ýazylmadyk kadalaryň kömegi bilen düzgünleşdirilýärdi. Halkara ynsanperwer hukugy halkara hukugynyň özbaşdak pudagy bolup, onuň kadalary we ýörelgeleri söweşi, urşy alyp barmagyň usullaryny, serişdelerini çäklendirmek, dostluksyz (duşman) tarapyň eline düşen şahslaryň hukuklaryny goramak maksady bilen halkara hukugynyň subýektleriniň arasyndaky (söweşýän taraplar) gatnaşyklary ekstremal ýagdaýda düzgünleşdirýär.

Halkara ynsanperwer hukugynyň esaslary 1864-nji ýylda uruş döwründe ýaralylaryň we syrkawlaryň goragy hakyndaky Konwensiýanyň kabul edilmegi bilen goýuldy. Halkara ynsanperwer hukugynyň ähmiýeti ýaragly çaknyşyklar döwründe uruşýan döwletlere ynsanperwer kömegini we goldawyny bermekden, uruşýan taraplaryň raýat ilatyny, raýat obýektini, şeýle hem uruşlarda ýesir düşenleri goramakdan, olaryň hukuk ýagdaýyny kesgitlemekden ybaratdyr. Halkara ynsanperwer hukugy şeýle hereketleri 1949-njy ýylda kabul edilen III Ženewa Konwensiýasynyň, şeýle hem 1977-nji ýylyň II Goşmaça Protokolynyň üsti bilen amala aşyrýar.

Halkara jemagat hukugynyň möhüm düzüm bölegi bolmak bilen, halkara ynsanperwer hukugy ýaragly çaknyşyklar mahalynda, bir tarapdan, söweş hereketlerine gatnaşmaýan ýa-da gatnaşmagyny bes eden adamlara gorag etmäge, beýleki tarapdan bolsa, urşy alyp barmagyň usullaryny we serişdelerini çäklendirmäge gönükdirilen düzgünleriň toplumyny kadalaşdyrmaga ugrukdyrylandyr.

Ýaragly zorluk bilen ýetirilýän jebirleri ýeňilleşdirmek, adamlary goramak ynsanperwer hukugynyň maksatlary bolup durýandyr.

Fransuz alymy Monteskýe şeýle belleýär: «Halkara hukugy, elbetde, şeýle ýörelgä esaslanýar, ýagny parahatçylyk döwründe döwletler köpräk ýagşylyk etmelidirler, uruş döwründe bolsa – az ýamanlyk etmelidirler». Hut şu pikir hem Halkara ynsanperwer hukugy döräninde onuň ösüşine uly itergi boldy. Bu pudak üçin dürli adalgalar ulanylýar: «Ýaragly çaknyşyklar hukugy», «Urşuň kanunlary we adatlary», «Halkara ynsanperwer hukugy».

1864-nji ýylda şweýsar hökümeti urşuň pidalaryna kömek bermek hakyndaky resminamany işläp taýýarlamak üçin diplomatik konferensiýany çagyrýar. Bu konferensiýa 12 döwlet gatnaşýar. Konferensiýa gatnaşyjylar uruş döwründe ýaralylary we syrkawlary goraýan ilkinji köptaraplaýyn Konwensiýa gol çekdiler (1864 ý.), bu şertnama halkara ynsanperwer hukugynyň ilkinji şertnamasydyr. Gysga möhletiň içinde 50 döwlet şu resminama goşuldy.

1899-njy, 1907-nji ýyllarda I we II Parahatçylyk Konferensiýasynda (Russiýanyň teklibi boýunça çagyrylýar) urşuň kanunlaryny, adatlaryny tertipleşdirýän (kodifikasiýalaşdyrýan) Konwensiýalar kabul edildi.

Döwletleriň ýaragly çaknyşyk döwründäki gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän birnäçe halkara hukuk namalary bardyr. Olardan: 1868-nji ýylyň Peterburg Jarnamasy, 1907-nji ýylyň Gury ýer urşunyň kanunlary we kadalary hakynda Gaaga Konwensiýasy, 1949-njy ýylyň Ženewa Konwensiýalary.

Häzirki döwürde halkara ynsanperwer hukugyna söweşýänleriň özüni alyp barmagynyň uniwersal hukuk ulgamy hökmünde düşünilýär. Häzirki zaman gatnaşyklarynda ählumumy parahatçylygy we halkara howpsuzlygy üpjün etmek esasy meseleleriň biri bolup durýar. Bu meseläniň esaslary BMG-niň Tertipnamasynda berkidilip, Baş Assambleýanyň 05.12.1986 ý. we 07.12.1987 ý., 07.12.1988 ý. senelerdäki Ykrarnamalarynda berkidilen ählumumy halkara howpsuzlygy taglymatynda ösüşe eýe boldular. Bu taglymatyň manysy şundan ybaratdyr, ýagny şeýle bir halkara gatnaşyklarynyň guramasy bolmaly, ol hem durnukly, howpsuz, zorluksyz parahatçylygyň berkidilmegine ýardam etmeli. Beýleki tarapdan, häzirki zamanyň iň möhüm köptaraplaýyn halkara hukuk resminamasy bolan BMG-niň

Tertipnamasynyň 1-nji maddasynda berkidilen Birleşen Milletler Guramasynyň maksatlarynyň we ýörelgeleriniň ähmiýeti uludyr:

1. Halkara parahatçylygyny, howpsuzlygyny gorap saklamak hem-de şu maksat bilen parahatçylyga howp salmalaryň öňüni almak we aradan aýyrmak üçin bileleşip, degerli çäreleri görmek, çozuş meýilli ýa-da parahatçylygy bozujy beýleki hereketleriň basylyp ýatyrylmagyny, parahatçylygyň bozulmagyna getirip biläýjek halkara jedelleriň, ýa-da ýagdaýlaryň çözülmegini gazanmagy, ýa-da ugrukdyrmagy halkara hukugyna, adalatlylyk esasyna laýyklykda parahatçylykly serişdeler bilen geçirmek;

2. Halklaryň öz ykbalyny kesgitlemek we deňhukuklylyk ýörelgeleri esasynda milletleriň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary ösdürmek, şeýle-de umumy parahatçylygy berkitmek üçin beýleki zerur çäreleri görmek;

3. Ykdysady, durmuş, medeni we ynsanperwer häsiýetli halkara meseleleri çözmekde adam hukuklaryna, azatlyklaryna, olaryň diline, dinine, garaýşyna garamazdan, hemmeler üçin esasy bolan erkinliklere hormaty ösdürmekde hem-de ýaýbaňlandyrmakda halkara hyzmatdaşlygy amala aşyrmak;

4. Şu umumy maksatlara ýetmekde milletleriň hereketlerini utgaşdyrmak üçin merkez bolmak maksady bilen döredilendigi bellenip geçilýär. Birleşen Milletler Guramasy halkara hukugynyň progressiw, demokratik ýörelgelerine esaslanýar. Şonuň üçin hem, Tertipnamanyň 1-nji maddasyndaky maksatlara ýetmek üçin, BMG we onuň agzalary Tertipnamanyň 2-nji maddasyndaky ýörelgelere laýyklykda hereket edýärler. Bu ýörelgeler:

1. Gurama onuň ähli agzalarynyň özygtyýarly deňligi esasynda esaslandyrylandyr;

2. Birleşen Milletler Guramasynyň ähli agzalary Guramanyň agzalygynyň düzümine girmekleri netijesinde gelip çykýan hukuklaryň we artykmaçlyklaryň hemmesiniň üpjün edilmegi üçin şu Tertipnama boýunça öz boýunlaryna alan borçlaryny päk ýürek bilen ýerine ýetirmelidirler;

3. Birleşen Milletler Guramasynyň ähli agzalary halkara jedelleri halkara parahatçylygyna we howpsuzlygyna, adalatlylyga howp salmaýan görnüşde çözmelidirler;

4. Birleşen Milletler Guramasynyň ähli agzalary halkara gatnaşyklarynda islendik döwletiň syýasy garaşsyzlygyna ýa-da territorial eldegrilmesizligine garşy güýç ulanmakdan, ýa-da haýbat atmakdan, şeýle hem Birleşen Milletler Guramasynyň maksatlary bilen sazlaşmaýan haýsydyr bir görnüşleri ulanmakdan saklanýandyr;

5. Birleşen Milletler Guramasynyň ähli agzalary Gurama şu Tertipnama laýyklykda alyp barýan hemme işlerine ýardam berýändir we onuň garşysyna öňüni alyş ýa-da mejbur ediş çärelerini alyp barýan islendik döwlet kömek bermekden saklanýandyr;

6. Gurama onuň agzalary bolmadyk döwletleriň şu esaslara laýyklykda hereket etmeklerini üpjün edýändir, çünki şeýle çäräniň halkara parahatçylygy we howpsuzlygy gorap saklamak üçin zerur bolmagy mümkindir;

7. Tertipnama Birleşen Milletler Guramasyna islendik döwletiň içki özygtyýarlylygyna degişli bolan işlere goşulmaga hukuk berýän däldir we Birleşen Milletler Guramasynyň agzalaryndan şeýle meselelere, şu Tertipnamanyň tertibinde çözmek üçin, wekillik etmegi talap edýän däldir. Emma bu esas VII babyň (Parahatçylyga howp abanan, parahatçylygyň bozulan we çozuş ýagdaýlaryndaky hereketler, 39 – 51-nji maddalar) esasynda mejbur ediş çärelerini ulanmaklyga degişli däldir.

3. Sargyt № 3735

# III BAP. HALKARA YNSANPERWER HUKUGYNYŇ SUBÝEKTLERI

## § 1. Halkara ynsanperwer hukugynyň subýektleriniň düşünjesi. Döwletler halkara ynsanperwer hukugynyň subýektleri. Penakär döwletleriň we bitarap döwletleriň hukuk ýagdaýy. Öz azatlygy ugrunda göreşýän milletler we halklar

Döwletiň we hukugyň nazaryýetinde belli bolşy ýaly, hukuk gatnaşyklarynyň subýekti, bu şahsyň belli bir hukuklary bolan we borçlary ýerine ýetirmäge ukyply hem-de hukuk kadalaryny bozan mahalynda jogapkärçilik çekmäge ukyby bolan fiziki ýa-da ýuridik şahslardyr. Hukuk gatnaşygynyň subýekti bolmak üçin şahsyň ýa-da ýuridik guramanyň hukuk subýektliligi, ýagny hukugyň subýekti hökmünde çykyş etmäge, ýa-da öz hereketlerini amala aşyranda şahsy hukuklaryna eýelik etmäge we ýuridik borçlaryny ýerine ýetirmäge ukyply bolmaly.

***Hukuk subýektlilik*** *şu aşakdaky üç sany düzüm böleginden emele gelýär:*

1. *Hukuk ukyplylyk;*
2. *Kämillik ukyplylyk;*
3. *Delikt (jogapkärçilige) ukyplylyk.*

Halkara ynsanperwer hukugynda hem subýektler şu umumy nazaryýete laýyk gelýär, ýagny halkara ynsanperwer hukugynyň subýektleri belli bir hukuklary amala aşyrýan we ýerine ýetirmeli borçlary bolan, şu iki düzüme laýyklykda halkara ynsanperwer hukugynyň kadalaryny bozan ýagdaýynda jogapkärçilik çekmäge ukyply bolan fiziki ýa-da ýuridik şahslardyr.

***Halkara ynsanperwer hukugynyň subýektleri:***

– *indiwidual;*
– *köpçülikleýin;*
– *döwletler;*
– *bitarap we Penakär döwletler;*
– *öz azatlygy ugrunda göreşýän milletler we halklar.*

Halkara ynanperwer hukugynyň esasy subýekti döwletler hasaplanýar. Döwlet esasy subýekt bolmak bilen, içerki we daşarky gatnaşyklarda işjeň çykyş edýär. Döwletler 1933-nji ýylyň «Döwletleriň hukuklary we borçlary hakyndaky» Montewideo Konwensiýasyna laýyklykda şu häsiýetlere eýe bolýarlar:

– *özygtyýarlylygy;*

– *hemişelik ilaty;*

– *belli bir territoriýasy;*

– *hökümeti;*

– *beýleki döwletler bilen gatnaşyklary amala aşyrmaga ukyplylygy*[4].

Döwletler – iň güýçli we guramaçylykly subýektler. Olarda halkara ynsanperwer hukugynyň beýleki subýektlerine täsir edýän ähli serişdeler bardyr. Döwletler halkara ynsanperwer hukugynyň işini düzgünleşdirmäge ukyplydyr, hut döwletler urşy alyp barmagyň kadalaryny we ýörelgelerini işläp taýýarlaýarlar. Belli rus hukukçysy D.B.Lewin şeýle nygtaýar: «Özbaşdak döwlet – halklaryň durmuşynda, guramanyň esasy görnüşi». D.B.Lewiniň sözlerine mysal hökmünde döwletleriň arasyndaky gatnaşyklaryň üýtgemegi birnäçe hukuk netijelere getirýär. Urşuň yglan edilmegi gatnaşyklaryň nähili üýtgemegine getirýändigini bilmek ýuridik taýdan ähmiýetlidir, hut şu ýagdaýdan söweşýän döwletleriň arasyndaky halkara gatnaşyklary üýgedilip guralýar, bu bolsa birnäçe hukuk netijelerine getirýär:

– söweşýän döwletleriň arasyndaky diplomatik we konsullyk gatnaşyklarynyň kesilmegi, diplomatik we konsullyk işgärleriniň dostluksyz döwletiň territoriýasyny taşlap gitmegi (diplomatik işgär bolýan döwletinde bu ýagdaýda ýeňilliklerden we eldegrilmesizlikden peýdalanýar, şahsyýetiň tiz wagtda ugradylmagy üçin bolýan döwleti ýardam etmelidir)[5]. Mundan başga-da, döwletleriň arasynda urşuň yglan edilmegi adamyň we raýatyň hukuklaryna-da öz täsirini ýetirýär. Muňa garamazdan, taraplar adamyň hukuklarynyň hiç hili kemsidilmegine ýol bermeli däldirler. I Goşmaça Protokolyň 1-nji maddasynda: «Belent Mertebeli Ylalaşýan Taraplar şu Teswirnamany berjaý etmegi we onuň berjaý edilmegini ähli ýagdaýda üpjün etjekdigine borçlanýar» diýlip bellenilýär. Bulardan tapawutlylykda

[4] *Нахлик С.* «Краткий очерк международного гуманитарного права». – М., 1984, С. 21.

[5] 1961-nji ýylyň «Diplomatik gatnaşyklary hakynda» Wena Konwensiýasynyň 44-nji maddasy.

adam hukuklaryna ýaragly çaknyşyga gatnaşyjy döwletler belli bir ýagdaýlarda (harby we adatdan daşary ýagdaýlar) aýry-aýry çäklendirmeleri girizip bilerler. Ýöne bu ýagdaýda, 1966-njy ýylyň 16-njy dekabrynda kabul edilen (1976-njy ýylyň 23-nji martynda güýje giren) «Raýatlyk we syýasy hukuklar» hakyndaky Halkara Paktyň 4-nji maddasynda we 1950-nji ýylyň Ýewropa Konwensiýasynyň 2 – 4-nji maddalarynda göz öňünde tutulyşy ýaly: «Adamyň aýrybaşgalandyrylmaýan hukuklaryndan ony mahrum etmäge ýol berilmeýär».

Döwletler halkara ynsanperwer hukugynyň ýörite subýekti – penakär döwlet hökmünde hem çykyş edip bilýändir. Olaryň üstüne söweşýän taraplaryň bähbitlerini goramak borjy we urşy alyp barmagyň kanunlarynyň, adatlarynyň berjaý edilişine halkara gözegçiligi amala aşyrmak ýüklenilýär. II Ženewa Konwensiýasynda: «Şu Konwensiýa çaknyşyk ýagdaýynda durýan taraplaryň bähbitlerini goramak wezipesi ýüklenen penakär döwletleriň ýardam bermeginde hem-de gözegçilik etmeginde ulanylýar. Penakär döwletleriň wekilleri ýa-da delegatlary şu Konwensiýada özleri barada kesgitlenen wezipeleriň çäklerinden hiç bir halatda çykmaly däldirler, olar hususan-da haýsy döwletiň garamagynda öz wezipelerini ýerine ýetirýän bolsalar, şol döwletiň howpsuzlygynyň derwaýys hajatlaryna üns bermelidirler[6]».

Penakär döwletler barada 1949-njy ýylyň Ženewa Konwensiýalarynda we I Goşmaça Protokolynda degişli kadalar bellenilendir. Penakär, döwlet hökmünde çaknyşyga gatnaşýan döwlet tarapyndan bellenilýär we garşydaş döwlet tarapyndan ykrar edilýär. Konwensiýalara we protokollara laýyklykda penakär döwletiň wezipesi bitarap döwlet ýa-da başga bir döwlet tarapyndan amala aşyrylyp bilner. I Goşmaça Protokolyň 2-nji maddasynda penakär döwletleriň borçlary bellenilendir, ýagny:

1. *Çaknyşyga gatnaşýan döwletleriň bähbitlerini saklamak;*
2. *Düşünişmezlikleri çözmek maksady bilen hyzmatdaşlygy amala aşyrmak;*
3. *Harby ýesirlere we internirlenen raýat taraplaryna gerekli kömegi bermek maksady bilen işleri amala aşyrmak;*
4. *Medeni gymmatlyklary goramakdaky borçlaryň bozulan ýagdaýynda derňew işlerini geçirmek.*

[6] 1949-njy ýylyň II Ženewa Konwensiýasynyň 8-nji maddasy.

**Bitarap döwlet.** Halkara ynsanperwer hukugynda *bitarap döwlet* diýlip ýaragly çaknyşyga gatnaşmaýan islendik döwlete aýdylýar. Halkara hukugynyň kadalaryna laýyklykda halkara ynsanperwer hukugynda bitaraplygyň görnüşleri:

1. *Hemişelik bitaraplyk;*
2. *Ykrar edilen bitaraplyk;*
3. *Pozitiw (oňyn) bitaraplyk;*
4. *Adaty bitaraplyk;*
5. *Şertnamalaýyn bitaraplyk;*
6. *Söweşmeýän döwlet (ewentual bitaraplyk).*

*Uruş döwründäki bitaraplyk statusy* 1907-nji ýylyň Gaaga Konwensiýasynda berkidilendir. Bu Konwensiýanyň kadasyna laýyklykda bitarap döwletiň esasy wezipesi uruşýan taraplara kömek bermezlikdir. Bitaraplyk düşünjesi gadymy döwürlerden bäri bellidir. Bitaraplygyň taryhy ösüşini öwrenmek onuň mazmunyna, bitaraplygyň häzirki zaman mümkinçiliklerine we geljegine çuňňur düşünmäge ýardam edýär.

Gadymyýetde bitaraplygyň bolandygy baradaky maglumatlara dürli gadymy ýadygärliklerde, gadymy döwrüň halkara şertnamalarynda, taryhçylaryň we hukukçylaryň işlerinde duş gelmek bolýar. Häzirki zaman bitaraplyk baradaky düşünjeleriň belli bir bölegini özünde saklaýan gadymy türkmen döwleti bolan Beýik Parfiýa bilen Rimiň arasyndaky şertnama hem muňa mysal bolup biler (b.e.ö. I asyr).

Orta asyrlarda bitaraplyk düşünjesiniň bolandygyna garamazdan, özüni *bitarap döwlet* diýip ykrar eden döwletleriň bitaraplygyna hormat goýmandyrlar, esasanam, bu deňiz uruşlarynda has köp duş gelipdir. Feodal jemgyýetde «Bitaraplyk» düşünjesi bitarap döwletiň söweşýän taraplaryň ikisine-de deň mümkinçilikleri (olaryň goşunlary öz ýerleriniň üstünden geçirmek) üpjün etmek hukugyny göz öňünde tutýardy, ýagny bileleşigiň we bitaraplygyň utgaşmagy ýüze çykýardy.

XVIII asyrda bitaraplyk ýörelgesi, bitarap döwletiň urşa gatnaşmazlygy ýörelgesiniň ykrar edilmegine täzeden garalyp başlandy. Bu ýörelge 1758-nji ýylda şweýsariýaly E.Wattel tarapyndan umumylaşdyryldy we baýlaşdyryldy. Bu barada ol şeýle diýip belläpdir: «Urşa

hiç hili ýagdaýda gatnaşmaýan, söweşýän taraplaryň ikisi bilen hem umumy dostlukly gatnaşykda bolup durýan, beýleki birine zyýan ýetirip, olaryň biriniň harby hereketine päsgel bermeýän döwlet bitarap bolup durýar». Hut Watteliň «Bitaraplyk» adalgasy halkara ynsanperwer hukugynyň ylmyna ilkinji bolup girizildi.

XIX asyrda bitarap döwlet öz ýerleriniň eldegrilmesizligini söweşýän döwletlerden goramak hukugyna we borjuna eýe boldy. Beýleki tarapdan, bitarap döwlet söweşýänleriň haýsydyr birine harby kömek bermezlige, hususan-da, olaryň ýaragly güýçleriniň öz ýerlerinde ýerleşmegine ýol bermezlige borçlandy.

Taryhda Şweýsariýa döwleti ilkinji hemişelik bitarap döwlet hasaplanylýar. Bu döwlet 1815-nji ýyldan şu güne çenli öz Bitaraplyk statusyny saklap gelýär.

1867-nji ýylyň 11-nji maýynda Londonda geçirilen konferensiýada Russiýanyň we Awstriýanyň, Fransiýanyň, Gollandiýanyň, Lýuksemburgyň wekilleri şertnama gol çekdiler hem-de şol şertnama laýyklykda, Lýuksemburg hemişelik Bitarap döwlet hökmünde ykrar edildi. Lýuksemburgyň hemişelik Bitaraplygy I Jahan urşuna çenli dowam etdi, resmi taýdan bolsa 1944-nji ýylda ýatyryldy. Mundan başga-da, XIX asyrda Gresiýanyň, Owganystanyň, Müsüriň, Daniýanyň, Şwesiýanyň, Norwegiýanyň hemişelik Bitaraplyk derejesini almagynyň birnäçe taslamasy hem öňe sürüldi we bitaraplyk ýörelgesini ýöretmek taglymaty emele gelipdi, ýöne dürli sebäplere görä, bu başa barmady. 1913-nji ýylda täze özygtyýarly we hemişelik bitarap döwlet bolan Albaniýa döredildi. Ýöne eýýäm soňky ýyllarda onuň bu derejesi bozuldy. Islandiýa hem 1918-nji ýyldan 1944-nji ýyla çenli hemişelik Bitarap döwlet boldy, ol hem özüniň bu derejesini saklap galmagy başarmady. 1955-nji ýylda SSSR-iň, Beýik Britaniýanyň, ABŞ-nyň, Fransiýanyň wekilleri bir tarapdan, Awstriýanyň wekilleri beýleki tarapdan Garaşsyz we Demokratik Awstriýany dikeltmek hakyndaky Döwlet Şertnamasyna gol çekdiler, ýöne şol Şertnamanyň tekstinde Awstriýanyň bitaraplygy hakyndaky göni salgylanma ýokdy. 1955-nji ýylyň 26-njy oktýabrynda ýurduň parlamenti bitaraplyk hakynda federal konstitusion kanuny kabul etdi, kanun 1955-nji ýylyň 5-nji noýabrynda güýje girdi. Kanunda Awstriýanyň hemişelik Bitaraplygyny özüniň meýletin yglan edýän-

digi bellenilýär. Şertnama gol çekilenden soň dessine köp döwletler ony ykrar edýändigini beýän etdi. Şeýlelikde, Awstriýanyň hemişelik Bitaraplygy Awstriýanyň özüniň *döwlet namasy* bilen jar edildi we dünýäniň köp döwletleri tarapyndan ykrar edildi.

Aziýa kontinentinde Kamboja we Laos degişlilikde 1957-nji we 1962-nji ýyllardan başlap Bitaraplyk derejesine eýe boldy.

**Hemişelik Bitaraplyk** – munuň özi umumylykda ykrar edilen hukuk derejesi bolup, ol döwletiň özüni ýaragly çozuşdan goramakdan başga halatlarda islendik uruşlardan saklanmak hem-de şol döwletleri harby dawa çekip bilýän, harby bileleşiklere ýa-da beýleki ylalaşyklara goşulmazlyk borjuny aňladýar. Hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesi her bir döwletiň öz territorial çäginiň möçberine, ilatynyň sanyna we ykdysadyýetiniň ösüş derejesine bagly bolmazdan bolup biler.

Häzirki zaman bitaraplyk düşünjesi parahatçylygyň we halkara howpsuzlygynyň wajyp faktorydyr. Halkara hukugyna laýyklykda parahatçylyk döwründe-de, uruş döwründe-de birnäçe hukuklara eýedir we borçlary ýerine ýetirýändir.

Häzirki wagtda döwletiň hemişelik Bitaraplygyny bellemegiň iki sany hukuk usuly bardyr:

1. Hemişelik Bitaraplyk hakynda halkara şertnamasyny baglaşmak;
2. Beýleki döwletler tarapyndan ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk hakynda kanuny kabul etmek.

**Ykrar edilen Bitaraplyk**, şeýle görnüşli bitarap döwletleriň biri hem Türkmenistan döwletimizdir. Muňa Türkmenistanyň bitaraplygy barada BMG-niň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabryndaky 50/80 A belgili Rezolýusiýasy hem aýdyň şaýatlyk edýär. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň esasy ähmiýeti onuň alyp barýan parahatçylyk söýüji syýasatyndan we biziň döwletimiziň sebitdäki ylalaşdyryjy merkez hökmünde wezipeleriň saldamly bölegini öz üstüne alandygyndan ybaratdyr.

Türkmenistan uruşlary ýa-da harby dawalary başlamazlyga, öz-özüňi goramak hukugyny durmuşa geçirmekden beýleki halatlarda olara gatnaşmazlyga; urşa ýa-da harby dawa eltip biljek syýasy, diplomatik, ýa-da beýleki hereketlere eltmezlige borçlanýar.

***Öz azatlygy ugrunda göreşýän milletler we halklar.*** Özleriniň milli we sosial azatlygy ugrunda ýaragly çaknyşyklarda tarap bolup çykyş edýän milletler we halklar halkara ynsanperwer hukugynyň özbaşdak subýektidir. Munuň özi halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryndan we ýörelgelerinden gelip çykýar. 1949-njy ýylyň IV Ženewa Konwensiýasynda bellenilişi ýaly: «Eger çaknyşykda durýan döwletlerden biri şu Konwensiýanyň gatnaşyjysy bolmasa, muňa garamazdan oňa gatnaşýan döwletler, onuň bilen baglanyşykly özleriniň özara gatnaşyklarynda galarlar. Ondan başga-da, ýokarda görkezilen ýagdaýlarda döwletler babatynda, eger soňky onuň düzgünlerini kabul edip peýdalansa hem, olar Konwensiýa baglanyşykly bolarlar»[7]. Bu düzgün milletlere we halklara hem degişlidir. Şunuň bilen, olar özlerine kesgitlenen borçlary alýarlar we degişli hukuklara eýe bolýarlar. Şeýlelik bilen, ýaragly çaknyşyklarda ulanylýan hukuk kadalarynyň doly hukukly subýekti bolýarlar. Garaşsyzlyk ugrundaky göreşiň kanunylygy gürrüňsizdir. Ol 1960-njy ýyldaky BMG-niň Baş Assambleýasynyň «Kolonial ýurtlara we halklara garaşsyzlygy bermek» baradaky Jarnamasy bilen tassyklanylýar, içerki ýaragly çaknyşyklara gatnaşyjylar hem söweşýän tarapyň hukuk subýektliligine eýedir (raýatlyk urşy).

## § 2. Halkara ynsanperwer hukugynyň beýleki subýektleri: indiwidual we köpçülikleýin subýektleriň aýratynlyklary

***Indiwidual subýektler.*** Halkara ynsanperwer hukugynyň indiwidual subýektleri uruş hereketleri wagtynda şu hili bolup biler:

1. Urşuň pidasy (III ŽK, 4-nji madda; I GP, 43-nji madda): *Kombatantlar; Harby ýesirler; Lukmançylyk işgärleri; Dini işgärler;*
2. Hemaýat edilýänler (III ŽK, 8, 11-nji maddalar; I GP, 10, 12-nji maddalar): *ýaralylar; syrkawlar; deňiz heläkçiligine uçranlar;*

[7] 1949-njy ýylyň IV Ženewa Konwensiýasynyň 2-nji maddasy.

3. Dereksiz ýitenler ýa-da wepat bolan adamlar (I GP, 33, 34-nji maddalar).

*Uruş düşünjesi* näçe asyrdan bäri bar hem bolsa, *kombatant düşünjesi,* ilkinji gezek, 1977-nji ýylda I Goşmaça Protokolda görkezildi. III Ženewa Konwensiýasynyň 4-nji maddasyna we onuň I Goşmaça Protokolynyň 43-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda: «Lukmançylyk we dini işgärleriň düzüminden başga ýaragly çaknyşyklarda durýan tarapyň ýaragly güýçleriniň düzümine girýän adamlara (söweşijilere) *kombatant* diýilýär»[8].

Kombatantlar urşa kanuny gatnaşyjylardyr. Olaryň urşa gös-göni gatnaşmaga hukugy bardyr. Şeýlelik bilen, I Goşmaça Protokolyň kadalaryna laýyklykda kombatantlaryň şu aşakdaky alamatlary bardyr:

1. Döwletiň ykrar edilen ýaragly güýçleriniň düzümine girmeli (lukmançylyk we dini işgärlerden başgalary – bular ýaragly güýçleriň düzümine girseler-de kombatant statusyna eýe bolmaýarlar);
2. Harby hereketlere gös-göni gatnaşmaga hukugynyň bolmagy.

«Kombatant» adalgasynyň düzüm bölegi bolup, «Ýaragly güýçler» düşünjesi çykyş edýär. I Goşmaça Protokolyň 43-nji maddasynyň 1-nji bendi bu kategoriýany şeýle kesgitleýär:

«Çaknyşyk ýagdaýynda durýan tarapyň ýaragly güýçleri – şu tarapyň öňünde, özüniň tabynlygyndakylar bardyr, jogapkär bolan adamyň, ýagny serkerdäniň ýolbaşçylygynda durýan ähli guramaçylykly ýaragly güýçlerden, toparlardan we bölümlerden ybarat. Şeýle ýaragly güýçler içerki düzgün-nyzam ulgamyna tabyn bolýar, bu bolsa beýleki zatlar bilen birlikde ýaragly çaknyşyklar döwründe ulanylýan halkara ynsanperwer hukugynyň kadasynyň ulanylmagyny berjaý edýär».

Kombatantyň esasy alamatlary:

1. *Özüniň tabynlygyndakylar üçin jogapkärçilik çekýän şahsyň (ýolbaşçynyň) tabynlygynda bolmagy;*

2. *Uzakdan gowy seljerilýän we bellenilen tapawutlandyryş belgisiniň bolmagy;*

3. *Açyk ýagdaýda ýarag götermegi.*

[8] 1949-njy ýylyň III Ženewa Konwensiýasynyň 43-nji maddasy.

III Ženewa Konwensiýasy harby ýesirlere garamak baradaky kadalary öz içine alýar. Uruş döwründe ýesir düşen şahslar babatynda olaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goraýar hem-de borçlaryny belleýär. Bu kadalardan şeýle düşünje gelip çykýar: «Harby ýesirlere hemişe adamkärçilikli garalmaly».

«Harby ýesirler» diýlip çaknyşyga gatnaşýan taraplaryň biriniň ýaragly güýçleriniň düzüminden bolan şahslaryň ýaragly çaknyşyk döwründe duşmanyň eline düşenlerine aýdylýar. Ýesirlik döwründe harby gullukçylar özleriniň hukuk statuslaryny saklaýarlar, olar harby döwür gutarandan soň, hökman gyssagly ýagdaýda repatriasiýa edilmäge degişlidirler. Şeýle hem şu Konwensiýada harby ýesirleriň garşydaş döwletiň ygtyýarynda bolýandyklary görkezilýär[9]. Ýesir alan döwlet hem halkara ynsanperwer hukugynyň kadalaryna laýyklykda Ženewa Konwensiýasyna gatnaşyjy hökmünde özüniň halkara borçlaryny ýerine ýetirmäge jogapkärçilik çekýär.

Harby ýesirler özleriniň hukuk statuslaryny ýesir düşeninden tä repatriasiýa edilýänçä saklaýarlar. Harby ýesir ýesirlige düşen ýagdaýynda özüniň familiýasyny, adyny, harby derejesini aýtmaga borçludyr. III Ženewa Konwensiýasyna laýyklykda olara garşy ulanylýan gynamalara ýa-da beýleki agyr ejirlere harby jenaýatlar hökmünde garalýar[10]. Her bir ýesir özüniň ýesir düşenligi barada habarnama doldurmalydyr. Olar soňra Merkezi agentligiň üsti bilen Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň gözleg boýunça resmi Maglumatlar býurosyna iberilýär. Maglumat býurosy harby ýesiriň maşgalasyny habarly edýär[11]. Bu bolsa maşgala bilen gatnaşygyň ýola goýulmagyna ýardam edýär.

Gysga wagtyň içinde harby ýesirleri howply zolakdan çykarmaly we howpsuz ýere geçirmeli hem-de olaryň ýerleşdirilmeli ýerleriniň amatlylygy boýunça, ýesirlikde saklaýan döwletiň hut şol sebitde ýerleşen goşunlary üçin üpjün edilen şertlerinden pes bolmaly däldir[12]. Şol şertler harby ýesirleriň endikleri we däpleri nazara alnyp bellenilmelidir. Harby ýesirleri watanyna goýbermek, ýagny repatriasiýa edilmegi üçin III Ženewa Konwensiýasy aýratyn kadalary göz öňünde tutýar. Kadalar şahslaryň üç derejesini belleýär:

[9] III ŽK-nyň 12-nji maddasy.
[10] III ŽK-nyň 130-njy maddasy, I GP-niň 85-nji maddasynyň 5-nji bendi.
[11] III ŽK-nyň 122-nji maddasy.
[12] III ŽK-nyň 25-nji maddasy.

1. Agyr syrkaw we agyr ýaralylar tiz wagtda repatriasiýa edilmäge degişlidir. Bu ynsanperwerlikli hereket harby hereketlere hiç haçan gatnaşyp bilmejek kombatantlara degişlidir[13].
2. Beýleki harby ýesirler, harby hereketler tamamlanandan soň dessine boşadylýar we watanyna iberilýär[14].
3. Harby hereketler tamamlanmanka, çaknyşykdaky taraplara ynsanperwer maksatlary bilen harby ýesirleri watanyna ibermek işlerini geçirýärler. Bu işler ýesirleri ikitaraplaýyn alyşmakdan ybaratdyr.

Halkara Gyzyl Haç Komiteti bular ýaly ylalaşyklary amala aşyrmakda öz ýardamyny berýär we harby ýesirleriň repatriasiýasy we olary alyşmakda özüniň hemişe taýýardygyny görkezýär. Harby ýesirleriň repatriasiýasy esassyz saklanan ýagdaýynda – I Goşmaça Protokolyň kadalarynyň gödek bozulmagy hasap edilýär[15].

Harby ýesirler babatda bir zady belläp geçmek gerek: eger olar özlerini ýesir alan döwletiň garşysyna uruş hereketlerine gatnaşmajakdygy barada söz berseler ýa-da borçlansalar, onda olara doly erkinlik berlip bilner[16].

Harby ýesir statusyndan peýdalanýan şahslar:

1. *Kombatantlar;*
2. *Degişli rugsady bolan ýaragly güýçler bilen gelýän raýat şahslary, harby habarçylar, harby uçarlaryň agzalary;*
3. *Ýeňillik düzgüninden peýdalanmaýan söwda flotunyň gämiçileri we raýat awiasiýalarynyň ekipažlarynyň agzalary;*
4. *Garşydaş duşman ýakynlaşanda eline ýarag alan raýat şahsy;*
5. *Raýat goranyş düzüminiň harby gullukçylary.*

Harby ýesiriň statusyndan peýdalanmaýan şahslar:

1. *Içalylar;*
2. *Hakyna tutmalar;*
3. *Gaçgaklar;*
4. *Dönükler.*

---

[13] III ŽK-nyň 112-nji maddasy.
[14] III ŽK-nyň 118-nji maddasy.
[15] I Goşmaça Protokolyň 85-nji maddasynyň 4-nji bendi.
[16] III ŽK-nyň 23-nji maddasynyň 3-nji bendi.

Halkara ynsanperwer hukugynyň kadalarynyň köp bölegi lukmançylyk we dini işgärleriň goragyny düzgünleşdirmäge bagyşlanýar. Aýratyn şahslaryň goraga degişli bolşy ýaly, lukmançylyk we dini işgärler hem goraga degişlidir. I Goşmaça Protokolyň 8-nji maddasy lukmançylyk işgärlerine kesgitleme berýär: «Ýaragly çaknyşykda durýan tarapyň diňe lukmançylyk maksatlary üçin, lukmançylyk düzümlerini administratiw-hojalyk taýdan üpjün etmeklik üçin ýa-da sanitariýa ulag serişdelerinde işlemeklik üçin we olary administratiw-hojalyk taýdan üpjün etmek üçin bellän adamlaryna aýdylýar».

*Lukmançylyk maksatlary* diýlip, ýaralylary, syrkawlary hem-de gämi heläkçiligine sezewar bolan adamlary gözläp tapmak, ýygnamak, keselini anyklamak, bejermek, şol sanda ilkinji lukmançylyk kömegini bermeklige düşünilýär.

Lukmançylyk işgärleri raýat hem-de harby bolup bilerler, eger raýat çaknyşykdaky taraplardan bellenme alan ýagdaýynda, halkara ynsanperwer hukugynyň berýän goragyndan peýdalanýar.

Çaknyşykdaky tarapyň Gyzyl Haçyň we Gyzyl Ýarymaýyň we beýleki milli jemgyýetleriň işgärlerine degişlilikde ykrar edilen hem-de ygtyýarlandyrylan ýagdaýynda I Goşmaça Protokolyň 8-nji maddasynyň umumy mazmunyndaky lukmançylyk işgärlerine gabat gelýär. Ýaragly çaknyşykda öz hyzmatlaryny daşary ýurtly lukmançylyk işgärleri hem hödürläp bilerler. Bu işgärler çaknyşyga gatnaşmaýan döwletleriň ýa-da Gyzyl Haçyň we Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýetiniň, ýa-da HGHK-nyň gözegçiligi astynda işläp bilerler. Lukmançylyk işgärleri hususy ýaragyny diňe öz-özüni hem-de ýaralylary we syrkawlary goramaklyk üçin ulanyp bilýärler (I ŽK, 22; II ŽK, 30; I GP, 13, 28, 63, 65, 67-nji maddalar).

Lukmançylyk işgärleri ýaragly çaknyşyklar döwründe-de, parahatçylyk döwründe-de lukmançylyk etikalarynyň ýörelgelerini berjaý etmelidirler. Bu talaplar I Goşmaça Protokolyň 16-njy maddasynda, II Goşmaça Protokolyň 10-njy maddasynda berkidilendir. Lukmançylyk etikasynyň ýörelgeleri, lukmançylyk professional borçlary, ilki bilen, «Gippokratyň kasamynda» (b.e.ö. 460 – 380 ý.) beýan edilendir, bu düzgünler lukmançylyk işgärleri üçin parahatçylyk döwründe-de, harby ýagdaýlarda-da hökmanydyr. 1948-nji ýylda Bütindünýä lukmançylyk assosiasiýasy bu kasamyň döwrebap nusgasyny işläp

taýýarlady, ol «Ženewa kasamy» diýlip atlandyrylýar we oňa goşmaça «Lukmançylyk etikasynyň halkara kodeksini» kabul etdiler. Bu resminamada şular barada aýdylýar:

1. Lukmançylyk hünäriniň esasy wezipesi adamyň ömrüni we saglygyny üpjün etmek;
2. Adamlarda tejribe geçirmek gadagandyr;
3. Ekstremal ýa-da lukmançylyk kömegi lukmançylyk zerurlyklaryna laýyklykda berilmelidir;
4. Howp salnan ýagdaýynda hem lukmançylyk bilimleri adamzadyň kanunlarynyň garşysyna ulanylmaly däldir.

***Lukmançylyk işgärleriniň düzümi we goragy:***

*– sanitariýa ulag serişdesi;*
*– lukmançylyk düzümleri;*
*– dini işgärler;*
*– lukmançylyk işgärleri.*

***Lukmançylyk işgärleriniň düzümi:***

*– çaknyşykda durýan tarapyň harby lukmançylyk işgärleri;*
*– çaknyşykda durýan tarapyň raýat lukmançylyk işgärleri;*
*– çaknyşykda durýan tarapyň Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý jemgyýetiniň lukmançylyk işgärleri;*
*– çaknyşyga gatnaşmaýan ýa-da bitarap döwletiň lukmançylyk işgärleri;*
*– çaknyşyga gatnaşmaýan ýa-da bitarap döwletiň kömek berýän jemgyýetiniň lukmançylyk işgärleri;*
*– tarap çalmaýan halkara ynsanperwer guramasynyň lukmançylyk işgärleri.*

Urşuň pidasynyň goragy baradaky ähli halkara hukuk resminamalary üçin şu aşakdaky talaplar umumydyr:

1. Urşuň pidalary hiç hili kemsidilmesiz, ynsanperwer garalmalydyr;
2. Bilkastlaýyn öldürmek, gynamak, sütem etmek, adamkärçiliksiz garamak gadagandyr;
3. Manysyz ýykgynçylyk we terrorçylyk gadagan edilýär;
4. Aýallara, göwreli aýallara we çagalara, garrylara ýörite gorag we howandarlyk degişlidir;
5. Urşuň pidalarynyň goragy hakynda kadanyň gödek bozulmasyna günäkärler harby jenaýatçy hasaplanýarlar, olar degişli jeza çäresini çekmelidirler.

***Köpçülikleýin subýektler.*** Halkara ynsanperwer hukugynyň köpçülikleýin subýektleriniň biri hem halkara guramalarydyr. Ilki bilen, bu ýerde Birleşen Milletler Guramasy barada aýdylmalydyr, sebäbi bu Gurama döredilen gününden bäri öz işini halkara parahatçylygyny goramaga we pugtalandyrmaga gönükdirendir.

Birleşen Milletler Guramasy parahatçylygy goldamak hem-de ýurtlaryň arasynda parahatçylykly hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin, özygtyýarly döwletleriň meýletin birleşmegi esasynda döredilen halkara guramadyr. Ilkinji gezek, şeýle guramany döretmek meselesi 1943-nji ýylyň oktýabrynda Moskwada, soň 1944-nji ýylda Dumbarton-Oksda (ABŞ-da) SSSR-iň, ABŞ-nyň we Beýik Britaniýanyň wekilleriniň maslahatynda çözüldi. Bu Gurama 1945-nji ýylyň 25-nji aprelinde San-Fransiskoda geçirilen konferensiýada döredildi. Şol ýylyň 26-njy iýunynda 50 ýurduň wekilleri biragyzdan BMG-niň Tertipnamasyny kabul etdiler. Tertipnama 1945-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda güýje girdi. Şondan bäri her ýylyň 24-nji oktýabry BMG-niň döredilen güni hökmünde bellenip geçilýär.

BMG-niň ştab-kwartirasynyň ýerleşýän ýeri Nýu-Ýork, onuň Ýewropadaky merkezi Ženewa şäheridir. BMG-niň maksady, onuň öz Tertipnamasynda ýazylyşy ýaly, «Parahatçylyga salynýan howpuň öňüni almak hem-de ýok etmek we agressiýa aktlaryny ýatyrmak üçin toparlaýyn çäreleri görmek bilen, parahatçylygy hem-de howpsuzlygy gorap saklamakdan, milletleriň arasynda dostlukly gatnaşyklary ýola goýmakdan, ykdysady, durmuş, medeni hem-de gumanitar häsiýetdäki halkara meselelerini çözmekde hyzmatdaşlygy amala aşyrmakdan, adamyň hukuklaryny we azatlygyny hormatlamagy ösdürmekden ybaratdyr». Uzak ýyllaryň dowamynda BMG halkara çökgünlikleriň öňüniň alynmagynda we uzaga çeken dawalaryň parahatçylyk ýoly bilen çözülmeginde uly rol oýnady. Ol dawalaryň öňüniň alynmagy, parahatçylygyň dabaralanmagy we ynsanperwer kömekleriň berilmegi ýaly meselelerde toplumlaýyn çäreleri amala aşyrdy. Meseleler çözülende, BMG-niň hemme agzalary deň hukuklydyr. Häzirki wagtda BMG-niň düzüminde 193 döwlet bar. BMG--niň esasy edaralary Baş Assambleýa, Howpsuzlyk Geňeşi, Ykdysady we Durmuş geňeşi, Howandarlyk Geňeşi, Halkara Kazyýet we Sekretariatdyr. Howpsuzlyk Geňeşi BMG-niň iňňän möhüm edarasydyr. Ol halkara parahatçylygyny we howpsuzlygyny goramak baradaky meselelere seredýär we degişli kararlar kabul edýär, onuň bäş sany hemişelik agzasy bardyr, olar: Russiýa Federasiýasy, Hytaý Halk Respublikasy, ABŞ, Beýik Britaniýa, Fransiýa.

Halkara Gyzyl Haç Komiteti adalatly, bitarap we garaşsyz guramadyr. Onuň ýeke-täk ynsanperwer wekilçiligi ýurduň içindäki urşuň we sütem hadysalarynyň pidalarynyň janyny we mertebesini goramakdan hem-de olara kömek bermekden ybaratdyr.

HGHK-nyň işi nämä esaslanýar? Halkara ýaragly çaknyşyklar mahalynda HGHK 1949-njy ýylyň Ženewa Konwensiýalarynyň we 1977-nji ýylyň I Goşmaça Protokolynyň esasynda hereket edýär. Bu Şertnamalar oňa işiň belli bir görnüşini ýerine ýetirmekde, ýagny ýaralylara we syrkawlara, ýaragly güýçleriň düzüminden bolan gämi heläkçiligine uçranlara kömek bermäge, harby ýesirleri baryp görmäge, parahat ilatyň bähbitlerini gorap hereket etmekde, umuman, hossarlyk edilýän adamlara halkara hukugynyň kadalaryna laýyklykda goragy üpjün etmäge hukuk berýär.

ICRC

**Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň gurluşy:**

**Assambleýa** **Prezident we onuň orunbasarlary**

**Assambleýanyň geňeşi** **Direktorat**

**Barlag edarasy**

Halkara häsiýetli bolmadyk ýaragly çaknyşyklarda HGHK IV Ženewa Konwensiýasynyň 3-nji umumy maddasynyň we 1977-nji ýylyň II Goşmaça Protokolynyň esasynda hereket edýär.

# IV BAP. HALKARA YNSANPERWER HUKUGYNYŇ BEÝLEKI HUKUK PUDAKLARY BILEN ARABAGLANYŞYGY WE ONUŇ ULANYŞ ÇYGRY

## § 1. Halkara ynsanperwer hukugynyň we halkara hukugynyň pudaklarynyň arabaglanyşygy

Halkara ynsanperwer hukugy halkara jemagat hukugynyň bir pudagy bolup, beýleki hukuk pudaklary bilen hem özara baglanyşýandyr. Meselem: halkara şertnamalar hukugy, diplomatik we konsullyk hukugy, halkara deňiz hukugy, halkara jenaýat hukugy, halkara howa hukugy hem-de halkara hukugynyň beýleki pudaklary. Halkara ynsanperwer hukugy ýaragly çaknyşyklaryň subýektleriniň hereketlerini düzgünleşdirýän hukuk pudaklary we institutlar bilen has hem içgin baglanyşyklydyr.

Bu meselä has hem aýdyň düşünmegimiz üçin biz, ilki bilen, halkara ynsanperwer hukugyny beýleki uruş hereketlerini hukuk taýdan dogry hasaplaýan (jus ad bellum) hukuk pudaklaryndan tapawutlandyrmagymyz gerekdir.

Öň hem belläp geçişimiz ýaly, halkara ynsanperwer hukugy harby hereketlere gatnaşýanlaryň biri-biri babatynda hukuklaryny, borçlaryny, şol sanda ýaragly çaknyşyklaryň netijesinde adamlaryň hukuklaryny, borçlaryny düzgünleşdirýän bolsa, halkara jemagat hukugynda harby hereketleri we ýaragly çaknyşyklary düzgünleşdirýän beýleki hukuk kadalar toplumlary hereket edýär. Bu hukuk kadalary «jus ad bellum» halkara hukuk institutynyň hukuk esaslaryny goýýar we halkara ynsanperwer hukugynyň düzgünleşdirýän çäklerinden daşynda ýerleşýär. Bu hukuk kadalary belli bir derejede ýa-da belli sebäpleriň üsti bilen harby hereketleriň we ýaragly çaknyşyklaryň bolmagyny dogry hasaplaýar.

XX asyryň başlaryna çenli uruşlara halkara jemagat hukugynyň düzgünleşdiriji kadalarynyň we ýörelgeleriniň bozulmagy hökmünde garalmandyr. Nusgawy doktrinalara laýyklykda, özygtyýarly döwletleriň öz elindäki güýçlerini islegine görä halkara gatnaşyklarynda ulanmaga hukuklary bolupdyr. Güýç ulanmaga bolan hukuk döwletleriň özygtyýarlylygyny tassyklaýan ilkinji alamat bolmak bilen, wagtynda jar edilse uruşlar hukuk taýdan dogry hasaplanypdyr.

4. Sargyt № 3735

Häzirki wagtda halkara hukugynda agressiw uruşlary alyp barmaklyga garşy halkara ýörelgeler we kadalar kabul edildi. «Jus ad bellum» täze günüň düşünjesinde uruşlary toparlara bölmek bilen kesgitleýär, ýagny agressiw uruşlar (adalatsyz) we adalatly uruşlar (hukukly, sebäpli).

Agressiw uruşlar halkara parahatçylygyna garşy edilen jenaýat diýlip hasaplanýar we netijede, halkara jogapkärçilige getirýär[17].

Agressiýa düşünjesi – bir döwlet tarapyndan beýleki döwletiň özygtyýarlylygyna, territorial bitewüligine, eldegrilmesizligine we syýasy azatlygyna garşy harby güýç ulanmaklyk ýa-da Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasyna gabat gelmeýän hereketlerdir.

Agressiw hereketlere şu aşakdakylary goşýarlar:

1. Bir döwlet tarapyndan beýleki döwletiň territoriýasyna harby güýç bilen kürsäp girmek, islendik harby okkupasiýa, onuň wagt çäkligine garamazdan, başga bir döwletiň territoriýasynda ýa-da onuň belli bir çäginde anneksiýanyň islendik görnüşi;
2. Bir döwlet tarapyndan beýleki bir döwletiň territoriýasyna garşy islendik ýarag bilen çozuş;
3. Bir döwlet tarapyndan beýleki bir döwlete garşy islendik gabaw ýa-da harby güýje daýanyp gepleşik geçirmeklik;
4. Bir döwletiň harby güýçleriniň beýleki bir döwletiň harby güýçleriniň üstüne çozuş etmegi;
5. Bir döwletiň çäginde şertnama esasynda ýerleşýän harby güýçleriniň üstüne hukuk düzgünlerini bozmak bilen çozuş etmek;
6. Bir döwletiň öz territoriýasyny beýleki bir üçünji döwlete garşy agressiw hereketleri etmekligi maksat edinip bermekligi;
7. Harby güýçleriň, ýygnanyşyklaryň, şahsy toparlaryň üsti bilen beýleki bir döwlete harby çozuş etmek.

Agressiw hereketlerden başga halkara hukugy adalatly uruşlary alyp barmaklygy gadagan etmeýär. Olara şu aşakdakylar degişlidir:

1. Agressiýadan indiwidual ýa-da toparlaýyn goranmak;
2. BMG tarapyndan harby häsiýetdäki çäreleriň görülmegi;
3. Öz hukuklaryny goramaklyk maksady bilen koloniýalara garşy aýaga galan halk ýa-da millet (harby serişdeleri ulanýan azatlyk üçin göreşýänler).

---

[17] BMG-niň BA-synyň 3314 belgili Rezolýusiýasy, 14.12.1974 ý. 5-nji madda, II bent.

Şeýlelikde, «jus ad bellum» halkara hukuk institutynyň bellemegine görä, alnyp barylýan uruşlar beýleki bir döwlete garşy agressiw halda, ýagny adalatsyz, parahatçylyga garşy edilýän jenaýatlar hökmünde bolup biler ýa-da beýleki döwlete garşy alnyp barylýan adalatly uruşlar bolup biler. Emma harby çaknyşyklaryň häsiýetine garamazdan uruşýan taraplar, şol sanda kanuny däl alnyp barylýan uruşlar hem halkara ynsanperwer hukugynyň kadalary bilen baglanyşyklylygynda galýar.

## § 2. Halkara ynsanperwer hukugy we adam hukuklary

Halkara ynsanperwer hukugynyň we halkara hukugynda adam hukuklarynyň taryhy gelip çykyşy hem-de konseptual kökleriniň aýrybaşgadygyna garamazdan, bu iki hukuk ulgamy hem ähli adamlaryň goragyna gönükdirilmek bilen, adamlaryň durmuşyny, at-abraýyny, mertebesini, ýaşaýyş durmuşynyň gowulandyrylmagyny hormatlamak ýörelgelerinden ugur alýandyrlar. Öňki Ýugoslawiýa boýunça Halkara tribunaly tarapyndan «Prosecutor and Anto Furundzija» işine kazyýetde seredilende, halkara hukugynda adam hukuklarynyň we halkara ynsanperwer hukugynyň hem esas goýujy binýady hökmünde adamlaryň at-abraýyna, mertebesine hormat goýmak ýörelgesiniň çykyş edýändigi bellenildi. 1998-nji ýylyň 10-njy dekabrynda kabul edilen № 95 17/1 T belgili kazyýet işiniň 183-nji bendi; Adam hukuklary boýunça Amerikanara komissiýasy «Juan Karlos Abella and Argentina» atly işiniň netijesinde, Adam hukuklary boýunça Amerikan Konwensiýasynyň we Ženewa Konwensiýasynyň hukuk kadalary halkara ynsanperwer hukugy tarapyndan ulanylyp bilner diýlip bellendi.

Hukuk taýdan seljerenimizde, halkara ynsanperwer hukugynyň we halkara hukugynda adam hukuklarynyň çeşmeleri hökmünde dürli halkara şertnamalary çykyş edýär. Bu halkara şertnamalaryň taryhdan gaýtalanyp gelýän adatlar bilen üsti ýetirilendir we güýçlendirilendir. Halkara hukugynda adatlar esasy ýerine ýetirilmeli we hukuk borçlaryny taraplaryň üstüne ýükleýän çeşme bolup çykyş edýär. Birleşen Milletler Guramasynyň Halkara Kazyýetiniň Statutynyň 38-nji maddasynda halkara hukugynyň esasy çeşmeleri görkezilendir. Şunda adat-

lar babatda: «Umumy tejribede subut edilen, hukuk kadasy hökmünde kabul edilen» diýlip bellenilýär. Muňa esasy mysal hökmünde, döwletleriň köp ýyllardan bäri, taryhdan özüniň gözbaşyny alyp gaýdýan, yzygiderli ulanylýan belli bir adat kadalaryny bellemek bolar. Şeýle kadalar ýyllaryň dowamynda ulanylmagynyň netijesinde, hukuk kadalaryň bir görnüşine öwrülipdir.

Bilşimiz ýaly, halkara hukugynda adam hukuklary ähli ýagdaýda, ýagny uruş ýa-da parahatçylyk wagty bolmagyna garamazdan hereket edýär. Halkara ynsanperwer hukugy bolsa, harby çaknyşyklar ýüze çykan wagty öz işini amala aşyrýar. Harby çaknyşyklar we uruş döwründe halkara hukugynda adam hukuklary hem-de halkara ynsanperwer hukugy, ikisi hem bilelikde ulanylmaly, olar biri-biriniň üstüni dolmaly we biri-biriniň amala aşyrylmagyna ýardam bermeli.

Halkara hukugynda adam hukuklarynyň we halkara ynsanperwer hukugynyň käbir hukuk kadalarynyň bozulmagy halkara jenaýat hukugynyň kadalarynyň bozulmagyna getirýär, bu bolsa beýleki halkara hukuk pudaklarynyň herekete getirilmegine sebäp bolup bilýär. Harby jenaýatlara garşy halkara jenaýat hukugynyň we jenaýat jogapkärçiliginiň hukuk kadalaryny halkara ynsanperwer hukugy diňe bir tejribede ulanmaklyk bilen çäklenmän, eýsem, onuň mazmunyny giňeldýär hem-de oňa giňişleýin düşünje berýär.



## § 3. Halkara ynsanperwer hukugynyň halkara howpsuzlyk hukugy we halkara jenaýat hukugy bilen arabaglanyşygy

Ýaragly çaknyşyklaryň ulgamynda özbaşdak institut hereket edýär, ol «jus contra bellum», ýagny urşa garşy hukuk, halkara jemagat hukugynda bolsa, *halkara howpsuzlyk hukugy* diýlip atlandyrylýar. Ýaragly çaknyşyklar döwründe halkara howpsuzlyk hukugy ikinji orna geçýär, sebäbi uruş hereketleri dünýädäki parahatçylygy we howpsuzlygy düýbünden bozýar, bu ýagdaý diňe uruş hereketleriniň tamamlanmagy bilen gutarýar.

Häzirki zaman halkara hukugynda söweş hereketlerine gatnaşýan taraplaryň hereketlerini düzgünleşdirýän hukuk pudagy hereket edýär. Bu hukuk pudagy, esasan hem, harby çaknyşyklaryň netijesinde ýetirilýän zeleliň netijesinden goramaklyga gönükdirilýär. Bu hukuk pudagy halkara ynsanperwer hukugy bilen has hem içgin arabaglanyşdyrylýan pudaklaryň biri hasaplanýar.

Halkara ynsanperwer hukugy bu soraga şeýle jogap berýär:

1949-njy ýylda kabul edilen Ženewa Konwensiýalarynyň 1977--nji ýyldaky I Goşmaça Protokolynda şeýle bellenilýär: «1949-njy ýyldaky kabul edilen Ženewa Konwensiýalaryna we 1977-nji ýyldaky Goşmaça Protokollara laýyklykda, ähli ýagdaýlarda hemme adamlar goralmaga degişlidirler, şu Konwensiýalaryň astyna düşýän ähli adamlar olaryň jynsy gelip çykyşyna, uruşýan taraplaryň birine degişlilikde ýa-da taraplaryň aýratyn şahslar barada aýdan sebäplerine garamazdan, olar goralmaga degişlidirler».

Ýene-de bu iki hukuk pudagynyň arasynda esasy arabaglanyşyk bu hukuk pudaklarynyň ýaragsyzlanmaga garşy göreşýänligindedir. Halkara howpsuzlyk hukugy umumylykda döwletleriň ýaragsyzlanmagyna garşy göreşýän bolsa, onda halkara ynsanperwer hukugy urşy alyp barmagyň usullaryny we serişdelerini çäklendirýändir.

Halkara ynsanperwer hukugy bilen halkara howpsuzlyk hukugyny baglanyşdyrýan zatlaryň ýene biri hem, käbir hukuk çeşmeleridir. 1977-nji ýylda kabul edilen Goşmaça Protokol, halkara ynsanperwer hukugynyň esasy çeşmeleriniň biri hasaplanýan hem bolsa, bu Protokolyň käbir kadalarynda halkara howpsuzlyk huku-

gyna degişli düzgünleri görmek bolýar. Meselem: 2, 35, 36, 50-nji maddalarynda käbir usullary, serişdeleri çäklendirmek hakynda we bu düzgünleriň ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda, halkara howpsuzlyk hukugynyň kadalary esasynda jogapkärçiligiň bardygy aýdylýar.

Umuman, halkara ynsanperwer hukugy bilen halkara howpsuzlyk hukugynyň arasynda birnäçe arabaglanyşyk bar. Ýönekeý dilde aýdanymyzda, halkara ynsanperwer hukugy tarapyndan gadagan edilen hukuk kadalar bozulanda halkara howpsuzlyk hukugy tarapyndan jogapkärçilige çekilmegi ýokarda aýdylanlary tassyklaýar.

Halkara howpsuzlyk hukugy bilen baglanyşýan halkara ynsanperwer hukugynyň çeşmelerinde hukuklaryň bozulmagy netijesinde jogapkärçilik göz öňüne tutulýan halkara ylalaşyklara Halkara Jenaýat Kazyýetiniň ýurisdiksiýasy esasynda 4 sany halkara jenaýatlar degişli edilýär:

1. Genosid – bu haýsy-da bolsa bir milleti, etniki topary, dini guramany dolulygyna ýa-da bölekleýin ýok etmek babatynda bilkastlaýyn alnyp barylýan hereket;
2. Parahatçylyga garşy jenaýatlar – islendik bir jenaýatçylykly hereket uly möçberde alnyp barlan ýagdaýynda ýa-da raýatlaryň toparlaryna, döwletlere, ýa-da beýleki bir toparlara garşy jenaýatçylykly hereketler alnyp barlan ýagdaýynda bu jenaýatlaryň alamatlary ýüze çykýar;
3. Adamzada garşy edilen jenaýatlarda we harby jenaýatlarda wagt möhletiniň ýoklugy baradaky 1968-nji ýylyň Konwensiýasy;
4. Harby jenaýatlar – bu jenaýatlara Ženewa Konwensiýalarynyň düzgünleriniň, halkara ýaragly çaknyşyklarda ulanylýan adatlaryň we düzgünleriň gödek bozulmalary degişli edilýär.

Halkara Jenaýat Kazyýetiniň ilkinji düzümi 2003-nji ýylyň 11-nji martynda öz işine başlady, 2003-nji ýylyň 16-njy iýunynda bolsa, Kazyýetiň ilkinji prokurory bellendi. 2006-njy ýylyň 26-njy ýanwarynda Halkara Jenaýat Kazyýetiniň Assambleýasyna agza döwletler 9 ýyllyk möhlet bilen 6 kazyny saýladylar.

Halkara Jenaýat Kazyýeti elmydama öz ýurisdiksiýasyna degişli bolup biljek ähli jenaýat işlerini özüniň garamagyna alýar. Her ýylda Halkara Jenaýat Kazyýetine müňlerçe hatlar ýollanýar.

Uruş döwründe amala aşyrylýan jenaýatlar özleriniň göwrümi we wagşylygy bilen has hem tapawutlanýarlar. Şeýle jenaýatlar hiç kimi parhsyz goýmaýar. Emma şeýle elhenç jenaýatlary amala aşyrýan adamlar özleriniň wezipesinden ýa-da harby derejesinden peýdalanyp, jenaýat jogapkärçiliginden gaçýarlar. Bu hereketlere garşy adamlaryň garşylyk bildirmegi halkara jenaýat hukugynyň ýüze çykmagyna we halkara derejesinde edilen jenaýatlary amala aşyranlara ýa-da şol jenaýatlaryň edilmegine buýruk berenlere halkara kazyýeti tarapyndan jogapkärçilik bellenilmegine itergi berdi.

Harby çaknyşyklara gatnaşýan taraplaryň güýç ulanmaklyga bolan hukuklary halkara ynsanperwer hukugynyň çäklerinde düzgünleşdirilýär. Halkara hukugynda bolşy ýaly, halkara ynsanperwer hukugynyň kadalary döwletler tarapyndan döredilýär we şol kadalary ýerine ýetirmeklik borjy hem döwletleriň üstüne ýüklenýär. Şol sebäpden hem, halkara jenaýat hukugynda edilen jenaýat üçin tutuş döwlet jogapkärçilige çekilmän, aýratyn şahslaryň jenaýat jogapkärçiligine çekilmegi – halkara jenaýat hukugynda uly ösüş boldy.

Halkara ynsanperwer hukugynyň kadalarynyň bozulandygy üçin halkara jenaýat hukugynda belli bir şahsyň jenaýat jogapkärçiligine çekilmegi halkara şertnamalarynda şahslara garşy sanksiýalaryň ulanylmagy arkaly amala aşyrylman, eýsem, halkara ynsanperwer hukugynda döwletler tarapyndan belli bir hereketleriň gadagan edilmegi arkaly umumy ylalaşyga gelindi. 1993-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň Howpsuzlyk Geňeşi tarapyndan öňki Ýugoslawiýa üçin harby tribunal, soňra Ruanda boýunça tribunal döredildi. Şeýlelikde, Kosowo, Günorta Timor, Siýerra-Leone we Kamboja üçin tribunallar döredildi. Netijede, 1998-nji ýylda kabul edilen, 2002-nji ýylda güýje giren Rim Statutynyň esasynda hemişelik hereket etjek we halkara jenaýatçylary, harby jenaýatçylary kazyýet jogapkärçiligine çekjek Halkara Jenaýat Kazyýeti döredildi. Halkara Jenaýat Kazyýetinde seredilýän ähli işler ýaragly çaknyşyklar bilen bagly bolup durýar, diýmek, onda bu işler harby jenaýatlar bilen hem berk baglanyşyklydyr. Halkara Jenaýat Kazyýetiniň ähli maksady halkara ynsanperwer hukugynyň kadalarynyň bozulmagynyň öňüni almaga we jenaýatçylary degişli derejede kazyýet jogapkärçiligine çekmeklige gönükdirilendir. Halkara Jenaýat Kazyýeti şol sanda halkara yn-

sanperwer hukugynyň kadalarynyň degişli tertipde ýerine ýetirilmegine gözegçilik edýän edaralara hem öz kömegini berýär.

Halkara Jenaýat Kazyýyeti halkara jenaýatçylara garşy göreşmekde, esasan-da, harby jenaýatçylara garşy göreşmekde uly işleri alyp barýar. Bu bolsa halkara ynsanperwer hukugynyň kadalarynyň ýerine ýetirilmegine we olaryň bozulan ýagdaýynda kazyýet jogapkärçiliginiň bardygyny kesgitlemekde uly itergi bolup durýar.

Şeýlelikde, halkara ynsanperwer hukugynyň kadalarynyň bozulandygy üçin iki usulda jenaýat jogapkärçiligine çekilip bilner:

1. Döwletleriň milli kazyýetleri tarapyndan jenaýat jogapkärçiligine çekilýär;
2. Halkara we sebitleýin kazyýetler tarapyndan halkara jenaýat hukugynyň kadalary esasynda jenaýat jogapkärçiligine çekilýär.

Häzirki wagtda halkara ynsanperwer hukugynyň kadalarynyň bozulmagy babatda umumy jenaýat jogapkärçiligi we umumy kazyýetde geçirilmegini gazanmak maksat edilip goýuldy.

Halkara ynsanperwer hukugynyň kadalarynyň bozulmagy – häzirki wagtda halkara jenaýatlaryň haýsy görnüşe degişlidigi baradaky soraglary hem ýüze çykardy.

Halkara jenaýat hukugynda jenaýatlar 3 sany topara bölünýär. Olar şu aşakdakylardyr:

1. Halkara jenaýatlar;
2. Halkara häsiýetli jenaýatlar;
3. Beýleki halkara hukuk bozulmalary.

Halkara jenaýatlar – aýratyn howply halkara hukuk bozulmalary bolup, olaryň netijesinde döwletleriň we milletleriň iň wajyp ýaşaýyş durmuşyna zyýan ýetirilýär. Bu jenaýatlar şu aşakdakylardyr:

– agressiýa;
– genosid;
– aparteid;
– harby jenaýatlar;
– parahatçylyga we adamzadyň garşysyna edilen jenaýatlar.

Halkara häsiýetli jenaýatlar – halkara jemgyýetçiligine garşy howply hereketler bolup, birnäçe ýa-da hemme döwletleriň bähbitlerine zyýan ýetirýän bikanun hereketler hasap edilýär. Bu jenaýatlar şulardan ybarat:

– terrorçylyk;

– adamlary girewine almak;

– howa gämilerini bikanun eýeläp alyp gaçmak;

– neşe serişdelerini we psihotrop maddalary bikanun taýýarlamak hem-de ýaýratmak;

– Diplomatik wekilhanalara, onuň işgärlerine we halkara goragyndan peýdalanýan şahslara çozuş etmek.

Beýleki halkara jenaýatlar amala aşyrylanda, bikanun hereketleriň netijesinde, zyýan haýsy-da bolsa bir döwlete ýa-da halkara hukugynyň aýry-aýry subýektlerine ýetirilýär.

## § 4. Halkara ynsanperwer hukugynyň halkara şertnamalar hukugy bilen baglanyşygy. Halkara ynsanperwer hukugy we halkara guramalar

Halkara hukugynyň beýleki pudaklarynda bolşy ýaly, halkara ynsanperwer hukugynyň kadalaryny halkara guramalar hem öz işlerinde ýörelge edinip ulanýarlar. Halkara ynsanperwer hukugy hakynda gürrüň edilende, ilkinji bellemeli halkara guramalarynyň biri hem Halkara Gyzyl Haç Komitetidir. Mundan başga-da, Birleşen Milletler Guramasy we onuň ýöriteleşdirilen edaralary, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy barada aýtmak bolar.

Halkara Gyzyl Haç Komiteti döredilenden soňra Gyzyl Haçyň we Gyzyl Ýarymaýyň hereketi başlandy. Häzirki wagtda bu hereket dünýä jemgyýetçiligini birikdirdi we ähli döwletlerde hereket edýän, 1965-nji ýylda Wenada geçirilen Halkara Gyzyl Haçyň we Gyzyl Ýarymaýyň konferensiýasynda halkara guramalar babatynda şu aşakdaky ýörelgeler bellenildi:

1. **Ynsanperwerlik.** Halkara Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý halkara birleşikleri ilkibaşda döredilende, söweş meýdanynda ýaralananlara gelip çykyşyna garamazdan kömek bermeklik maksady bilen öz hereketlerini halkara, sebitleýin we döwlet derejesinde dürli ýagdaýlarda alyp barmaklyga, adamlaryň ejir çekmelerini aradan aýyrmaklyga ýa-da azaltmaklyga synanyşýarlar. Bu hereket adamyň janyny we saglygyny goramak, hukuklaryny hormatlamak üçin ähli guramalar tarapyndan goldanylýar.

2. **Adalatlylyk.** Halkara guramalary tarapyndan ynsanperwer kömegi ýerine ýetirilende amala aşyrylýan hereketler hiç bir ýagdaýda-da jynsparazlyga ýol bermeýär, ýagny milletine, gelip çykyşyna, dinine, syýasy ygtykatyna we beýleki tapawutlyklaryna garamazdan, kömek bermeklige borçlanýar. Onda diňe adamlara kömek bermeklik maksatlary öňe sürülýär.
3. **Bitaraplyk.** Harby guramalaryň hereketleri bitarap bolmaly. Şeýle hereketler harby çaknyşyga gatnaşýan taraplaryň haýsy hem bolsa biriniň tarapyny tutmaýar.
4. **Garaşsyzlyk.** Hereket garaşsyzdyr. Halkara ynsanperwer hukugynyň astynda hereket edýän we öz meýletinçilik kömeklerini berýän adamlar hukuk kadalaryna hem-de düzgünlerine laýyklykda öz hereketlerini alyp barmalydyrlar, olar belli bir derejede garaşsyzlygyny saklamaly, ýagny olar Gyzyl Haçyň ýörelgelerine eýermelidirler.
5. **Meýletinlik.** Hereket adamlaryň meýletin islegleri boýunça amala aşyrylýar we hiç kim bu hereketden şahsy bähbidini gözlemeli däldir.
6. **Bitewülik.** Bir döwletde Gyzyl Haçyň ýa-da Gyzyl Ýarymaýyň diňe bir milli jemgyýeti – guramasy bolmalydyr we şol çäkde adamlar öz ynsanperwer hereketlerini bilelikde hem-de agzybirlikde amala aşyrmalydyrlar.
7. **Tarap çalmazlyk.** Bu ýörelge Hereketiň jynsy, dini, synp ýa-da syýasy ynanç alamatlary boýunça hiç bir tapawudy goýmaýandygyny aňladýar. Ol diňe adamlaryň hasratyny, ilkinji nobatda bolsa, kömege has mätäçleriň hasratyny ýeňilleşdirmäge çalyşýar.

Halkara ynsanperwer hukugy urşy alyp barmagyň usullaryny we serişdelerini çäklendirmegiň, şeýle-de ýaralananlara, syrkawlara, raýat ilatyna, kombatantlara, harby ýesirlere ynsanperwer kömegi bermegiň ýörelgelerini hem-de hukuk kadalaryny özünde jemleýär. Bu düzgünleri amala aşyrmakda esasy çeşme hökmünde halkara ynsanperwer hukugynyň çeşmeleri, ýagny 1949-njy ýylda kabul edilen dört sany Ženewa Konwensiýalary we 1977-nji ýylda kabul edilen Ženewa Konwensiýalarynyň Goşmaça Protokollary, şol sanda Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň Düzgünnamasy çykyş edýär.

## § 5. Halkara ynsanperwer hukugyny dürli ýagdaýlarda ulanmak («Ratione situations»). Halkara ynsanperwer hukugyny wagtda ulanmak («Ratione temporis»)

**Halkara ynsanperwer hukugyny dürli ýagdaýlarda ulanmak («*Ratione situations*»).** «Ýaragly çaknyşyk» düşünjesi «uruş» düşünjesinden has giň ýagdaýlary öz içine alýar. Halkara ynsanperwer hukugy halkara häsiýetli, şeýle hem halkara häsiýetli bolmadyk ýaragly çaknyşyklarda ulanylýar. Ýaragly çaknyşyk döwründe dört ŽK we I GP ulanylýar. Bu Konwensiýalar üçin umumy bolan 2-nji maddadan şular gelip çykýar, ýagny: «*Baryp parahatçylyk wagtynda güýje girmeli bolan kararlardan başga-da, şu Konwensiýa Belent Mertebeli Ylalaşýan taraplaryň ikisiniň ýa-da birnäçesiniň arasynda uruş yglan edilen ýa-da her dürli başga çaknyşyk ýüze çykan halatynda, hatda eger olardan biri uruş ýagdaýyny ykrar etmeýän hem bolsa, ulanyljakdyr*».

Halkara ynsanperwer hukugy, hatda bir tarap uruş ýagdaýyny ykrar etmedik ýagdaýynda hem ulanylýar. Halkara ynsanperwer hukugy bir döwletiň territoriýasynyň çäginden çykmaýan aýry-aýry çaknyşyklary halkara häsiýetli diyip ykrar edýär. Bu ýagdaýda I GP-niň 1-nji maddasynyň 4-nji bendini (punktuny) görkezmek bolar: «*4. Ýokardaky bentde agzalan ýagdaýlar özleriniň BMG-niň Tertipnamasynda hem-de BMG-niň Tertipnamasyna laýyklykda döwletleriň arasyndaky dostlukly gatnaşyklara we hyzmatdaşlyga degişli halkara hukugyň ýörelgeleri hakyndaky Jarnamada berkidilen, öz ykbalyny özüniň kesgitlemegi baradaky hukugyny amala aşyrmak üçin halklaryň kolonial agalyk etmegine, daşary ýurt basybalyjylaryna, jynsparazlyk düzgünlerine garşy alyp barýan ýaragly çaknyşyklary öz içine alýar*».

Muňa mysal edip, kolonial agalygyna garşy göreşýänleriň hukugyny görkezmek bolar. Şeýle ýaragly çaknyşyklara 1949-njy ýylyň Ženewa Konwensiýalarynda we I Goşmaça Protokolda berkidilen halkara ynsanperwer hukugynyň ähli kadalary ulanylýar.

Halkara häsiýetli bolmadyk ýaragly çaknyşyklaryň umumy kabul edilen düşünjesi ýokdur. Şeýle tapawutlary ýüze çykarmak üçin obýektiw faktlary suratlandyryp, tapyp bolar:

– halkara häsiýetli bolmadyk ýaragly çaknyşyk garşydaş taraplaryň ýuridik statusy boýunça tapawutlanýar, ýagny bular özygtyýarly döwlet bolman, bir döwletiň hökümetidir, olar öz döwletiniň territoriýasynda bir ýa-da birnäçe ýaragly toparlanyşyk bolup, ýaragly çaknyşyga girişýärler, ýa-da iki ýaragly toparlanyşyk bolup, hereket edýän hökümetiň goşunlary goşulmazdan biri-biri bilen göreşýärler;
– ol ýaragly çaknyşygy häsiýetlendirýän kesgitlenilen obýektiw ýagdaýyň bolmagyna baglylykda halkara ynsanperwer hukugynyň ol ýa-da beýleki düzgünlerini ulanmak boýunça tapawutlanýar.

II GP-ni ulanmak üçin şu şertleriň bolmagy zerurdyr:

– biri-birine garşy durýan taraplaryň bolmagy;
– hökmany suratda ýaragly çaknyşykda ýaragly güýçler bolýar;
– jogapkär serkerde;
– territoriýalaryň bölegine gözegçilik etmek;
– harby hereketleriň üznüksizligi we ylalaşykly häsiýeti.

«*Üznüksiz*» – arakesmesiz we araboşluksyz hereketler. «*Ylalaşylan*» – bu hereketlerde bitewülik, ylalaşyk gazanylan hereketler. *Protokoly ulanmak ukyby* – bu esasy talap bolup, halkara ynsanperwer hukugynyň düzgünleriniň berjaý edilmegini talap edýär.

Halkara häsiýetli bolmadyk ýaragly çaknyşyklar kesgitlenen şertlerde halkara ýaragly çaknyşyklara öwrülýärler (mysal üçin, harby interwensiýanyň netijesinde, halkara hukugynyň kadalarynyň bozulmagy bilen). Islendik harby hereketlere daşary ýurt döwletleriniň goşulmagy bilen ol halkaralaşdyrylýar.

**Halkara ynsanperwer hukugyny wagtda ulanmak («*Ratione temporis*»)** – halkara ynsanperwer hukugyny wagtda ulanmak soragyna garanymyzda ýaragly göreşi alyp barmagyň we ýaragly çaknyşyklarda pidalaryň goragyny düzgünleşdirýän şertnamalarda, çeşmelerde berkidilen kadalaryň toparyna degişli ýagdaýlary seljermek bolar.

1. Kadalaryň topary bolup, olaryň ulanylmagy çaknyşyklardaky taraplaryň arasyndaky harby hereketleriň başynda başlanmagydyr, tamamlanmagy bolsa, işjeň harby hereketleriň bes edilmegidir. Ynsanperwer şertnamalaryň düzgünleriniň köp bölegi şu kategoriýa degişlidir;
2. Şertnamany taýýarlamaga gatnaşan döwletleriň erkine bagly bolmazdan, wagt çäklendirmesi bolmadyk düzgünler. Bu ýerde şertnamalaryň güýje giren pursatlaryndan hemişe ulanylýan kadalar göz öňünde tutulýar. Mysal üçin, agza döwletleriň «parahatçylykly döwürde, harby döwürde hem Konwensiýalaryň tekstini giňden ýaýratmagy» göz öňünde tutýan kadalar (I ŽK, 47; II ŽK, 48; III ŽK, 127; IV ŽK, 144; I GP, 83; II GP, 19-njy madda).
3. Özleriniň hukuk ähmiýeti boýunça degişli wezipe ýerine ýetirilýänçä hereket edýärler («ratio legis»). Şular ýaly düzgünleriň kategoriýalaryna Merkezi Düşündiriş agentliginiň işini düzgünleşdirýän kadalar degişlidir (III ŽK, 122 – 123; IV ŽK, 140; I GP, 33 – 34-nji madda).

Ýaragly çaknyşygyň wagt serhedi onuň başlanan we gutaran aralygy bilen kesgitlenýär. Harby-tehnika mazmunynda ýaragly çaknyşygyň başlamagy harby hereketleriň açylmagyndan hasaplanýan bolsa, halkara hukuk mazmunynda ýa-da şol pursat, ýa-da formal ýagdaýda uruş ýagdaýlarynyň yglan edilmegi bilen ŽK üçin umumy 2-nji maddanyň we I GP-niň 1-nji maddasynyň, ýa-da umumy 3-nji maddanyň we II GP-niň 1-nji maddasynda görkezilen ölçeglerinden ýerine ýetirip başlamakdan hasaplanýar.

Halkara ynsanperwer hukugyny ulanmak ýaragly çaknyşygyň gutarmagy bilen bes edilýär. Şol bir wagtda, onuň kadalary ýaragly çaknyşygyň netijesindäki ýagdaýlary kadalaşdyrmagy dowam edýär. Ilki bilen hem, bu ýagdaý harby ýesirlik, internirlenmek we basyp almak bilen baglanyşdyrylýar. Mysal üçin, I we II ŽK ähli ýaralylar, syrkawlar, gämi heläkçiligine uçranlar, harbylar, ýaralylar, azat edilseler we repatrasiýa edilseler (I ŽK, 5-nji madda); III ŽK ähli harby ýesirler azat edilseler we repatrasiýa edilseler (III ŽK, 5-nji madda);

IV ŽK basylyp alnan territoriýalarda ähli basylyp alnan territoriýalar azat edilse, öňki ýaşaýan ýerlerine ähli raýat ilaty interwensiýadan gelende ulanmagy bes edilýär (IV ŽK, 6-njy madda).

## § 6. Halkara ynsanperwer hukugyny aýratyn şahslar babatda ulanmak («Ratione personae»). Halkara ynsanperwer hukugynyň kadalaryny giňişlikde ulanmak («Ratione loci»). Ýaragly çaknyşyk döwründe bitaraplyk

**Halkara ynsanperwer hukugyny aýratyn şahslar babatda ulanmak («*Ratione personae*»),** bu soraga garalanda «urşuň pidasy» düşünjesiniň mazmunyny açmak zerurdyr.

Halkara ynsanperwer hukugynda «urşuň pidasy» diýlende, 1949--njy ýylyň ŽK we 1977-nji ýyldaky Goşmaça Protokolyň howandarlygynda galýan raýat şahslaryna, şol sanda kombatantlara, ýaralylara, syrkawlara we ýesirlere düşünilýär. Her bir ŽK ýaragly çaknyşygy haýsy hem bolsa pidalaryň esasy kategoriýalarynyň goragynyň düzgünlerini öz içine alýar.

Urşuň pidalarynyň goragy baradaky ähli halkara hukuk resminamalary üçin şu aşakdaky talaplar umumydyr:

– urşuň pidalary hiç hili kemsidilmesiz ynsanperwer goralmalydyr;
– bilkastlaýyn öldürmek, gynamak, sütem etmek, adamkärçiliksiz garamak gadagan;
– manysyz ýykgynçylyklar we terrorçylyk gadagan edilýär;
– aýallara, göwreli aýallara, çagalara we garrylara ýörite gorag hem-de howandarlyk ýaýraýar;
– urşuň pidasynyň goragy hakyndaky kadalaryň gödek bozulmasyna günäkärler harby jenaýatçylar hasaplanýar, olar degişli jenaýat jezasyny çekýärler.

Halkara ynsanperwer hukugynda howandarlyk edilýän şahslaryň umumy goragynyň ulgamy *ýörite, umumy* we *minimal* goraga esaslanýar.

**Halkara ynsanperwer hukugynda urşuň pidalarynyň goragynyň ulgamy**

| Ýörite gorag | Umumy gorag | Minimal gorag |
|---|---|---|

***Ýörite gorag*** – urşuň pidalarynyň has ejiz kategoriýalaryna ýa-da penäkarlik edilýän şahslaryň beýleki kategoriýalaryna berilýän aýratyn kömek:

– çagalar;
– aýallar;
– bosgunlar we apatridler;
– lukmançylyk işgärleri;
– raýat goranyş guramasynyň işgärleri we beýlekiler.

***Umumy gorag*** – howandarlyk edilýän şahsalaryň esasy kategoriýalaryna berilýän kömek:

– ýaralylar we syrkawlar;
– deňiz heläkçiligine uçran şahslar;
– harby ýesirler;
– raýat ilaty.

***Minimal gorag*** – umumy we ýörite goraga hukugy bolmadyk aýry-aýry şahslar:

– hakyna tutma;
– içaly.

**Halkara ynsanperwer hukugynyň kadalaryny giňişlikde ulanmak («*Ratione loci*»)** – halkara ynsanperwer hukugynyň giňişlik çygry ýaragly çaknyşyklary alyp barmagyň kadalaryny bellemegiň we urşuň pidalarynyň goragy çygrynda gatnaşyklary düzgünleşdirýän halkara hukuk gatnaşygynyň predmeti bilen baglanyşyklydyr. Harby hereketler anyk gury ýer, howa we deňiz territoriýalarynda alnyp barylýar. Ýaragly göreşiň alnyp barylmagynyň giňişlik çägini alamatlandyrmak üçin «uruş teatry» we «harby hereketleriň teatry» düşünjesi ulanylýar.

*Uruş teatry* – söweşýän döwletiň tutuş territoriýasy (gury ýer, howa, suw), şeýle hem kenarýaka döwletiň territoriýalarynyň suwunyň çäginden daşary Dünýä okeanynyň suwlary we olaryň üstündäki howa giňişligi degişlidir, bularda ýurtlar harby operasiýalary alyp baryp bilýärler.

*Harby hereketleriň teatry* diýlip, söweşýän taraplaryň ýaragly güýçleriniň harby hereketleri alyp barýan territoriýalaryna düşünilýär. Uruş teatryna harby hereketleriň birnäçe teatrlary girip biler. Harby hereketleriň teatry bolup, göreşýän döwletiň gury ýer, suw we olaryň üstündäki howa giňişligi degişlidir.

Halkara hukugynyň kadalaryna laýyklykda, bitarap döwletiň territoriýasy «harby hereketleriň teatry» hökmünde ulanylyp bilinmez. Bu bitarap döwletiň gury ýer, suw we howa territoriýasyna degişlidir. Harby hereketleriň teatryna statusy ýörite halkara şertnama bilen kesgitlenen territoriýalar hem öwrülip bilinmez. 1949-njy ýylyň IV ŽK-nyň 23-nji maddasyna laýyklykda, uruş döwründe söweşýän döwletler tarapyndan döredilýän sanitariýa zolaklary we ýerler harby hereketleriň teatryna öwrülýär. 1920-nji ýylda Şpisbergen baradaky Şertnama laýyklykda arhipelag Şpisbergen hem harby hereketleriň teatryna girizilip bilinmez. Şeýle gadaganlyk Antarktika hem degişlidir (1959-njy ýyldaky Antarktika baradaky Şertnama).

1954-nji ýyldaky Gaaga Konwensiýasy bilen her bir halkyň mirasy üçin uly ähmiýete eýe bolan arhitektura, sungat ýa-da taryhy ýadygärlikler, ýa-da çeper gyzyklanma döredýän dini, ýa-da dünýewi, arheologik ýerler, şeýle hem medeni gymmatlyklaryň halkara sanawyna girizilen obýektler çozuşa we ýok edilmäge degişli däldir (1954-nji ýylyň Konwensiýasy, 1; 8; 16-njy maddalar).

Şular ýaly gadaganlyklar I GP-niň 53-nji maddasynda hem berkidilýär.

I GP-niň 56-njy maddasyna laýyklykda söweş hereketleriniň teatryna howply güýçleri saklaýan binalar (AES, gaçylar, bentler) hem girizilmeli däldir.

Halkara bogazlar we kanallar hem harby hereketleriň teatryna öwrülmeýär. Harby hereketleriň teatryndan ýaragsyzlandyrylan zolaklar hem aýrylýar. Mysal üçin, 10.02.1947 ý. Finlýandiýa bilen

Parahatçylyk şertnamasy boýunça Aland adalary ýaragsyzlandyrylan zolak diýlip yglan edilýär.

Bitaraplyk söweş hereketiniň alnyp barylmagyny düzgünleşdirýän hukugyň gadymy institutlarynyň biridir. Bitaraplyk diýlip, ýaragly çaknyşyga gatnaşmazlyga we söweşýän taraplara kömek bermezlige düşünilýär. Halkara häsiýetli bolmadyk ýaragly çaknyşyklar babatynda bitaraplyk ýokdur, sebäbi bu ýerde içerki işlere goşulmazlyk ýörelgesi hereket edýär. Şu ýerde ynsanperwer kömegi, ýaralylara we syrkawlara kömek bermegi çaknyşyga goşulmak diýip hasaplap bolmaz. Hut şu düzgün raýat ilatyna kömek bermäge mümkinçiligi döredýär. Lukmançylyk işgärleriniň, HGHK-nyň wekilleriniň işini ýeňilleşdirýär.

Bitarap döwletiň statusy gury ýer we deňiz urşy döwründe bitarap döwletiň hukuklary we borçlarlary hakynda 1907-nji ýyldaky Gaaga Konwensiýalary, şeýle hem 1909-njy ýylda deňiz urşunyň hukugy hakynda London Jarnamalarynda anyk kesgitlenýär. Bitarap territoriýa eldegrilmesiz hasaplanylýar. Ol harby hereketleriň teatry ýa-da çozuş obýekti bolup bilmez. Bitarap döwlet özüniň ýaragly güýçleri bilen çozuşy gaýtarmaga hukuklydyr.

Söweşýän döwletlere bitarap döwletiň territoriýalaryndan goşunlary we harby ulagy geçirmek gadagan edilýär. Eger-de bu döwletiň territoriýalarynda söweşýän döwletiň goşuny bar bolsa, onda ol olary internirlemäge borçlanýar. Ýöne ol öz territoriýasyndan söweşýän taraplaryň ýaralylaryny we syrkawlaryny geçirmäge rugsat berip bilýär. Bitarap döwletiň söweşýän taraplara ýarag we beýleki harby materiallar bilen kömek etmäge hukugy ýokdur. Muňa garamazdan, ol söweşýän taraplar bilen söwdany kesmäge borçly däldir. Bitarap döwlet özüniň territoriýasynda söweşýänleriň peýdasyna harby esgerleri toplamaga we harby otrýadlary döretmäge ýol bermezlige borçlanýar.

Deňiz urşunda söweşýän döwletiň gämileri bitarap döwletiň suwlarynda 24 sagatdan köp bolmaly däldir, bir portda üç gämiden artyk gämi bolup bilmez, bu düzgüniň bozulan ýagdaýynda gäminiň topary internirlenmäge degişli edilýär we gämi deňze çykmaga ýaramsyz edilýär.

5. Sargyt № 3735

Howa giňişliginde uruş hereketini alyp barmakda ýörite konwensiýalar ýokdur. Şonuň üçin hem, bu ýagdaýda ynsanperwer hukugynyň umumy ýörelgeleri ulanylýar. Söweşýän döwletiň uçary bitarap döwletiň howa giňişligine giren ýagdaýynda, bitarap döwlet onuň çykarylmagy üçin ýa-da ony gonmaga mejbur etmek babatynda çäreleri amala aşyrmaga borçludyr. Bitarap döwletiň söweşýän döwletleri awiasiýa tehnikasy bilen üpjün etmäge hukugy ýokdur. Bitarap döwletiň çägindäki raýat uçaryna hem barlag üçin gonmaklyk teklip edilip bilner.

# V BAP. ÝARAGLY ÇAKNYŞYKLARYŇ GATNAŞYJYLARY

## § 1. Halkara ynsanperwer hukugynda «Ýaragly güýçler» düşünjesi. Döwletleriň harby hereketleriniň teatry. Ýaragly çaknyşyklar döwründe serkerdeleriň hukukçy geňeşçileriniň orny

Uruş adamzat jemgyýetiniň adaty däl ýagdaýydyr. Halkara ynsanperwer hukugynyň kadalarynyň aglabasy harby hereketlere gatnaşmak bilen bagly kadalary düzgünleşdirýär. «Kombatant» adalgasy halkara ynsanperwer hukugynda esasy düşünjeleriň biridir. Uruş hukugy birnäçe asyr bäri bar hem bolsa «Kombatant» düşünjesi diňe 1977-nji ýylda, I GP-de kesgitlenildi. I GP-niň 43-nji maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda «Çaknyşyk ýagdaýynda durýan tarapyň Ýaragly güýçleriniň düzümine girýän adamlar (lukmançylyk we din işgärlerinden başga) söweşijiler (kombatantlar) hasap edilýär, ýagny olaryň uruş hereketlerine gös-göni gatnaşmaga hukugy bolýar». Şeýlelik bilen, I Goşmaça Protokoldan kombatantyň şu aşakdaky esasy alamatlary gelip çykýar:

1. Döwletiň ykrar edilen Ýaragly güýçleriniň düzümine girmeli (lukmançylyk we din işgärlerinden beýlekiler);
2. Harby hereketlere gös-göni gatnaşmaga hukugynyň bolmagy;
3. «Kombatant» adalgasynyň düzüm bölegi bolup, «Ýaragly güýçler» düşünjesi çykyş edýär. I GP-niň 43-nji maddasynyň 1-nji bendi bu kategoriýany şeýle kesgitleýär: «Çaknyşyk ýagdaýynda durýan tarapyň Ýaragly güýçleri şu tarapyň öňünde özüniň tabynlygyndakylara bolan jogapkär adamyň, serkerdäniň ýolbaşçylygynda durýan ähli guramaçylykly Ýaragly güýçlerden, toparlardan we bölümlerden ybaratdyr. Şeýle Ýaragly güýçler içerki düzgün-nyzam ulgamyna tabyn bolýarlar, bu bolsa beýleki zatlar bilen birlikde, Ýaragly çaknyşyk döwründe ulanylýan halkara hukugyň kadalarynyň berjaý edilmegini üpjün edýär». 1949-njy ýyldan başlap partizanlar – kombatantlar diýlip hasap edilýär. «Beýleki ýygynlaryň we meýletinler otrýadlarynyň şahsy düzümi, şol sanda çaknyşyk

ýagdaýynda durýan hem-de olaryň hut öz çäginde ýa-da onuň daşynda hereket edýän tarapa degişli guramaçylykly garşylyk görkeziş hereketleriniň şahsy düzümi, hatda şol çäk basylyp alnan hem bolsa, şol ýygynlar we meýletinler otrýadlary (şol sanda guramaçylykly garşylyk görkeziş hereketleri), (I we II ŽK-nyň 13-nji maddasynyň 2-nji bendi, III ŽK-nyň 4-nji maddasynyň 2-nji bendi).




Harby hereketlere gatnaşýan şahslar
Harby hereketleriň kanuny gatnaşy-jylary
Halkara hukugynyň bikanun gatnaşy-jylary
Kombatantlar
Hakyna tutmalar
Razwedkaçylar (aňtawçylar)
Içalylar
Meýletinçiler
Daşary ýurt geňeşçileri we hünärmenleri

Halkara ynsanperwer hukugyna degişli ylalaşyklaryň berjaý edilmegi boýunça döwletleriň borçlarynyň tutumly bölegi harby ýolbaşçylygyň edaralaryna, olaryň wezipeli şahslaryna – ähli derejedäki serkerdelerine ýaýraýar. I GP-niň 87-nji maddasynda «Harby serkerdelerden Konwensiýanyň we şu Teswirnamanyň bozulmagyna ýol bermezliklerini, zerur bolan mahalynda bolsa, şol düzgün bozulmalaryň öňüni almak hem-de şolar barada ygtyýarly häkimiýetlere habar bermeklerini Belent Mertebeli Ylalaşýan taraplaryň çaknyşyk ýagdaýynda durýan taraplaryň talap edýändikleri» barada kada ýerleşdirilendir.

**Serkerdäniň esasy borçlary:**

1. Harby hereketler alnyp barylýan prosesde olaryň tabynlygyndakylaryň, halkara ynsanperwer hukugynyň kadalarynyň bozulmagyna ýol bermezligine we olaryň öňüni almaga;
2. Harby dolandyryşyň ýokary edaralaryny halkara ynsanperwer hukugynyň kadalarynyň bozulmagy barada habarly etmäge;
3. Halkara ynsanperwer hukugynyň kadalarynyň bozulmagyna ýol bermezlik üçin profilaktika çärelerini geçirmäge;
4. Ýokarda görkezilen hukuk bozulmalary amala aşyrýan şahslary düzgün-nyzam ýa-da jenaýat jogapkärçiligine çekmäge.

Serkerdäniň öz wezipelerini ýerine ýetirmegi üçin onuň özi halkara ynsanperwer hukugynyň kadalaryny bilmelidir. Söweş hereketleri döwründe hukukçy geňeşçiniň işiniň hukuk esasy bolup I GP çykyş edýär, onda: «Belent Mertebeli Ylalaşýan Taraplar islendik wagt we çaknyşyk ýagdaýynda durýan taraplar bolsa, ýaragly çaknyşyklar döwründe hukukçy geňeşçileriň bolmagyny üpjün edýärler, olar zerur bolan mahalynda Konwensiýalary we şu Teswirnamany ulanmak hakynda hem-de şol mesele boýunça ýaragly güýçlere degişli gözükdirme bermek hakynda harby serkerdelere degişli derejede maslahatlar berip bilerler» diýlip bellenilendir (I GP, 82-nji madda). Serkerdeleriň iş ýüzünde halkara ynsanperwer hukugynyň kadalaryny ulanmakda birnäçe kynçylyklary döredýändigini nazara almak bilen, bu kada 1977-nji ýyldaky Diplomatik konferensiýada kabul edildi. Her bir döwlet özüniň milli bähbitlerine laýyklykda hukukçy geňeşiniň gurluşyny

we ygtyýarlylygyny kesgitleýär, olar gadymyýetiň tejribesinde bular ýaly hünärmenleriň ulgamynyň bolandygyny göz öňünde tutýarlar. Hususan-da, ispan harby kompaniýalary (XV – XVII a.) «şular ýaly hukukçy» bilen maslahatlaşylandan soň geçirilipdir. Bular ýaly hukukçy bolup, ýönekeý missioner çykyş edipdir, ýöne ol urşuň ýörelgelerini gowy bilipdir.

**Hukukçy geňeşçilere parahatçylyk döwründe şu borçlar ýüklenilýär:**

1. Halkara ynsanperwer hukugynyň kadalaryny öwrenmek we olary harby dolandyryşyň edaralarynda, birikmelerinde, harby bölümlerinde hem-de gurluşynda wagyz etmek;
2. Harby gullukçylaryň wezipeleýin derejesine baglylykda halkara ynsanperwer hukugynyň aýry-aýry düzgünlerini şahsy düzümiň arasynda ýaýratmak;
3. Halkara ynsanperwer hukugyny parahatçylyk hem-de ýaragly çaknyşyk döwründe ulanmak boýunça okuw gollanmalaryny, usulyýetini işläp taýýarlamak we beýlekiler.

**Harby döwürde:**

1. Harby hereketler döwründe halkara ynsanperwer hukugynyň kadalaryny ýerine ýetirmek, ulanmak soraglary boýunça serkerdelere maslahat bermek;
2. Halkara ynsanperwer hukugynyň gödek bozulmalary boýunça faktlary bellemek baradaky Halkara Komissiýasynyň işine ýardam bermek;
3. Harby ýesirlere, internirlenenlere olaryň hukuk statusyny üpjün etmek boýunça maslahat bermek we beýlekiler.

## § 2. Halkara ynsanperwer hukugynda lukmançylyk işgärleriniň hukuk goragy. Ýaragly çaknyşyklarda lukmançylyk we din işgärleriniň hukuklary hem-de borçlary

Halkara ynsanperwer hukugynyň kadalarynyň köp bölegi lukmançylyk we din işgärleriniň goragyny düzgünleşdirmäge bagyşlanandyr. Aýratyn şahslaryň goragyna degişli bolşy ýaly, lukmançylyk düzümleri hem goraga degişlidir.

I GP-niň 8-nji maddasy «lukmançylyk işgärleriniň» kesgitlemesini berýär. Şeýle hem şu madda laýyklykda *lukmançylyk maksatlary* diýlip, «Ýaralylary, syrkawlary hem-de gämi heläkçiligine sezewar bolan adamlary gözläp tapmak, ýygnamak, keselini anyklamak ýa-da bejermek, şol sanda olara ilkinji lukmançylyk kömeginiň berilmegine» düşünilýär.

Ýaragly çaknyşykda özüniň hyzmatyny daşary ýurtly lukman işgärleri hem hödürläp bilerler. Bu işgärler çaknyşyga gatnaşmaýan döwlet ýa-da GH we GÝ Milli jemgyýetleriniň, ýa-da HGHK-nyň gözegçiligi astynda işläp bilerler.

Lukmançylyk işgärleri diňe hususy (şahsy) ýaragy göterip, ony öz-özüni we ýaralylary hem-de syrkawlary goramaga ulanyp bilýär (I ŽK, 22-nji madda; II ŽK, 35-nji madda; I GP, 13, 28, 63, 65, 67-nji maddalar).

Lukmançylyk işgärleri ýaragly çaknyşyk döwründe öz hyzmatlaryny berýärler, olar parahatçylyk döwründe hem lukmançylyk etikasynyň ýörelgelerini berjaý etmelidirler. Bu talaplar I GP-niň 16-njy maddasynda we II GP-niň 10-njy maddasynda berkidilendir. Lukmançylyk etikasynyň ýörelgeleri, ýagny lukmanyň professional borçlary, ilkibaşda, «Gippokratyň kasamynda» (b.e.ö. 460 – 380 ý.) beýan edilýär, bu düzgünler lukmançylyk işgärleri üçin parahatçylykly döwürde-de, harby ýagdaýda-da hökmanydyr. 1948-nji ýylda Bütindünýä lukmançylyk assosiasiýasy bu kasamyň döwrebap nusgasyny işläp taýýarlaýar, ol «Ženewa kasamy» diýlip atlandyrylýar we oňa goşmaça «Lukmançylyk etikasynyň halkara kodeksi» kabul edilýär.

Lukmançylyk düzümlerine stasionar we göçme gospitallary, meýdan gospitallary ýa-da lukmançylygyň maksatlary üçin döredilýän beýleki edaralar (mysal üçin, farmasewtika ambarlary) degişlidir. Ýerlerdäki sanitariýa-ulag serişdeleri edil lukmançylyk düzümleri ýaly hormatdan we goragdan peýdalanýarlar.

Garşydaş häkimiýetiň golastyna düşen lukmançylyk işgärleri harby ýesir hasaplanylmaýar, ýöne şeýle-de bolsa, olar 1949 ý. III ŽK-nyň berýän ähli ýeňilliklerinden peýdalanýarlar.




## Din işgärleri

I GP-niň 8-nji maddasyna laýyklykda din işgäri harby adamlary hem, raýat şahsyýetleri hem aňladýar. Mysal üçin, «Diňe öz dini wezipeleri bilen meşgullanýan hem-de çaknyşyk ýagdaýynda durýan tarapyň ýaragly güýçlerine, çaknyşyk ýagdaýynda durýan tarapyň lukmançylyk düzümlerine ýa-da sanitariýa-ulag serişdelerine, çaknyşyk

ýagdaýynda durýan tarapyň raýat goranyş guramalaryna berlen din işgäridir». Bularyň hukuk ýagdaýy edil lukmançylyk işgärleriniňki ýalydyr.

I ŽK-nyň 14 – 28-nji maddalary, II ŽK-nyň 36-njy maddasy, III ŽK-nyň 3-nji maddasy, II GP-niň 9-njy maddasy din işgärleriniň goragyny üpjün edýär. Din işgärleri diňe dini wezipeleri ýerine ýetirýärler we olar hemişelik (Ýaragly güýçleriň düzüminde) ýa-da wagtlaýyn bolýarlar.

# VI BAP. URŞUŇ PIDALARYNYŇ HALKARA-HUKUK GORAGY

## § 1. Halkara ynsanperwer hukugynda «urşuň pidasy» düşünjesi. Halkara häsiýetli ýaragly çaknyşyklaryň pidalaryny goramak. Ýaralylar, syrkawlar we gämi heläkçiligine sezewar bolan adamlar. Nam-nyşansyz ýiten we ölen adamlar

Halkara ynsanperwer hukugy ýaragly çaknyşyklaryň uruşýan taraplaryň, döwletleriň aragatnaşygyny sazlaýan hem-de ylalaşyklaryň, däp-dessurlaryň netijesinde kesgitlenen halkara kadalaryň jemidir. Bu kadalar ýaragly çaknyşyklaryň netijesinde ejir çekýän ýa-da ejir çekjek adamlary we emläkleri goramaklyga ugrukdyrylandyr. Şeýle hem ynsanperwerlige esaslanyp urşa gatnaşýan taraplaryň harby hereketleri alyp barmak üçin islegine görä islendik serişdeleri we usullary ulanmagyny gadagan edýär. Halkara ynsanperwer hukugy döwletiň güýç ulanmaga hukugynyň bardygy ýa-da ýokdugy meselesini kesgitlemeýär. Dürli wagtlarda bolýan uruşlaryň sebäplerine garamazdan, olaryň hemmesiniň netijeleri birmeňzeşdir. Olar adamlaryň ejir çekmegine we öwezini doldurup bolmajak maddy hem-de ahlak ýitgilere getirdi. Emma şonda-da, dünýäde harby uruşlar häzir hem dowam edýär. Döwletler we halklar öz aralarynda uruşýarlar, netijede bolsa, günäsiz asuda halk wepat bolýar, bosgunlar döreýar, maşgalalar dargaýar.

***«Ýaralylar» we «Syrkawlar»*** – bu şikes ýetme, keselleme ýa-da başga bir fiziki, ýa psihiki ýarawsyzlyk, ýa-da maýyp-müjrüplik sebäpli lukmançylyk kömegine, ýa-da ideg edilmegine mätäç bolan hem-de her hili duşmançylykly hereketlerden saklanýan harby gullukçy adamlary, raýat şahsyýetleri aňladýar. Bu sözler çaga dogurjak bolýan aýallara, ýaňy dogan bäbeklere hem-de şol wagt lukmançylyk kömegine ýa-da ideg edilmegine mätäç bolan, her hili duşmançylykly hereketlerden saklanýan beýleki adamlara, mysal üçin, göwreli aýallara, ýa-da ýarawsyzlara hem degişlidir.

***«Gämi heläkçiligine sezewar bolan adamlar»*** – bu özleri bilen ýa-da olary äkidýän gämi, ýa-da uçýan enjamlar bilen bolan betbagtçylyk netijesinde deňizde, ýa-da başga suwlarda howpa sezewar bolýan we her hili duşmançylykly hereketlerden saklanýan harby gullukçy adamlary, raýat şahslary aňladýar. Bu adamlar halas edilýän döwründe tä Konwensiýalara we Goşmaça Protokollara laýyklykda başga status alýançalar hem-de duşmançylykly hereketlerden saklanmagy dowam etdirýän şertlerinde gämi heläkçiligine sezewar bolanlar diýlip hasap edilmegini dowam etdirýärler.

Düzgünler ýaralylaryň, syrkawlaryň hem-de gämi heläkçiligine sezewar bolan adamlaryň ýagdaýyny gowulandyrmaga gönükdirilen degişli ähli adamlar barada, olaryň jynsyna, teniniň reňkine, aýal-erkekligine, diline, dinine ýa-da ynam-ygtykatyna, syýasy we beýleki ynanjyna; milli ýa-da sosial gelip çykyşyna, emläk ýagdaýyna, dogluşyna, ýa-da başga statusyna, beýleki islendik şonuň ýaly ülňülerine görä haýsydyr bir amatsyz tapawut goýulmazdan ulanylýar. Ýaralylaryň, syrkawlaryň we gämi heläkçiligine sezewar bolan adamlaryň hemmesi olaryň haýsy tarapa degişlidigine garamazdan, sylag-hormatdan hem-de goragdan peýdalanýarlar.

Çaknyşyk ýagdaýda durýan taraplar ýaralylary, syrkawlary we gämi heläkçiligine sezewar bolan adamlary ýygnamak, olara ideg etmek, ölüleri gözläp tapmak hem-de olaryň nirededigini habar bermek haýyşy bilen raýat ilatyna ýa-da kömek jemgyýetlerine ýüzlenip bilerler. Olar özleriniň ýüzlenmesine seslenenleriň goralmagyny we olara zerur ýardam berilmegini üpjün edýärler. Eger garşydaş tarap çäre gözegçiligini ýola goýýan ýa-da dikeldýän bolsa, onda bu tarap hem ýokardaky ýaly goragy hem-de ýardamy tä zerurlyk aradan aýrylýança berýärler.

Ähli halatlarda olara adamkärçilikli garaýarlar we mümkingadar ýokary derejede, iň gysga möhletde olaryň saglygynyň talap edişine görä, lukmançylyk kömegi berilýär, ideg edilýär. Bilkastlaýyn edilen hereket ýa-da bilkastlaýyn edilen geleňsizlik garşydaş tarapyň hökümi astynda durýan, şol tarapa degişli bolmadyk islendik adamyň fiziki, ýa-da psihiki ýagdaýyna, ýa-da eldegrilmesizligine düýpli howp salýan bolsa, şol hereketler gadaganlyklaryň islendik birini bozýan bolsa, ýa-da talaplary ýerine ýetirmeýän bolsa, Goşmaça Protokolyň

düýpli bozulmagy hasaplanýar. Çaknyşyk ýagdaýda durýan taraplaryň her biri adamlaryň gan goýbermek üçin gan tabşyrmagynyň ýa-da kesip oturtmak üçin deriden tabşyrmagynyň her bir ýagdaýy hakynda, eger şol tabşyrmalar şeýle tarapyň jogapkärçiligi astynda geçirilýän bolsa, lukmançylyk ýazgysyny ýöretmelidir. Mundan başga-da, çaknyşyk ýagdaýda durýan tarap netijesinde erki çäklendirilen, tutulyp saklanan ýa-da başga hili ýol bilen azatlykdan mahrum edilen islendik adam barada geçirilen ähli lukmançylyk amallarynyň ýazgysyny ýöretmäge çalyşýar. Şeýle ýazgylar islendik wagt Penakär döwlete barlamak üçin berilmäge taýýar bolmaly. Gorag hukugy berilýän adamlaryň we desgalaryň garşysyna mejbur ediş çäreleri gadagan edilýär.

Bitarap we çaknyşyga girmeýän beýleki döwletler degişli düzgünlere laýyklykda goragdan peýdalanýan, özleriniň çäklerinde kabul edilmegi ýa-da erki çäklendirilmegi mümkin bolan adamlar barasynda, şeýle hem bu çaknyşyk ýagdaýda durýan taraplara degişli bolup, özleriniň üstüni açmaklary mümkin bolan ölen adamlar barasynda hem ulanylýar, çaknyşyk ýagdaýda durýan taraplar we agzalan halkara ynsanperwer guramalary özleriniň işinde ozaly bilen maşgalalaryň öz dogan-garyndaşlarynyň ykbalyny bilmek baradaky hukugyndan ugur alýarlar.

Ýagdaýlar mümkinçilik beren dessine, haýal etmän uruş hereketleri gutaran badyna, çaknyşyk ýagdaýda durýan taraplaryň her biri garşydaş tarapyň nam-nyşansyz ýiten diýip habar beren adamlaryny gözläp başlaýar. Şol garşydaş tarap olaryň gözlenip tapylmagyna ýardam etmek maksady bilen, şeýle adamlar hakyndaky ähli zerur maglumatlary habar berýär, maglumatlaryň toplanmagyna ýardam etmek maksady bilen, çaknyşyk ýagdaýda durýan taraplaryň her birine laýyklykda has amatly garaýyşdan peýdalanyp bilmejek adamlar barada, ýagny uruş hereketleri sebäpli ýa-da basyp almaklygyň netijesinde tutulyp saklanylan, türme tussaglygyna salnan, ýa-da haýsydyr bir başga ýol bilen iki hepdeden artyk möhlete azatlykdan mahrum edilen, ýa-da şeýle tutulyp saklanan wagtynda ölen adamlar baradaky maglumatlary bellige alýar; eger şeýle adamlar uruş hereketleri ýa-da basyp almaklygyň netijesinde başga ýagdaýlarda ölen bolsalar, olaryň gözlenip tapylmagyna, olar hakdaky maglumatlaryň bellige alynmagyna mümkingadar ýokary derejede ýardam edýär.

Nam-nyşansyz ýiten hökmünde habar berlen adamlar hakyndaky maglumatlar hem-de şeýle maglumatlar hakyndaky ýüz tutmalar gös-göni berilýär ýa-da Penakär döwletiň üsti bilen, Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň Merkezi Düşündiriş agentliginiň, ýa-da Gyzyl Haçyň (Gyzyl Ýarymaýyň Gyzyl Şiriň we Günüň) milli jemgyýetleriniň üsti bilen berilýär. Maglumatlar Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň we onuň Merkezi Düşündiriş agentliginiň üsti bilen berilmeýän wagtynda, çaknyşyk ýagdaýda durýan taraplaryň her biri şeýle maglumatlaryň Merkezi Düşündiriş agentligine iberilmegini üpjün edýär.

Çaknyşykda durýan taraplar ölenleri gözläp tapmak, tanamak we uruş hereketleriniň bolýan ýerlerinden çykarmak üçin toparlary döretmek hakyndaky ylalaşyga gelmäge, şol sanda hem, eger zerur bolsa, şol wezipeler garşydaş tarapyň gözegçilik edýän şertlerinde ýerine ýetirilende, garşydaş tarapyň işgärleriniň şeýle toparlary ýanlary bilen ugratmagy barada hem, ylalaşyga ýetilende garşydaş tarapyň işgärleriniň şeýle toparlary ýanlary bilen ugratmagy barada hem ylalaşyga gelmäge çalyşýarlar. Şeýle toparlaryň işgärleri bu borçlary ýerine ýetirenlerinde hormatdan we goragdan peýdalanýarlar. Basyp almak bilen baglanyşykly sebäplere görä ýa-da basyp alyşlygyň uruş hereketleriniň netijesi bolup durýan tussaglykda ölen adamlara hem-de ýurduň raýatlary bolmadyk, uruş hereketleri netijesinde ölen adamlara hormat goýulýar we olaryň jaýlanan ýerlerine hem hormat goýulýar. Eger şeýle adamlaryň jesetleri ýa-da olaryň jaýlanan ýerleri has göwnejaý garalmadyk bolsa, olara ideg edilýär we belgilenýär.

Ýagdaý we garşydaş taraplaryň arasyndaky gatnaşyklar mümkinçilik beren dessine, uruş hereketleri ýa-da basyp alyş wagtynda, ýa-da tussaglykda ölen adamlaryň mazarlary öz çäklerinde ýerleşýän, şeýle adamlaryň jesetleri jaýlanan başga ýerler bolan Ylalaşýan Taraplar indiki maksatlar üçin ylalaşyk baglaşýarlar: ölenleriň dogan-garyndaşlarynyň hem-de bellige alyş gulluklarynyň wekilleriniň ölenleriň jaýlanan ýerlerine baryp görmeklerine, şeýle hem baryp görmek işini üpjün etmek baradaky praktiki çäreleri kesgitlemek üçin ýardam etmek; jeset jaýlanan şeýle ýerleri hemişelik saklamak we olara ideg etmek; ölenleriň öz ýurdunyň haýyş etmegine görä ýa-da eger şol ýurt garşy bolmasa, ölenleriň ýakyn garyndaşlarynyň haýyşy boýunça, ölenleriň jesetleriniň we şahsy emläginiň öz watanyna gaýtarylmagyna ýardam etmek.

Ylalaşyklar bolmadyk wagtynda we ölenleriň watany bolan ýurt ölenleriň jaýlanan şeýle ýerlerine öz hasabyna seretmegi üpjün etmäge razy bolmasa, onda ölenleriň şeýle jaýlanan öz çäginde bolan Ylalaşýan Tarap ölenleriň jesetlerini watanyna gaýtarmaga ýardam etmegi teklip edip biler. Eger şeýle teklip kabul edilmese, Ylalaşýan Tarap şeýle teklibiň edilen gününden bäş ýyl geçenden soň hem-de ölenleriň watany bolan ýurdy degerli suratda habarly edenden soň mazarystanlar we mazarlar babatdaky onuň öz kanunlarynda göz öňünde tutulan çäreleri görüp biler. Agzalan ölenleriň jaýlanan ýerleri öz çäginde bolan Ylalaşýan Tarapa diňe aşakdaky ýagdaýda kazyýet-lukmançylyk barlagy üçin mazary açyp, jesedi çykarmaga (eksgumasiýa) rugsat edilýär[18]: «Jesetleri gazyp çykarmak ýokary jemgyýetçilik zerurlygy ýa-da lukmançylyk zerurlygy we derňew geçirmek zerurlygy talap edýän bolsa, şeýle halatda Ylalaşýan Tarap jesetlere hemişe hormat bilen garaýar hem-de ölenleriň watany bolan ýurda jesedi gazyp çykarmak niýetiniň bardygyny mälim edýär, şeýle hem oňa jesediň nirede täzeden ýerlenendiginiň çak edilýändigini habar berýär».

## § 2. Internirlenenleriň hukuk ýagdaýy. Hakyna tutulanlaryň hukuk ýagdaýy

Raýat şahslaryň internirlenmegini amala aşyrýan söweşýän döwletler olaryň saklanylmagyny üpjün edýärler, lukmançylyk kömegini berýärler. Internirlenenleri ýerleşdirmek olaryň raýatlygyny, dilini we adatlaryny hasaba almak bilen geçirilýär. Söweş ýagdaýynyň şertlerine, harby hereketleriň häsiýetine baglylykda, internirlenenleriň ýerleşen lagerleri gündiz howadan görner ýaly, «IC» (internes civils) harplary bilen belgilenýär. Internirlenen şahslar harby gullukçylardan we azatlykdan mahrum edilenlerden aýratyn ýerleşdirilýär, olar üçin aýratyn administrasiýa döredilýär. Internirlenenleriň lukmançylyk edaralaryna barmaga hukugy bardyr.

Internirlenenler hukuk bozulmasyny amala aşyran ýagdaýynda olara bolýan ýurdunyň kanunçylygy ýaýraýar. Eger-de kanun ýa-da kanunasty nama bilen internirleneniň jogapkärçiligi bellenilýän bol-

---

[18] *Гассер*: *Х. П.* Международное гуманитарное право. – Москва, 1995.

sa, internirlenmedik şahslaryň hereketi hem jezalandyrylmaýan bolsa, onda internirlenenler düzgün-nyzam jogapkärçiligine çekilip bilner. Şol bir hukuk bozulmasy ýa-da şol bir aýyplama boýunça internirlenenler diňe bir gezek jezalandyrylýar.

Internirlenenlere şu hili düzgün-nyzam temmileri bellenilýär: 30 günden az bolmadyk möhletde iş hakynyň 50%-ni almak; günde 2 sagatdan geçmeýän nobatdan daşary narýad we lageri saklamak boýunça bagly işler, tussaglyk. Olaryň tussaglygynyň möhleti 2 hepdeden geçmeli däldir.

Internirlemek harby hereketler tamamlanan dessine gutarýar. Ýöne kazyýet jogapkärçiligine çekilen internirlenenler jeza möhleti tamamlanýança saklanyp bilner.

Harby hereketler tamamlanandan soň söweşýän döwletler ähli internirlenenleri öz raýatlygynyň döwletine ýa-da hemişelik ýaşaýan ýerlerine ugradýarlar.

Ýaragly çaknyşyklaryň başyndan we okkupasiýanyň ähli ýagdaýlarynda her bir söweşýän tarap resmi Maglumat Býurosyny döredýär. Býuro raýat şahslar baradaky ähli maglumatlary Merkezi Agentligiň ýardam bermegi bilen (IV ŽK, 140-njy madda) internirlenen raýatyň döwletine ugradýar. Hakyna tutulan adamyň söweşiji ýa-da harby ýesir statusyna hukugy ýokdur. Hakyna tutulan şahs, ol:

1. Ýaragly çaknyşykda söweşmek üçin öz ýerinde ýa-da daşary ýurtda ýörite çekilen her bir şahs;

2. Hakykatda uruş hereketlerine gös-göni gatnaşýan şahs;

3. Uruş hereketlerine gatnaşýan, şunda esasan, çaknyşyk ýagdaýda durýan tarapyň hakykatda wada beren ýa-da tarapyň tabşyrmagy boýunça wada berlen şahsy peýdasyny, şol ýurduň ýaragly güýçleriniň şahsy düzümine girýän şeýle derejeli we wezipeli söweşijilere (kombatantlara) wada berlen, ýa-da tölenilýän hakdan hem esli artyk maddy peşgeş almak isleginden ugur alýan şahs;

4. Çaknyşyk ýagdaýda durýan tarapyň raýaty hem bolup durmaýan, çaknyşyk ýagdaýda durýan tarapyň gözegçiligindäki çäkde hemişelik ýaşaýan adam hem bolup durmaýan şahs;

5. Çaknyşyk ýagdaýda durýan tarapyň ýaragly güýçleriniň şahsy düzümine girmeýän şahs;

6. Çaknyşyk ýagdaýda durýan tarap bolup durmaýan döwlet tarapyndan onuň ýaragly güýçleriniň düzümine girýän adam hökmünde resmi borçlary ýerine ýetirmek üçin iberilmedik şahs.

Gatnaşýan tarapyň hökümi astynda durýan raýat adamlaryň we raýat desgalarynyň IV Konwensiýada, hususan-da, I we II böleklerde görkezilen ynsanperwer goragyna degişli kadalaryna, şeýle hem halkara ýaragly çaknyşyklar döwründe adamyň esasy hukuklaryny goramaga degişli halkara hukugynyň beýleki ulanylýan kadalaryna goşmaça bolup durýarlar. Uruş hereketleri başlanmanka raýatlygy bolmadyk adamlar ýa-da bosgunlar hökmünde garalan adamlar gyzyklanýan tarapyň kabul eden degişli halkara namalaryna laýyklykda ýa-da gaçybatalga beren döwletiň, ýa-da ýaşaýan döwletiniň milli kanunçylygyna laýyklykda ähli halatlarda tapawut goýman, goragdan peýdalanýan adamlar hasaplanýarlar. Çaknyşyga gatnaşýan tarapyň hökümi astynda bolýan we Konwensiýalara laýyklykda ýa-da şu Protokola laýyklykda has mylaýym garalmakdan peýdalanmaýan adamlara, ähli halatlarda ynsanperwer garaýarlar, goragdan hiç hili göwne ýaramaýan, jynsy, tениниň reňki, aýal-erkekligi, dili, dini, ýa-da dini-ygtykaty, syýasy, ýa-da gaýry ynanjy, milli, ýa-da gelip çykyşy, emläk ýagdaýy, dogluşy, ýa-da gaýry statusy ýaly alamatlara, ýa-da haýsydyr bir şolara meňzeş beýleki ölçeglere esaslanan amatsyz tapawut goýulmazdan peýdalanýarlar. Her bir tarap şeýle adamlaryň hemmesiniň şahsyýetine, ar-namysyna, ynam-ygtykatlaryna we dini dessurlaryna hormat bilen garamalydyr.

Şu hereketleri olaryň raýat ýa-da harby edaralarynyň wekilleriniň edýändigine-etmeýändigine garamazdan, şol hereketler islendik wagt we islendik ýerde gadagan edilýär hem-de gadagan edilmeginde galýar: adamlaryň janyna, saglygyna we fiziki ýa-da psihiki ýagdaýyna zorluk etmek, hususan-da, öldürmek; fiziki ýa-da psihiki gynamalar bolsun, tapawudy ýok, gynamalaryň ähli görnüşi: beden jezalary we şikes ýetirmek, adam mertebesini masgaralamak, hususan-da, kemsidijilikli, göwnedegijilikli garamak ýa-da her hili utanç-haýasyzlyklara ýüz urdurmak, adamlary girewine almak, köpçülikleýin jezalandyrmak hem-de ýokarda görkezilen hereketlerden islendik birini etmek haýbaty bilen gorkuzmak. Ýaragly çaknyşyklar bilen baglanyşykly hereketler üçin tussag edilen, tutulyp saklanan ýa-da erki çäklendiri-

len her bir adama haýal edilmän, özüne düşnükli dilde şeýle çäräniň näme üçin görlendigi aýdylmalydyr. Hukuk tertibiniň jenaýatçylykly bozulandygy üçin tussag edilen ýa-da tutulyp saklanylan halatlardan başga şeýle adamlar adamlaryň tussag edilmegini, tutulyp saklanylmagyny, ýa-da erkiniň çäklendirilmegini esaslandyrýan ýagdaýlar dowam etdirmegini bes eden dessine, gysga wagtyň içinde hem-de islendik halatda boşadylmalydyr.

Ýaragly çaknyşyklar bilen baglanyşykly hukuk tertibiniň jenaýatçylykly bozulmagynda günäkär diýlip hasap edilen adama adaty kazyýet işini ýöredişiň aşakdakylary öz içine alýan umumy ykrar edilen ýörelgelerini berjaý edýän adalatly we degişli suratda döredilen kazyýetiň karary bolmasa, hiç hili höküm çykarylyp bilinmez hem-de ol hiç hili jeza çäresine sezewar edilip bilinmez: kazyýet seljeriş düzgüni boýunça, günäkärlenýän adamyň özüne bildirilýän günäniň hukuk tertibini bozmagy, oňa haýal edilmän jikme-jik aýdylmalydyr hem-de günäkärlenýäne kazyýet işi ýöredilmezden ozal we ýöredilýän wagty ähli zerur goraga hukugy hem-de serişdeleri berilmelidir; hiç bir adama diňe öz şahsy jenaýat jogapkärçiliginden başga, hukuk tertibiniň bozulmagy üçin iş kesilip bilinmez; hiç bir adam milli kanunçylygyň ýa-da şol adamyň şeýle hereketleri eden wagtynda güýji degişli bolan halkara hukugynyň kadalaryna laýyklykda hukuk tertibiniň jenaýatçylykly bozulmalary bolup durmaýan islendik hereket esasynda hukuk tertibini jenaýatçylykly bozmakda günäkärlenip ýa-da onuň üçin iş kesilip bilinmez; şeýle hem hukuk tertibiniň şol jenaýatçylykly hukuk bozulan wagtynda ulanylan jezadan has ýowuz jeza berlip bilinmez; eger hukuk tertibi bozulandan soň, kanun arkaly has ýeňil jeza çäresi bellenilen bolsa, onda bu kanunyň täsiri şol hukuk tertibini bozan adama hem degişli edilýär.

Hukuk tertibini bozmakda özüne günä bildirilýän her bir adam, tä onuň günäsi kanun esasynda subut edilýänçä, günäsiz hasap edilýär. Hukuk tertibini bozmakda özüne günä bildirilýän her bir adamyň kazyýet garalyşyna gatnaşmaga hukugy bardyr.

Hiç bir adam öz-özüne garşy görkezme bermäge ýa-da özüni günäkär hasap etmäge mejbur edilip bilinmez. Hukuk tertibini bozmakda özüne günä bildirilýän her bir adamyň özüne garşy görkezme berýän şaýatlardan sorag etmäge ýa-da şaýatlaryň sorag edilmegini

talap etmäge haky bardyr, şeýle hem özüne garşy görkezme berýän şaýatlar üçin döredilen şertlerde şaýatlaryň çagyrylmagy we öz haýryna sorag edilmegi barada hukugy bardyr. Eger hukuk tertibini bozanlygy üçin şol bir kanuna hem-de kazyýet düzgünine laýyklykda şol adam barada ozal aklaýan ýa-da ýazgarýan gutarnykly höküm çykarylan bolsa, onda hiç bir adamy şol tarap şeýle hukuk tertibiniň bozulanlygy üçin yzarlap ýa-da jezalandyryp bilmez. Hukuk tertibiniň bozulanlygy üçin kazyýet tertibinde yzarlanýan her bir adamyň kazyýetiň çykaran hökümini jemagatyň öňünde yglan etmegi barada hukugy bardyr. Höküm çykarylanda iş kesilene özüniň kazyýet üsti bilen ýa-da başga hili tertipde şikaýat etmäge, şeýle hem şol hukukdan haýsy wagta çenli peýdalanyp bilýändigi hakynda hukugynyň bardygy aýdylmalydyr. Ýaragly çaknyşyk bilen baglanyşykly sebäplere görä, azatlygy çäklendirilýän aýallar erkek adamlaryň saklanýan jaýlaryndan aýratynlykda saklanylmalydyr. Olar gös-göni aýallaryň gözegçiligi astynda bolýarlar. Emma maşgalalar tutulyp saklanylmaga ýa-da erki çäklendirilmäge sezewar edilende, olar mümkin boldugyça, bir ýerde ýerleşdirilýärler we aýratyn maşgalalar hökmünde saklanýarlar. Ýaragly çaknyşyk bilen baglanyşykly sebäplere görä tussag edilen, tutulyp saklanylan ýa-da erki çäklendirilen adamlar hatda ýaragly çaknyşyk gutarandan soň hem gutarnykly boşaýançalar, watanyna gaýtarylýançalar, ýa-da ýerleşýänçäler goragdan peýdalanýarlar. Harby jenaýatlarda ýa-da adamzada garşy edilen jenaýatlarda günäkärlenilýän adamlara yzarlamak babatdaky her bir şübhelenmelerden hem-de olar barada kazyýet işini alyp barmakdan gaça durmak üçin indiki ýörelgeler ulanylýar: şeýle jenaýatlarda günäkärlenýän adamlar ulanylýan halkara hukugynyň kadalaryna laýyklykda yzarlanmalydyrlar we kazyýete berilmelidirler; has mylakatly garalmakdan peýdalanmaýan her bir adam olaryň günäkärlenýän günäleriniň jenaýatdygyna ýa-da däldigine, düýpli bozulýandygy bolup durýandygyna-durmaýandygyna garamazdan, özlerine şu maddada göz öňünde tutulan garalyşdan peýdalanýarlar.

Çaknyşyk ýagdaýda durýan taraplar ýaragly çaknyşyklar netijesinde aýra düşen maşgalalaryň täzeden birleşmegine mümkin bolan islendik ýol bilen ýardam edýärler, hususan-da, Konwensiýalaryň we olaryň degişli howpsuzlyk kadalaryna görä, şol wezipäni ýerine

ýetirýän ynsanperwer guramalaryň işini höweslendirýärler. Aýallar aýratyn hormatdan peýdalanýarlar, hususan-da, olaryň zorlanmakdan we her hili utanç-haýasyzlyklara ýüz urulmakdan goralmagy üpjün edilýär. Göwreli aýallar we ýaş çagaly eneler (eger şol çagalar özlerine garaşly bolsalar) ýaragly çaknyşyk bilen baglanyşykly sebäplere görä tussag edilýän, tutulyp saklanylýan ýa-da erki çäklendirilýän bolsa, olaryň işlerine ilkinji nobatda garalýar, hukuk tertibini bozandyklary üçin ölüm hökümini çykarmakdan çaknyşyk ýagdaýda durýan taraplar mümkingadar ýokary derejede gaça durmaga çalyşýarlar. Şeýle aýallar barada hukuk tertibiniň şeýle bozulmalary üçin ölüm hökümi ýerine ýetirilmeýär. Çagalar aýratyn hormatdan peýdalanýarlar we olaryň her hili gelşiksiz gylyklara ýüz urdurylmakdan goralmagy üpjün edilýär. Çaknyşyk ýagdaýda durýan taraplar, çagalaryň ýaşyna görä ýa-da başga bir sebäbe görä, olara gorag talap edilýän bolsa, olara gorag we kömek üpjün edilýär. Çaknyşykda durýan taraplar 15 (on bäş) ýaşyna ýetmedik çagalaryň uruş hereketlerine gös-göni gatnaşmazlyklary üçin, hakykatda mümkin bolan ähli çäreleri görýärler, hususan-da, olary öz ýaragly güýçlerine toplamakdan saklanýarlar. On bäş ýaşyna ýeten, ýöne on sekiz ýaşyny doldurmadyk ýetginjekleriň arasyndan olary toplamak işi geçirilende, çaknyşyga gatnaşýan taraplar has uly ýaşlylary ileri tutmaga çalyşýarlar. Eger-de başga adatdan daşary halatlarda on bäş ýaşyna ýetmedik çagalar uruş hereketlerine gös-göni gatnaşýan bolsalar we garşydaş tarapyň hökümi astyna düşýän bolsalar, olaryň harby ýesirdigine-däldigine garamazdan, olar şu maddada görkezilen aýratyn goragdan peýdalanmagy dowam etdirýärler.

Ýaragly çaknyşyk bilen baglanyşykly sebäplere görä, çagalar tussag edilen, tutulyp saklanylan ýa-da erki çäklendirilen wagtynda, maşgalalaryň aýratynlykda ýerleşdirilýän halatlaryndan başga halatlarda uly ýaşlylaryň jaýyndan aýry jaýlarda saklanylýar. Ýaragly çaknyşyk bilen baglanyşykly hukuk tertibiniň bozulanlygy üçin ölüm hökümi şol hukuk tertibiniň bozulan wagtynda on sekiz ýaşyna ýetmedikler barada ýerine ýetirilmeýär. Çaknyşyk ýagdaýda durýan taraplaryň hiç biri öz raýatlaryndan başga çagalary daşary ýurda göçürmek barada çäreler görmeýär, ýöne çagalaryň saglyk ýagdaýy ýa-da olaryň keseli-

ni bejermek bilen baglanyşykly bolan, ýa-da eger olar basylyp alnan çäkde bolman, olaryň howpsuzlygy bilen baglanyşykly bolan gaýra-goýulmasyz sebäplere görä, zerur bolan wagtlaýyn göçürme hakynda gürrüňiň gidýän halatlary muňa girmeýär. Eger olaryň ene-atalary ýa--da kanuny hossarlary tapylyp bilinse, olaryň şeýle göçürilmä ýazmaça razylygy talap edilýär. Eger şeýle adamlar tapylyp bilinmejek bolsa, çagalara howandarlyk etmekde kanun ýa-da adat boýunça esasy jogapkärçiligi çekýän adamlaryň şeýle göçürilmä ýazmaça razylygy talap edilýär. Şunuň ýaly islendik göçüriliş gyzyklanylýan taraplar bilen, ýagny göçürmek işini amala aşyrýan, çagalary kabul edýän tarap bilen hem-de raýaty göçürilýän islendik taraplar bilen ylalaşylyp, Penakär döwletiň gözegçiligi astynda geçirilýär.

Her bir halatda çaknyşyk ýagdaýda durýan taraplaryň hemmesi göçürme işine howp döretmekden gaça durmak maksady bilen hakykatda mümkin bolan ähli seresaplylyk çärelerini görýärler. Işiniň amala aşyrylýan ähli halatlarynda, her bir çagany onuň ene-atasynyň isleglerine laýyklykda okatmak, şol sanda oňa dini we ahlak terbiýesini bermek işi, çaga göçürme ýagdaýynda durýarka, mümkin bolan ýokary derejede üznüksiz üpjün edilýär.

## § 3. Halkara häsiýetli bolmadyk ýaragly çaknyşyklaryň pidalaryny goramak

Halkara ynsanperwer hukugynyň döredilmegi ýönekeý, emma ynamly ideýadan, ýagny uruş wagtynda hem belli bir hereketleri gadagan etmekden başlandy. Halkara ynsanperwer hukugy urşuň kanunylygy baradaky soraga garamak bilen, ilki, getirip biläýjek ejirlerini çäklendirmek ýaly soraglara garaýar. Ideýalaryň umumylygy şulardan ybaratdyr, ýagny köp medeniýetler urşuň getirýän ejirlerini çäklendirmäge ymtylýarlar. Halkara ynsanperwer hukugy bolsa bu ideýany hukuk düşündirişiň diliniň üsti bilen beýan edýär. Adam mertebesiniň uruş wagtynda hem hormatlanylmagyny halkara borç hökmünde ykrar edýär we döwletler halkara ynsanperwer hukugyny hemmeler üçin hökmany diýip hasaplaýarlar.

1949-njy ýylyň Ženewa Konwensiýalarynyň 3-nji maddasynda beýan edilen ynsanperwerlik ýörelgeleri umumy degişli bolup,

halkara häsiýetli bolmadyk ýaragly çaknyşyk ýagdaýynda bolan adam şahsyýetine sarpa goýmak esasynda durar. Adam hukuklaryna degişli halkara resminamalary esasynda, adam şahsyýetiniň esasy goragyny göz öňünde tutmak bilen, şeýle ýaragly çaknyşyklaryň pidalarynyň goragyny üpjün etmek zerurdyr. Hereket edýän hukuk kadalarynda göz öňünde tutulmadyk halatynda adam şahsyýetiniň ynsanperwer ýörelgeleriň we jemgyýetçilik aňynyň goragy astynda galýandygyny aýratyn bellemek zerurdyr. I GP içki dartgynlylyk, bitertiplik, wagtal-wagtal bolýan zorlukly wakalar we şoňa meňzeş ýagdaýlar ýaly içerki düzgün-tertipleriň bozulýan halatlarynda peýdalanylmaýar, sebäbi ol, ýaragly çaknyşyk hasaplanmaýar.

Halkara häsiýetli bolmadyk ýaragly çaknyşyklaryň dowamynda raýat ilatynyň Ženewa Konwensiýalarynyň 4-si üçin umumy bolan 3-nji maddasynyň esasynda gorag astynda bolmaga hukugy bardyr. Gorag astyna almak Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň işiniň esasy görnüşi we wezipesi bolup durýar; ol halkara ynsanperwer hukugynda merkezi orny eýeleýär. Halkara Gyzyl Haç Komitetini raýatlaryň aýratyn howpa sezewar bolýan sebitlerinde öz wekilleriniň hemişelik bolmagyny üpjün edýär. Onuň delegatlary harby hereketlere gatnaşýanlaryň ählisi regulýar goşunlar, gozgalaňçylar hereketi, polisiýa, harbylaşdyrylan düzümler ýa-da beýleki toparlar bilen gepleşikleri alyp barýarlar.

Raýat ilatyň arasynda raýat şahsyýeti kesgitlemesine gabat gelmeýän aýry-aýry adamlaryň bolmagy bu ilaty raýatlyk häsiýetinden aýyrmaýar. Raýat ilaty we aýry-aýry raýat şahsyýetler uruş hereketleri bilen baglanyşykly ýüze çykýan howplardan umumy goragdan peýdalanýarlar. Şu goragy amala aşyrmak maksady bilen, halkara hukugynyň beýleki ulanylýan kadalaryna goşmaça hökmünde, ähli ýagdaýlarda-da şu kadalar berjaý edilýär. Raýat ilaty şeýle alnanda, şonuň ýaly-da aýry-aýry raýat şahsyýetler hüjümiň nyşany bolmaly däldir. Raýat ilatyny gorkuzmagy esasy maksat edinýän zorluk etmek hereketleri ýa-da zorluk haýbatyny atmak hereketleri gadagan edilýär. Raýat ilaty we aýry-aýry raýat şahsyýetler harby hereketler bilen baglanyşykly döreýän howplardan umumy goranmakdan peýdalanýarlar. Saýlama däl häsiýetdäki hüjümlere indikiler degişlidir:

– anyk harby desgalara gönükdirilmedik hüjüm;

– uruş hereketlerini alyp barmagyň usullary ýa-da serişdeleri ulanylyp edilýän hüjümler anyk harby desgalara gönükdirilip bilinmejek bolsa, şeýle hüjümler;

– uruş hereketlerini alyp barmagyň usullary ýa-da serişdeleri ulanylyp edilýän hüjümler, talap edilýän çäklendirmeler bolup bilmejek bolsa, şeýle hüjümler; şeýlelik bilen, şeýle halatda harby desgalar hem-de raýat adamlar ýa-da raýat desgalary biri-birinden saýgarylman edilýän hüjümler.

Başgalar bilen bir hatarda, hüjümleriň şu aşakdaky gönüşlerini saýlama däl hüjüm hasap etmek gerek: islendik usullar ýa-da serişdeler ulanylyp, bombalamak arkaly hüjüm edilip, şunda raýat adamlaryň, ýa-da raýat desgalaryň jemlenen ýeri bolan şäherde, obada, ýa-da başga sebitde biri-birinden aç-açan aradaşlykda durýan we biri-birinden saýgarylmaýan birnäçe harby desgalara bir bitewi harby desga hökmünde garalýar, garaşylyşy ýaly, gabadyna gelen raýat ilatyň arasyndan ölüm-ýitime, raýat adamlaryň ýaralanmagyna hem-de raýat desgalarynyň zyýan çekmegine, ýa-da şolaryň hemmesiniň birlikde şeýle ýagdaýa düşmegine getirip biljek hüjüm, ýagny şeýle usul bilen gazanarys diýlip çak edilýän anyk hem gös-göni harby artykmaçlykdan çakdan artyk artykmaçlygy bolan hüjüm. Raýat ilatyň ýa-da aýry-aýry raýat şahsyýetleriň üstüne jezalandyryş çäreleri hökmünde hüjüm etmek gadagandyr. Raýat ilatyň aýry-aýry raýat adamlaryň bolmagy ýa-da ondan-oňa edýän hereketi bir nokatlary, ýa-da etraplary uruş hereketlerinden goramak üçin, hususan-da, harby desgalary hüjümden goramak, ýa-da uruş hereketiniň üstüni basyrjak bolmak, olara ýardam, ýa-da päsgel berjek bolmak üçin peýdalanylmaly däldir.

Çaknyşyk ýagdaýda durýan taraplar raýat ilatyň ýa-da aýry-aýry raýat adamlaryň ondan-oňa edýän hereketini harby desgalary hüjümden gorajak bolmak, ýa-da uruş hereketiniň üstüni basyrjak bolmak üçin ugrukdyrmaly däldirler.

Hüjüm harby desgalar bilen pugta çäklendirilmelidir. Desgalar barada aýdylanda bolsa, harby desgalar özleriniň häsiýeti, ýerleşişi, niýetlenilişi ýa-da peýdalanylyşy boýunça uruş hereketlerine netijeli goşant goşýan we doly, ýa-da kem-käsleýin berbat edilmegi, basylyp alynmagy, ýa-da bitaraplaşdyrylmagy şol wagtky dowam edýän ýag-

daýlarda aç-açan harby artykmaçlyk getirýän desgalar bilen çäklendirilýär. Adatça, raýat maksatlary üçin niýetlenilen desganyň, mysal üçin, ybadat edilýän ýeriň, ýaşaýyş jaýynyň ýa-da beýleki ýaşaýyş binalarynyň, ýa-da mekdebiň uruş hereketlerini netijeli goldamak üçin peýdalanylýan bolaýmasyn diýen şübhelenme dörän wagtynda, şeýle desga raýat maksatlary üçin peýdalanylýar diýlip düşünilýär. Urşy alyp barmagyň usuly hökmünde raýat ilatyň arasynda açlygyň ulanylmagy gadagan edilýär. Iýmit önümleriniň gorlary, azyk önümlerini öndürýän oba hojalyk etraplary, ekinler, mallar, agyz suwy bilen üpjün edýän desgalar we suw gory ýaly raýat ilatyň ölmän çykmagy üçin zerur bolan desgalary, şeýle hem ýaşaýşy goldamagyň serişdeleri hökmündäki suwaryş desgalaryny raýat ilatyň ýa-da garşydaş tarapyň peýdalanmagyna ýörite ýol bermezlik maksady bilen, olary hiç hili delillere garamazdan raýat adamlaryň arasynda açlyk döretmek maksady bilen bolsun, olary çykyp gitmäge mejbur etmek bolsun, haýsydyr bir başga sebäp bolsun olaryň üstüne hüjüm etmek, ýa-da olary ýok etmek, äkitmek, ýa-da hatardan çykarmak gadagan edilýär. Gadaganlyklar garşydaş tarapyň peýdalanýan şu görkezilen desgalary barada ulanylmaýar: diňe onuň ýaragly güýçleriniň şahsy düzüminiň gün-güzeranyny goldamak üçin; ýa-da eger gün-güzerany goldamak üçin bolmasa, onda uruş hereketlerini gös-göni goldamak üçin, ýöne şunda raýat ilatyň şonuň netijesinde ýeterlik möçberde azyksyz, ýa--da suwsuz galaýmagy mümkin bolup, onuň ilatyň arasynda açlyk döredäýmegi, ýa-da olary çykyp gitmäge mejbur edäýmegi mümkin bolaýjak hereketleri desgalaryň garşysyna hiç bir halatda ulanmaly däldir. Şol desgalar ar alyş nyşanyna öwrülmeli däldir.

Öz milli çägini hüjümden goramakda çaknyşyk ýagdaýda durýan tarapyň islendik her biri üçin wajyp bolan isleglerini ykrar etmekden ugur alyp, çaknyşyk ýagdaýda durýan tarapyň öz gözegçilik edýän şeýle çäginde, eger muny halys harby zerurlyk talap edýän bolsa, onda gadaganlyklardan çykmaga ýol berilýär. Raýat ilaty gorlar bilen ýeterlik üpjün edilmeýän bolsa, onda kömek bermek barada ynsanperwer we adalatly häsiýetdäki işler geçirilýär, kömek bermek baradaky şeýle işler bähbitli bolan taraplaryň arasyndaky ylalaşyk esasynda amala aşyrylýar. Kömek bermek hakynda ýokarda görkezilen şertlere laýyk gelýän tekliplere ýaragly çaknyşyga gatyşylmagy hökmünde ýa-da

duşmançylykly hereketler hökmünde garalmaýar. Kömek üçin gelen zatlar paýlananda aýratyn ýeňilliklerden we aýratyn goragdan peýdalanýan çagalar, göwreli aýallar, çaga dogran aýallar hem-de çaga emdirýän eneler ileri tutulýar.

Çaknyşyk ýagdaýda durýan taraplar we Ylalaşýan Taraplar kömek bermek maksady bilen berilýän ähli önümleriň, enjamlaryň, işgärleriň çalt hem bökdençsiz getirilmegine rugsat berýärler hem-de oňa ýardam edýärler, hatda şeýle kömek garşydaş tarapyň raýat ilaty üçin niýetlenen hem bolsa ýardam edýär. Kömek etmek maksady bilen önümleri, enjamlary we işgärleri getirmäge rugsat berýän çaknyşyk ýagdaýda durýan taraplar hem-de Ylalaşýan Tarap: tehniki çäreler, şol sanda gözden geçirmeler barada görkezme bermäge haklydyrlar, şolar ýerine ýetirilen wagtynda getirilýän zatlara rugsat berýärler. Şeýle rugsady kömek üçin gelýän zatlaryň öz ýerinde Penakär döwletiň gözegçiligi astynda peýdalanylmagy bilen şertlendirip bilerler. Kömek üçin gelýän zatlaryň ilkinji niýetlenilişini asla üýtgetmeýärler hem-de degişli raýat ilatynyň bähbitleri üçin gyssagly zerurlyk bolaýmagy mümkin bolan halatlardan başga halatlarda, şol zatlaryň getirilmegini bökdemeýärler. Çaknyşyk ýagdaýynda durýan taraplar kömek üçin gelýän zatlaryň goralmagyny üpjün edýärler we olaryň basym paýlanylmagyna ýardam edýärler. Çaknyşyk ýagdaýda durýan taraplar we gyzyklanýan Ylalaşýan Tarap kömek baradaky netijeli halkara utgaşdyryş işlerini höweslendirýärler we oňa ýardam edýärler. Eger-de agzalan raýat adamlaryň howpsuzlygyny üpjün etmegiň zerurlygyny talap etmeýän bolsa ýa-da harby häsiýetli iňňän zerur sebäpler bolmasa, ýaragly çaknyşyk bilen baglanyşykly sebäpler boýunça raýat ilatyny başga ýerlere göçürmek barada görkezme berilmeli däldir. Şeýle göçürmeler zerur bolan ýagdaýynda, raýat ilatyny kabul etmek üçin jaý, arassaçylyk, saglyk, howpsuzlyk we azyk babatynda kanagatlanarly üpjün etmek şertlerini döretmek nukdaýnazaryndan mümkin bolan ähli çäreler görülýär.

# VII BAP. ÝARAGLY ÇAKNYŞYKLAR DÖWRÜNDE RAÝAT OBÝEKTLERINIŇ HALKARA-HUKUK GORAGY

## § 1. Halkara ynsanperwer hukugynda raýat we harby obýektleri tapawutlandyrmak. «Raýat obýekti» düşünjesi

Ýaragly çaknyşyklar wagtynda medeni gymmatlyklar bilen bir hatarda, raýat obýektleriniň goragyna hem aýratyn üns bermek talap bolup durýar. Halkara ynsanperwer hukugynda *harby obýektler* we *raýat obýektleri* diýen iki sany düşünje bardyr. *Raýat obýekti* diýen düşünjä has gowy düşünmek üçin, ilki bilen, *harby obýekt* diýen düşünjä aň ýetirilmelidir, çünki halkara ynsanperwer hukugynyň kadasyna laýyklykda, raýat obýektleri harby obýekti bolup çykyş etmeýän islendik beýleki obýektlerdir.

Harby obýekt iki sany häsiýete eýe bolmalydyr:

1. Ýaragly çaknyşyga gatnaşýan taraplaryň harby hereketlerine özüniň agramly täsirini ýetirmelidir. Bu düşünjä görä harby obýektler birnäçe topara bölünýär:

a) özüniň häsiýeti boýunça: obýekt gönümel harby häsiýetde bolmaly;

b) özüniň ýerleşişi boýunça: garşydaş tarapa hereket etmek üçin böwet bolmaly;

ç) özüniň gönükdirilen maksady boýunça: harby serişdeleri öndürmek üçin gönükdirilen kärhanalar;

d) özüniň ulanylyşy boýunça: goranyş nokat hökmünde ýa-da harby serişdäni ornaşdyrmak maksady bilen ulanmak;

2. Harby obýekt hökmünde ykrar edilýän obýektleri garşydaş tarapyndan ýok edilende ýa-da basyp alnanda garşydaş tarapa harbylygy taýdan artykmaç üpjün edýär.

Halkara ynsanperwer hukugynyň kadalaryna laýyklykda, obýektler ýokarda agzalan düzgünlere gabat gelmedik ýagdaýynda raýat obýekti hökmünde kabul edilýär. Eger obýekt başda harby obýekt hökmünde ulanylsa we wagtyň geçmegi bilen harby obýekt ýokarda agzalan häsiýetlerini ýitirse, onda ol raýat obýektine öwrülýär.

Ýaragly çaknyşyklaryň tejribesinde islendik raýat obýekti harby maksatlar üçin peýdalanylyp bilner, şol sebäpden hem raýat obýektleri harby maksatlar üçin ulanylýan döwründe harby obýekt hökmünde kabul edilip bilner. Emma halkara ynsanperwer hukugynda esasy kyn meseleleriň biri hem, obýektleriň birbada raýat we harby maksatlar üçin ulanylmagyndadyr. Şeýle iki maksatlaýyn obýektleriň hataryna, harby hereketler döwründe, esasan hem, logistiki maksatlar üçin ulanylýan infrastruktura degişlidir. Olaryň hataryna indiki obýektleri goşmak bolýar: köprüler, gara ýollar, demir ýollar, howa menzilleri, deňiz portlary, aragatnaşyga jogap berýän obýektler, elektrik toguny üpjün edýän obýektler we ş.m. Eger iki maksatlaýyn obýektler garşydaş tarapyň harby hereketlerini ýeňip geçmek üçin, olaryň harby obýektlerini ýok etmek ýa-da hereketsizlendirmek üçin netijeli peýda getirýän bolsa, onda şeýle obýektler raýat ilaty tarapyndan peýdalanylýandygyna garamazdan, olar harby obýekt hökmünde ykrar edilýär. Şol sebäpden hem, halkara ynsanperwer hukugynyň tejribesinde şeýle iki maksatlaýyn obýektlere çozuş etmeklik gadagan edilmeýär, emma şeýle obýektleriň şol bir wagtda raýat maksatlary üçin ulanylýandygyny ýatdan çykarmaly däldir.

Ýaragly çaknyşyklar döwründe çozuş edilýän obýektleriň arasynda iki sany görnüşi tapawutlandyrmak bolar. Olar raýat obýektleri we harby obýektlerdir. Bu iki obýektleriň arasynda örän uly aratapawut bardyr. Çünki halkara ynsanperwer hukugy ýaragly çaknyşyklar döwründe raýat obýektlere çozuş etmegi, olara harby hereketleri we serişdeleri gönükdirmegi ýa-da beýleki usullar bilen täsir etmegi gadagan edýär. Şol bir sanda harby obýektler barada tersine garalýar. Halkara ynsanperwer hukugynyň kadalaryna laýyklykda, harby obýektler gönüden-göni urşa degişli obýektleriň hatarynda bolmak bilen, olara çozuş etmekligi gadagan edilmeýär. Bu iki obýektleriň arasyndaky aratapawudy halkara ynsanperwer hukugynda çäklendirme bilen tapawutlandyrýarlar. Islendik harby obýekt bolmadyk obýekt raýat obýekti hasaplanýar. *Harby obýekt* diýlip, harby hereketler döwründe harby hereketleri alyp barmakda kömek berýän ýa-da haýsy-da bolsa harby hereketlere bagly bolan beýleki obýektler bolmak bilen, olar ýaragly çaknyşyklarda uruş serişdelerini we usullaryny ulanmakda özüniň täsirini ýetirýärler. Şeýle kesgitlemä gabat gelmeýän islendik obýekti *raýat obýekti* diýip hasaplamak bolar.

Halkara ynsanperwer hukugynyň tejribesinde raýat obýektleriniň harby maksatlar bilen ulanylmagyna hem az duş gelinmedi. Emma şeýle tejribäniň esasynda indiki ýörelge, ýagny eger taraplaryň haýsy-da bolsa birinde, asyl mazmuny boýunça haýsy-da bolsa bir obýekt raýat obýekti hökmünde çykyş etmeli bolsa (ýagny mekdepler, ýaşaýyş desgalary) beýleki manysy boýunça gönümel raýat obýekti hasap edilmeli obýektler. Emma ol harby maksatlar üçin peýdalanylýar diýen şübhe bilen şol obýekte çozuş etmeklik ýa-da harby hereketler bilen täsir etmeklik gadagan edilýär. Çünki raýat obýekti hiç bir ýagdaýda urşa gatnaşýan taraplar tarapyndan harby maksatlar üçin ulanylyp bilinmez. Şeýle düzgünler garşydaş tarapa, şol sanda beýleki tarapa hem degişlidir.

## § 2. Raýat ilaty üçin zerur bolan obýektleriň goragy. Raýat goranyş obýektleriniň goragy

Halkara ynsanperwer hukugynda raýat ilatyny, raýat obýektini goramak hem-de beýleki gatnaşyklary düzgünleşdirmek üçin 1949-njy ýylda kabul edilen Ženewa Konwensiýalary we 1977-nji ýylda kabul edilen II Goşmaça Protokoly ulanylýar. 1949-njy ýylda kabul edilen 4 sany Ženewa Konwensiýalarynyň arasynda, *Uruş wagtynda raýat ilatyny goramak hakyndaky* Ženewa Konwensiýasynda raýat ilatyny we raýat obýektlerini goramak hakynda kadalar giňişleýin berkidilendir. Mundan başga-da, 1949-njy ýylyň Ženewa Konwensiýalarynyň 1977-nji ýyldaky *Halkara ýaragly çaknyşyklaryň pidalaryny goramak hakyndaky* I Goşmaça Protokolynyň we *Halkara häsiýetli bolmadyk ýaragly çaknyşyklaryň pidalaryny goramak hakyndaky* II Goşmaça Protokolynyň aýratyn baplarynda düzgünleşdirilýär.

I Goşmaça Protokolyň III bölümi «Raýat obýekti» diýlip atlandyrylýar.

«Raýat obýekti» diýlen bölümiň 52-nji maddasy raýat obýektleriniň umumy goragy babatyndaky soraglary öz içine jemleýär. Bu madda laýyklykda ýaragly çaknyşyklar döwründe raýat obýektleri hiç bir ýagdaýda harby serişdeler tarapyndan çozuşa ýa-da repressaliýa sezewar edilmeli däl. Mundan başga-da, bu madda-da raýat obýekti diýlip harby obýektlerden başga obýektlere düşünilýär diýlip bel-

lenilýär. Ýaragly çaknyşyklar döwründe harby çozuşlar diňe harby obýektler bilen çäklenmelidir, eger obýektiň raýat ýa-da harby maksat üçin peýdalanylýandygyny bilip bolmasa, onda ol obýekt raýat ilatynyň maksatlary üçin peýdalanylýar diýlip düşünilýär.

Umumy raýat obýektleriniň goragy diýlende medeni gymmatlyklaryň we medeni ýerleriň goragyny hem öz içine alýar. I Goşmaça Protokolda bellenilen düzgünler hiç bir ýagdaýda 1954-nji ýylda kabul edilen *Ýaragly çaknyşyklar mahalynda medeni gymmatlyklary goramak hakyndaky* Konwensiýanyň we bu ugurdaky beýleki halkara hukuk resminamalarynyň kadalaryna, düzgünlerine zeper ýetirmeýär hem-de olary ýatyrmaýar. I Goşmaça Protokolyň 53-nji maddasy medeni gymmatlyklara garşy indiki hereketleri alyp barmaklygy gadagan edýär:

– taryhy ýadygärliklere, sungatyň döreden gymmatlyklaryna ýa--da halkyň dini we medeni gymmatlyklaryny özünde saklaýan obýektlere, ýa-da ýerlere garşy gönükdirilen islendik wagşyçylykly hereketler;
– ýokarda sanalyp geçilen obýektleri we ýerleri harby maksatlar üçin peýdalanmak;
– ýokarda sanalyp geçilen obýektlere we ýerlere garşy repressaliý geçirmek.

Halkara ynsanperwer hukugynyň kadalaryna we düzgünlerine laýyklykda ýaragly çaknyşyklar döwründe parahat raýat ilatynyň ýaşamagy, diri galmagy üçin birinji nobatda gerek bolan serişdelere hem-de obýektlere garşy harby hereketleri alyp barmak düýbünden gadagan edilýär.

Uruş hereketlerini alyp barmagyň usuly hökmünde, raýat ilatynyň arasynda açlyk çekdirmek usuly gadagan edilýär. Mundan başga-da, raýat ilaty üçin hökmany bolan obýektlere çozuş etmek ýa-da ýok etmek, şol sanda olary ýurtdan çykarmak, ýa-da hereketsiz ýagdaýa getirmek gadagan edilýär. Olaryň hataryna şeýle obýektleri goşmak bolar: iýmit önümleri saklanýan ammarlar, raýat ilaty üçin iýmit önümleri öndürilýän oba hojalyk ýerleri, mallar, agyz suwy bilen üpjün edýän obýektler we agyz suwuny özünde saklaýan obýektler we ş.m.

Emma I Goşmaça Protokolyň 54-nji maddasyna laýyklykda, indiki obýektler ýokarda agzalan häsiýetde bolmagyna garamazdan, olar raýat obýekti hökmünde kabul edilmeýär:

– döwletleriň harby goşunynyň düzümini saklamak üçin niýetlenen suw we iýmit önümleriniň obýektleri;
– eger şeýle obýektler harby maksatlar üçin ulanylyp, emma gönüden-göni harby düzümi saklamak üçin niýetlenmedik bolsa-da, şeýle obýektleriň ýok edilmegi raýat ilatynyň açlyk çekmegine getirjek bolsa, onda ol obýektler harby obýekt hasaplanmaýar.

Mundan başga-da, ýaragly çaknyşyklar döwründe tebigy gurşawa we howply bolan obýektlere garşy çozuş etmek, harby hereketleri geçirmek, şol sanda şeýle obýektleri ýok etmek maksadyny uruş alyp barmagyň usulyna öwürmek gadagan edilýär.

Ýaragly çaknyşyklar döwründe döwletiň öňünde goýulýan ilkinji wezipeleriň biri hem raýat ilatyny we raýat obýektlerini goramakdyr. Ýaragly çaknyşyklar döwründe ýaragly çaknyşyga gatnaşýan taraplaryň ählisi hem raýat ilatyna we raýat obýektlerine zyýan ýetirmekden daşda durmalydyrlar. Şol sebäpden hem taraplar özüniň harby güýçlerini gönükdirýän obýektleriň raýat obýekti ýa-da aýratyn goralýan raýat obýekti bolup durmaýandygyna doly göz ýetirmelidirler. Şol sanda raýat ilatynyň we raýat obýektleriniň bar ýerinde taraplar urşy alyp barmagyň usullaryny we serişdelerini saýlamaklyga aýratyn üns bermelidirler. Mundan başga-da, raýat ilatynyň arasynda pida getirip biljek harby hereketlerden saklanmalydyr.

## § 3. Ýaragly çaknyşyklar döwründe medeni gymmatlyklaryň goragy

Medeniýet – bu halklary birikdirýän köpri. Medeni gymmatlyklar her bir halkyň geçmişde nähili derejelere ýetendigini görkezýän, halkyň taryhyny özünde jemleýän aýratyn bir gymmatlykdyr. Halklaryň taryhy medeni gymmatlyklary şu günki günde olaryň bir ýere jemlenmegine itergi berýän güýç bolmak bilen, dünýä jemgyýetçiliginiň ösmegi üçin uly itergi berýän umumylykdyr.

Halkara ýaragly çaknyşyklarda, şol sanda halkara häsiýetli bolmadyk ýaragly çaknyşyklarda adam hukuklary bilen bir hatarda medeni gymmatlyklaryň hukuklaryna hem zelel ýetirilýändigini unutmaly däldir. Soňky döwürlerde ýaragly çaknyşyklaryň barşynda medeni

gymmatlyklara düýpli zyýan ýetirilendigini we harby tehnikalaryň ösmegi netijesinde olaryň weýran bolmak howpuna has köp sezewar bolýandygyny aýratyn nygtamak gerek.

Şu günki günde ýaragly çaknyşyklaryň weýrançylykly güýjünden medeni gymmatlyklary goramak, olaryň howpsuzlygyny amala aşyrmak üçin halkara derejesinde birnäçe halkara Konwensiýalar, Halkara Paktlar we döwletara şertnamalar baglaşyldy.

Käbir alymlaryň bellemeklerine görä, medeni gymmatlyklary ýok etmeklik we olary ýumurmaklyk ýaragly çaknyşyklarda garşydaş taraplaryň alyp barýan uruş usullarynyň bir görnüşi bolup bilýär. Çünki uruşlarda garşydaş taraplaryň bir-birlerine boldugyça uly möçberde zyýan ýetirmek islegleri, garşydaş tarapyň taryhy we medeni gymmatlyklaryny ýok etmek islegleri bilen gabat gelmegi zerarly, medeni gymmatlyklar gönüden-göni ýaragly hereketleriň obýektleri bolup durýar.

Her bir halkyň medeni gymmatlyklaryna ýetirilýän zyýanyň tutuş adamzadyň medeni mirasy üçin zelel bolup durýandygyna göz ýetirmeli, çünki her bir halk dünýä medeniýetine öz goşandyny goşýar.

Ýaragly çaknyşyklarda we harby hereketlerde bir halkyň medeni gymmatlyklaryna zelel ýetirilmegini ýa-da olaryň ýok edilmegini, dünýä siwilizasiýasynyň bir ädim yza gaýtmasy bilen deňesek hem ýalňyşmarys. Medeni mirasy goramagyň dünýäniň ähli halklary üçin uly ähmiýete eýe bolup durýandygyny we bu mirasyň halkara derejesinde goralmagyny üpjün etmegiň möhümdigini belläp geçmek zerurdyr. Häzirki günde dünýä jemgyýetçiligi özüniň taryhy we medeni gymmatlyklaryny goramak maksady bilen, halkara ynsanperwer hukugynyň we uruş hukugynyň düzgünlerini hem-de kadalaryny ýerine ýetirmek bilen, ýaragly çaknyşyklar döwründe medeni gymmatlyklar babatynda özüňi alyp barmagyň düzgünleriniň hukuk tertibini kabul etdiler. Şu günki günde medeni we taryhy gymmatlyklary goramaklyk ör-boýuna galan meseleleriň biri bolmak bilen, ýaragly çaknyşyklar wagtynda medeni gymmatlyklara ýetirilen zeleliň öwezini dolmak we jogapkärçiligi çekdirmek üçin ýörite kadalar hem-de düzgünler berkidilendir.

Halkara ynsanperwer hukugynyň ösüşiniň dowamynda, ýaragly çaknyşygyň bolan ýagdaýynda medeni gymmatlyklary gorama-

gyň ýörelgeleri döredildi, olar 1899-njy we 1907-nji ýyllaryň Gaaga Konwensiýalarynda hem-de 1935-nji ýylyň 15-nji aprelinde gol çekilen Waşington Paktynda özleriniň beýanyny tapdylar.

Mundan başga-da, halkara derejesinde has uly möçberde we özünde ýaragly çaknyşyklar mahalynda medeni gymmatlyklary goramak bilen bagly ähli soraglary özünde jemleýän aýratyn bir halkara Konwensiýasy, ýagny 1954-nji ýylyň 14-nji maýynda Ýaragly çaknyşyklar mahalynda medeni gymmatlyklary goramak hakynda Gaaga Konwensiýasy kabul edildi. Bu halkara hukuk resminamasy Ýaragly çaknyşyk mahalynda medeni gymmatlyklary goramak hakynda Konwensiýanyň ýerine ýetiriji reglamenti *Ýaragly çaknyşyk mahalynda medeni gymmatlyklary goramak hakynda* Konwensiýanyň Protokoly, 1999-njy ýylyň 26-njy martynda bolsa 1954-nji ýyldaky *Ýaragly çaknyşyk döwründe medeni gymmatlyklary goramak hakynda* Gaaga Konwensiýasynyň ikinji Protokoly bilen üsti dolduryldy.

Biziň döwrümizde hem halkara häsiýetli bolmadyk ýaragly çaknyşyklarda ýa-da döwletiň içindäki gozgalaňlaryň netijesinde, medeni gymmatlyklara uly zyýan ýetirilýär. Muňa mysal hökmünde, 2015-nji ýylda Siriýada bolan harby hereketleriň netijesinde, Palmir şäherinde Bütindünýä mirasy bolan iki müň ýyl mundan ozal sünnälenip döredilen, 3 metr uzynlygy we 15 tonna agramy bolan «Alladyň ýolbarsy» ady bilen meşhur bolan ýadygärligiň ýok edilmegini bellemek bolar.

Ýokarda getirilen mysal bolsa, medeni gymmatlyklaryň goragy barada alada edýän halkara guramasy bolan ÝUNESKO-nyň ýolbaşçysynyň çykyşynda bellän sözlerini tassyklaýan bolsa gerek: «Uruş – bu medeniýete garşy duran düşünje».

Halkara ynsanperwer hukugy medeni gymmatlyklaryň goragyny üpjün etmek üçin ýörite düzgünleri, kadalary kabul edýär, şol sanda medeni gymmatlyklary ogurlamagy we olaryň kanuna garşy gelýän beýleki görnüşlerde eýelenmegini gadagan edýär. Halkara hukugynyň kadalaryna laýyklykda, medeni gymmatlyklara zyýan ýetirip, ýumrup biljek ýa-da ýok edip biljek hereketleri etmeklik hem gadagan edilýär. Şol sanda medeni gymmatlyklary repressaliý etmeklik ýa-da olary kanuna garşy gelýän usulda döwletiň çäginden çykarmaklyk hem halkara hukugynyň kadalary tarapyndan gadagan edilýär. Döwletler

bolsa öz gezeginde medeni gymmatlyklaryň goragy babatynda gerek bolan ähli çäreleri görmelidirler. Ýaragly çaknyşyklar wagtynda döwletler medeni gymmatlyklary goramagy we duşmandan gizlemegi başarmalydyrlar, şol sanda döwletler öz harby bazalaryny, harby obýektlerini hem-de beýleki harby hereketler bilen bagly bolan serişdelerini medeni gymmatlyklara golaý ýerde gurup bilmezler.

## § 4. Ýaragly çaknyşyklar döwründe daşky gurşawyň halkara-hukuk goragy

Daşky tebigy gurşawy goramak we tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmak Garaşsyz Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň ekologiýa babatdaky syýasatynyň strategik ugurlarynyň biridir. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe daşky tebigy gurşaw bilen baglanyşykly gatnaşyklary kadalaşdyrmak täze talaplardan ugur alnyp amala aşyrylýar. Häzirki zaman şertlerinde Garaşsyz Türkmenistan döwletiniň ekologik wezipesi daşky gurşawyň goralmagyny, tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmagy, jemgyýetiň ekologik we ykdysady bähbitlerini ylmy taýdan esaslandyryp utgaşdyrmagy üpjün etmäge, adamyň ýaşaýyş üçin arassa, sagdyn, amatly tebigy gurşawa bolan hukuklaryny durmuşa geçirmek hem-de goramak üçin zerur bolan şertleri döretmäge gönükdirilýär.

Daşky tebigy gurşawy goramak ekologik toplumlary, ösümlik dünýäsiniň köpdürlüligini häzirki we geljekki nesiller üçin abat saklamak hem-de yzygiderli köpeltmek boýunça durmuşa geçirilýän çäreleriň ulgamy bolup durýar. Ýurtda ekologik howpsuzlygy üpjün etmek adamyň ýaşaýşyny we saglygyny hojalyk işiniň, tebigy gurşawyň amatsyz täsirinden goramak bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Türkmenistanyň umumy we ýörite ygtyýarly ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň ulgamynyň kämilleşdirilmegi, daşky gurşawy goramak, tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmak boýunça möhüm Kanunlaryň hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň hukuk namalarynyň kabul edilmegi hem-de durmuşa geçirilmegi ýurtda ekologik wezipeleriň üstünlikli amala aşyrylýandygyna aýdyň şaýatlyk edýär.

Häzirki zaman şertlerinde ýurtda hormatly Prezidentimiziň täze ekologiýa syýasaty durmuşa geçirilýär. Garaşsyz, Bitarap Türkmenis-

7. Sargyt № 3735

tanda ýer, suw serişdelerinden we beýleki tebigy baýlyklardan rejeli peýdalanmak, önümçilige ekologiýa taýdan arassa, galyndysyz tehnologiýalary ornaşdyrmak, daşky gurşawy gorap saklamak, howa şertlerine oňaýly täsir etmek ekologiýa babatda ilkinji nobatdaky ugurlar hasaplanýar hem-de olara hakyky eýeçilik gözi bilen garamak kämil jemgyýete tarap alyp barýan esasy ýollaryň biridir.

Hormatly Prezidentimiziň ekologiýa syýasatynyň esasy mazmuny adamyň ýaşaýşynyň we onuň işiniň esasy hökmünde çykyş edýän tebigy gurşawyň abat saklanmagyny, onuň baýlyklaryndan rejeli peýdalanmagyny, ekologik howpsuzlygyny, ýurtda ekologik ýagdaýyň sagdynlaşdyrylmagyny üpjün etmekden ybaratdyr.

Harby çaknyşyklar döwründe, adam ýitgilerinden başga, uruşlar örän zyýanly güýji bilen daş-töwerege hem uly zyýan ýetirýärler. Adamzat urşuň heläkçiliklerinden goranyp saklanmagyň ugrunda bolýar, urşy alyp barmagyň usullaryny gadagan edýär.

Meşhur alym E.Dawidiň nygtamagyna görä, ýaragly çaknyşyklaryň hukugy, öňler ol «Uruş hukugy» diýlip atlandyrylýan bolsa, häzir ol «Halkara ynsanperwer hukugy» diýlip atlandyrylýar. Halkara ynsanperwer hukugynyň kabul edilmegi bilen urşy alyp barýan taraplaryň hereketlerini çäklendirmek, ýagny bu çäklendirmelere obýektlere zyýan ýetirmek girýär, obýektleriň hataryna bolsa, tebigy daşky gurşaw hem girýär.

Meselem, eger-de ol harby obýekt bolup çykyş etmese, daşky gurşawyň islendik bölegine hüjüm etmek gadagan edilýär. Bu kada adaty halkara ynsanperwer hukugynyň kadalaryna girýär. «Ýönekeý ýaraglaryň görnüşleri hakynda» 1980-nji ýylyň Konwensiýasynyň III Protokolynda bellenişine görä: «Tokaýlary we beýleki ösümlik gurşawlary, ot açýan ýaraglaryň üsti bilen hüjümiň obýekti hökmünde birnäçe ýagdaýlardan başga, eger-de şeýle tebigy böleklerde gizlenmek, gizlemek ýa-da başga harby obýektleri gizlemek bolup durýan bolsa, ýa-da olaryň özleri harby obýekt bolup çykyş edýän bolsa göz öňünde tutmak gadagan edilýär». Halkara ýaragly çaknyşyklar döwründe harby hereketlerde urşuň serişdelerini ulanmagyň gadagan edilmeginiň ýa-da çäklendirmek baradaky birnäçe şertnamalaryň ýagdaýlary hem halkara ýaragly çaknyşyklar döwründe daşky gurşawy goramak boýunça degerli kömek edip biler. Olardan:

a) 1925-nji ýyldaky «Uruşda zäherli we beýleki şuňa meňzeş gazlaryň, bakteriologik serişdeleri ulanmagyň gadaganlygy barada» Konwensiýa;
b) 1972-nji ýyldaky «Bakteriologik we toksin ýaraglarynyň öndürilmegi, gorlaryny saklamagyň gadagan edilmegi we olary ýok etmek barada» Konwensiýa;
ç) 1980-nji ýyldaky «Ýönekeý ýaraglaryň görnüşlerini ulanmak ýa-da çäklendirmek barada» Konwensiýa;
d) 1993-nji ýyldaky «Himiki ýaraglaryň oýlap tapylmagyny, öndürilmegini, ulanylmagyny gadagan etmek we olary ýok etmek boýunça» Konwensiýa.

Daş-töweregiň islendik böleginiň ýok edilmegi gadagan edilýär. Halkara hukugynda daş-töweregi goramak ugrunyň ösmegi, esasan hem, soňky 10 ýyllyklarda adamzat tarapyndan daş-töweregiň ýagdaýyna ýaramaz täsir edilmegi bilen düşünilýär. Soňky asyrda köp harby çaknyşyklaryň esasynda daş-töwerege howp salyndy. Olaryň hatarynda gury ýeriň uzak wagtyň dowamynda himiki hapalanmagy, şeýle hem atmosferanyň we suw giňişliginiň hapalanmagy bolup durýar. Olaryň netijeleri diňe harby çaknyşyga gatnaşýan taraplara däl-de, eýsem raýatlara we bitarap döwletlere-de öz täsirini ýetirýär. Bilşimiz ýaly, bu netijeler harby çaknyşyklar gutarandan soň uzak wagtyň dowamynda öz täsirini ýetirýär. Şeýle daş-töwerege bolan howplar örän köp ýiti meseleleri ýüze çykarýar. Harby çaknyşyga gatnaşýan taraplaryň daş-töweregiň goraglylygyny üpjün etmek bu esasy düzgünleriň biri bolup durýar.

Şeýlelikde, döwletiň öz harby güýçleriniň hereketiniň jogapkärçiligi häzirki döwletara gatnaşyklaryň ýiti meseleleri bolup çykyş edýär. Bu ýerde aýratyn mesele döwletleriň harby çaknyşyklar döwründe harbylaryň öz gulluk borçlaryny ýerine ýetirýän döwründe olaryň daş-töwerege zyýan ýetirmek esasynda şol döwleti jogapkärçilige çekmek bolup durýar. Bu mesele boýunça düzgünleşdiriş esasy Konwensiýalaryň kadalarynda bellenen, ýagny harby çaknyşyk döwründe daş-töwerege zyýan ýetirilmegi esasynda döwletleriň jogapkärçiligi, adatça, *Gury ýerlerde urşuň adatlary we kanunlary barada* Gaaga Konwensiýasynyň (1907 ý.) 3-nji maddasynda bellenendir.

Häzirki güne çenli halkara ynsanperwer hukugynyň kadalary harby çaknyşyklar döwründe daş töweregi goramagyň esasy düzgünleşdirijisi bolup çykyş edýär. Şonuň bilen hem, aýratyn halkara ekologiýa hukugynyň kadalary hem harby çaknyşyklar döwründe daş töweregi goramagyň düzgünleşdirijisi bolup çykyş edýär.

Alymlaryň belleýşi ýaly, harby hereketleriň zyýanly netijeleri ekoulgamyň we tebigatyň öz-özüni dikeldiş mümkinçiliginiň bozulmagyna getirýär. Şeýle zyýanly netijeler daş-töweregiň dargamagyna getirýändigini olary dikeltmek üçin bolsa köp möçberde zähmet we maliýe serişdeleriniň harçlanýandygyny bellemek gerek. Şonuň üçin hem, harby çaknyşyklar döwründe daş-töweregi goramak zerurlygy ýüze çykýar. Daş-töwerege seretmek we olary goramak boýunça kadalary kodifikasiýalaşdyrmak boýunça iş, ilki bilen, aýry-aýry döwletlerde ýüze çykdy. Olar daş-töweregi goramagyň bitewi hukuk namalaryny, şeýle hem tebigatyň aýry-aýry böleklerini: ýer, howa, tokaý, atmosfera we beýlekileri goramak boýunça kabul etdiler. Halkara ynsanperwer hukugynda ýaragly çaknyşyklar döwründe daşky gurşawy goramak boýunça konsepsiýalar XIX asyryň soňunda ýüze çykdy. Şu ýerde zerur bellemeli zatlaryň biri, ol hem halkara ynsanperwer hukugynyň umumy düzgünleri we ýörelgeleri harby çaknyşyklar döwründe daş-töweregi goramak boýunça öz goşantlaryny goşdy (Gaaga kadalary we beýlekiler).

1972-nji ýylda kabul edilen *Bütindünýä medeni we tebigy mirasy goramagyň* Stokgolm Jarnamasynyň we Pariž Konwensiýasynyň esasynda daş-töwerek gymmatlyk bolup çykyş edip başlady, ol halkara hukuk tarapyndan diňe parahatçylyk döwründe däl, eýsem halkara harby dawalar döwründe hem goralýar. Harby çaknyşyklar döwründe daş-töweregi goramagyň esasy ýörelgesi – daşky gurşawy harby maksatlar üçin ulanmagyň gadagynlyk ýörelgesi çykyş edýär. Harby çaknyşyklar döwründe daş töweregi goramak boýunça halkara hukuk namalaryň köp görnüşi hereket edýär, ýöne olaryň arasynda iň esasylarynyň biri hem «Daşky gurşawa harby we beýleki islendik duşmançylykly serişdeleriň üsti bilen täsir etmegiň we ulanmagyň gadagynlygy hakynda» Konwensiýa bolup durýar. 1976-njy ýyldaky Konwensiýa gatnaşyjy döwletler daşky gurşawy harby we beýleki duşmançylykly serişdeleriň üsti bilen dargatmak usuly hökmünde

ulanmazlyga, ýagny oňa zyýan ýetirmezlige borçlandylar. Bu ýerde obýekt hökmünde diňe tebigy gurşaw çykyş etmän, eýsem harby güýçler we raýat ilaty hem çykyş edýär.

Bu Konwensiýa islendik gatnaşyjy döwlete esas bolsa, ýagny başga bir döwlet Konwensiýanyň gatnaşyjy döwleti bolup Konwensiýadaky öz üstüne alan borçlaryny bozan ýagdaýynda Garşylyknamany BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşine bermek hukugyny berýär. Şu ýerde bellenilmeli zerur zatlaryň biri hem, BMG-niň Tertipnamasynyň kadalaryna degişlilikde garşylyknama esasynda islendik gatnaşyjy döwlet gözleg işlerini geçirende hyzmatdaşlyk etmäge borçly bolup durýar. Şonuň bilen hem, BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşi gözleg işleriniň netijesi baradaky maglumaty gatnaşyjy döwletlere aýan etmelidir.

«Tebigy gurşawa harby we beýleki islendik duşmançylykly serişdeleriň üsti bilen täsir etmegi ulanmagyň gadagynlygy hakynda» Konwensiýa (1976 ý.) bagyşlanan 1992-nji ýylyň 14 – 18-nji sentýabrynda bolan II Konferensiýanyň Jemleýji namasynyň 1-nji maddasynda şeýle bellenilýär: «Tebigy gurşawa täsir edýän ähli ylmy gözlegler we oýlap tapmalar diňe parahatçylyk maksatlar üçin ulanylmaly». Şeýle hem 5-nji madda laýyklykda, Konwensiýa gatnaşyjy döwletler Konwensiýanyň düzgünlerini ýerine ýetirmek boýunça we bu babatda ýüze çykýan meseleler boýunça hyzmatdaşlyk etmekde borçlanýarlar. Şeýle hyzmatdaşlyklar diňe BMG-niň Tertipnamasynyň içinde hereket etmeli we olar boýunça ýörite çäreler göz öňünde tutulandyr.

Harby çaknyşyklar döwründe daş-töweregi goramak boýunça ähmiýetli resminamalaryň hatarynda 1949-njy ýylda kabul edilen Ženewa Konwensiýalaryny we onuň 1977-nji ýylda kabul edilen I Goşmaça Protokolyny bellemek bolar. I Goşmaça Protokolyň 2 sany maddasy harby çaknyşyklar döwründe daş töweregi goramak boýunça meselesini gönüden-göni kadalaşdyrýar. Birinjiden, I Goşmaça Protokolyň 35-nji maddasy tebigy gurşawy goramagyň ýörelgesine esaslanýar we daşky gurşawa umumy, uzak wagtlaýyn hem-de agyr zyýanly netijeleri döretmek göz öňünde tutulýan bolsa, harby hereketlerde urşy alyp barmagyň usullaryny, serişdelerini, şeýle hem, daşky gurşawy hüjümiň obýekti hökmünde ulanmak gadagan edilýär. Ikinjiden, I Goşmaça Protokolyň 55-nji maddasynda bellenilişi ýaly,

taraplar harby hereketleri alyp barýan döwürlerinde tebigy gurşawy umumy, uzak wagtlaýyn we agyr zyýanly netijelerden goramaga borçlanýarlar.

Daş-töweregi goramagyň meselelerine ýene-de öňdebarjy döwletleriň atom ýaragynyň ýok edilmegine bolan hereketi girýär, ýagny olaryň atom ýaragyny ýa-da beýleki köpçülikleýin gyryş ýaraglaryny gadagan etmek, ýa-da çäklendirmek hereketi bolup durýar. Bilşimiz ýaly, atom ýaragynyň barlaglary, şeýle hem köpçülikleýin gyryş ýaraglarynyň täze görnüşleriniň oýlap tapylmagy diňe bir köp maýa serişdeleriniň harçlanmagyna getirmän, eýsem daş töwerege uly zyýan ýetirip, onuň dargamagyna-da getirýär.

Gyzyl Ýarymaý Milli Jemgyýeti Ženewa Konwensiýasyna (1949 ý.) 60 ýyl dolmagy mynasybetli 2 ýylyň dowamynda halkara ynsanperwer hukugynyň ýagdaýy barada ylmy barlaglar geçirip, halkara ynsanperwer hukugyna täze çözgütleriň düzülmeginiň wajypdygyny belledi:

1. Halkara ýaragly çaknyşyklar döwründe azatlykdan mahrum edilen şahslary gorap saklamak;
2. Halkara ynsanperwer hukugynyň täze ýörelgelerini düzmek zerurlygy;
3. Ýaragly çaknyşyklar döwründe döwletiň içindäki raýatlary gorap saklamak;
4. Daşky gurşawy gorap saklamak baradaky meseläni kämilleşdirmek.

Harby çaknyşyklar döwründe daş-töwerege zyýan ýetirilmegi, şol bir wagtda, goragsyz galan raýatlara hem täsirini ýetirýär. Tebigy gurşaw örän uly gymmatlyk, adamzat tebigatyň esasynda ýaşaýşyny dowam edýär. Tebigy gurşaw adamzat dünýäsiniň häzirki wagtda we geljekde ýaşamagyny üpjün edýän esaslaryň biri bolup durýar.

Halkara häsiýetli bolmadyk ýaragly çaknyşyklar döwründe daşky gurşawa uly zyýanly täsir ýetirilip bilner, ýöne şu ýagdaýlarda daşky gurşawy goramagyň konsepsiýasy ýok. Meselem, Ženewa Konwensiýasynyň (1949 ý.) II Goşmaça Protokolynda daşky gurşawy halkara häsiýetli bolmadyk ýaragly çaknyşyklar döwründe goramak barada kadalar ýetmezçilik edýär. Şonuň bilen hem, daşky gurşawy goramagyň halkara hukugynyň käbir meselelerine seretmek bilen netijä gel-

mek bolar, ýagny hereket edýän halkara hukugynda halkara häsiýetli bolmadyk ýaragly çaknyşyklar döwründe daşky gurşawy goramak pikiri doly berkitmeýär.

Häzirki zaman halkara häsiýetli bolmadyk ýaragly çaknyşyklaryň ýagdaýlaryny we tejribelerini öwrenip, zerur bellemeli zatlaryň biri hem, alymlaryň geljekki işleri halkara häsiýetli bolmadyk ýaragly çaknyşyklar daşky gurşawy goramak boýunça hukuk kadalaryny işläp düzmäge gönükdirilen bolmaly. Şol meseleler boýunça ýüze çykýan ýagdaýlaryň çözgütlerini tapmak öwezini dolmak üçin halkara ýaragly çaknyşyklar hukuk ulgamy we kadalary belli bir derejede halkara häsiýetli bolmadyk ýaragly çaknyşyklarda hem ulanylmalydyr.

# VIII BAP. SÖWEŞ HEREKETLERINI ALYP BARMAGYŇ SERIŞDELERINIŇ WE USULLARYNYŇ HUKUK ÇÄKLENDIRMELERI

## § 1. Söweş hereketlerini alyp barmagyň gadagan edilen usullarynyň, serişdeleriniň we ýörelgeleriniň düşünjesi

Halkara ynsanperwer hukugynda urşy alyp barmagyň usullaryny, serişdelerini çäklendirmegiň esasy maksady hem ýaragly çaknyşyga gatnaşýan taraplaryň biri-birinden üstün çykmaklary üçin dürli ýarag serişdelerini, wagşyçylykly usullary ulanyp, gerekmejek zyýan ýetirmeleriň we jebirleriň, şol sanda hiç bir sebäp bilen düşündirip bolmajak raýat ilatynyň hem-de kombatantlaryň arasynda wepat bolmalaryň öňüni almakdan ybaratdyr. Bu düzgünler 1868-nji ýylda düzülen Peterburg Jarnamasynda hem aýdyň görkezildi. Bu Jarnamanyň preambulasyna üns bersek, onda: «Uruş döwründe harby çaknyşyga gatnaşýan döwletleriň ýeke-täk kanuny maksady hem bu garşy tarapyň harby güýçlerini gowşatmak bolmalydyr» diýlip kesgitlenendir.

Ýokarda agzalan ýörelgäniň kesgitlemesi, ilkinji gezek, şeýle kadada görkezildi: «Harby çaknyşyga gatnaşýan döwletler garşydaş tarapa zyýan ýetirmek üçin çäklendirilmedik harby usullardan peýdalanmaýarlar». Bu kada ýörelgesi 1907-nji ýylyň 18-nji oktýabrynda kabul edilen «Urşy alyp barmagyň kadalary we adatlary hakynda» Konwensiýanyň 22-nji maddasynda berkidildi. Bu ýörelge 1949-njy ýylyň 12-nji awgustynda kabul edilen «Söweşýän goşunlarda ýaralananlaryň we syrkawlaryň ýagdaýyny gowulandyrmak hakynda» Ženewa Konwensiýasynyň 1977-nji ýylda kabul edilen I Goşmaça Protokolynda ösdürilýär. Goşmaça Protokolyň 35-nji maddasynda: «Ýaragly çaknyşyga gatnaşýan taraplaryň urşy alyp barmakda usullary we serişdeleri saýlamaga bolan hukugy çäklendirilendir» diýlip berkidilen.

Urşy alyp barmagyň usullaryny we serişdelerini çäklendirmek ýörelgesine laýyklykda ýaragly çaknyşyga gatnaşýan döwletler harby hereketleriň alnyp barylýan döwründe harby zerurlyk bilen saýlanan

we garşydaş tarapyň harby hereketlerini gowşatmak, howpsuz etmek, şol sanda garşydaş tarapa, iň pes derejede adam sanyny azaltmak maksatlary bilen, saýlanan usullary hem-de serişdeleri ulanmaga hukuklary bardyr. Bu ýörelgeden ugur alyp, onda takyk bir harby nyşany ýa-da uly bolmadyk harby garşydaşy ýeňmegi maksat edinip, haýsy-da bolsa bir territoriýany, ýa-da etraby doly derejede ýok etmeklik harby çaknyşyga gatnaşýan döwletlere rugsat berilmeýär, şol sanda şeýle hereketler halkara ynsanperwer hukugynyň kadalaryna we düzgünlerine garşy gelýär.

Şonuň bilen birlikde, ýaragly çaknyşyga gatnaşýan döwlet tarapyndan çozuş edilýän obýekt harby nyşan bolup durýandygyna doly göz ýetirmeli we bu harby nyşany ýok etmekde diňe harby zerurlygy talap edýän derejedäki, gereginden artyk zyýan ýetirmejek usullary hem-de serişdeleri saýlap almaly.

Halkara ynsanperwer hukugynyň kadalaryna laýyklykda, urşy alyp barmakda gadagan edilen usullara, şu aşakdaky hereketler degişlidir:

- garşydaş tarapyň raýat ilatyna ýa-da harby düzümine degişli şahslary adalatsyz öldürmek, ýa-da ýaralamak;
- raýat ilatly ýerleri, şol sanda basylyp alnan şäherleri we obalary talamaklyga buýruk ýa-da rugsat bermek;
- ýaragly çaknyşyk döwründe hatardan çykan şahslara garşy çozuş etmek;
- ýaragly çaknyşyk döwründe bitarap döwletleriň nyşanlaryny, tapawutlandyryjy belgilerini ýa-da harby eşigini ulanmak;
- raýat ilatyny ýesir almak;
- tapawutlandyryjy nyşanlary, belgileri ýerliksiz ulanmak, mysal üçin, Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý, şol sanda Gyzyl Kristal nyşanlaryny, beýleki halkara ykrar edilen nyşanlary, signallary hem-de beýlekileri;
- raýat ilatyny ýa-da beýleki aýratyn raýat şahslaryny harby nyşanlara öwürmeklik;
- «Hiç kimi diri goýmaly däl» diýlen buýrugy bermek ýa-da şeýle buýruk bilen howp salmak, şol sanda şeýle maksatlar bilen harby hereketleri alyp barmak;
- saýlawsyz we biparh harby hereketleri amala aşyrmak;

– garşy tarapyň zerurlygy bolmadyk şahsy emläkleri we degişli ýerlerini ýok etmek ýa-da basyp almak;
– garşydaş tarapyň harby ýesirlerini zorluk bilen öz harby çozuşlaryňda ulanmak;
– daş-töwerege we tebigata uzak möhletleýin, has uly, giňişleýin, uly derejede zelel ýetirmek;
– özünde uly howp saklaýan obýektlere, binalara ýa-da beýleki binalara, raýat ilatyna uly zelel ýetirmek, köp adamlaryň ölümine we ýaralanmagyna getirýän, şol sanda raýat ilatynyň köpçülikleýin bolýan ýerlerine hem-de binalara çozuş etmek;
– garşydaş tarapy aldamak, ýagny garşydaş tarapyň ynamyna girmek we ýaragly çaknyşyk döwründe onuň gorag hukugyndan peýdalanmaga ýa-da halkara ynsanperwer hukugyna laýyklykda şeýle goragy bermäge borçludygyna ony ynandyrmak hem-de bu ýagdaýdan peýdalanmak;[19]
– goralmaýan şäherlere çozuş etmek ýa-da bombalamak, deňiz güýçleri bilen açyk hem-de goralmadyk portlara, şäherlere, obalara, ýaşaýyş ýerlere we beýleki obýektlere çozuş etmek;

Ýaragly çaknyşykdan soň, yzynda galanlary gorkuzmak maksady bilen, howa giňişliginden harby uçarlaryň kömegi bilen harby obýektlere we raýat ilatly ýerlere çozuş etmek gadagan edilýär. Eger harby nyşanlar biri-birine örän golaý duran bolsa we bu harby nyşanlary harby howa gämileri tarapyndan bombalamagyň netijesinde raýat ilatly obýektlere ýa-da raýat ilatyna zelel ýetjek bolsa, onda ýaragly çaknyşyga gatnaşýan taraplar howa gämileriniň kömegi bilen çozuş etmeli däldir, howa giňişliginden bombalamaly däldir. Howa giňişliginden çozuş edilende, sungat işi üçin niýetlenen, ylmy-barlag işleri we sadaka bermek üçin niýetlenen binalary, şol sanda gospitallary, hassahanalary hem-de syrkawlaryň, ýaralananlaryň ýerleşen obýektlerini goramak, olara zyýan ýetirmezlik üçin ähli gerek hereketler ýokary derejede alnyp barylýar.

Ýokarda sanalyp geçilen urşuň alnyp barylmagynda gadagan edilen usullar birnäçe halkara hukuk namalarynda öz beýanyny tapdy.

---

[19] Aldamaklyga gönükdirilen şeýle hereketler mysal bolup biler: ak baýdak galdyrmak bilen ylalaşmaga razy bolmak ýa-da ýeňlendigi barada yglan etmek, ýaralanmak, ýa-da syrkawlamak netijesinde hatardan çykmak hereketleri, raýat ilaty, ýa-da kombatant däl bolup görünmek we beýlekiler.

Olaryň hatarynda şu aşakdaky halkara şertnamalary we ylalaşyklary görkezmek bolar:

- 1907-nji ýylda kabul edilen «Urşy alyp barmagyň kadalary we adatlary hakynda» Konwensiýanyň 23-nji maddasy;
- 1949-njy ýylyň 12-nji awgustynda kabul edilen I, II, III, IV Ženewa Konwensiýalarynyň 50-nji, 51-nji, 130-njy we 147-nji maddalary;
- 1977-nji ýylda kabul edilen I Goşmaça Protokolyň 35-nji, 37--nji, 38-nji, 41-nji, 75-nji, 85-nji maddalary.

*Harby mekirlik* halkara ynsanperwer hukugynyň kadalary tarapyndan gadagan edilmeýär. Bu hereketler babatynda ilki bilen bellemeli zat – onuň halkara ynsanperwer hukugynyň kadalaryny bozmaýanlygy. Esasan hem, *harby mekirlik* diýlip garşydaş tarapy ýalňyş ýola düşürýän hereketlere ýa-da garşydaş tarapy aç-açan hereket etmäge iterýän hereketlere aýdylýar. Bu harby hereketlere hiç bir ýagdaýda-da *garşydaş tarapa aldaw ulanmaklyk* diýip bolmaz, sebäbi gorag hukugy babatynda garşydaş tarapy ynandyryp aldamaýarlar. I Goşmaça Protokolyň 37-nji maddasyna laýyklykda, harby mekirlik hökmünde – maskirowkalary ulanmak, harby gapanlary gurmak, ýalan harby hereketleri geçirmek we ýalňyş maglumatlary ýaýratmak hasap edilýär.

## § 2. Urşy alyp barmagyň usullaryny we serişdelerini çäklendirmek. Harby basyp almanyň (okkupasiýa) hukuk düzgüni

Urşy alyp barmagyň serişdeleri diýlip harby çaknyşyga gatnaşýan taraplaryň harby güýçleri tarapyndan garşydaşyna zelel ýetirmek ýa-da ýeňmek üçin ulanylýan ýaraglaryna, ýa-da serişdelerine aýdylýar.

Urşy alyp barmagyň serişdelerini (şonuň ýaly-da usullaryny) logiki taýdan iki topara bölüp bolýar:

1. Rugsat berlen (hukuga laýyk);
2. Rugsat berilmedik (hukukda gadagan edilen).

Häzirki wagtda hereket edýän halkara-hukuk şertnamalary özünde harby çaknyşyklarda rugsat berlen serişdeleriň sanawyny sakla-

maýar, emma halkara hukuk şertnamalarynda harby çaknyşyklarda gadagan edilen ýaraglaryň we serişdeleriň sanawy, şol sanda gadagan edilen usullary kesgitlenilýär.

Halkara ynsanperwer hukugynyň kadalary, ýörelgeleri esasynda harby çaknyşyklarda ulanylmagy gadagan edilýän ähli ýaraglar we serişdeler gadagan edilen diýlip hasap edilýär.

1949-njy ýyldaky Ženewa Konwensiýalarynyň 1977-nji ýylda kabul edilen I Goşmaça Protokolynyň 35-nji maddasynda harby çaknyşyklary alyp barmagyň usullarynyň we serişdeleriniň umumy ýörelgeleri bellenilýär:

1. Harby çaknyşyklaryň islendik görnüşinde, harby hereketlere gatnaşýan taraplaryň öz isleglerine görä urşy alyp barmagyň usullaryny we serişdelerini çäklendirilmedik görnüşde saýlamaga hukuklary bardyr;

2. Ýaraglary, ýaryjy serişdeleri we beýleki serişdeleri, şol sanda gereginden artyk ejir çekdirýän hem-de zelel ýetirýän usullary ulanmaklyk gadagan edilýär;

3. Köpwagtlaýyn, giňişleýin hem-de wagşyçylykly zelel ýetirmekligi maksat edinýän usullary we serişdeleri harby çaknyşyklarda ulanmak gadagan edilýär.[20]

Şeýlelikde, urşy alyp barmakda rugsat edilýän serişdelere şeýle häsiýetnama bermek mümkin:

– çäklendirilen giňişlikde;

– güýç ulanmaklygyň netijesi belli bir maksada esaslanmaly;

– harby güýçleri ýerlikli we ýeterlik derejede ulanmaly.

Halkara hukugy urşy alyp barmagyň serişdelerine belli bir häsiýetnama bermek bilen çäklenmän, eýsem, halkara ynsanperwer hukugynyň kadalarynda belli bir ýaraglaryň görnüşlerini ulanmaklygy gadagan edýän ýörite hukuk kadalary, düzgünleri kesgitleýär we tassyklaýar.

Netijede, halkara ynsanperwer hukugy belli bir ýaraglaryň görnüşlerini ulanmagy çäklendirýär ýa-da gadagan edýär:

– halkara ynsanperwer hukugy we halkara şertnamalary tarapyndan gadagan edilen netijelere getirýän ýaraglaryň ähli görnüşleri;

---

[20] *Гассер Х.П.* Международное гуманитарное право. – М., 1995.

– halkara ynsanperwer hukugy we halkara şertnamalary tarapyndan çäklendirilen ýa-da gadagan edilen ýörite bellenen görnüşdäki ýaraglar.

Halkara ynsanperwer hukugy we halkara şertnamalary tarapyndan çäklendirilen ýa-da gadagan edilen ýaraglaryň häsiýetnamasy:

1. Adam ölümini gutulmasyz edýän ýaraglar;
2. Gereginden artyk, uly möçberde zelel ýetirýän ýaraglar;
3. Netijesi anyk bolmadyk ýaraglar.

Urşy alyp barmagyň serişdelerini çäklendirmek boýunça halkara ynsanperwer hukugynda esaslandyrylýan resminamalar hökmünde jarnamalar, konwensiýalar, protokollar we beýleki hukuk namalary çykyş edýär. Olaryň hatarynda şu aşakdakylar has bellidir:

– 400 gramdan agyr bolan ýarylýan we düzüminde ýangyç energetikasy bolan, şol sanda urgy güýji bolan serişdeler (1868-nji ýylda kabul edilen Sankt-Peterburg Jarnamasy);

– adam bedeninde aňsatlyk bilen towlanýan we ýelmeşýän oklar (1899-njy ýylda kabul edilen Gaaga Jarnamasy);

– diňe bogujy we zelel ýetiriji gazlary ýaýratmagy maksat edinýän ýarag serişdeleri (1899-njy ýylda kabul edilen Gaaga Jarnamasy);

– bogujy, awuly we beýleki şoňa meňzeş gazlar, şol sanda bakteriologik we biologik ýarag serişdeleri (1925-nji ýylda kabul edilen Ženewa Protokoly);

– awular ýa-da awulanan ýarag serişdeleri (Urşy alyp barmagyň kadalary we adatlary baradaky Düzgünnamanyň 23-nji maddasynyň «a» bendi);

– ýanaşmagyň esasynda awtomatik usulda ýarylýan mina bombalary, labyrlarda baglanylyp goýulmadyk, emma olaryň hataryna girmeýän 1 sagatdan soň awtomatik ýagdaýda öz hereketini bes edýän we işlemeýän mina bombalary;

– labyrlara berkidilen we awtomatik usulda ýarylýan mina bombalary, şeýle mina bombalary bir mina bombanyň herekete getirilmegi beýleki golaýdakylary hem herekete getirýär;

– özi hereket edýän mina bombalary, öz maksadyna ýetmän howpsuz edilmeýän mina bombalary;

– ýanaşmagyň esasynda awtomatik usulda ýarylýan mina bombalary, şeýle bombalar portlarda, derýa ýakalarynda goýulmak bilen,

esasy maksady garşy tarapyň deňiz üsti söwda ýollaryny ýok etmeklik we beýlekiler.

Şol sebäpden hem 1993-nji ýylyň 13-nji ýanwarynda Himiki ýaraglary öndürmegi, ýygnamagy, ulanmagy gadagan edýän we ony ýok etmek baradaky Konwensiýanyň kabul edilmegi iň wajyp hereketleriň biri boldy.

Bu Konwensiýanyň agzasy bolup durýan döwletler hiç bir ýagdaýda we hiç haçan şu aşakdaky hereketleri amala aşyrmajakdyklaryny kepillendirýärler:

– oýlap tapmaklygy, öndürmekligi, dürli ugurlar arkaly edinmekligi, himiki ýaraglary ýygnamaklygy ýa-da saklamaklygy, şol sanda himiki ýaraglary gönümel, ýa-da gaýry ýollar bilen üçünji bir döwlete bermekligi we satmaklygy;

– himiki ýaraglary ulanmaklygy;

– Konwensiýa tarapyndan gadagan edilen ýaraglaryň islendik bir görnüşini üçünji bir döwlete ulanmaklyga kömek etmeklige, ýaýbaňlandyrmaga.

## § 3. Kiberoperasiýalar we halkara ynsanperwer hukugy

Kiber söweşi fiziki däl-de, elektron görnüşinde amala aşyrylýar, ýarag hökmünde maglumat, kompýuterler we internet gural hökmünde ulanylýar. Kiber söweşi – maglumat urşunyň görnüşleriniň biri. Wezipesi – ünsli taýýarlanan maglumatlar bilen jemgyýete hem-de güýje täsir edip, ykdysady, syýasy, harby we beýleki ugurlarda belli bir maksatlara ýetmek.

Häzirki zaman söweşini *psihologik* diýip atlandyryp bolsa-da, kiber giňişliginde gapma-garşylyk hakyky howp döredýär. Kompýuter tehnologiýalary, internet bütin dünýäde giňden ýaýrady we diňe bir raýatlaryň gündelik durmuşynda däl, eýsem ýurduň möhüm gurluş bölümi bolan kärhanalarda-da döwlet edaralarynda-da ulanylýar. Infrastruktura, zawodlara, hassahanalara zyýanly täsir – ýurtlaryň milli howpsuzlygyna howp salýar.

Kiber urşunyň ileri tutulýan ugry diňe bir duşmana zyýan ýetirmek bilen çäklenmän, eýsem, öz maglumatlaryňy goramakdyr,

şonuň üçin kiberhowpsuzlyk bu gapma-garşylygyň aýrylmaz bölegidir. Kiber gurşawynyň eldegrilmesizligini, goralmagyny, maglumatlaryň elýeterliligini, bitewüligini we gizlinligini üpjün etmek üçin ýörelgeleriň, gurallaryň, strategiýalaryň toplumy bolmalydyr. Kiber söweşiniň usullary, tapgyrlary barada aýdylanda, kiber söweşi iki basgançakdan ybarat: içalylyk we hüjüm. Birinji tapgyr beýlekileriň kompýuter ulgamlaryny «döwmek» arkaly maglumatlary ýygnamagy öz içine alýar.

Hüjümleri harby amallaryň maksadyna we maksatlaryna baglylykda görnüşlere bölmek bolar: wandalizm – wagyz etmek ýa-da kemsidiji suratlary asyl maglumatlaryň ýerine web sahypalaryna ýerleşdirmek. Wagyz etmek we maglumat söweşi – web sahypalaryň mazmunynda, poçta we beýleki şuňa meňzeş hatlarda wagyz-nesihaty ulanmak. Gizlin maglumatlaryň syzylmagy – gyzyklanma bildirýän islendik zat, şahsy sahypalardan, serwerlerden göçürilýär, gizlin maglumatlar hem bulaşdyrylyp bilner.

Kiber söweşiniň maksatlary – iş we maliýe merkezleriniň, döwlet guramalarynyň işine jogapkär hasaplaýyş ulgamlarynyň işleýşini bozmaga, ýurduň durmuşynda bidüzgünçilik döretmäge gönükdirilendir. Şonuň üçin durmuşy goldaýan we işleýän ilatly nokatlaryň möhüm ulgamlary ejir çekýär. Ilki bilen, bularyň arasynda suw üpjünçiligi, lagym ulgamlary, elektrik stansiýalary, energiýa merkezleri we beýleki aragatnaşyk ulgamlary bardyr. Şoňa laýyklykda, bir döwletiň beýleki döwlete gönükdirilen kiber hüjümleri ýurduň ykdysadyýetine ep-esli zyýan ýetirip biler we kiber söweş hakyky howp bolup biler. Şol bir wagtyň özünde, kompýuter wirusynyň ýa-da «Troýan atynyň» döredilmegi ýaraglary we raketalary öndürmekden, satyn almakdan ep-esli az çykdajy eder, kiber çozuşy sebäpli ýetirilen zyýan iň garaşylýanlardan ýokary bolup biler.

Maglumat howpsuzlygy hünärmenleri kibernetik giňişligi üç derejä bölýärler: fiziki (bu dereje tor enjamlaryny, kabelleri we infrastrukturany öz içine alýar); semantik (torda berilýän maglumatlaryň ähli görnüşleri); sintaktik (birinji we ikinji derejeleriň arasyndaky baglanyşyk).

Kiber hüjümleri birmeňzeş bölmek bolar: semantik – maglumatlar ýok edilýär, üýtgedilýär ýa-da ogurlanýar; sintaktik – zyýanly prog-

rammalaryň kömegi bilen maglumatlary geçirmek akymlary kesilýär; fiziki – hakyky infrastruktura desgalary ýapyk. Kiber söweşleri alyp barýan döwletleriň esasy maksady, garşydaşlaryň strategik ähmiýetli infrastrukturasyny (maliýe, energiýa, senagat, ulag ulgamlary, sanitariýa ulgamlary we ş.m.) ýapmakdan ybaratdyr.

Ýaragly çaknyşyklarda kiber operasiýalaryň ýerleşdirilmegi weýrançylykly gumanitar netijelere getirip biler. HGHK üçin kiber operasiýalaryň ynsanperwer täsirini çäklendirmegiň ýoluny tapmak, esasanam, ýaragly çaknyşyklarda ulanylanda halkara ynsanperwer hukugynyň bu täze tehnologiýa bilen baglanyşyklylygyny tassyklamak örän möhümdir.

# IX BAP. ÝARAGLY ÇAKNYŞYKLAR DÖWRÜNDE ŽURNALISTLERIŇ HUKUK GORAGY

## § 1. Ýaragly çaknyşyklar döwründe žurnalistleri goramagyň hukuk esaslary

Žurnalistlere gatnaşykda ähli Ženewa Konwensiýalary we Goşmaça Protokollary boýunça fiziki zorluklaryň, gynamalaryň ulanylmagy, şeýle hem adamyň mertebesini peseldýän we ynsanlyk sypatlaryny kemsidýän islendik beýleki gatnaşyklaryň ulanylmagy berk gadagan edilýär. Edil şonuň ýaly, raýat ilatynyň we žurnalistleriň hem talanylmagy gadagan edilýär, ýagny harbylar tarapyndan žurnalistiň ulanýan islendik enjamynyň ýa-da beýleki tehnikasynyň elinden alynmagy ogurlyk, ýa-da talaňçylyk hereketi hökmünde häsiýetlendirilip bilner. Žurnalistiň garşydaş ýurtlaryň haýsy hem bolsa biri tarapyndan saklanylmagynda Goşmaça Protokollaryň ikisi hem garşydaş taraplaryň öňünde belli bir derejede çäklendirmeleri goýýar. I Goşmaça Protokolyň düzgünlerine laýyklykda, ýaragly güýçlerde akkreditirlenen žurnalist garşydaş ýurt tarapyndan saklanylan halatynda harby ýesir hasaplanylýar we olara garşydaşyň howpy astynda bolan raýat ilatyndan tapawutlylykda has oňaýly dereje berilýär.

1899-njy we 1907-nji ýyllaryň Gaaga Konwensiýalary we olaryň Goşmaça Protokollary, şeýle hem 1949-njy ýylyň urşuň pidalarynyň goraglylygy hakyndaky dört sany Ženewa Konwensiýalary we olaryň 1977-nji ýylda kabul edilen Goşmaça Protokollary, Ženewa Konwensiýalarynyň halkara ynsanperwer hukugy hakyndaky esasy düzgünleri, olaryň soňky Protokollarynda, şol sanda köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň, žurnalistleriň işine degişli bolan resminamalarda žurnalistlere berilýän goragyň birnäçe görnüşleri bardyr.

I Goşmaça Protokolyň 79-njy maddasy žurnalistlere berilýän goragy kadalaşdyrýar. Bu maddanyň birinji we ikinji böleklerine ünsi çekmek ýerliklidir, çünki olarda žurnalistlere raýatlar hökmünde goragyň berilmegi hakynda aýdylýar. Ikinji Jahan urşundan soň BMG žurnalistleri goramak hakynda kesgitli düzgünleri ýola goýmaklygy teklip etdi. Has takygy, BMG žurnalistler üçin ýörite tanyşdyryjy

8. Sargyt № 3735

belgileri işläp taýýarlamaklygy, žurnalistleriň belli bir hasabatyny ýöretmekligi, maglumat bazasyny döretmekligi, žurnalistleriň islendik «gyzgyn nokada» ugradylmaklaryny kadalaşdyrjak halkara guramasynyň döredilmegini teklip edipdi.

Bu ugurda ilkinji we has ýörelgeleýin düzgün I Goşmaça Protokolda berkidilen bolup, ol II Goşmaça Protokoldan hem gelip çykýar. Onda ýaragly çaknyşyklar mahalynda «gyzgyn» nokatlarda işleýän žurnalistiň ýaragly güýçlerde akkreditirlenendigine ýa-da akkreditirlenmändigine garamazdan raýat hökmünde – olar ýaragly çaknyşyklar wagtynda berilýän hem-de hemmetaraplaýyn üpjün edilýän hukuklardan peýdalanýarlar. Şunlukda, tejribede gabat gelýän žurnalistlere hüjüm etmek we olary bikanun esasda sebäpsiz haýsydyr bir milli ýa-da şahsy islegleriň esasynda tussag etmeklik ýaly hereketler, olaryň ulaglarynyň, ulanýan enjamlarynyň hatardan çykmagyna sebäpkär bolmak, gönüden-göni halkara borçnamalarynyň bozulmagy hökmünde hasaba alynmalydyr[21].

II Goşmaça Protokolda şeýle düzgüniň ýoklugyna garamazdan, onuň kadalaryna laýyklykda hem garşydaşyň golastynda bolan žurnalistiň kesgitli hukuklara eýedigini açyk aýtmak bolýar. Olardan žurnalistiň hat alyşmaga, kesgitli sanda poçta, telegramma we beýleki habarlaryny ugratmaga hukugy bardyr. Žurnalistiň öz ýagdaýyny, ykbalyny beýan etmegine we aýtmagyna päsgel berýän islendik gadaganlyklar öz gezeginde halkara hukuk borçnamalarynyň gödek bozulmagy hökmünde kabul edilip bilner[22].

Islendik ýagdaýda-da haýsydyr bir harby birikmesine kömek bermek maksady bilen žurnalistiň eline ýarag almaklygyna rugsat berilmeýär. Şeýle ýagdaýda halkara ynsanperwer hukugyna laýyklykda, ol eýýäm žurnalist däl-de, şol pursatda özüniň asylky maksatlaýyn işini ýerine ýetirmeýän harby gullukça we harby çaknyşyklara gatnaşyja öwrülýär. Aglaba harby birikmeleri žurnalistleriň akkreditasiýadan geçmeklerini talap edýärler, ýagny ol ýa-da beýleki bir ştabyň, syýasy toparyň, ýa-da başga bir goşunyň ýanynda akkreditirlenmelerini isleýärler, bu hem öz gezeginde ýene bir gezek žurnalistlere gözegçilik çärelerini has güýçlendirmekligiň bir görnüşi bolup durýar.

---

[21] *Федотов М. А*. Правовые основы журналистики. – М.: ИМПЭ, 2002. С. 73.

[22] Справочник для журналистов, работающих а районах военных действий. – М.: Права человека, 2002. С. 131.

Halkara ynsanperwer hukugynyň düzgünlerini sejermekligiň barşynda şeýle netije çykarmak bolýar, ýagny harby çaknyşyklaryň zolagynda žurnalistleriň 2 görnüşi işläp bilýär:

1. Harby habarçylar (III Ženewa Konwensiýasynyň A (4) 4-nji maddasy);
2. Ýaragly çaknyşyklaryň zolagynda hünär howply iş saparlarynda bolýan žurnalistler (I Goşmaça Protokolyň 79-njy maddasy[23]).

III Ženewa Konwensiýasynyň 4-nji maddasyna laýyklykda, harby habarçylar bu:

1. KHBS-iň wekilleri;
2. Ýaragly güýçlerinde akkreditasiýalary bolanlar;
3. Şonuň bilen harby birikmeleriniň ýanynda bolýanlar;
4. Olaryň agzalary bolmaýan adamlar. Hut şu maddada harby habarçylaryň ýesirlige düşen halatynda, harbylar öň nähili goragdan peýdalanýan bolsalar, şol hili goragy hem alyp bilýändikleri berkidilýär.

## § 2. Halkara habarlaryny ýaýratmaklygyň hukuk çäkleri. Halkara ynsanperwer hukugynda žurnalistleriň hukuk goragynyň usuly

Žurnalistika möhüm hühärleriň biri bolup, ol sungat, höwes hem bolup bilýär; ýagny hakykaty gürrüň bermek höwesi, maglumat we habar bermek, kimdir biri tarapyndan eşidilen bolmaklyk, habarlary ýaýratmak we olaryň barşynda islendik zerur bolan serişdeleri hem ulanyp bilmeklikden ybaratdyr. Žurnalistler jemgyýetçilik gyzyklanmasyna eýe bolan we syýasatda alnyp barylýan işler barada habar berýärler. Žurnalistiň öz hünär borçlaryny ýerine ýetirmegi metbugatyň we öz pikiriňi beýan etmegiň erkinliginiň ähmiýeti bolup durýar.

Ýaragly çaknyşyklaryň zolagynda hünär howply iş saparlarynda bolýan žurnalistler harby birikmeleriň ýanynda bolmaga hukukly hem bolsalar, ýaragly güýçlerinde akkreditasiýalary almaýarlar, emma şeýle herekete gönüden-göni gadaganlyklar ýokdur. Bu dere-

[23] СМИ за демократию: Сб. основополагающих документов Международной федерации журналистов. – М.: Союз журналистов России, 1997. С. 47.

jeli žurnalistler raýat adamyň derejesine eýe bolup durýarlar we eger raýat şahsynyň derejesine nälaýyk bir hereket etmedik halatynda olara berilýän gorag hukuklaryndan peýdalanýarlar.

Birleşen Milletler Guramasynyň Howpsuzlyk Geňeşi žurnalistlere, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň hünärmenlerine, olaryň işi bilen bagly beýleki işgärlere ýaragly çaknyşyklar wagtynda gurnalan hüjümi ýazgarýar we ähli taraplary bu hili tejribäniň soňuna çykmaklyga çagyrýar diýlip, № 1738 belgili Rezolýusiýada aýdylýar.

Eline ýarag alan žurnalist halkara ynsanperwer hukugynyň goragy astynda bolmagyny bes edýär. Muňa şeýle hem harby eşigini geýmegi we harbylara degişli bolan başga-da islendik nyşany götermegi hem degişli edilýär, onuň howpsuzlygyny, goragyny sorag astynda goýýar. Žurnaliste halkara ynsanperwer hukugynyň goragynyň raýat ilaty hökmünde ýaýraýandygy mälimdir we ýesir düşen halatynda, ilkinji nobatda, öz döwletine gaýtarylyp berilmeklige degişli bolup durýar. Ýaragly çaknyşyklar alnyp barylýan zolakda žurnalistiň hereket etmeginiň erkinligi häzirki wagtda ýeterlik derejede kadalaşdyrylmadyk mesele bolmagynda galýar. Edil şonuň ýaly žurnalisti içalylykda günäkärlemek meselesi hem ýeterlik derejede kadalaşdyrylmadykdyr. Halkara hukugy tarapyndan ykrar edilen žurnalistiň howply iş saparynda bolýan şahadatnamasy bardyr. Ol halkara ynsanperwer guramalary ýa-da dürli žurnalistik guramalary tarapyndan berilýär. Halkara ynsanperwer hukugynyň ulgamyndaky hukuk namalary uruş döwründe žurnalistleriň işlerine degişli düzgünleri özünde jemlemeýär. Halkara ynsanperwer hukugy žurnalistleriň işini däl-de, bu iş bilen meşgullanýan adamlary goramaklygy üpjün edýär.

Žurnalistleriň hereketi eldegrilmesizlik arkaly goralýar. Döwletler žurnalistleri raýat şahslary hökmünde kabul edip, olaryň professional borçlaryny ýerine ýetirmegini, ýagny surata almaklaryny, kino düşürmeklerini, magnitofon ýazgysyny etmeklerini, surat çekmeklerini ylalaşýarlar. Žurnalist özi üçin bellenilen çäkde hereket etmelidir. Eger ol bu çäkden çyksa, onda içaly (şpion) hökmünde aýyplanylmagy mümkindir.

Eger žurnalist garşydaş tarapa ýesir düşse, onda ol kanun esasynda goragdan peýdalanýar. Harby güýçler harby hereketleriň alnyp barylýan zolagynda islendik şahsy, iň bärkisi onuň howpsuzlygyny

nazara alyp, tutup saklamaga hukugy bar. Tutup saklanylan žurnalistiň ykbaly köp faktorlara bagly bolup durýar. Şol sanda onuň milletine we raýatlygyna hem bagly bolup durýar.

Eger-de žurnalist öz döwletinde tutulyp saklanylan ýagdaýynda, onda şol döwletiň içerki kanunçylygynyň kadalary hereket edýär. Döwletiň içerki kanunçylygynda rugsat berilýän bolsa, onda žurnalist tussag edilip hem bilner. Bu döwletler adam hukuklary hakyndaky goşulyşan halkara resminamalaryna, şeýle-de öz içerki kanunçylygyna laýyklykda tussag edilen žurnaliste kazyýet kepillendirmesini we tussaglykda saklamagyň düzgünini üpjün etmelidir.

Garşydaş tarapyň çäginde tutulyp saklanylan žurnalist, eger-de şol döwlet öz howpsuzlygyna žurnalist tarapyndan zeper ýetirildi diýip bilse, onda žurnalist kazyýet jogapkärçiligine çekilýär. Žurnalist günäsiz bilinse, boşadylmaga degişlidir.

Çaknyşyga gatnaşmaýan 3-nji döwletlere degişli bolan žurnalistler tutulyp saklanylanda parahatçylyk wagty hereket edýän kanunçylygyň kadalary ulanylýar. Olar hem günä bildirilen bolsa tussag edilip bilner. Emma günäsiz bilinse, adatça, olar boşadylýar.

Bu ýagdaýlaryň ählisinde hem tutup saklaýan döwlet tussaglar bilen çemeleşmäni düzgüne laýyk amala aşyrmalydyr hem-de kazyýet prosesi bellenilende ähli hukuk kepillendirmeler bilen üpjün etmelidir. Şeýle tussaglar ýaly, žurnalistleriň hem öz ýakynlary bilen aragatnaşykda bolmaga hukugy bar.

Çaknyşyga gatnaşmaýan 3-nji döwletlere degişli bolan žurnalistler öz döwletiniň diplomatik we konsullyk edaralarynyň kömeginden peýdalanýarlar.

Islendik ýagdaýda hem esasy hukuklar bolan adamzadyň hukuklarynyň goragy öz güýjünde galýar.

Halkara ynsanperwer hukugy žurnalistlere ýaragly çaknyşyk zolagyna gitmezden ozal şahsyýetnamany resmileşdirmegi maslahat berýär. Bu şahsyýetnamany islendik žurnalistik guramasyndan ýa-da halkara ynasanperwer guramalaryndan almak bolýar. Şahsyýetnama žurnaliste ýaragly çaknyşyk zolagyna özüniň gönüden-göni borjuny amala aşyrmak üçin gelendigini tassyklamaga mümkinçilik berýär. 1949-njy ýyldaky Ženewa Konwensiýasynyň I Goşmaça Protokolynyň 51-nji maddasyna laýyklykda raýat şahslary (žurnalistler

hem) çozuşyň obýekti däldirler, bu Protokolyň 52-nji maddasyna laýyklykda bolsa, raýat şahslarynyň (žurnalistleriň hem) emlägine, eger olar harby häsiýetli bolmasa, zyýan ýetirilip bilinmez diýlip berkidilendir.

Esasy şertiň ýerine ýetirilmegi zerurdyr, ýagny žurnalistlere öz döwletleriniň harby häkimiýeti tarapyndan olara şahsyýetnamanyň berilmegidir.

Halkara ynsanperwer hukugynyň düýpgöter täzeden seljerilmegi netijesinde 1949-njy ýyldaky Ženewa Konwensiýasy kabul edildi. Bu pikir hem III Konwensiýada (Harby ýesirlere garalyşy hakynda) ornuny tapdy. Bu Konwensiýada garşydaşyň gol astyna düşen žurnalist harby ýesir hasaplanylýar diýlip bellenilýär. Bu ady agzalan «harby korrespondentler» diýlip atlandyrylýan žurnalistler beýleki Konwensiýada bellenip geçilen žurnalistlerden tapawutlanýarlar. Olaryň umumylygy bolsa harby güýçleriň düzümine girmezden, harby hereketler bilen özara baglanyşygynyň bolmagyndadyr.

Žurnalistleriň howply ýerlere gulluk saparlary bilen bagly goraglylygyny üpjün etmek boýunça meseleler dürli derejelerde, şol sanda 1970-nji ýyllarda BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlisinde hem ara alnyp maslahatlaşyldy. Bu proses 1977-nji ýylyň 8-nji iýunynda Ženewa Konwensiýasynyň I Goşmaça Protokolynyň kabul edilmegi bilen tamamlandy. Halkara ýaragly çaknyşyklary degişli bolan bu Protokolyň 79-njy maddasynda şeýle diýilýär: raýat şahsyýeti hasaplanýan žurnalist ýaragly çaknyşyklar zolagynda howply gulluk iş saparyny amala aşyrýan döwri, onuň halkara ynsanperwer hukugy tarapyndan raýat şahslarynyňky ýaly goragdan doly ýagdaýda peýdalanmaga hukugy bar.

Žurnalistiň şahsyýetnamasynyň arka ýüzünde şeýle ýazgy edilmeli: «Bu şahsyýetnamanyň eýesi gulluk iş sapary döwründe professional etika bilen bagly düzgünleri ýokary derejede amala aşyrmaly we barýan ýeriniň, döwletiniň içerki işlerine goşulmaly däl, şeýle-de howply iş saparyny amala aşyrýan ýerinde gös-göni ýa-da gytaklaýyn harby hereketleriň ýüze çykmagyna esas döredýän syýasy, harby, ýa-da beýleki hereketlere gatnaşmaly däl».

## § 3. Ýaragly çaknyşyklar döwründe žurnalistleriň işiniň aýratynlyklary. «Serhetsiz habarçylar» guramasy

Žurnalistler ýaragly çaknyşyklar zolagyna ugramazdan öň talaba laýyk taýýarlyk görmelidirler. Ilki bilen, olara ahlak we psihiki taýdan taýýarlyk zerur. «Gyzgyn nokatlarda» işlemekligiň agyrdygyna we jan üçin howpludygyna göz ýetirmelidirler. Ýaragly çaknyşyklar döwründe raýatlary, şeýle-de žurnalistleri goraýan halkara ynsanperwer hukugynyň hereket edýänligine garamazdan, köp žurnalistler «gyzgyn nokatlarda» wepat boldular ýa-da maýyp boldular, köpüsi ýesir alyndy, köpüsi bolsa urşuň pajygasyny gözleri bilen görüp, ruhy taýdan agyr kesele duçar boldular.

«Gyzgyn nokatlarda» bolmagyň kynlygyna garamazdan, köp reportýorlar ol ýere ýene-de gidip görmegiň tarapdary bolýarlar. Şonuň üçin Waleriý Butuýewiň sözleri hakynda oýlanmak zerur: «Gyzgyn nokada» ugramazdan öň gowy pikirlen. Saňa şol ýere gitmek hökmanmy ýa-da ýok?».

Eger-de žurnalist «gyzgyn nokada» ugramakçy bolsa, şulary amala aşyrmagy hökmanydyr:

1. Halkara ynsanperwer hukugynyň esasy kadalaryny ýatdan bilmek;

2. Žurnalistiň barýan etrabynda onuň tanyşlarynyň, garyndaşlarynyň barlygyny, ýoklugyny anyklamak. Eger-de, şeýle adamlar bar bolsa, öňünden olaryň ýaşaýan ýeriniň koordinatasyny almaly, ol ýere iş sapary bilen barjakdygyny duýdurmaly. Şeýle gatnaşyklar žurnalist üçin peýdalydyr. Çünki ol ýerde ýaşaýan adamlar žurnalistlere möhüm habarlaryň çeşmesi bolup, ýolbelet bolup hyzmat etmek bilen, şeýle-de kime ýüz tutmaklygy maslahat beriji hökmünde kömek edip bilerler;

3. Ugrajak ýeriniň adatlaryny we däp-dessurlaryny öwrenmek.

4. Şol ýeriň geografik ýerleşişini, şäherlerini, obalaryny, derýalaryny we beýlekileri öwrenmek;

5. Şol ýeriň ýerli halkynyň gepleýiş dilini öwrenmek. Sada görnüşde özüňi tanyşdyrmagy, möhüm zatlary soramagy, şeýle-de olaryň näme jogap berjegini bilmek. Žurnalist barjak ýeriniň dilini näçe gowy bilse, şonça-da ol az kynçylyk görer;

6. Şol ýerde haýsy kanunyň hereket edýänligini bilmek zerur bolup durýar. Galyberse-de, şol ýeriň geografik ýerleşişi, şol ýerde ýüze çykan ýaragly çaknyşyklar barada maglumatlar bilen üpjünçilik hem elýeterli bolmaly. Bu barada maglumatlary internetden, KHBS-iň materiallaryndan, kitaplardan we şol ýerde ýakyn wagtlarda bolup gelen adamlardan, şeýle-de ugrajak ýeriň ilçihanasyndan hem bu barada degişli maglumatlary alyp bolar;

7. Öz janyňy, emlägiňi ätiýaçlandyrmak.

Žurnalistler häzirki döwrüň wehimlerine seslenmek we olar babatynda talabalaýyk jogap agtarmakda özleriniň hakykatda eýeleýän orunlaryna hem-de işlerine dogry düşünmelidirler. Şunuň bilen baglylykda, dünýä «çökgünliginiň» islendik ýüze çykmasynyň monitoringinde, şeýle hem olary dolandyrmakda neşir we elektron metbugatynyň gatnaşmagyna bolan zerurlygy ýüze çykarýarlar:

- bar bolan umumy dünýä «çökgün» häsiýetli wakalaryň çuňňur meseleleýin-analitiki seljerilmesi;
- öňdebaryjy bilermenleri çekmek bilen şeýle ýagdaýlary çözmekligiň mümkingadar ýollaryny agtarmak;
- şeýle wakalar dogrusynda jemgyýetçilik pikirini öwrenmek we jemgyýetçilige degişli wakalar dogrusynda takyk düşünje bermek;
- ol ýa-da beýleki bir meseleler boýunça çözgüt kabul etmegiň ugry hökmünde häkimiýet institutlarynyň ünsüni jemgyýetçilik pikirine çekmek.

Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň özeninde dünýädäki möhüm syýasy ýagdaýlar babatynda ylalaşmak, şeýle hem häkimiýet institutlarynyň we raýat jemgyýetiniň institutlarynyň arasyndaky özara düşünişmegiň ýaýbaňlandyrylmagyna getirip biljek ahlak gymmatlyklarynyň ýakynlaşdyrylmagy maksady bilen dürli medeniýetleriň, etnoslaryň, dinleriň, syýasy güýçleriň wekilleriniň arasynda has işjeň, konstruktiw gatnaşyk etmek zerurlygy ýüze çykýar. Şunlukda, häzirki döwrüň derwaýys meseleleri babatynda çözgütleriň kabul edilmegine KHBS-iň gönüden-göni gatnaşygyny üpjün edýän faktorlar:

- metbugat erkinligi içerki kanunlara laýyklykda žurnalistika işini durmuşa geçirmek mümkinçiligi. Metbugat erkinliginiň ykdysady, syýasy, hukuk esaslary;

– içerki kanunlara laýyklykda işini amala aşyrmagyny gurnamasynyň jemlenmesi hökmünde žurnalistiň hünär pozisiýasydyr. Žurnalistiň hünär pozisiýasynyň jemgyýetiň ahlak klimatyna we žurnalistik jemgyýetçiligiň ahlak ýagdaýyna baglylygydyr;
– derwaýys anyk-taryhy wezipeleri çözmekde KHBS-iň önjeýli gatnaşygynyň faktory hökmünde žurnalistiň döredijilik özüni alyp barşynyň hünär etiki kadalaşdyrylyşy.

Şeýlelikde, döwrüň derwaýys meselelerini talabalaýyk beýan etmek we olara çuňňur düşünmekligi üpjün etmekde metbugat bilen bir hatarda žurnalistleriň hünär derejesi hem möhüm häsiýete eýe bolup durýandyr.

Žurnalistika ylmy adamzadyň ykbalyna ýiti täsir edýär we şonuň üçin hem onuň soňraky ösüşiniň ynsanperwerlik, demokratiýa, dünýä halklarynyň medeni köpdürlüliginiň hormatlanmagy, goralyp saklanmagy ýörelgelerine laýyklykda amala aşyrylmagy adatdan daşary möhüm hem-de gaýragoýulmasyz ýagdaýdyr. 1983-nji ýylda Parižde kabul edilen «Žurnalistiň hünär etikasy» hakynda Halkara ýörelgelerinde bu hünäriň jemgyýetçiligiň öňündäki jogapkärçiligi we aktuallygy kesgitlenendir. Žurnalistik gyzyklanmalary amala aşyryjy guramalaryň hatarynda – KHBS-iň halkara hünär we milli guramalaryny görkezmek bolar, olardan: Žurnalistleriň Halkara federasiýasy; Metbugatyň Halkara assosiasiýasy, Žurnalistler Geňeşleri we beýlekiler.

Halkara habarlaryň esasy çeşmeleriniň hatarynda iri halkara, hökümetara hem-de sebit derejesindäki guramalar çykyş edýärler, olaryň hatarynda BMG, Ýewropa Bileleşigi, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy ýaly beýleki birnäçe guramalar bar. Mundan başga-da, bilermenler (ekspertler) we jemgyýetçilik guramalary hem-de ýöriteleşdirilen akademiki institutlar (Human Rights Watch, «Serhetsiz habarçylar», Oxfam) hem halkara habarlarynyň çeşmesi hökmünde çykyş edýärler.

***«Serhetsiz habarçylar»** – bu halkara guramasy döwlete degişli bolmadyk gurama bolup, 1985-nji ýylda Parižde esaslandyryldy. Guramanyň missiýasy tutuş dünýäde metbugatyň, žurnalistleriň we bütindünýä toruny ulanyjylaryň azatlyklaryny goramakdan ybarat*

*bolup durýar. Ol öz işinde Adam hukuklarynyň ählumuny Jarnamasynyň 19-njy maddasyna salgylanýar*[24]. «Serhetsiz habarçylar» guramasy «Ýaragly çaknyşyklaryň zolaklarynda işleýän žurnalistleriň we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň howpsuzlygy hakynda» Jarnamany çap etdi. Ol özünde işine wepalylyk, meýletinlik, tejribe, ygtybarly enjamyň bolmagy, öňünden taýýarlyk, kepillik, psihologik maslahatlaşmalar, hukuk kadalaryny bilmek ýaly bölümleri jemleýär.

Halkara guramalar, şeýle hem dürli ýurtlaryň döwlet edaralary täzelikleriň çeşmesi bolmak bilen bir hatarda, bolup geçýän wakalaryň mümkingadar teswirçileri bolup durýarlar. Beýleki bir tarapdan, dünýäniň aglaba ýurtlarynda syýasy, ykdysady, halkara we beýleki meseleleriň içgin, hemmetaraplaýyn öwrenilmegi üçin kämil derejede işleýän jemgyýetçilik guramalary, ýöriteleşdirilen akademiki institutlary hereket edýärler. BMG, Ýewropa Bileleşigi, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy hem-de beýleki ençeme iri halkara guramalarynyň atlary gündelik KHBS-de yzygider çykyp durýar. Adatça, esasy üns merkezine bu guramalaryň we olaryň degişli ýöriteleşdirilen düzüm birlikleriniň çäginde geçirilýän hem-de ähmiýetli çözgütleriň kabul edilýän sammitler, sessiýalary, mejlisleri degişli bolup durýar. Şeýle usul bilen döwlet edaralary (döwlet Baştutanlary, Hökümet ýolbaşçylary, ministrlikleriň we beýleki degişli döwlet gulluklarynyň hünärmenleri) işleýärler.

Halkara habarlarynyň goşmaça çeşmesi hökmünde (köplenç halatda bolsa, alternatiw usuly hökmünde) dürli ýöriteleşdirilen ylmy, barlag, bilermenler ýa-da akademiki institutlarynyň bilermenleriniň garaýyşlary we pikirleri giňden ulanylýar.

Ýaragly çaknyşyklar zolagynda žurnalistleriň iki kategoriýasy işläp bilýär: harby korrespondentler (1949-njy ýyldaky III Ženewa Konwensiýasy, 4-nji madda) we ýaragly çaknyşyklar etrabynda professional gullugy bilen bagly işleri alyp barýan žurnalistler (1949--njy ýyldaky Ženewa Konwensiýasynyň I Goşmaça Protokoly, 79-njy madda). Žurnalistler öz gulluk borçlaryna we halkara ynsanperwer hukugynyň kadalaryna laýyklykda ýaragly çaknyşyk zolaklarynda özlerini raýat ilaty ýaly alyp barmaly. Eger-de raýatlar eline ýarag al-

[24] Безопасность журналистов – председатель ОБСЕ по вопросам свободы СМИ – Почему это важно? – Астана, 2010.

salar ýa-da olar dürli harby obýektleriň töwereginde görünseler, onda olar halkara ynsanperwer hukugynyň kadalaryna laýyklykda özleriniň gorag hukugyny ýitirýärler. Çünki harby obýektler ilkinji bolup çozuşa sezewar edilýär. Halkara ynsanperwer hukugynyň kadalaryna gözegçiligi amala aşyrýan halkara ynsanperwer guramalarynyň esasy biri hem Halkara Gyzyl Haç Guramasydyr. Ýaragly çaknyşyklar döwründe žurnalistler Halkara Gyzyl Haç Guramasyndan başga-da birnäçe guramalar bilen ýüzbe-ýüz bolýarlar. Bu guramalar, ilkinji nobatda, ýaragly çaknyşyklar döwründe raýat ilatyna kömek berýärler.

Urşuň kanunlary we adatlary hakynda Gaaga Konwensiýasynyň 13-nji maddasynda «gazet korrespondentleri» barada aýdylýar. Bu resminamalarda žurnalist belli bir şahslaryň toparyna degişli edilmeýär. Žurnalist harby hereketlere gatnaşýar, emma olaryň düzümine girmeýär. Žurnalist bu toparyň agzasy hökmünde ýesir alnan mahalynda, raýat şahsy hökmünde statusyny saklaýanlygyna garamazdan, özüne harby ýesir hökmünde çemeleşilmegine hukukly.

# X BAP. HEREKET EDÝÄN GOŞUNLARDA ÝARALYLARYŇ, SYRKAWLARYŇ ÝAGDAÝÝNY GOWULANDYRMAK HAKYNDA 1949-NJY ÝYLYŇ I ŽENEWA KONWENSIÝASY

## § 1. Ženewa Konwensiýalarynyň döremegine getiren taryhy wakalar. Halkara ynsanperwer hukugynyň gurluşy: Ženewa hukugy we Gaaga hukugy

Solferino söweşi we Ženewa hukugy Žan Anri Dýunan hem-de Halkara Gyzyl Haç Guramasy bilen berk baglanyşyklydyr.

Dýunan 1862-nji ýylyň oktýabrynda öz serişdeleriniň hasabyna «Solferino söweşi barada ýatlama» («Un souvenir de Solferino») atly kitabyny neşir etdirýär. Ol bu kitabynda: «Näme üçin Ýewropanyň dürli ýurtlarynda uruş dowam edýän wagtynda ýaralylara kömek berip biljek meýletin jemgyýetleri parahatçylykly wagtda döretmeli däl?» diýip, anyk teklipleri ýazypdyr.[25]

Umuman, entek baryp XVI asyrda uruşda ýaralananlara kömek bermek barada ilkinji ylalaşyklar ýüze çykypdyr. Ýöne olar diňe käbir döwletleriň arasyndaky aýratyn ylalaşyklar bolup, köpçülikleýin häsiýete eýe bolmandyr. Şu ýagdaýdan baş çykmak maksady bilen, A.Dýunan özüniň dört sany dosty bilen Halkara derejede ýaralananlara kömek bermek boýunça Guramany döredýär. Soňra bu gurama Halkara Gyzyl Haç Guramasy diýlip atlandyrylyp başlanýar.

Ol ömrüni Gyzyl Haç Hereketiniň we Halkara ynsanperwer hukugynyň esaslarynyň döredilmegine bagyşlapdyr we özüniň ideýalaryny durmuşa geçirmäge başlapdyr. Onuň bu ideýalary köpçülikleýin goldawa eýe bolýar.

Anri Dýunan we Giýom Anri Dýufur ynsanperwer hukugynyň döremeginde uly hyzmaty bitirdiler. Harby, tejribeli general Dýufur 1864-nji ýylda geçirilen Diplomatik maslahatyň dowamynda Dýunana ýardam bermäge işjen gatnaşypdyr. A.Dýunanyň garaýyşlary hukukçy Gýustaw Muanýeni we Ženewanyň beýleki meşhur raýatlaryny ruhlandyrypdyr, olar onuň ideýalaryny durmuşa geçirmäge

[25] *Дюнан А.* Воспоминания о битве при Сольферино – UN SOUVENIR DE SOLFERINO, 3-е изд. – М., 2009. С. 109.

synanyşyk edipdirler. Şol maksat bilen, Dýunan, Muanýe, general Dýufur we lukmanlar Appia hem-de Monuar dagydan ybarat bolan işçi topar döredilipdir. 1864-nji ýylyň 8–22-nji awgusty aralygynda Kalwin şäherinde 12 sany döwletiň wekilleriniň gatnaşmagynda geçirilen Diplomatik konferensiýasynyň netijesinde «Gury ýer söweşinde ýaralylaryň we syrkawlaryň ýagdaýyny gowulandyrmak hakynda» I Ženewa Konwensiýasy kabul edildi. Bu Konwensiýa urşuň pidalarynyň ýagdaýyny gowulandyrmaga gönükdirilen ilkinji halkara-hukuk resminamasydyr.

Şondan 4 ýyldan soň, ýagny 1868-nji ýylyň 20-nji oktýabrynda bu Konwensiýanyň ýetmezçiliklerini kämilleşdirmek maksady bilen, oňa täzeden seretmek üçin halkara konferensiýa çagyryldy we oňa birnäçe goşmaça maddalar goşuldy, ýagny ýokarda agzalan Konwensiýanyň täsiriniň deňizde bolýan uruşlara hem ýetýändigi hakynda bellenildi, emma olar ratifisirlenmedi (tassyklanmady). Bu Konwensiýa täzeden seretmeklik hakyndaky sorag, ýene bir gezek, diňe 1899-njy ýylda I Gaaga Konferensiýasynda galdyrylypdyr. 1906-njy ýyldaky maslahatda şu Konwensiýanyň täze teksti ykrar edildi we 1864-nji ýyldaky Konwensiýa üýtgetmeler girizmek bilen, ony düýpli giňeltdi.

Birinji Jahan urşundan soň, Ženewa Konwensiýasynyň häzirki zaman harby hereketlere görä kämilleşdirilmeginiň zerurlygy ýüze çykdy. 1929-njy ýyldaky Diplomatik konferensiýada bu Konwensiýa düýpli üýtgeşmeler girizildi.

Halkara ynsanperwer hukugy halkara hukugynyň wajyp pudaklarynyň biri bolup, ýaragly çaknyşyklaryň pidalaryny goramaga we urşy alyp barmagyň serişdelerini we usullaryny çäklendirmäge gönükdirilen halkara-hukuk kadalarynyň jemidir. Halkara ynsanperwer hukugy başgaça «Ýaragly çaknyşyklaryň hukugy» ýa-da «Urşuň hukugy» hem diýlip atlandyrylýar. Halkara ynsanperwer hukugynyň maksady – uruşýan taraplary rehimsizlikden saklap, ýaragly çaknyşyklaryň weýran ediji güýjüni çäklendirmekden we ýaragly çaknyşygyň açyk wagşylyga öwrülmegine ýol bermezlikden ybarat.

Halkara ynsanperwer hukugy *Ženewa hukugyny* we *Gaaga hukugyny* öz içine alýar.

***Ženewa hukugy*** bu harby zerurlyklar ýüze çykanda adamyň şahsyýetini we mertebesini goramagy üpjün edýän ynsanperwer

hukugydyr. Ol söweş hereketlerine gatnaşmaýan ýa-da oňa gatnaşmagyny bes eden adamlara goraglylyk berýär.

***Gaaga hukugy*** uruş hukugydyr. Ol söweşýän taraplaryň harby maksadyň talap edýän üstünliginden başga uly zyýan ýetirmezlik ýörelgesine esaslanýar. Esasy maksat duşmanyň harby kuwwatyny gowşatmakdyr. Şeýlelikde, Gaaga hukugy söweş hereketleri alnyp barlanda söweşýän taraplaryň hukugyny we borçlaryny kesgitleýär, harby hereketler alnyp barlanda ýarag serişdelerini saýlap almagy çäklendirýär, urşy alyp barmagyň serişdelerini hem-de usullaryny belleýär.[26]

Şeýle hem halkara ynsanperwer hukugynda *Nýu-Ýork hukugy* düşünjesi hem bolup, ol ilatyň has goraga mätäç toparlaryny, ýagny çagalaryň, aýallaryň, gartaşan adamlaryň (garrylaryň) goraglylygyny üpjün edýän we harby hereketleri alyp barmaklygyň serişdelerini çäklendiriji, gadagan ediji hukuk kadalaryny hem-de hukuk namalaryny öz içine alýar.

Ženewa hukugy bilen Gaaga hukugynyň arasynda nazary taýdan tapawut bardygyna garamazdan, olaryň umumylyklary hem bardyr (meselem, harby ýesirlere degişli ýagdaýlar). 1949-njy ýylyň Ženewa Konwensiýalaryna kabul edilen 1977-nji ýylyň 8-nji iýunyndaky Goşmaça Protokollary (Teswirnamalary) Ženewa we Gaaga hukuklaryny has-da birikdirdi.[27]

XX asyryň wakalaryna ser salmak bilen, Ženewa hukugy Gaaga hukugy arkaly berkidilýär ýa-da biri beýlekisiniň üstüni ýetirýär diýmek bolar. Şeýle-de, Ženewa hukugyny goramak bilen, Gaaga hukugynyň bozulmagyna ýol berip bolmaz. Bu iki hukugyň hem ýerine ýetirilişiniň sazlaşygyny gazanmak halkara jemgyýetçiliginiň iň wajyp meseleleriniň biridir.

*Nýu-Ýork hukugynda* bu iki ugur bilen birlikde, parahatçylyk döwründe adam hukuklarynyň goraglygy ýa-da başgaça aýdylanda, adam hukuklarynyň goragy kadalaşdyrylýandyr.

---

[26] *Фриц Кальсховен.* Ограничение методов и средств ведения войны. МККК, М., 1994.

[27] *Франсуа Бюньон.* Право Женевы и право Гааги. Международный Журнал Красного Креста. Сборник Статей. 2001. С. 145.

Ženewa hukugy Gaaga hukugyna we Nýu-Ýork hukugyna görä has irki döwürden, ýagny XIX asyryň ikinji ýarymyndan gözbaşyny alyp gaýdýar.

Ženewa hukugynyň kömegi bilen şu aşakdaky görkezilen toparlar goralýar:

1. Ýaragly çaknyşyklara gatnaşmagyny bes edenler, olar:

a) ýaralylar;

b) syrkawlar;

ç) gämi heläkçiliginde ejir çekenler;

d) harby ýesirler.

2. Gös-göni harby hereketlere gatnaşmadyk şahslar, olar:

a) raýat ilaty;

b) lukmançylyk we din işgärleri.

3. Harby maksatlar üçin ulanylmaýan obýektlere goragçy hökmünde bellenenler, ýaşaýyş jaýlary, mekdepler, dini maksatly ýerler we ş.m.;

4. Harby hereketlerde kombatantlar bilen kombatant dälleri tapawutlandyrmaýan serişdeleriň we usullaryň ulanylmagynyň gadagan edilmegi. Çünki bu ýagdaýda raýat ilatyna hem-de harby şahslara uly zyýan ýetirilýär.

Urşuň pidalary – bu ýaragly çaknyşyklar döwründe hukuk taýdan goraglylygy üpjün edilýän takyk şahslaryň topary. Olara, esasan, şular degişli:

– ýaralylar;

– syrkawlar;

– gämi heläkçiliginde ejir çekenler;

– harby ýesirler;

– raýat ilaty.

Diýmek, Ženewa hukugynyň esasy maksady uruş döwründe adam ýitgisiniň az bolmagyny we maddy gymmatlyklaryň weýran edilmegini azaltmak, olara islendik ýagdaýda mynasyp gatnaşygy gazanmakdyr. Bu bolsa öz gezeginde Ženewa hukugynyň wajyplygynyň ähmiýetini aýdyň görkezýär.

## § 2. Hereket edýän goşunlardaky ýaralylaryň we syrkawlaryň ýagdaýyny gowulandyrmak hakynda I Ženewa Konwensiýasynyň mazmuny hem-de gurluşy

II Jahan urşy döwründe HGHK işlerini alyp barmak bilen meşgul bolandygyna garamazdan, Ženewa hukugynyň kämilleşdirilmegine we ösdürilmegine degişli meseleleri ara alyp maslahatlaşmak barada gepleşikleri dowam etdirýär. Şonuň üçin hem 1945-nji ýylyň fewralynda HGHK entek uruş hereketleri tamamlanmadyk döwründe bar bolan Ženewa Konwensiýalaryny kämilleşdirmek baradaky teklibi öňe sürýär. 1948-nji ýylda Stokgolmda (Şwesiýa) geçirilen HGHK-nyň XVII halkara konferensiýasynda Ženewa Konwensiýalaryna täzeden seretmek meselesi goldanyldy we Diplomatik konferensiýany çagyrmak barada karar kabul edildi.

Diplomatik konferensiýa 1949-njy ýylyň 21-nji aprelinde 64 döwletiň wekilleriniň gatnaşmagynda öz işine başlady. Konferensiýa 4 Gurama bölünip öz işini alyp bardy. Birinji Gurama – I we II Ženewa Konwensiýalaryny taýýarlamak meselesine, Ikinji Gurama – III Ženewa Konwensiýasyny taýýarlamak meselesine, Üçünji Gurama – IV Ženewa Konwensiýasyny taýýarlamak meselesine, Dördünji Gurama – 4 sany Ženewa Konwensiýalarynyň ählisi üçin umumy bolan kadalary işläp taýýarlamak meselesine seretdi. Diplomatik konferensiýa 4 aý dowam etdi we onuň netijesinde 4 sany Ženewa Konwensiýalary kabul edildi. Olar:

1. «Hereket edýän goşunlardaky ýaralylaryň we syrkawlaryň ýagdaýyny gowulandyrmak hakynda» I Ženewa Konwensiýasy;
2. «Deňizdäki ýaragly güýçleriň düzümindäki ýaralylaryň, syrkawlaryň we gämi heläkçiligine duçar bolan adamlaryň ýagdaýyny gowulandyrmak hakynda» II Ženewa Konwensiýasy;
3. «Harby ýesirlere garamak hakynda» III Ženewa Konwensiýasy;
4. «Uruş wagtynda raýat ilatyny goramak hakynda» IV Ženewa Konwensiýasy.

Ženewa Konwensiýalaryna 1949-njy ýylyň 12-nji awgustynda gol çekildi we Konwensiýa azyndan ony iki döwlet tassyklandan soň Şweýsariýanyň Federal Geňeşine saklamaga tabşyran wagtyndan 6 aý soňra güýje girýär diýlip bellenildi.[28]

[28] Женевские конвенции 1949 г.: истоки и актуальность. Обращение Филиппа Шпёрри, директора Управления международного права МККК.

Hereket edýän goşunlardaky ýaralylaryň we syrkawlaryň ýagdaýyny gowulandyrmak hakynda I Ženewa Konwensiýasynyň täzeden seredilenden soňky görnüşi hem öňki görnüşleriniň esasy ýörelgelerine esaslanýar. Bu ýörelgelere laýyklykda, ýaralylaryň we syrkawlaryň, ýagny goragsyz bolan harby gullukçylaryň haýsy tarapa degişlidigine garamazdan, hormatdan peýdalanmak bilen kömek almaga hukugy bardyr. Olara kömek edýän işgärler we olaryň bolýan binalary, olaryň bähbitleri üçin ulanylýan serişdeler hem-de enjamlar gorag astynda bolup, olaryň eldegrilmesizligi ýörite nyşan bilen belgilenýär.

Şu Konwensiýada bellenilen tapawutlandyryjy nyşany we «Gyzyl Haç» ýa-da «Ženewa Haçy» ýazgylaryny we olaryň öýkünmelerini ulanmaga hukugy bolanlardan başga şahsy taraplaryň, hususy ýa-da jemgyýetçilik guramalaryň, kärhanalaryň islendik wagtda olaryň maksatlaryna seretmezden peýdalanmagy gadagan edilýär.

Ýokary Ylalaşýan taraplaryň hereket edýän degişli kanunçylygy görkezilen nyşanlaryň bikanun ulanylmagynyň öňüni alýan kadalara ýeterlik derejede laýyk gelmeýän bolsa, şu ýagdaýyň öňüni almak üçin degişli çäreler amala aşyrylmalydyr.

Hereket edýän goşunlardaky ýaralylaryň we syrkawlaryň ýagdaýyny gowulandyrmak hakynda I Ženewa Konwensiýasy 9 sany bapdan, 64 sany maddadan we jemlemeden ybaratdyr:

**1-nji bap.** Umumy düzgünler (1–11-nji maddalar);

**2-nji bap.** Ýaralylar we syrkawlar (12–22-nji maddalar);

**3-nji bap.** Sanitar bölümleri we guramalary (19–23-nji maddalar);

**4-nji bap.** Şahsy düzüm (24–32-nji maddalar);

**5-nji bap.** Bina we emläk (33–34-nji maddalar);

**6-njy bap.** Sanitar ulaglary (35–37-nji maddalar);

**7-nji bap.** Tapawutlandyryjy nyşan (38–44-nji maddalar);

**8-nji bap.** Konwensiýanyň ýerine ýetirilişi (45–48-nji maddalar);

**9-njy bap.** Hyýanat etmekligiň we hukuk bozulmalarynyň öňüni almak (49–54-nji maddalar);

**Jemleýji düzgünler** (55–64-nji maddalar).[29]

[29] Конвенция (I) об улучшении участи раненых и больных в действующих армиях. – Женева, 12.08.1949.

9. Sargyt № 3735

«Hereket edýän goşunlardaky ýaralylaryň we syrkawlaryň ýagdaýyny gowulandyrmak hakynda» I Ženewa Konwensiýasynyň 1-nji baby «Umumy düzgünler» diýlip, onda bu Konwensiýanyň hereket edýän möhletleri we umumy şertleri berkidilendir. Onuň 3-nji maddasyna laýyklykda, bu Konwensiýanyň ýaragly çaknyşyklaryň halkara derejesinde bolmadyk ýagdaýynda hem hereket edýändigi görkezilýär.

Umumy düzgünlerden soňra, 2-nji bapda ýaralylar we syrkawlar bilen bagly soraglara seredilýär. 1929-njy ýyldaky Konwensiýanyň 13-nji maddasynda goralýan şahslara diňe ýaralylar degişli edilip, olaryň goragdan we hormatdan peýdalanmaga hukugy bar.

1949-njy ýyldaky «Hereket edýän goşunlarda ýaralylaryň we syrkawlaryň ýagdaýyny gowulandyrmak hakynda» I Ženewa Konwensiýasyna laýyklykda, goralýan şahslara, adyndan belli bolşy ýaly, ýaralylar bilen bir hatarda syrkawlara hem howandarlyk we gorag berilýär. Konwensiýa aşakdaky derejelere degişli ýaralylar, syrkawlar, gämi heläkçiligine duçar bolanlar we şu aşakdaky derejelere degişli deňizde gämi heläkçiligine uçran adamlar barada ulanylar:

1. Çaknyşyk ýagdaýynda durýan tarapyň ýaragly güýçleriniň şahsy düzümi, şeýle hem şol ýaragly güýçleriň düzümine girýän ýygyn we meýletin otrýadlaryň şahsy düzümi;
2. Beýleki ýygyn we meýletin otrýadlaryň şahsy düzümi, şol sanda çaknyşyk ýagdaýda durýan tarapa degişli bolan we öz çäginde ýa-da onuň daşynda hereket edýän guramaçylykly garşylyk görkeziş hereketleriniň şahsy düzümi, hatda şol çägi basyp alan hem bolsa, ýöne şol ýygyn we meýletin otrýadlar, şol guramaçylykly garşylyk görkeziş hereketleri aşaky şertlere laýyk gelýän bolsa:
   a) öz tabynlygyndakylaryň başynda jogapkär adam durýan bolsa;
   b) kesgitli hem uzakdan aýdyň görünýän tapawutlandyryş belgisi bar bolsa;
   ç) ýaragy aç-açan göterýän bolsa;
   d) öz hereketlerinde urşuň kanunlaryny we adatlaryny berjaý edýän bolsa;

3. Özüni hökümetiň ýa-da häkimiýetiň tabynlygynda diýip hasap edýän, ýesirlikde saklaýan döwlet tarapyndan ykrar edilmedik regulýar ýaragly güýçleriň şahsy düzümi;
4. Ýaragly güýçleriň yzyna eýerýän, ýöne gös-göni onuň düzümine girmeýän raýat şahslary, mysal üçin, harby uçarlaryň ekipažyna girýän raýat şahslary, harby habarçylar, üpjün edijiler, ýaragly güýçlere durmuş hyzmatyny etmek wezipesini ýerine ýetirýänleriň yzyna eýerýän bolsalar, şol ýaragly güýçlerden ygtyýar alan bolsalar;
5. Söwda flotunyň gämileriniň ekipaž agzalary, şol sanda kapitanlar, losmanlar, ýigdekçeler (ýungalar) hem-de çaknyşyk ýagdaýda durýan taraplaryň raýat awiasiýasynyň halkara hukugynyň haýsydyr bir beýleki düzgünlerine görä has ýeňillikli kadadan peýdalanmaýan ekipažlar;
6. Basylyp alynmadyk çägiň duşman ýakynlaşanda çozup giren goşunlara garşy göreşmek üçin özakymlaýyn ýaraga ýapyşan, ýöne regulýar goşuna öwrülmäge ýetişmedik ilaty, eger olar ýaragy aç-açan göterýän bolsalar we uruş kanunlaryny hem-de adatlaryny berjaý edýän bolsalar.

Bu Konwensiýanyň 12-nji maddasynda goralýan şahslara garşy ulanmak gadagan edilen hereketler, ýagny jana kast etmeklik, gynamaklyk, bilkastlaýyn lukmançylyk kömegini bermezlik ýa-da ideg etmezlik we beýlekiler görkezilýär. Bu Konwensiýanyň 16-njy we 17--nji maddalary ýaralanan harby ýesirler hakynda nähili maglumatlary ýygnamalydygy we merhumlara görkezilmeli hormat dogrusynda bolup, 18-nji maddasynda bolsa ýaralylara hem-de syrkawlara kömek edýänleriň hukuklary dogrusynda bellenýär.

Bu Konwensiýanyň 3-nji baby 1929-njy ýyldaky Konwensiýadaky ýaly bolup, oňa diňe bir madda goşulýar. Ol hem 23-nji maddadyr.

«Hereket edýän goşunlardaky ýaralylaryň we syrkawlaryň ýagdaýyny gowulandyrmak hakynda» I Ženewa Konwensiýasynyň 4-nji baby 1929-njy ýyldaky Ženewa Konwensiýasyna garanyňda düýpli üýtgedilendir. 1929-njy ýyldaky Konwensiýada garşydaş tarapyň eline düşen lukmançylyk we din işgärleri, haýal etmän Watanyna ýollanmalydyr diýen kada bardyr.

1949-njy ýyldaky I Ženewa Konwensiýasynda ýokarda agzalan işgärleri harby ýesirlere seretmeklik maksady bilen aýratyn ýagdaýlarda saklap bolýar. Şeýle işgärleriň statusy we saklamaklyk zerurlygy bolmadyk şahslary watanyna dolamaklygyň şertleri Konwensiýanyň 30–32-nji we 28-nji maddalarynda anyk görkezilýär. Şeýlelikde, 1949-njy ýyldaky Konwensiýanyň bu maddalary bilen öňki Konwensiýanyň degişli «boşluklary» dolduryldy.

Bu Konwensiýanyň 5-nji baby «Bina we emläk» diýlip atlandyrylyp, agramly bölegi 1929-njy ýyldaky Konwensiýadan üýtgedilendir. Konwensiýanyň 6-njy babynda, ýagny garşydaş tarapyň ulag serişdelerini ýokarda görkezilen düzgüne degişli etmek baradaky kada 35-nji maddada görkezilýär. 1929-njy ýyldaky Konwensiýadan tapawutlylykda, 1949-njy ýyldaky Konwensiýada sanitar uçarlar (sanitar uçuş enjamlary) belli bir şertlerde we ýagdaýlarda bitarap döwletleriň üstünden uçup bilýärler. Bu barada Konwensiýanyň 37-nji maddasynda bellenip geçilýär.

«Hereket edýän goşunlardaky ýaralylaryň we syrkawlaryň ýagdaýyny gowulandyrmak hakynda» I Ženewa Konwensiýasynyň 7-nji babynda tapawutlandyryjy nyşan hakynda doly maglumat berilýär. Olaryň ulanyş tertibi görkezilýär. 1929-njy ýyldaky Konwensiýa garanyňda bu Konwensiýa hiç hili üýtgeşme girizilmedi. Muňa seretmezden, 1929-njy ýyldaky Konwensiýanyň 44-nji maddasynyň kesgitlemesi anyk berilmedi, indi 1949-njy ýyldaky Konwensiýanyň bu maddasy has takyklygy we logiki taýdan yzygiderliligi saklaýar. Bu «tapawutlandyryjy» ýa-da «gorag» nyşanynyň ulanyş tertibi berk bolsa-da, onuň dürli görnüşleri (Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý, Kristal) Gyzyl Haç Jemgyýetleri tarapyndan giňden ulanylýar.

Bu Konwensiýanyň 8-nji baby, onuň ýerine ýetirilişi hakyndaky düzgünlerden ybaratdyr.

«Hereket edýän goşunlardaky ýaralylaryň we syrkawlaryň ýagdaýyny gowulandyrmak hakynda» I Ženewa Konwensiýasynyň 9-njy baby «Jemleýji düzgünler» bolup, bu Konwensiýanyň aýratynlygy onuň 53-nji maddasydyr, onda tapawutlandyryjy nyşanyň bikanun ulanylmazlygy hakynda düzgünler berkidilendir.

1949-njy ýylyň 12-nji awgustynda kabul edilen «Hereket edýän goşunlardaky ýaralylaryň we syrkawlaryň ýagdaýyny gowulandyrmak hakynda» I Ženewa Konwensiýasy ynsanperwer hukugynda uly

ähmiýete eýedir. Çünki ol ynsanperwer hukugyny esaslandyryjy halkara-hukuk resminamasy bolan 1864-nji ýylyň «Gury ýer söweşinde ýaralylaryň we syrkawlaryň ýagdaýyny gowulandyrmak hakynda» Ženewa Konwensiýasynyň üsti ýetirilen, kämilleşdirilen görnüşidir we onsuz ynsanperwer hukugyny göz öňüne getirip bolmaýar.

Ženewa Konwensiýalarynyň «Konwensiýadaky Konwensiýa» ýa-da «Kiçi Konwensiýa» diýlip atlandyrylýan umumy 3-nji maddasy bar. Bu «Kiçi Konwensiýadaky» kadalary söweşýän taraplar hökmany berjaý etmäge borçludyrlar.

Halkara häsiýetli bolmadyk ýaragly dawalara gatnaşýan taraplar azyndan şu aşakdaky ýagdaýlary berjaý etmäge borçludyrlar:

1. Harby hereketlere gönüden-göni gatnaşmaýan, şol sanda Ýaragly güýçleriň düzümine degişli, emma boýun bolan, şol sanda kesellemegi ýa-da ýaralanmagy sebäpli harby hereketlere gatnaşmagyny bes eden şahslara milletine, tenininiň reňkine, dini ynanjyna, jynsyna, gelip çykyşyna, ýa-da emläk ýagdaýyna garamazdan, kemsidilmä sezewar edilmän, ynsanperwer, adamkärçilikli seredilmelidir. Şeýlelikde, şu aşakdaky hereketler hemme ýerde hemişe gadagan edilýär:

a) adamyň ömrüne we fiziki eldegrilmesizligine kast etmeklik, şol sanda adamy öldürmegiň dürli görnüşleri, şikes ýetirmek, wagşy çemeleşmeler, gynamalar we azap çekdirmeler;

b) girewine almak (zamun saklamak);

ç) adamyň namysyna kast etmek, şol sanda göwnüne degiji we kemsidiji çemeleşmeler;

d) ösen (siwilizasiýalaşan) milletler tarapyndan hökmany diýlip tassyklanan kazyýet kepili bar bolan kazyýet tarapyndan degişli ýagdaýda çykarylan deslapky kazyýet çözgüdi bolmazdan ýyl kesmek ýa-da jezalandyrmak;

2. Ýaralylar, syrkawlar ýygnalyp alnar we olara ýardam berler.

Gyzyl Haçyň Halkara Guramasy ýaly bitarap, tarap çalmaýan ynsanperwer guramalar dawa edýän taraplara öz ýardamyny teklip edip bilerler.

Mundan başga-da dawa edýän taraplar 1949-njy ýyldaky I ŽK-da bellenen ýagdaýlaryň ählisini ýa-da belli bir bölegini ýörite ylalaşyklar arkaly herekete getirmäge çalşarlar.

Ýokarda bellenilen ýagdaýlaryň berjaý edilmegi dawa edýän taraplaryň hukuk statusyna täsir etmeýär.[30]

Bu Konwensiýanyň kadalary garşydaş tarapyň eline düşen goralýan şahslara, olaryň gutarnykly öz watanyna, yzyna dolanýançalar ulanylýar.

1949-njy ýylyň I ŽK-sy tarapyndan haýyr-sahawat maksatly hereketlere, Halkara Gyzyl Haç Guramasynyň we şunuň ýaly ynsanperwerlik bilen meşgullanýan beýleki guramalaryň gyzyklanýan dawaly taraplaryň razylygy esasynda, ýaralylary, syrkawlary, lukmançylyk we din işgärlerine kömek etmeklige päsgelçilik döredilmeýär.

Syrkawlar, ýaralylar, lukmançylyk we din işgärleri şu Konwensiýada hem-de ýörite ylalaşyklarda göz öňünde tutulan hukuklaryndan doly ýa-da bölekleýin boýun gaçyryp bilmezler.

Harby häkimiýetler ýerli ilaty adamkärçilige çagyrmak bilen ýüzlenip bilerler. Olaryň gözegçiliginde ýerli ilat ýaralananlara we syrkawlara seredip bilýärler. Şu çagyryşa seslenenlere howandarlyk etmek we ýeňillikler bermek bolýar. Eger-de garşydaş tarap şu sebitde öz gözegçiligini ýola goýsa, onda bu tarap hem ýaralylara we syrkawlara seredýänlere ýokarda görkezilen howandarlygy hem-de ýeňilligi bermelidir.

Harby häkimiýetler ýerli ilata we ynsanperwer guramalara, hatda eýelenen sebitlerde hem öz isleglerine görä, milletine seretmezden, ýaralylary, syrkawlary ýygnamaklyga hem-de olara seretmeklige mümkinçilik bermelidir.

Şeýle-de raýat ilaty, ýaralylara we syrkawlara hormat bilen garamalydyrlar, hususan-da, olara zorluk etmeli däldirler.

Hiç kim ýaralylara we syrkawlara seredýändigi üçin yzarlanylmaly ýa-da ýazgarylmaly däldir.

Parahatlyk döwründe Ylalaşýan Taraplar uruş hereketleri başlanandan soň, öz territoriýasynda hem, zerur ýagdaýda eýelenen territoriýada hem lukmançylyk zolaklary döredip bilerler. Lukmançylyk zolaklary ýaralylara, syrkawlara we olara ideg etmek, şeýle-de bu zolaklaryň guramaçylyk hem-de dolandyryş bilen bagly işlerini ýerine

---

[30] Конвенция (I) об улучшении участи раненых и больных в действующих армиях. Женева, 12.08.1949.

ýetirýän işgärlerini uruş hereketlerinden goramak maksady bilen döredilýär.

Uruş hereketleri başlan döwründe we onuň tutuş dowamynda gyzyklanýan taraplar bu zolaklary ykrar etmek dogrusynda ikitaraplaýyn (ýa-da köptaraplaýyn) ylalaşyk baglaşyp bilerler. Şu maksat bilen bu Konwensiýa goşulan ylalaşyklara, özleriniň zerur hasaplaýan üýtgetmeleri girizip ulanyp bilerler. Penakär döwletler we Halkara Gyzyl Haç Guramasy lukmançylyk zolaklaryny döretmekligi hem-de ykrar etmekligi ýeňilleşdirmek üçin öz meýletin hyzmatlaryny hödürläp bilerler.

Lukmançylyk zolaklary hiç bir ýagdaýda hüjüme sezewar edilip bilinmez. Ähli wagtda ol zolaklar dawaly taraplaryň howandarlygyndan we goragyndan peýdalanýarlar. Lukmançylyk zolaklary ýaly maksatlar üçin ulanylýan ýerler hem dawaly taraplaryň goragyndan we howandarlygyndan peýdalanýarlar.

Ýaralylara we syrkawlara kömek edýän lukmançylyk gullugynyň hemişelik sanitar guramalary hem-de hereketdäki lukmançylyk gulluklary hiç bir ýagdaýda harby hüjümleriň nyşany bolmaly däldir. Onuň tersine, bu guramalar we gulluklar ýaragly çaknyşyklaryň dowam edýän wagtynyň tutuş dowamlylygynda dawaly taraplaryň howandarlygynda hem-de goragynda bolarlar.

Garşydaş tarapyň eline düşen ýagdaýynda hem bu gulluklar we guramalar öz işini dowam etdirip bilerler (basyp alan döwlet ýaralylaryň we syrkawlaryň aladasyny öz üstüne alýança).

Degişli häkimiýetler bu guramalaryň we gulluklaryň howpsuzlygy üçin harby obýektleri daşda ýerleşdirmekligiň aladasyny etmelidirler.

Bu Konwensiýanyň tapawutlandyryjy baýdagyny harby häkimiýetleriň razylygy bilen, diňe bu Konwensiýanyň howandarlygyndan, goragyndan peýdalanýan sanitar guramalary we gulluklary ulanyp bilerler.

Hemişelik ýa-da hereket edýän sanitar guramalary we gulluklary ýokarda agzalan baýdak bilen bilelikde öz ýurdunyň baýdagyny göterip bilerler, emma şeýle guramalaryň gözegçiligi garşydaş tarapyň eline geçse, onda diňe Konwensiýanyň baýdagyny götermelidirler.

Dawaly taraplar bu guramalary tapawutlandyrýan nyşanlaryň, garşydaş tarapyň harby howa, deňiz, gury ýer güýçleriniň hüjümlerinden goramak maksady bilen, olara görünýän derejede bolmagynyň aladasyny etmelidirler.

Lukmançylyk guramalarynyň we gulluklarynyň howandarlykdan we goragdan mahrum edilmegi mümkin, eger-de bu guramalaryň diňe bir ynsanperwer maksatlary üçin ulanylman, tersine, dawaly tarapyň garşysyna edilen hereketlerde ulanylmagy, belli bir möhlet bilen degişli duýduryşlar edilenden soňra we bu duýduryşlar özüniň degerli netijesini bermedik ýagdaýynda, ol guramalar howandarlykdan we goragdan mahrum edilýändir.

Şu aşakdaky ýagdaýlarda lukmançylyk guramalary we gulluklary howandarlykdan hem-de goragdan mahrum edilmeýär:

– ýokarda agzalan guramalaryň we gulluklaryň işgärleriniň ýaraglary bar bolup, olaryň şol ýaraglary özlerini, ýaralylary hem-de syrkawlary goramak üçin peýdalanmagy;
– ýaragly işgärleri, sanitarlary bolmanlygy üçin, ýörite ýaragly sakçylar ýa-da ýasawullar tarapyndan goralýanlygy;
– sanitar guramalarynda we gulluklarynda ýaralylardan we syrkawlardan alnan hem-de degişli ýerine tabşyrylmadyk ýaragyň dürli görnüşleriniň bolmagy;
– bu guramalarda onuň aýrylmaz bölegi bolmadyk weterinar gullugynyň şahsy düzümi we emläginiň bolmagy;
– lukmançylyk guramalarynyň we gulluklarynyň ýa-da olaryň işgärleriniň haýyr-sahawat işleri ýaralanan hem-de syrkawlan raýat ilatyna gönükdirilen bolsa.

Dawaly taraplar mümkinçilik dörän badyna, garşydaş tarapyň eline düşen ýaralylarynyň, syrkawlarynyň we aradan çykanlaryň şahsyýetini dikeltmäge ýardam berýän hemme maglumatlary hasaba almalydyrlar. Bu maglumatlar şu aşakdakylary öz içine almalydyr:

– şol şahslaryň haýsy döwlete degişliligi;
– harby ýa-da şahsy nomeri;
– familiýasy;
– ady ýa-da atlary;
– doglan senesi;

– beýleki maglumatlar, ýagny şahsyýetini tassyklaýan resminama ýa-da şahsyýetini tanamaklyga kömek edýän tumarlar;
– ýesirlige alnan ýeri we senesi ýa-da aradan çykan wagty hem-de ýeri;
– syrkawdygy, ýaralydygy barada maglumat ýa-da ölüminiň sebäbi.

Ýokarda görkezilen maglumatlar mümkinçilige görä çalt Maglumatlar bölüminiň dykgatyna ýetirilmelidir. Bu bölüm bu maglumatlary howandar döwletiň we harby ýesirleriň işleri boýunça Merkezi gullugy arkaly degişli döwlete habar bermelidir. Şeýle-de dawaly taraplar bu bölümiň üsti bilen, biri-birlerine aradan çykanlaryň sanawyny we olary tassyklaýan hatlary ýollap bilerler, aradan çykanlaryň ähli şahsy zatlary möhürlenip, olaryň ýakynlaryna iberilmelidir.

Dawaly taraplar aradan çykanlaryň mertebe bilen jaýlanmagyny ýola goýmak bilen, bu işlere bagly ähli zerur çäreleri görmelidirler.

Islendik wagtda, ylaýta-da, söweşden soň dawaly taraplar ýaralylary we syrkawlary gözläp tapmak, olara seretmek, olary talaňçylykdan hem-de beýleki erbet hereketlerden goramak ýaly zerur çäreleri ýerine ýetirmelidirler. Her gezek mümkinçilik dörän ýagdaýynda, uruş hereketlerini wagtlaýyn bes etmek hakynda ylalaşyk ýa-da ýerli ylalaşyk baglanyşmak arkaly söweş meýdanynda galan ýaralylary ýygnamagy we olaryň çalşygyny amala aşyrmagy ýola goýmalydyrlar.

Gabalan ýa-da eýelenen zolaklardan ýaralylary we syrkawlary çykarmak, ýa-da ol ýerlere lukmançylyk we din işgärlerini geçirmeklik hakynda dawaly taraplar ýerli ylalaşyklary baglaşyp bilerler.

Bu Konwensiýanyň goragyndan peýdalanýanlaryň şahsyýetine we olaryň emlägine garşy hereketlerden başga-da, olary bilkastlaýyn öldürmek, zalymlyk bilen gynamak, olarda biologik tejribeleri (synaglary) geçirmek, saglygyna zyýan ýetirmek, harby taýdan zerurlyk ýüze çykmazdan, uly göwrümli weýrançylyk edilmegi, bikanun emläkleriniň eýelenmegi, başganyň hasabyna ýa-da haýryna geçirilmegi hukuk bozulmalar hasaplanýar.

Dawaly taraplaryň biriniň başlangyçlary bilen, gyzyklanýan taraplaryň arasynda ýola goýlan tertipde, şu Konwensiýanyň kada-

larynyň bozulmagy bilen bagly derňew işleri başlanmalydyr. Bu ugurdan degişli ylalaşyga gelinmedik ýagdaýynda, derňew işleri bilen bagly meseleleri çözmek üçin özara ylalaşyk esasynda arbitr bellenýär. Hukuk bozulmalaryň ýüze çykarylan badyna, dawaly taraplar bularyň öňüni almak bilen, gysga möhletiň içinde degişli temmi çärelerini görmelidirler. Ylalaşýan Taraplaryň kanunçylygynda bu Konwensiýa tarapyndan gadagan edilen işleri amala aşyran ýa-da şeýle işleri ýerine ýetirmekligi buýruk beren şahslary jenaýat jogapkärçiligine çekmegiň netijeli temmi çäreleri göz öňünde tutulan bolmalydyr. Her bir Ylalaşýan Tarap şu Konwensiýada bellenilen ýagdaýlara garşy hukuk bozmalary amala aşyrýan ýa-da olary ýerine ýetirmekligi buýruk beren şahslaryň gözlegini ýola goýmaklyga we olaryň raýatlygyna garamazdan, olary öz ýurdunyň kazyýetine bermeklige borçlanýar. Şeýle-de, Ylalaşýan Tarap öz kanunçylygyna görä, gyzyklanýan beýleki bir Ylalaşýan Tarapa berip biler. Ýöne şol tarapda ol şahslaryň günälerini subut edýän subutnamalar bolmalydyr. Şu ýagdaýlara garamazdan, günäkärlenýänler (günäkärler) kazyýet işiniň tertibine laýyklykda we «Harby ýesirlere garamak hakynda» III Ženewa Konwensiýasynda göz öňünde tutulan goragdan we hukuklaryndan peýdalanýarlar.

Ylalaşýan Taraplaryň hiç biri şu Konwensiýanyň kadalarynyň bozulmagy bilen bagly jogapkärçilikden boşadylmaýarlar.

Her bir dawaly tarap özleriniň Ýaragly güýçleriniň Baş serkerdesiniň üsti bilen, şu Konwensiýada göz öňünde tutulan ýagdaýlaryň jikme-jik amala aşyrylmagy we Konwensiýada göz öňünde tutulmadyk ýagdaýlaryň umumy ýörelgelerden ugur alnyp ýerine ýetirilmegi hakynda alada etmelidirler.

Penakär döwletler goralýan şahslaryň bähbitlerine peýdaly diýip hasaplanlarynda we dawaly taraplaryň arasynda şu Konwensiýanyň düşündirilişi ýa-da ulanylyşy dogrusynda düşünişmezlik ýüze çykan halatynda, olar meýletin öz hyzmatlaryny hödürläp bilerler. Şeýle-de Penakär döwletler dawaly taraplaryň biriniň başlangyçlary bilen ýa-da öz başlangyçlaryna laýyklykda, bitarap territoriýada ýaralylaryň, syrkawlaryň, lukmançylyk we din işgärleriniň aladasyny etmeklik üstüne ýüklenen, dawaly taraplaryň degişli wekilleriniň, hususan-da, häkimiýet wekilleriniň ýygnagyny çagyryp bilerler. Edilen tekliplere dawaly taraplar hökman jogap bermelidirler.

# XI BAP. DEŇIZDÄKI ÝARAGLY GÜÝÇLERIŇ DÜZÜMINDÄKI ÝARALYLARYŇ, SYRKAWLARYŇ WE GÄMI HELÄKÇILIGINE DUÇAR BOLAN ADAMLARYŇ ÝAGDAÝYNY GOWULANDYRMAK HAKYNDA 1949-NJY ÝYLYŇ II ŽENEWA KONWENSIÝASY

## § 1. Deňizdäki ýaragly güýçleriň düzümindäki ýaralylaryň, syrkawlaryň we gämi heläkçiligine duçar bolan adamlaryň ýagdaýyny gowulandyrmagyň hukuk wezipeleri. 1949-njy ýylyň II Ženewa Konwensiýasyna düşünje

Deňiz urşunda çylşyrymly şertleriň bolmagy sebäpli, ynsanperwerlik haýal ýagdaýda ornaşýar. XVIII asyrda garşydaş goşunlaryň serkerdeleriniň özara ylalaşyklarynda adamy deňiz operasiýalary döwründe goramak barada birnäçe düzgünler bardy. Mysal üçin, gämi heläkçiligine uçranlaryň repatriasiýasy, eldegrilmesizligi we beýlekiler Gyzyl Haçy döredenler 1864-nji ýylyň Ženewa Konwensiýasynyň ýörelgeleriniň deňizdäki harby hereketlere hem degişli edilse gowy boljakdygyny belleýärler. 1864-nji ýyldaky konferensiýada bu teklip goldanylýar. Oňa mysal edip, 1866-njy ýylyň 20-nji iýunynda Lissanyň eteginde bolan pajygaly söweşi görkezmek bolar. Ol «Deňiz Solferinosy» diýlip atlandyrylýar. Dört sagatlyk söweşiň netijesinde awstraliýaly Admiral Tegethoffyň ýolbaşçylygynda Italiýa floty çym-pytrak edilýär, «Le-de Italiýa» gämisi oka tutulýar, gark edilýär, birnäçe deňizçiler ölýär, hiç kim kömege baryp bilmeýär. 1898-nji ýylda Kubanyň golaýynda ispan-amerikan urşy bolýar. Bu uruşda 1868--nji ýyldaky Konwensiýanyň düzgünleri güýje girýär. Konwensiýada gospital gämileriniň goragyny üpjün etmek göz öňünde tutulmandy. I–II Jahan uruşlary döwründe bu gospital gämilerine çozuşlar boldy. Bularyň hemmesi deňizdäki harby hereketler üçin ynsanperwer hukugynyň ýörelgeleriniň bolmazlygynyň getiren netijeleridir.

Urşy alyp barmagyň usullarynyň ewolýusiýasy, 1907-nji ýylda Konwensiýanyň üýtgedilmegi bar meseläni öňde goýdy, ýöne ol diňe 1949-njy ýylda amala aşyryldy. 1949-njy ýylyň II Ženewa Konwen-

siýasy 63 sany maddadan, 8 sany bapdan, I goşundydan ybaratdyr. II Ženewa Konwensiýasynyň kadalaryny gämi heläkçiligine uçran ýaralananlaryň, syrkawlaryň şu toparlarynda ulanyp bolar:

1. Çaknyşykdaky taraplaryň ýaragly güýçleriniň şahsy düzümi, şeýle hem ýygynyň we meýletinçiler otrýadynyň şahsy düzümleri;
2. Çaknyşykda beýleki döwletleriň ýygyn we meýletinçiler otrýadynyň şahsy düzümleri;
3. Halkara hukugynyň käbir düzgünleriniň ýeňilliklerinden peýdalanmaýan çaknyşýan taraplaryň söwda flotunyň we raýat awiasiýasynyň ekipažlary;
4. Ýaragly güýçleriň düzümine girmeýänler;
5. Basylyp alynmadyk territoriýalaryň ilaty;
6. Gämi heläkçiligine uçran şahslar;
7. Deňizde we beýleki suwlarda olary göçürýän gämileriň ýa-da uçujy enjamlaryň betbagtçylyga uçramagy zerarly heläkçilik çeken harby gullukçylar, raýatlar.

Belent mertebeli ylalaşýan taraplaryň biriniň çäginde ýüze çykýan ýaragly çaknyşyk halkara häsiýetine eýe bolmadyk wagtynda çaknyşyk ýagdaýynda durýan her bir tarap aşakdaky düzgünleri ulanmaga borçludyr:

1. Uruş hereketlerine gönüden-göni gatnaşmaýan adamlara, şol sanda ýaragly güýçleriň düzüminden bolup, ýaragyny taşlan adamlara, şeýle hem syrkawlygy, ýaralylygy, tutulyp saklanmagy zerarly ýa-da islendik başga bir sebäbe görä uruş hereketlerine gatnaşmagy bes eden adamlara ähli ýagdaýlarda-da jynsyna, teniniň reňkine, dinine, ýa-da ygtykatyna, aýal-erkekligine, gelip çykyşyna, ýa-da emläk ýagdaýyna garap, ýa-da şulara meňzeş islendik ülňüler boýunça, hiç hili kepillendirmezden ynsanperwerlikli garamalydyr.

Şu maksat bilen ýokarda görkezilen adamlar barada aşakdaky hereketler gadagan edilýär hem-de hemişe we hemme ýerde gadagan ediljekdir:

a) adamyň janyna we fiziki eldegrilmesizligine kast etmek, hususan-da, adamy öldürmegiň, şikes ýetirmegiň her hili görnüşleri, oňa gazaply garalmagy, gynamalar hem-de sütem etmeler;

b) girewine almak;

ç) adam mertebesine kast etmek, hususan-da, oňa masgaralaýjy we äsgermezlikli garamak;

d) ösen milletler tarapyndan zerur diýlip ykrar edilen kazyýet kepillikleriniň bolmagynda, degişli suratda döredilen, kazyýet tarapyndan çykarylan deslapky kazyýet çözgüdi bolmazdan iş kesmek we jeza çäresini ulanmak.

2. Ýaralylar, syrkawlar ýygnalyp äkidiler we olara kömek ediler.

Halkara Gyzyl Haç Guramasy ýaly, tarapgöýsiz ynsanperwer gurama çaknyşyk ýagdaýda durýan taraplara öz hyzmatlaryny hödürläp biler.

Kenarda düşürilen bu güýçler dessin hereket edýän goşunlarda ýaralylaryň we syrkawlaryň ýagdaýyny gowulandyrmak hakynda 1949-njy ýylyň 12-nji awgustyndaky Ženewa Konwensiýasynyň täsirine düşýärler.

II Ženewa Konwensiýasy çaknyşyk ýagdaýynda durýan taraplaryň bähbitlerini goramak wezipesi ýüklenen Penakär döwletleriň ýardam bermeginde hem-de gözegçilik etmeginde ulanylýar. Munuň üçin Penakär döwletler özleriniň diplomatik ýa-da konsullyk işgärlerinden başga-da hut öz raýatlarynyň, ýa-da beýleki bitarap döwletleriň raýatlarynyň arasyndan delegatlary belläp bilerler. Şol delegatlaryň bellenmegi üçin, olar öz wezipesini haýsy döwletiň garamagynda ýerine ýetirmeli bolsalar, şol döwletleriň razylygy alynmalydyr.

Çaknyşyk ýagdaýynda durýan taraplar Penakär döwletleriň wekilleriniň ýa-da delegatlarynyň işini bar bolan mümkinçilikleriň çäklerinde ýokary derejede ýeňilleşdirýärler.

Belent mertebeli ylalaşýan taraplar II Ženewa Konwensiýasy tarapyndan öz üstlerine tarapgöýsizlik we täsirlik, borçlulyk barada doly kepil berýän haýsydyr bir gurama ynanmak hakynda islendik wagtda ylalaşyga girip bilerler.

Göz öňünde tutulan haýsydyr bir Penakär döwletiň ýa-da guramanyň işi ýaralylara, syrkawlara we gämi heläkçiligine uçranlara ýa-da lukmançylyk we din işgärlerine haýsydyr bir sebäbe görä degişli bolmasa, ýa-da degişli bolmagyny bes etse, onda häkimiýetinde penakärlik edilýän adamlar bolan döwlet çaknyşykda durýan taraplar ta-

rapyndan bellenilen Penakär döwlet tarapyndan II Ženewa Konwensiýasyna laýyklykda ýerine ýetirilýän wezipeleri öz üstüne almak haýyşy bilen bitarap döwlete, ýa-da şeýle gurama ýüz tutmalydyr.

Eger penakärligi görkezilen ýagdaýda amala aşyrmak başartmasa, häkimiýetinde penakärlik edilýän adamlar bolan döwlet haýsydyr bir ynsanperwer gurama, mysal üçin, Halkara Gyzyl Haç Guramasyna ýa-da Konwensiýanyň 10-njy maddasynyň düzgünlerini hasaba almak bilen Penakär döwletler tarapyndan şeýle guramanyň ýerine ýetirýän ynsanperwer wezipelerini ýerine ýetirmegini öz üstüne almak teklibi bilen haýyş edip ýüz tutmalydyrlar.

Penakär döwletler ähli halatlarda, ony penakärlenilýän adamlaryň bähbitleri üçin peýdaly diýip tapan mahallary, hususan-da, II Ženewa Konwensiýasynyň düzgünlerini ulanmak ýa-da olara düşünmek barasynda çaknyşyk ýagdaýda durýan taraplaryň arasynda agzalalyk dörän wagtynda, agzalalygy düzgünleşdirmek maksady bilen özleriniň hoşniýetli hyzmatlaryny ederler. Şu maksat bilen Penakär döwletleriň her biri taraplaryň haýyşyna görä ýa-da öz islegi boýunça çaknyşyk ýagdaýda durýan taraplara olaryň wekilleriniň, hususan-da, ýaralylaryň, syrkawlaryň gämi heläkçiligine uçranlaryň, şeýle hem lukmançylyk we din işgärleriniň ýagdaýy barada alada etmeklik öz üstlerine ýüklenen häkimiýetleriň degişli suratda seçilip alnan bitarap çäkde maslahatyny guramagy teklip edip biler. Çaknyşyk ýagdaýda durýan taraplar özlerine şu manyda ediljek tekliplere ýol açmaga borçludyr. Penakär döwletler zerur bolan wagtynda, şol maslahata gatnaşmaga çagyryljak bitarap döwlete degişli ýa-da Halkara Gyzyl Haç Guramasy tarapyndan wekil edilip iberiljek adamy çaknyşyk ýagdaýda durýan taraplaryň makullamagynda hödürläp bilerler.

## § 2. Ýaralylara, syrkawlara we gämil heläkçiligine duçar bolan adamlara hemaýat etmek

Ýaragly güýçleriň şahsy düzümi we II Ženewa Konwensiýasynyň 13-nji maddasynda görkezilen beýleki adamlar deňizde bolup, ýaralananlarynda, syrkawlanlarynda ýa-da gämi heläkçiligine uçranlarynda ähli ýagdaýlarda penakärlikden hem-de goragdan peýdalanmalydyr, üstesine-de, «gämi heläkçiligi» diýen adalga uçarlaryň deňizde mej-

bury gonmagyny, ýa-da deňze gaçmagyny goşup, olaryň bolup geçen ýagdaýlaryna garamazdan, islendik gämi heläkçiligi üçin ulanylýar.

Şol adamlar çaknyşyk ýagdaýda durýan tarapyň hökümi astyna düşseler, şol tarap olaryň aýal-erkekligine, jynsyna, milletine, dinine, syýasy ynanjyna ýa-da şolar ýaly beýleki ülňülere garap, hiç hili kemsidilmezden olara ynsanperwer garalmagyny üpjün etmeli. Olaryň janyna we şahsyýetine kast etmek berk gadagan edilýär, hususan-da, olary ýok etmek ýa gyrmak, gynamak, olarda biologik synag geçirmek, bilkastlaýyn lukmançylyk kömeksiz, ýa-da idegsiz goýmak, zäherlenmegi üçin bilkastlaýyn şert döretmek gadagandyr.

Diňe gaýragoýulmasyz häsiýetdäki sebäplere görä, lukmançylyk kömegini bermekde nobatlylykda artykmaçlyk hukuga ýol berilýär.

Aýallar aýratyn sylag-hormatdan peýdalanýan zenan hökmünde goralmalydyr.

II Ženewa Konwensiýasynyň kadalary şu aşakdaky derejelere degişlilikde deňizde gämi heläkçiligine uçran syrkawlara, ýaralylara ulanylýar:

1. Çaknyşyk ýagdaýda durýan tarapyň Ýaragly güýçleriniň şahsy düzümi, şeýle hem şol Ýaragly güýçleriň düzümine girýän ýygyn we meýletin otrýadlaryň şahsy düzümi;

2. Beýleki ýygyn we meýletin otrýadlaryň şahsy düzümi, şol sanda çaknyşyk ýagdaýda durýan tarapa degişli bolan, öz çäginde ýa-da onuň daşynda hereket edýän guramaçylykly garşylyk görkeziş hereketleriniň şahsy düzümi, hatda şol çägi basyp alan hem bolsa, ýöne şol ýygyn hem-de meýletin otrýadlar, şol guramaçylykly garşylyk görkeziş hereketleri aşakdaky şertlere laýyk gelýän bolsa, ýagny:

– öz tabynlygyndakylaryň başynda jogapkär adam durýan bolsa;

– kesgitli hem uzakdan aýdyň görünýän tapawutlandyryş belgisi bar bolsa;

– ýaragy aç-açan göterýän bolsa;

– öz hereketlerinde uruş kanunlaryny we dessurlaryny berjaý edýän bolsalar;

3. Özüni hökümetiniň ýa-da häkimiýetiniň tabynlygynda diýip hasap edýän, ýesirlikde saklanýan döwlet tarapyndan ykrar edilmedik regulýar ýaragly güýçleriň şahsy düzümi;

4. Ýaragly güýçleriň yzyna eýerýän, ýöne gös-göni onuň düzümine girmeýän adamlar, mysal üçin, harby uçarlaryň ekipažyna girýän raýat ilaty, harby habarçylar, üpjünçiler, ýaragly güýçlere durmuş hyzmatyny etmek wezipesi ýüklenen işçi komandalaryň ýa-da gulluklaryň şahsy düzümi, ýöne munuň üçin olar haýsy Ýaragly güýçleriň yzyna eýerýän bolsalar, şol Ýaragly güýçlerden ygtyýar alan bolsalar;

5. Söwda flotunyň gämileriniň ekipaž agzalary, şol sanda kapitanlar, losmanlar we ýigdekçeler (ýungalar) hem-de çaknyşyk ýagdaýda durýan taraplaryň raýat awiasiýasynyň halkara hukugynyň haýsydyr bir başga düzgünlerine görä has ýeňillikli kadadan peýdalanmaýan ekipažlary;

6. Basylyp alynmadyk territoriýanyň duşman ýakynlaşanda çozup giren goşunlara garşy göreşmek üçin özakymlaýyn ýaraga ýapyşan, ýöne regulýar goşuna öwrülmäge ýetişmedik ilaty, eger olar ýaragy aç-açan göterýän bolsalar we uruş kanunlaryny hem-de dessurlaryny berjaý edýän bolsalar.

Eger ýaralylaryň, syrkawlaryň saglyk ýagdaýy olaryň berilmegine mümkinçilik berse we harby gämi zerur lukmançylyk idegi üçin göwnejaý şertleri üpjün edip bilse, söweşýän tarapyň islendik harby gämisi haýyr-sahawat jemgyýetleriniň ýa-da fiziki şahslaryň harby-gospital gämilerinde, şeýle hem bu gämileriň milli degişliligine garamazdan söwda gämilerinde, ýahtalarynda, ownuk gämilerde bolýan ýaralylaryň, syrkawlaryň, gämi heläkçiligine uçranlaryň berilmegini talap edip biler. Ýaralylar, syrkawlar we gämi heläkçiligine uçranlar bitarap harby gämisi ýa-da bitarap harby uçary bilen ýygnalsa, eger-de halkara hukugynyň talap eden halatlarynda olaryň ýene-de harby hereketlere gatnaşmazlyklary hakynda alada etmeli.

Duşmanyň gol astynda bolan söweşýän tarapyň ýaralylary, syrkawlary hem-de gämi heläkçiligine uçranlary harby ýesirler diýlip hasap edilýär we halkara hukugynyň olar üçin harby ýesirlere degişli kadalary ulanylýar. Ýesirlige alan, ýagdaýlara garap olary özünde galdyrmagyň gerekdigini, olaryň öz portuna, bitarap porta ýa-da duşmanyň portuna hem gerekdigini çözmek hukugyna eýedir. Öz ýurduna şeýle ýagdaýda gaýtarylan harby ýesirler urşuň dowamynda gulluk edip bilmezler.

Ýerli häkimiýetleriň razylygy bilen bitarap porta düşürilen gämi heläkçiligine uçran ýaralylar, syrkawlar, eger diňe bitarap döwletiň

söweşýän döwletler bilen ylalaşygy bolmasa, bitarap döwlet tarapyndan haçanda muny halkara hukugynyň talap eden halatlaryndaky ýaly saklanylsa, olar ýene-de harby hereketlere gatnaşmaly däldirler.

Gospitala ýerleşdirmek we watanyna gaýtarmak boýunça çykdajylary gämi heläkçiligine uçran syrkaw, ýaraly adamlaryň degişli döwleti çekmelidir.

Her bir söweşden soň çaknyşykda durýan Taraplar gämi heläkçiligine uçranlary, ýaralylary we syrkawlary agtarmak hem-de ýygnamak, olary talanmakdan, ýaramaz çemeleşmekden goramak, olara zerur idegi üpjün etmek üçin, şeýle hem ölüleri agtarmak, olaryň talanmagynyň öňüni almak üçin mümkin bolan ähli çäreleri dessine görerler.

Eger-de oňa ýagdaýlar mümkinçilik berende her gezek çaknyşykda durýan taraplaryň arasynda ýaralylary we syrkawlary deňiz arkaly gabalan ýa-da gurşalan zolakdan howpsuz ýere geçirmek, şeýle hem oňa barýan lukmançylyk, din işgärleri hem-de emlägi bu zolaga goýbermek babatda ýerli ylalaşyklary baglaşýarlar.

Çaknyşykda durýan Taraplar ýaralylaryň, syrkawlaryň, gämi heläkçiligine uçranlaryň we duşman tarapynyň ölenleriniň, olaryň eline düşenleriň şahsyýetini anyklamaga ýardam edýän ähli maglumatlar şu aşakdakylary öz içine almalydyr:

– şol adamyň hasapda durýan döwleti;
– harby ýa-da şahsy belgisi;
– familiýasy;
– ady ýa-da atlary;
– doglan senesi;
– onuň şahadatnamasynda ýa-da tanadyş tumarynda bar bolan ähli beýleki maglumatlar;
– ýesirlige alnan ýa-da aradan çykan senesi we ýeri;
– ýaralylygyna, syrkawlygyna degişli maglumatlar ýa-da aradan çykmagynyň sebäpleri.

Ýokarda görkezilen maglumatlar «Harby ýesirlere çemeleşmek hakynda» 1949-njy ýylyň 12-nji awgustyndaky Ženewa Konwensiýasynyň 122-nji maddasynda göz öňünde tutulan Maglumat Býurosynyň dykgatyna, mümkin bolşuna görä çalt ýetirilmelidir, olar Penakär döwletiň we harby ýesirleriň işleri baradaky Merkezi agentligiň

üsti bilen bu maglumatlary şol ýesirleriň hasapda durýan döwletine berýär.[31]

Çaknyşykda durýan Taraplar aradan çykandygy hakyndaky şahadatnamalary ýa-da ölenleriň takyk ýagdaýda tassyklanan sanawlaryny taýýarlap, şol býuro arkaly birek-birege ibermeli. Ölenlerde goşa tanadyş tumarynyň ýarysy ýa-da tanadyş tumaryny onuň özüni, öleniň maşgalasy üçin ähmiýetli bolan wesýetnamalary, beýleki resminalary, pullary, umuman, obýektiw ýa-da subýektiw gymmaty bolan ähli närseleri ýygnaýarlar hem-de şol býuronyň üsti bilen birek-birege berýärler. Bu zatlar, möhürlenen bukjalarda iberiler, oňa öleniň şahsyýetini anyklamak üçin gerek bolan ähli maglumatlar bolan beýannama we bukjalaryň içindäkileriň doly sanawy goşulýar.

Çaknyşykda durýan taraplar deňizde jaýlamagy mümkin bolşuna görä özbaşdak geçirmek üçin, ölen şahsyýetiň şahadatnamasyny we bu hakda mümkin bolan hasabaty takyklamak maksady bilen jesediň lukmançylyk gözden geçirilişiniň öňünden geçirilmegi üçin ähli zerur çäreleri görmeli. Eger ölenler ýere jaýlansa, olar babatda «Hereket edýän goşunlardaky ýaralylaryň, syrkawlaryň ýagdaýyny gowulandyrmak hakynda» 1949-njy ýylyň 12-nji awgustyndaky Ženewa Konwensiýasynyň düzgünleri ulanylýar.

## § 3. Gyzyl Haç gospital gämileriniň hukuk statusy. Gospital gämileri we olaryň şahsy düzümi. Tapawutlandyryş nyşanlarynyň ähmiýeti we olary ulanmagyň düzgünleri

Harby gospital gämileri, ýagny ýaralylara, syrkawlara, gämi heläkçiligine uçranlara ýörite we ýeke-täk kömek bermek maksady bolan döwletler tarapyndan gurlan ýa-da enjamlaşdyrylan gämiler olara bejerişi hem-de olaryň daşalmagyny hödürläp bilerler, islendik ýagdaýlarda-da olar hüjüm edilmäge sezewar edilmez, basylyp alynmaz, islendik wagtda-da hormatdan, goragdan peýdalanýandyrlar, olaryň ady, häsiýetnamalary çaknyşykda durýan Taraplara olaryň peýdalanmagyna çenli 10 gün galanda habar berilýär. Habarda bar bolan

[31] 1949-njy ýylyň 12-nji awgustyndaky Ženewa Konwensiýalary we onuň goşmaça Teswirnamalary. HGHK-nyň maglumat neşiri. Aşgabat, 2015.

maglumatlar registr brutto tonnažyny, burnundan yzyna çenli uzynlygyny we bogaldagynyň hem-de turbalarynyň sanyny öz içine alýar (II ŽK, 22-nji madda). «Hereket edýän goşunlardaky ýaralylaryň we syrkawlaryň ýagdaýyny gowulandyrmak hakynda» 1949-njy ýylyň 12-nji awgustyndaky Ženewa Konwensiýasynyň howandyrlygynda durýan kenar edaralary deňizden hüjüm edilmäge ýa-da oka tutulmaga sezewar edilmeli däldir.

Gospital gämilerine öwrülen söwda gämileri urşy dowam etdirmekde başga maksatlar üçin peýdalanyp bilinmez. Gospital gämileriniň we gämi lazaretleriniň hukugyna eýe bolan penakärlik, olar duşmanyň garşysyna gönükdirilen hereketleri amala aşyrmak üçin ynsanperwer borçlaryndan başga ulanylýan wagtynda bes edilip bilner. Penakärlik diňe degişli duýduryşdan soň, ähli zerur ýagdaýlarda möhleti belleýän we bu duýduryş netije bermedik halatyndan soň hem bes ediler. Hususan-da, gospital gämileri öz radio habar berijisi ýa-da aragatnaşygyň beýleki serişdeleri üçin gizlin kody edinip, ýa-da peýdalanyp bilmez.

Gospital gämilerini ýa-da gämi lazaretlerini penakärlikden mahrum edýän ýagdaýlar hökmünde şu aşakdaky şertler degişli edilip bilinmez:

– tertibi saklamak üçin, öz-özüňi we ýaralylary, syrkawlary goramak üçin bu gämileriň ekipažlary, gämi lazaretleriniň işgärleriniň ýaraglanmak fakty;

– ýüzmegi we aragatnaşygy üpjün etmek üçin niýetlenen apparatlaryň bortda bolmak fakty;

– ýaralylardan, syrkawlardan hem-de gämi heläkçiligine uçranlardan alnan we heniz degişliligi boýunça tabşyrylmadyk el ýaragynyň, söweş ok-därileriniň gospital gämilerinde ýa-da gämi lazaretlerinde ýüze çykarylmak fakty;

– gospital gämileriniň hem-de gämi lazaretleriniň ýa-da ýaralylaryň, syrkawlaryň we gämi heläkçiligine uçran raýat ilatyna olaryň komandalaryndan ynsanperwer işiniň degişli bolmak fakty;

– ok-därileriň zerur mukdaryndan ýokary ok-därileri we lukmançylyk wezipelerini ýerine ýetirmek üçin niýetlenen işgärleri daşamak fakty.

Gospital gämileriniň lukmançylyk, gospital we din işgärleri hem-de olaryň ekipažlary hormatdan, penakärlikden peýdalanýarlar; olar özleriniň gospital gämilerinde gulluk edýän wagtynda bortda ýaralylaryň we syrkawlaryň bardygyna garamazdan tutulyp saklanmaga degişli däldir.

II Ženewa Konwensiýasynyň 12-nji we 13-nji maddalarynda sanalyp geçilen adamlara lukmançylyk hem-de dini hyzmat etmek üçin niýetlenen lukmançylyk, gospital, din işgärleri, eger olar duşmanyň eline düşseler, hormatdan, penakärlikden paýdalanarlar. Ol syrkawlara we ýaralylara ideg etmek üçin zerur bolşuna görä, öz professional borçlaryny dowam etdirip biler. Eger zerur hasap etse, harby ýesirleriň lukmançylyk we din islegleri bilen baglanyşykly bu işgärleriň bir bölegini tutup saklamak zerur bolsa, gysga wagtda ony kenara düşürmek üçin ähli çäreleri görerler.[32]

Tutulyp saklanan işgär kenara düşürilenden soň, «Hereket edýän goşunlardaky ýaralylaryň we syrkawlaryň ýagdaýyny gowulandyrmak hakynda» 1949-njy ýylyň 12-nji awgustyndaky Ženewa Konwensiýasynyň düzgünleriniň täsirine düşýär.

Gyzyl Haçyň ak düşekdäki nyşany ygtyýarly harby häkimiýetleriň gözegçiliginde baýdaklarda, gol daňylarynda we lukmançylyk gullugyna degişli ähli beýleki zatlarda şekillendiriler. Emma eýýäm Gyzyl Haçyň ýerine düşegi ak Ýarymaýy ýa-da Gyzyl Ýolbarsy we Güni tapawutlandyryş belgisi hökmünde ulanylýan ýurtlar barasynda şol nyşanlara deň derejede II Ženewa Konwensiýasynyň manysynda ýol berilýär.

Gospital gämileriniň şahsy düzümi çep goluna çyg çekmekden zaýalanmaýan gol daňysyny daňmaly, onuň tapawutlandyryş belgisi bolýar, ol bolsa harby häkimiýetler tarapyndan berilýär we möhür basylýar. Bu şahsy düzümiň öz ýanynda tanadyş tumarlaryna tapawutlandyryş belgisi ýörite şahsyýet şahadatnamasy hem bolmaly. Bu şahadatnama çyg çekmekden zaýalanmaly däldir we ol jübä ýerleşdirer ýaly ölçegde bolmalydyr. Ol degişli ýurduň dilinde düzülmelidir we onda iň bolmanda onuň eýesiniň familiýasy, ady, doglan senesi, harby derejesi, goşun belgisi görkezilmelidir, şeýle hem II Že-

[32] 1949-njy ýylyň 12-nji awgustyndaky Ženewa Konwensiýalary we onuň Goşmaça Teswirnamalary. HGHK-nyň maglumat neşiri. Aşgabat, 2015.

newa Konwensiýasynyň penakärligine hukugynyň bardygy görkezilmelidir, şeýle hem goly ýa-da barmagynyň yzy, ýa-da olaryň ikisem bolmalydyr. Onda harby häkimiýetleriň güberçek şekilli möhüri bolmalydyr. Şahsyýet şahadatnamasy her goşunda birmeňzeş bolmalydyr. Uruş hereketleriniň başynda olar özleriniň kabul eden nusgasy hakynda biri-birine habar bermeli. Her şahadatnama mümkin boldugyça iň azyndan iki nusgalyk taýýarlanylmalydyr; onuň biri şol adamyň degişli bolan döwleti tarapyndan saklanylmaly. Ýokarda agzalan şahsy düzüm hiç bir halatda öz tapawutlandyryş belgilerinden ýa-da şahadatnamalaryndan we gol daňysyny daňmak hukugyndan mahrum edilip bilinmez. Olar ýitirilen wagtynda ol şahadatnamalaryň we tapawutlandyryş belgileriniň nusgasyny almaga onuň haky bardyr.

Deňizde söweş hereketleri alnyp barylýan döwürde Konwensiýanyň goragyndaky gämiler we ýüzüji serişdeler şu hili tapawutlanýarlar:

a) ähli daşky taraplary ak bolmaly;
b) bir ýa-da birnäçe goýy gyzyl haçlar uly ölçegde, gämileriniň korpusynyň her tarapynda we keseliginde bolmalydyr. Olar howada we deňizde gowy görner ýaly bolmaly. Gyzyl Haçly ak baýdak has beýik ýerde galdyrylmalydyr (II Ženewa Konwensiýasynyň 43-nji maddasy).

Ähli gospital gämileri milli baýdagyny galdyryp we olar bitarap döwlete degişli bolsalar, özlerini ilki goýan çaknyşykda durýan tarapyň baýdagyny galdyryp özüni tanadýarlar. Ak düşekdäki Gyzyl Haçly baýdak mümkin boldugyndan has ýokary galdyrylmalydyr. Gospital gämileriniň halas ediş gaýyklary, kenarýaka halas ediş gämileri we lukmançylyk gullugy tarapyndan peýdalanylýan ähli uly bolmadyk gämiler aýdyň görünýän goýy-gyzyl haçlar bilen ak reňkde reňklenilmelidir. Gijeki wagtda we ýagtylygyň çäklendirilen wagtynda özleri üçin hukugy bolan penakärligi üpjün etmegi isleýän ýokarda agzalan gämiler häkimiýetinde bolan çaknyşykda durýan Tarapyň razylygy bilen olaryň reňkiniň, tapawutlandyryş nyşanlarynyň ýeterlik gowy görünmegi üçin zerur çäreleri görmeli. Kenarýaka halas ediş gämilerine, basybalyjy döwletiň razylygy bilen hereket etmegini dowam etdirseler, özleriniň deňze çykan, ak düşekdäki Gyzyl Haçly baýdagy bilen birlikde milli baýdagyny ýokary götermegini dowam etdirmäge

rugsat berlip bilner, şunda çaknyşykda durýan, gyzyklanýan Taraplaryň ählisine bu hakda deslapdan habar berilmelidir. Gyzyl Haçyň nyşanyna degişli ähli düzgünler ähli nyşanlara deň ulanylýar. Tanadyş nyşanlary gämileri goramak ýa-da belgilemek üçin parahatçylykly wagtda hem, uruş wagtynda hem peýdalanyp bilner: haýsy-da bolsa, bir halkara Konwensiýasy tarapyndan ýa-da çaknyşykda durýan ähli gyzyklanýan Taraplaryň arasynda ylalaşyk bilen şertlendirilip bilinjek kadadan çykma bolup biler. 1949-njy ýylyň Ženewa Konwensiýalaryna gatnaşýan taraplar II Ženewa Konwensiýasyndaky hukuk bozulmalaryny eden ýa-da şeýle hukuk bozmany buýruk beren adamlar üçin degişli jezalary üpjün etmekde zerur bolan kanunçylygy herekete girizmäge özlerine borç edinip alýarlar. Gatnaşyjy taraplaryň her biri Konwensiýanyň düýpli bozulmalarynyň haýsy-da bolsa birini edenliginde ýa-da şeýle hereket etmäge buýruk berenliginde aýyplanylýan adamlary gözläp tapmagy we olaryň raýatlygynyň nähilidigine garamazdan, öz kazyýetine bermäge borçludyr. Eger ol islese, olary öz kanunçylygyna laýyklykda beýleki gyzyklanýan tarapyň kazyýetine berip biler, ýagny Ylalaşýan Tarapyň şol adamlary günäkärlemek üçin esas berýän subutnamalary bar bolsa berip biler. Ähli halatlarda-da günäkärlenilýän adamlar degişli kazyýet düzgünleriniň hem-de aklanmak hukugynyň kepillendirmelerinden peýdalanarlar, bular bolsa «Harby ýesirlere garamak hakynda» 1949-njy ýylyň 12-nji awgustyndaky Ženewa Konwensiýasynyň 105-nji maddasynda we beýleki maddalarynda göz öňünde tutulan kepillendirmelerden amatlylyk taýdan pes bolmaly däldir. Düýpli bozulmalara şu aşakdaky hereketleriň biri bilen baglanyşykly bozulmalar, eger şol hereketler II Ženewa Konwensiýasynyň penakärliginden peýdalanýan adamlara ýa-da emläge garşy gönükdirilen bolsa: bilkastlaýyn adam öldürmek, gynamak, oňa adamkärçiliksiz garamak, şol sanda biologik synaglar geçirmek, bilkastlaýyn agyr ejir çekdirmek ýa-da maýyp etmek, saglygyna zyýan ýetirmek, harby zerurlyk döretmeýän emlägi bikanun, eden-etdilikli, uly möçberde berbat etmek we eýelemek. Çaknyşyk ýagdaýda durýan taraplardan biriniň haýyşy boýunça Konwensiýanyň bozulmagy hakynda gyzyklanýan taraplaryň arasynda bellenilen düzgün boýunça derňew başlanmalydyr. Derňewiň düzgüni hakyndaky mesele babatda ylalaşyk gazanylmadyk wagtynda, Taraplar biri-biri

bilen ylalaşyp, derňewiň düzgüni hakyndaky meseläni çözjek araçyny saýlaýarlar. Düzgün bozulma anyklanan dessine çaknyşyk ýagdaýda durýan taraplar düzgün bozulmanyň öňüni almalydyr hem-de mümkin bolan gysga wagtyň içinde şol düzgün bozulma üçin temmi bermek barada çäre görmelidir.[33]

[33] 1949-njy ýylyň 12-nji awgustyndaky Ženewa Konwensiýalary we onuň Goşmaça Teswirnamalary. HGHK-nyň maglumat neşiri. – Aşgabat, 2015.

# XII BAP. «HARBY ÝESIRLERE GARAMAK HAKYNDA» 1949-NJY ÝYLYŇ III ŽENEWA KONWENSIÝASY

## § 1. III Ženewa Konwensiýasy barada düşünje we onuň kabul edilmeginiň ähmiýeti. «Harby ýesir» düşünjesi, harby ýesirleriň harby derejeleri

Harby ýesiriň hukuk statusy 1907-nji ýylyň IV Gaaga Konwensiýasy, III Konwensiýa we I Goşmaça Protokol bilen kesgitlenýär. Halkara ynsanperwer hukugynyň kadalary harby ýesirlere duşmanyň häkimiýetine düşen pursadyndan tä olaryň gutarnykly boşadylmagyna we repatriasiýa edilmegine çenli ulanylýar. Haçanda harby hereketleriň gatnaşyjylary garşydaşyň eline düşende we olaryň şahslaryň haýsy kategoriýasyna degişliligi barada şübhe dörän halatynda, olaryň ýagdaýy ygtyýarly kazyýet tarapyndan kesgitlenýänçä olar harby ýesir hasaplanýar.

Halkara ynsanperwer hukugy harby ýesirler bilen hemişe adamkärçilikli daraşmagy göz öňünde tutýar. Ýesirlige alan döwlet tarapyndan harby ýesiriň ölümine getiren ýa-da onuň saglygyny uly howpa goýan islendik bikanun hereket, ýa-da hereketsizlik gadagan edilýär we harby ýesirler baradaky Konwensiýanyň düýpli bozulmagy hasaplanýar. Harby ýesirler, eger-de olaryň bejerilmegini we bähbitlerini göz öňünde tutmaýan bolsa, haýsy-da bolsa, islendik häsiýetli ylmy ýa-da lukmançylyk tejribelere sezewar edilip bilinmez. Olara hiç hili fiziki ýa-da ahlak gynamalary we haýsy bolsa-da bir maglumat almak maksady bilen beýleki zorlukly hereketleri ulanylyp bilinmez. Soraglara jogap bermekden ýüz döndérýänlere haýbat atmak, olary kemsitmek ýa-da haýsy-da bolsa bir yzarlamalara, ýa-da çäklendirmelere sezewar etmek gadagandyr.

Harby ýesirler babatda şular gadagandyr: gelip çykyşy, milleti, dini, syýasy ygtykaty boýunça kemsitmek, zorlukly hereketler, gorkuzmak. Olara repressaliý ulanmak gadagandyr.

Harby ýesirleriň islendik halatlarda özleriniň şahsyýetine we mertebesine hormat goýulmagyna haky bardyr. Aýallara zenan hökmünde talap edilýän hormat bilen garamak gerek, olara ähli ha-

latlarda hem erkek adamlardan erbet garalmaly däldir. Harby ýesirler ýesir alnan wagty özleriniň peýdalanan öz raýatlyk hukuk ukybyny doly saklaýarlar. Harby ýesiriň saklanyş düzgüni olaryň saglygyny, ýaşyny ýa-da kwalifikasiýasyny nazara almak bilen kesgitlenilýär.

Her bir harby ýesir özünden sorag edilende, diňe öz familiýasyny, adyny we derejesini, doglan senesini, şahsy belgisini ýa-da bolmasa, şoňa meňzeş başga bir maglumaty aýtmaga borçludyr.

Eger harby ýesir bu kadany bilgeşleýin bozsa, oňa derejesiniň ýa-da ýagdaýynyň berýän artykmaçlyklarynyň çäklendirilmek howpy abanyp biler. Çaknyşyk ýagdaýynda durýan her bir tarap özüniň ýurisdiksiýasyna degişli bolan we harby ýesir bolmagy ähtimal her bir adamy şahsyýetini tassyklaýan şahadatnama bilen üpjün etmäge borçludyr, şahadatnamada onuň familiýasy, ady, derejesi, şahsy belgisi ýa-da deň derejedäki maglumaty hem-de doglan senesi görkezilmelidir. Şahsyýetini tassyklaýan şahadatnamada mundan başga-da, onuň eýesiniň goly ýa-da barmaklarynyň yzy, ýa-da olaryň ikisem bolup biler, şeýle hem onda çaknyşykdaky tarapyň öz Ýaragly güýçleriniň düzümine degişli bolan adamlar barada özüniň goşmak isleýän beýleki islendik maglumatlary bolup biler.[34]

Harby ýesirleriň ýaragyndan, atlaryndan, harby enjamlaryndan hem-de harby resminamalaryndan başga özleriniň şahsy ulanýan ähli zatlary, şeýle hem demir kaskalary, protiwogazlary hem-de olaryň özlerini goramak üçin, özlerine berlen şolara meňzeş zatlary olaryň eýeçiliginde galýar. Olaryň resmi geýim geýmek we iýmek-içmek üçin hyzmat edýän zatlary hem olarda galýar, hatda şol zatlar resmi harby enjama degişli bolsa-da, olarda galýar.

Harby ýesirler hiç wagt şahsyýetini tassyklaýan şahadatnamasyz galmaly däldirler. Ýesirlikde saklaýan döwlet şahadatnamalary bolmadyklara şahadatnama berýär.

Geýim tapawutlandyryş we döwlete degişlilik nyşanlary, orden-medallar, tapawutlandyryş nyşanlary hem-de, esasan, şahsy gymmaty bolan zatlar harby ýesirleriň elinden alnyp bilinmez. Harby ýesiriň puly diňe ofiseriň buýrugy boýunça hem-de diňe şol puluň mukdary we onuň eýeleri hakyndaky maglumat ýörite sanaw ýazgysyna bel-

---

[34] «Harby ýesirlere garamak hakynda» 1949-njy ýylyň 12-nji awgustyndaky III Żenewa Konwensiýasy, 17-nji madda.

lige alnandan soň, olaryň elinden alnyp bilner we puluň eýelerine dil haty berilýär, onda şol dil hatyny beren adamyň ady, derejesi, harby bölümi düşnükli edilip ýazylýar.

Ýesirlikde saklaýan döwlet harby ýesirleriň erkini çäklendirip biler. Erki çäklendirilen harby ýesirler diňe gury ýerde ýerleşýän hem-de arassaçylyk we saglygy goramak babatda doly kepil berýän jaýlarda ýerleşdirilip bilner. Ýesirlikde saklaýan döwletler harby ýesirler üçin niýetlenen lagerleriň geografik ýagdaýy hakyndaky zerur bolan ähli maglumatlary hemaýatçy döwletleriň araçyllygy bilen biri-birlerine mälim etmelidirler.

Her bir lagerde degişli lazaret bolmalydyr. Şol ýerde harby ýesirler zerur bolanda kömek alýarlar we olar üçin zerur naharlanyş düzgüni ornaşdyrylýar. Gerek bolan mahalynda, ýokanç keselliler we akyly ýerinde däller üçin aýrybaşga jaýlar (izolýatorlar) gurulýar. Agyr keselden ejir çekýän ýa-da saglyk ýagdaýy ýörite bejerişi, hirurgiýanyň gatyşmagyny, ýa-da gospitallara ýerleşdirilmegini talap edýän harby ýesirler, olary bejerip bilýän islendik harby, ýa-da raýat lukmançylyk edarasyna kabul edilmelidir, hatda eger olaryň watanyna gaýtarylmagyna az wagt galan hem bolsa kabul edilmelidir. Harby ýesirleriň lukmançylyk barlaglary azyndan aýda bir gezek geçirilmelidir. Lukmançylyk barlaglary döwründe her bir harby ýesiriň agramy barlanylýar we bellenilýär. Ýesirlikde saklaýan döwlet harby ýesirleri ondan oňa geçirmek hakyndaky meselä seredende, harby ýesirleriň özleriniň bähbitleri nazarda tutulmalydyr, munuň özi, hususan-da, olar watanyna gaýtarylanda kynçylyklary döretmezlik üçin edilýär.

## § 2. Harby ýesirleriň hukuk ýagdaýy, olaryň daşky dünýä bilen gatnaşygy. Ýesirlik düzgünleri barada harby ýesirleriň şikaýatlary

Harby ýesirlere özleriniň dini dessurlaryny berjaý etmekleri, şol sanda ybadat etmekleri üçin doly erkinlik berilýär, ýöne şunda olar harby häkimiýetler tarapyndan girizilen düzgün-nyzam tertibini berjaý etmelidirler. Duşman döwletiň hökümi astyna düşen hem-de harby ýesirlere kömek bermek üçin galan ýa-da tutulyp saklanan harby ruhanylaryň düzümine girýän din hadymlaryna özleriniň dini

wyždanlaryna laýyklykda öz ymmatynyň arasynda olaryň ruhy hajatlaryna hyzmat etmäge we öz borçlaryny erkin berjaý etmäge ygtyýar berilýär. Eger harby ýesirlere tutulyp saklananlaryň arasyndan dini kömek berip biljek harby ruhanylaryň wekili ýa-da olaryň dinine hyzmat edýän harby ýesir hadymy bolmasa, onda gyzyklanýan harby ýesirleriň haýyşy boýunça şol borçlary ýerine ýetirmek üçin, şol harby ýesirleriň dini ygtykatyna, ýa-da şoňa meňzeş dini ygtykata degişli din hadymy bellenilýär, ýa-da olar hem bolmasa, eger dini nukdaýnazardan ýol berilýän bolsa, dinden habarly dünýewi adam bellenilýär.

Harby ýesirlere, hususan-da, içinde azyk önümleri, geýim-gejim, derman-däri, olaryň dini isleglerini kanagatlandyrmak üçin niýetlenen zatlary, düşünjelerini artdyrmak ýa-da göwnüni açmaklary üçin bolan zatlary, şol sanda kitaplar, ybadat üçin niýetlenen zatlary, ylmy işler üçin abzallary we beýlekileri, poçta arkaly, ýa-da beýleki usullar arkaly almaga rugsat edilýär. Harby ýesirler üçin niýetlenen kömek posylkalarynyň hemmesi gümrük paçlaryndan we beýleki ýygymlardan boşadylýar.

**Harby ýesirleriň zähmet işi hakynda.** Ýesirlikde saklaýan döwlet zähmete ukyply harby ýesirleriň ýaşyny, aýal-erkekligini, harby derejesini, şeýle hem olaryň güýç-kuwwatyny we ruhy ýagdaýyny oňat halda saklamak üçin olaryň gara işe başarnygyny nazara alyp, olary işçi güýji hökmünde peýdalanyp bilýärler. Harby ýesir unter-ofiserlerden diňe olaryň işe gözegçilik etmegini talap edip bilýärler. Şeýle işde goýulmadyk unter-ofiserler özlerine ýararly başga iş berilmegini haýyş edip bilýärler, şeýle iş hem mümkin boldugyça olara berilmelidir. Eger ofiserler ýa-da şolara deňleşdirilen adamlar özlerine ýararly iş berilmegini haýyş edýän bolsalar, onda olara mümkin boldugyça şeýle iş berilmelidir. Olar islendik halatda işlemäge mejbur edilip bilinmez. Harby ýesirler öz lagerini dolandyrmak, enjamlaşdyrmak hem-de oňat saklamak işlerinden başga-da, diňe şu ugurlarda işlemäge mejbury suratda çekilip bilner: oba hojalygy, gazylyp alynýan ýa-da işläp bejerýän senagat pudaklary (muňa metallurgiýa, maşyngurluşyk we himiýa senagaty, şeýle hem harby häsiýete eýe bolan ýa-da harby maksady bolan jemgyýetçilik işleri hem-de gurluşyk girmeýär), harby häsiýetde bolmadyk, ýa-da şol maksat üçin niýetlenen ulagy işler, ýa-da ýük düşüriş-ýükleýiş işleri,

söwda, sungat we senetçilik, öý hojalyk işleri, harby häsiýetde bolmadyk, ýa-da şol maksat üçin niýetlenilmedik jemagat hyzmatlary. Ýesirlikde saklaýan döwlet harby ýesirleriň zähmetini ulananda, olaryň işleýän ýerinde zähmeti goramak baradaky milli kanunlaryň, hususan-da, tehniki howpsuzlyk kadalarynyň berjaý edilmegini üpjün etmelidirler. Eger harby ýesiriň özi meýletin razy bolmasa, olaryň hiç biri saglyga wehim salýan ýa-da howply işlerde ulanylyp bilinmez. Harby ýesirleriň hiç biri ýesirlikde saklaýan döwletiň harby gullukçysy üçin kemsidiji diýlip hasap edilýän işlerde ulanylyp bilinmez. Minalary ýa-da şoňa meňzeş snarýadlary aýyrmak işine howply iş hökmünde garalýar.

Harby ýesirleriň iş gününiň dowamlylygy işe gidip-gelmek üçin zerur wagt bilen birlikde çakdan aşa bolup bilmez we hiç bir halatda ýesirlikde saklaýan döwletiň şol etrapda, şonuň ýaly işde işleýän öz raýat işçileri üçin bellenilen iş gününiň dowamlylygyndan artyk bolmaly däldir. Harby ýesirlere iş gününiň aralygynda, iň bolmanda, bir sagat dynç alyş wagty berilmelidir. Bu dynç alyşlyk, eger ýesirlikde saklaýan döwletiň işçileri üçin bellenilen dynç alyşlykdan has dowamly bolsa, şoňa laýyk getirilmelidir. Mundan başga-da harby ýesirlere her hepdede bir gezek goşmaça arakesmesiz ýigrimi dört sagat dynç alyşlyk berilýär, ol mümkin bolsa, ýekşenbe güni ýa-da olaryň ýurdunda bellenilen dynç alyş gününde berilýär. Şeýle hem harby ýesiriň işlän her ýyly üçin iş haky ýöreýän sekiz günlük arakesmesiz dynç berilýär.

**Harby ýesirleriň pul serişdeleri.** Harby hereketleriň başlanan pursadyndan hemaýatçy döwlet bilen ylalaşyk baglaşylan wagtyna çenli, ýesirlikde saklaýan döwlet harby ýesirleriň ýanynda nagt ýa-da şoňa meňzeş bir görnüşde bolup biljek puluň aňrybaş çägini belläp bilýär. Harby ýesirleriň elinden alnan ýa-da tutulyp galan, özleriniň kanuny zady bolup durýan artyk puly, şeýle hem olaryň her hili görnüşde geçiren pul goýumy olaryň şahsy hasabyna geçirilýär we olaryň razylygy bolmasa, başga walýuta çalşyrylyp bilinmez. Ýesirlikde saklaýan döwlet ähli harby ýesirlere olary saklamagyň pul üpjünçiliginiň hasabyna her aý hakujy töleýär, onuň möçberi bolsa şu puly görkezilen döwletiň walýutasyna barabar hasaplap geçirmek arkaly kesgitlenilýär:

I kategoriýa: seržantdan kiçi derejeli ýesirler – sekiz şweýsar franky;

II kategoriýa: seržantlar we beýleki unter-ofiserler ýa-da degişli derejedäki ýesirler – on iki şweýsar franky;

III kategoriýa: kapitan derejesine çenli ofiserler (kapitan hem girýär) ýa-da degişli derejedäki ýesirler – elli şweýsar franky;

IV kategoriýa: maýorlar, podpolkownikler, polkownikler ýa-da degişli derejedäki ýesirler – altmyş şweýsar franky;

V kategoriýa: generallar ýa-da degişli derejedäki ýesirler – ýetmiş bäş şweýsar franky.

Çaknyşykdaky gyzyklanýan taraplar ýörite ylalaşyklar arkaly ýokarda sanalyp geçilen kategoriýalara girýän harby ýesirlere, degişli pul üpjünçiliginiň hasabyna berilýän hakujylarynyň möçberini üýtgedip bilýärler. Harby ýesirlere aýry-aýry adam üçin ýa-da umumy köpçülik üçin iberilen puly almaga rugsat berilýär.[35] Harby ýesirler gös-göni olary saklaýan häkimiýetlerden özleriniň işi üçin adalatly haky alýarlar, tölenmeli hakyň möçberi şol häkimiýetler tarapyndan kesgitlenilýär, ýöne ol doly iş güni üçin şweýsar frankynyň dörtden bir böleginden az bolup bilmez. Ýesirlikde saklaýan döwlet özüniň bellän gündelik iş hakynyň möçberini ýesirlere, şeýle hem hemaýatçy döwletiň üsti bilen olaryň hasapda durýan döwletine mälim edýär. Harby ýesiriň boşadylmagy ýa-da onuň öz ýurduna gaýtarylmagy sebäpli, onuň ýesirligi gutarandan soň, ýesirlikde saklaýan döwlet oňa şol döwletiň ygtyýarly edilen ofiseri tarapyndan gol çekilen resminama berilmelidir, şol resminamada onuň ýesirlikde bolmagynyň ahyrynda oňa düşýän kredit boýunça galyndysy görkezilýär.

**Harby ýesirleriň şikaýatlary.** Harby ýesirler haýsy harby häkimiýetleriň hökümi astynda durýan bolsalar, şolara özleri üçin ýesirlikde bolmagyň bellenilen düzgüni baradaky haýyşlaryny bermäge hukugy bardyr. Olaryň ynanylan adamyň üsti bilen ýa-da eger zerur diýip hasap etseler, özleriniň hiç bir çäklendirilmesiz, gös-göni hemaýatçy döwletleriň wekillerine ýüzlenip, ýesirlik düzgüniniň aýry-aýry pursatlary barada özlerinde bar bolan şikaýatlara üns bermeklerini haýyş etmäge hem hukugy bardyr.

[35] «Harby ýesirlere garamak hakynda» 1949-njy ýylyň 12-nji awgustyndaky Ženewa Konwensiýasy, 58, 60, 63-nji maddalar.

## § 3. Harby ýesirleriň düzgün-nyzam jogapkärçiligi

**Harby ýesirleriň düzgün-nyzam jogapkärçiligi.** Harby ýesirleriň lagerine söweşýän döwletiň Ýaragly güýçleriniň regulýar düzüminiň ofiseri tarapyndan ýolbaşçylyk edilýär. Lageriň başlygy lageriň personalynyň harby ýesirleriň ýagdaýyny kesgitleýän Konwensiýalarynyň dogry ulanmagyna we habarly bolmagyna jogapkärçilik çekýär. Harby ýesirler ýesirlikde saklaýan döwletiň Ýaragly güýçlerinde ulanylýan kanunlara, tertipnamalara we buýruklara tabyn bolmalydyrlar. Harby ýesirleriň özlerini alyp barmagyna degişli islendik düzgünler, buýruklar we bildirişler olara düşnükli bolan dilde habar berilmelidir. Düzgün-nyzamy bozandyklary üçin harby ýesirler düzgün-nyzam jogapkärçiligine çekilýär. Olaryň düzgün-nyzamy bozan her bir ýagdaýynda derňew işleri geçirilýär. Şol bir etmiş ýa-da şol bir aýyplanma üçin harby ýesirler diňe bir gezek jezalandyrylyp bilner. Eger ýesirlikde saklaýan döwletiň kanunlarynda, tertipnamalarynda ýa-da buýruklarynda harby ýesirler tarapyndan edilen hereketler jezalandyrylmaga degişli bolsa, ýöne şol bir wagtyň özünde olary ýesirlikde saklaýan döwletiň ýaragly güýçleriniň düzümine girýän adamlar üçin jogapkärçilige eltmeýän bolsa, onda harby ýesirlere diňe düzgün-nyzam temmisi berilýär. Harby ýesirleriň jenaýatlary üçin haýsy jeza çäreleriniň, ýagny jenaýat ýa-da düzgün-nyzam jeza çäreleriniň ulanylmalydygy hakyndaky meselä seredilende, ýesirlikde saklaýan döwletiň ygtyýarly häkimiýetleri harby ýesirleriň etmişlerine baha berenlerinde ýokary derejede geçirimlilik edip, mümkin bolsa düzgün-nyzam çärelerini ulanmaga synanyşmalydyrlar. Ýesirlikde saklaýan döwlet harby ýesiriň hiç birini derejesinden ýa-da tapawutlandyryş nyşanyny dakynmak mümkinçiliginden mahrum edip bilmez. Düzgün-nyzam ýa-da jenaýat jezasyny çekip ýören deň derejeli ofiserler, unter-ofiserler, ýa-da esgerler ýesirlikde saklaýan döwletiň Ýaragly güýçlerinde göz öňünde tutulan şeýle jeza çärelerinden has berk jeza çärelerine sezewar edilip bilinmez. Aýal harby ýesirler jezalaryny çekip ýören wagtynda ýesirlikde saklaýan döwletiň Ýaragly güýçleriniň düzümindäki aýallara berilýän jezadan has gazap jeza çäresini bermäge we olara has ýowuz daraşmaga ýol berilmeli däldir.

**Düzgün-nyzam temmisi.** Harby ýesirlere şu görnüşdäki düzgün-nyzam temmisi bellenilip bilner:

– III Konwensiýa (60-njy we 62-nji madda) laýyklykda 30 gün möhletden geçmedik, harby ýesirleriň pul üpjünçiliginiň we iş üçin tölenýän puldan 50%-den köp bolmadyk görnüşde jerime;
– «Harby ýesirlere garamak hakynda» Konwensiýada göz öňünde tutulan hukuklardan daşary berlen artykmaçlyklardan mahrum etmek;
– günde iki sagatdan artyk bolmadyk nobatdan daşary narýadlar (ofiserlere bu görnüşli temmi ulanylmaýar);
– tussag etmek.

Düzgün-nyzam temmileri adamkärçiliksiz, ýowuz bolmaly däldir we hiç bir ýagdaýda harby ýesirleriň saglygyna, janyna howp salmaly däldir. Bir temminiň dowamlylygy 30 günden köp bolmaly däldir. Düzgün-nyzam etmişi amala aşyrylan ýagdaýynda, işe seredilip, degerli netijä gelinýänçä, harby ýesiriň deslapky tussaglykda bolan möhleti harby ýesire berlen jezanyň möhletine goşulýar. Gadagan edilýär:

– indiwidual etmişler üçin köpçülikleýin jezalary we ten şikeslerini ulanmak;
– gündizki ýagtylykdan peýdalanmakdan mahrum etmek;
– islendik görnüşli gynamalar ýa-da ýowuz daraşmak.

Aýratyn-da, harby ýesiriň gaçgaklygy barada durup geçmek zerurdyr. Harby ýesiriň gaçmagy şu halatlarda şowly hasaplanýar:

– ol özüniň hasapda durýan döwletiniň ýa-da ýaranlykdaky döwletiň Ýaragly güýçlerine goşulan bolsa;
– ýesirlikde saklaýan döwletiň ýa-da onuň ýaranynyň hökümi astynda durýan çägi terk eden bolsa;
– özüniň hasapda durýan döwletiniň ýa-da ýaranlykdaky döwletiň baýdagy astynda ýüzýän gämä düşen bolsa.

Gaçgaklygy amala aşyrýan ýa-da oňa kast edýän harby ýesire garşy ýarag ulanmaklyk, ilki bilen, hökmany suratda duýduryşdan soňra peýdalanylmalydyr.

Şowly gaçgaklykdan soň ýene ýesirlige düşen harby ýesirler, öz gaçgaklygy üçin hiç hili jogapkärçilige çekilmeýärler. Gaçmaga synanyşan ýa-da gaçgaklygyny doly amala aşyryp bilmedik harby ýesir

düzgün-nyzam tertibinde jogapkärçilige çekilýär. Ol haýal edilmän, degişli harby wekillere berilýär. Harby ýesirler jenaýaty diňe özüniň gaçmagyny ýeňilleşdirmek maksady bilen eden bolsa we onuň bu etmişi jemgyýetçilik eýeçiligine garşy jenaýatlar, baýamak niýeti bolmazdan ogurlyk, galp resminamalary taýýarlamak ýa-da peýdalanmak, raýat geýimini geýmek ýaly adamyň janyna, saglygyna garşy haýsydyr bir zorlukly hereketler bilen utgaşmadyk bolsa, ol diňe düzgün-nyzam jogapkärçiligine çekilýär. Gaçgaklyga ýa-da oňa taýýarlyk görlende şärik bolan harby ýesirler hem düzgün-nyzam temmisine sezewar edilýär. Gaçgaklygy amala aşyran, ýöne soňra tutulyp saklanan harby ýesir barada onuň hasapda duran döwletine habar ýollanmalydyr.

Düzgün-nyzam temmiler, diňe lagere ýolbaşçylyk etmäge ygtyýarly ofiser ýa-da borçlaryny amala aşyrýan jogapkär ofiser tarapyndan bellenip bilner. Bu hili hukuklar hiç bir ýagdaýda harby ýesire berlip bilinmez. Düzgün-nyzam temmisi ýüklenilmezden ozal, harby ýesire öz ýagdaýyny düşündirmek mümkinçiligi berilýär. Temmi barada çözgüt oňa yglan edilmelidir. Düzgün-nyzam jezalary çekilýän ýerleriň ählisi sanitar talaplaryna laýyk gelmelidir. Ofiserler we wezipesi olaryňka deňleşdirilýän beýleki şahslar, unter-ofiserler ýa-da hatarçylar bilen bir jaýda ýerleşdirilmeli däldir. Aýal harby ýesirler düzgün-nyzam temmisini çeken wagtynda hökmany suratda erkek harby ýesirlerden aýratynlykda saklanmalydyr we olara lageriň administrasiýasynyň zenanlary gözegçilik etmelidir. Tussag görnüşli düzgün-nyzam temmisi ulanylan harby ýesirlere III Konwensiýanyň düzgünleri hereket edýär (78-nji we 126-njy madda). Düzgün-nyzam temmilerine sezewar edilen harby ýesirler, olara berlen harby atdan gelip çykýan hukuklardan mahrum edilip bilinmez.

**Harby ýesirleriň kazyýet jogapkärçiligi.** Jenaýat eden harby ýesirler babatda jenaýat işi olary ýesirlige alan döwlet tarapyndan gozgalýar we gysga wagtyň içinde 3 hepdeden gijä goýman kazyýetde işiň serediljekdigi barada harby ýesire howandarlyk edýän döwlete habar berilmelidir. Harby ýesirler olary ýesirlige alan döwletiň kanunçylygynda göz öňünde tutulmadyk hukuk bozulmalar üçin aýyplanyp bilinmez. Harby ýesire ýüklenýän aýypda özüni günäkär diýip boýun almaga mejbur etmek üçin hiç bir ýagdaýda oňa garşy fiziki we psi-

hiki basyşa ýol berlip bilinmez. Harby ýesiriň goranmaga mümkinçiligi bolmasa ýa-da oňa degişli adwokat bellenilmedik bolsa, oňa jeza bellenip bilinmez.

Harby ýesirler babatda adyl kazyýetlik diňe harby kazyýet edaralary tarapyndan amala aşyrylýar. Käbir halatlarda bolsa, ýesirlige alan döwlet öz kanunçylygyna laýyklykda raýat kazyýetlerine Ýaragly güýçleriň düzümindäki şahslaryň işlerine, ýagny aýyplanýan harby ýesirleriň işlerine seretmeklik üçin ýörite hukuk bilen ygtyýarlandyrýar. Ýesirlige düşmezden öň eden hereketleri üçin, ýesirlige alan döwlet tarapyndan yzarlanýan harby ýesirlere iş kesilen halatynda hem, olar harby ýesirler hakyndaky Konwensiýanyň howandarlygyndan peýdalanýarlar. Olara bir etmiş üçin diňe bir gezek iş kesilip bilner. Harby häkimiýet we ýesirlige alan döwletiň kazyýetleri harby ýesirleri ýesirlige alan döwletiň Ýaragly güýçleriniň düzümindäki şahslaryň amala aşyran şeýle hereketleri üçin göz öňünde tutulan jezalardan başga jezalara höküm edip bilmez. Her bir harby ýesiriň özi babatynda çykarylan hökümiň üstünden şikaýat etmäge ýa-da işe gaýtadan seretdirmäge hukugy bardyr. Oňa şikaýat etmegiň möhleti we tertibi barada habar berilýär.

Harby ýesirler we hemaýatçy döwletler ýesir alan döwletiň kanunçylygynda ölüm jezasyny göz öňünde tutýan hukuk bozulmalar babatynda habarly edilýärler. Hususan-da, hiç bir hukuk bozulma üçin harby ýesiriň hasapda duran döwletinden birugsat ölüm jezasy berlip bilinmez. Harby ýesire ölüm jezasy bellenilen halatynda, onda III Konwensiýa laýyklykda, höküm barada hemaýatçy döwlete habar berlen pursadyndan başlap 6 aýdan az bolmadyk möhletde ýerine ýetirilýär. Hökümi kanuny diýip hasap etmek üçin onuň hökmany suratda ýesir alan döwletiň Ýaragly güýçleriniň düzümine girýän şahslaryň işine seredilýän tertipde seredilip, hut şol kazyýetler tarapyndan çykarylan bolmalydyr. Harby ýesirler kanuny höküm esasynda özlerine berlen jezalaryny edil beýleki şahslar ýaly, ýagny ýesir alan döwletiň ýaragly güýçleriniň düzümindäki şahslar ýaly edaralarda we şertlerde geçýärler.

Harby ýesirler harby hereketler bes edilen dessine boşadylýar we olar watanyna gaýtarylýar (repatriasiýa). Çaknyşykdaky taraplaryň harby hereketleri bes etmek maksady bilen baglaşan ylalaşygynda

bu mesele barada kararlar bolmasa ýa-da şeýle ylalaşyk bolmasa, ýesirlikde saklaýan döwletiň her biri harby ýesirleri watanyna gaýtarmagyň meýilnamasyny düzýär we haýal etmän ony ýerine ýetirýär. Görlen çäreler hakynda harby ýesirlere habar berilýär. Harby ýesirleri watanyna gaýtarmak üçin edilýän çykdajylar ýesirlikde saklaýan döwlet bilen harby ýesirleriň hasapda durýan döwletiniň arasynda adalatly paýlanylýar. Watana gaýtarmagyň (repatriasiýa) ýörelgeleri III Konwensiýada berkidilendir (118 – 119-njy maddalar).

# XIII BAP. ÝARAGLY ÇAKNYŞYKLAR DÖWRÜNDE RAÝAT ILATYNYŇ GORAGY HAKYNDAKY 1949-NJY ÝYLYŇ IV ŽENEWA KONWENSIÝASY

## § 1. Raýat ilatyny goramak hakynda IV Ženewa Konwensiýasynyň zerurlygy, mazmuny we ähmiýeti

Ýaragly çaknyşyklar döwründe, köplenç, urşuň agyr netijelerinden raýat ilaty, harby hereketlere gatnaşmaýan aýratyn raýat şahslary ejir çekýärler. Hut şolar, harby-syýasy ýolbaşçylaryň, ýagny uruşda belli bir gyzyklanmasy bolanlaryň işi üçin ejir çekýärler. Ýaragly çaknyşyklar döwründe raýat ilatynyň hukuk ýagdaýy 1907-nji ýylyň gury ýer urşunyň kanunlary we däpleri baradaky Konwensiýasy, IV Konwensiýa, 1949-njy ýylyň Ženewa Konwensiýasynyň 1977-nji ýylda kabul edilen I we II Goşmaça Protokollary bilen kesgitlenýär.

I Goşmaça Protokolyň 51-nji maddasynda şeýle kada bar, ýagny: «Raýat ilaty, şeýle hem aýratyn raýat şahslary hüjümiň obýekti bolup bilmez». Bu kadanyň ewolýusiýasy, raýat ilatynyň arasynda pidalaryň sanynyň dyngysyz ösýänligi barada şaýat bolýan, häzirki zaman ýaragly çaknyşyklaryň taryhy tejribesine esaslanýar. I Jahan urşunda harby ýitgiler 95%, raýat ilatynyň arasynda 5% bolan bolsa, II Jahan urşunda harby ýitgiler 52%, raýat ilaty bolsa 49%-e çenli ösüpdir. Raýat ilatynyň arasyndaky ýitgileriň ýokarlanmagy indiki uruşlarda hem öz ornuny tapdy: Koreýadaky uruşda harby ýitgiler 16%, raýat – 84%; Wýetnamdaky ABŞ-nyň urşy 10% we 90%, Ysraýylyň Liwandaky urşunda raýat ilatynyň arasyndaky pidalaryň sany 95%-e çenli ösdi.

1949-njy ýylyň 12-nji awgustynda kabul edilen we 1950-nji ýylyň 21-nji oktýabrynda güýje giren «Uruş wagtynda raýat ilatyny goramak hakynda» Ženewa Konwensiýasynda Ikinji Jahan urşunyň ajy tejribesi göz öňünde tutulyp, iň esasy gymmatlyk bolan raýat ilatynyň howpsuzlygyna we goraglylygyna esasy üns berildi. Bu Konwensiýa 4 bölümden, 5 bölekden, 12 bapdan we 159 sany maddadan ybaratdyr. Ilkinji gezek, bu Konwensiýanyň awtorlary tarapyndan «raýat ilaty» we «raýat şahsy» ýaly adalgalara düşündiriş berilmeklige çalşyldy.

Raýat ilatynyň hukuk goragy halkara we halkara häsiýetli bolmadyk ýaragly çaknyşyklarda, hatda söweşýän tarapyň haýsy bolsa-da biri urşuň ýagdaýyny ykrar etmedik halatynda hem amala aşyrylýar. Şonuň bilen birlikde, ynsanperwer kadalar gelip çykyşy, milleti, dini ýa-da syýasy ygtykaty boýunça diskriminasiýa etmezden, çaknyşykda durýan ýurtlaryň ähli ilatyna degişlidir. Olar raýat ilatynyň, esasan hem, çagalaryň urşuň döredýän ejirlerini ýeňilleşdirmäge ýardam etmek üçin gönükdirilendir. Söweşýän taraplar olaryň islendik ýolberilmesiz hyýanatçylykdan goragyny üpjün edýärler, şeýle hem ýaşyny ýa-da islendik beýleki sebäbi nazara alyp, olaryň mätäçlik çekýän kömegini berýärler. 15 ýaşa ýetmedik çagalaryň harby hereketlere gönüden-göni gatnaşmazlygy üçin ähli çäreleri görýärler. 18 ýaşa ýetmedik çagalar hukuk bozan halatynda, ölüm jezasy bilen jezalandyrylmaýar. Söweşýän tarapyň öz raýatlaryndan başga çagalary, saglyk ýagdaýy ýa-da bejergi zerurlygy bolan halatynda wagtlaýyn ewakuasiýadan başga ýagdaýda, daşary ýurt döwletiň territoriýasyna göçürmäge hukugy ýokdur.

Haýsy bolsa-da bir maglumaty özünden ýa-da 3-nji şahsdan almak maksady bilen, raýat ilatyna fiziki, ýa-da ahlak täsirini ulanmak gadagandyr. Söweşýän döwletlere ýaragly çaknyşyklaryň barşynda raýat ilatyna fiziki ejirleri ýetirmek ýa-da onuň ölümine getirip biljek islendik çäreleri görmek gadagandyr: adam öldürmek, gynamalar, ten jezalary, şikesler, lukmançylyk, ylmy tejribeler, şeýle hem söweşýän tarapyň raýat ýa-da harby wekilleri tarapyndan islendik beýleki zorlukly hereketler. Ondan başga-da şu hereketler gadagandyr:

– köpçülikleýin jeza;
– urşy alyp barmagyň usuly hökmünde raýat ilatynyň arasynda açlygy ulanmak;
– terrorçylyk;
– talaňçylyk;
– girewine almak.

Raýat ilaty, aýratyn raýat şahslary çozuşlara, şeýle hem repressaliý tertibindäki çozuşlara sezewar edilip bilinmez. Raýat ilatyny ezmek maksady bolan zorlukly ýa-da zorlamak howpuny salýan hereketler, şeýle hem saýlawsyz häsiýetli çozuşlar gadagandyr. Şeýle hereketlere şular degişlidir:

– takyk harby obýektlere gönükdirilmedik çozuşlar;
– harby obýektlere we raýat şahslaryna ýa-da raýat obýektlerine islendik görnüşde zeper ýetirýän urşy alyp barmagyň usullaryny, ýa-da serişdelerini ulanmak bilen çozuş etmek;
– raýat ilatynyň ýa-da raýat obýektleriniň bar bolan şäher-obada, ýa-da beýleki çäkde ýerleşýän ýeke-täk harby obýekt hökmünde seredilýän, biri-birinden aýdyň yza galýan we tapawutlanýan harby obýektlerini islendik usullar, ýa-da serişdeler bilen partlatmak;
– raýat ilatynyň arasynda ýitgilere, raýat şahslaryň şikes almagyna we raýat obýektlerine zyýan ýetirip biljek çozuşlar.

Raýat ilaty ýa-da aýratyn raýat şahslary kesgitli punktlary, harby obýektleri, ýa-da harby hereketleriň çäklerini hüjümden goramak üçin, üstüni basyrmak üçin peýdalanylmaly däldir (I Goşmaça Protokol, 51-nji madda).

Raýat ilatyna degişli şahslaryň halkara hukugynyň kadalarynyň üpjün edýän hukuklaryndan (bölekleýin ýa-da dolulygyna) ýüz döndermäge hukugy ýokdur. Söweşýän taraplar raýat ilatynyň goragyny we hormatlanmagyny üpjün etmek üçin hemişe raýat ilatynyň hem-de kombatantlaryň arasynda tapawut geçirmelidirler. Harby hereketleriň gidişinde söweşýän taraplar raýat ilatyna we raýat şahslaryna ynsanperwer garamaga borçludyr.

Halkara hukugynda ýaralananlara, syrkawlara, gämi heläkçiligine uçranlara, maýyplara we çaga dogurýan aýallara kömek etmek üçin döredilen raýat hassahanalarynyň eldegrilmesizlik hukugynyň üpjünçiligine aýratyn üns berilýär. Raýat hassahanalarynyň işgärleri, administrasiýasy, şeýle hem gözlemek, ýygnamak, daşamak we ýaralananlar, syrkawlar, gämi heläkçiligine uçranlar, raýat şahslar, maýyplar, çaga dogurýan aýallar üçin niýetlenen bejergi beriş işlerini ýerine ýetirýän şahslar halkara ynsanperwer hukugynyň goragyndan peýdalanýarlar (IV Konwensiýa, 18 – 20-nji maddalar).

Daşary ýurtlularyň harby hereketleriň başynda ýa-da gidişinde özleriniň ýerleşýän territoriýasyndan çykmaga hukugy bardyr. Olaryň çykyşy bolýan ýurdunyň döwlet bähbitlerine garşy gelmeli däldir. Şonuň ýaly şahslaryň çykyşy baradaky şikaýatlaryň seredilişi, adatça, kesgitlenen tertibe laýyklykda amala aşyrylýar. Eger-de haýsydyr bir

şahsa territoriýadan çykyp gitmek haýyşyndan ýüz dönderilen bolsa, ol kazyýete ýa-da degişli administratiw edara ýüz tutup biler.

## § 2. Ýaragly çaknyşyklar döwründe raýat ilatyny we raýat şahsyny goramak üçin döredilýän zolaklar

«Uruş wagtynda raýat ilatyny goramak hakynda» IV Ženewa Konwensiýasynyň adyndan belli bolşy ýaly, bu Konwensiýa uruş bolýan, harby hereketleriň amala aşyrylýan ýerinde, ýaragly çaknyşyklaryň döwründe iň bir goraga mätäç bolan raýat ilatyny we raýat şahsyny ähli taraplaýyn goramaklyga gönükdirilendir. Elbetde, raýat ilatynyň goraglylygy, ilki bilen, onuň hukuklaryny goramakdan başlanýar.

Bu Ženewa Konwensiýasynyň 2-nji bölüminiň düzgünleri ýa-da maddalary dawaly taraplaryň raýat ilatynyň milletine, dinine, jynsyna we syýasy ygtykatyna seretmezden, olaryň ählisine degişlidir.

Bu Ženewa Konwensiýasynda harby hereketleriň amala aşyrylýan ýerindäki raýat ilatynyň has goraga mätäç toparlary diýlip şu aşakdakylara aýratyn üns berilýär:

– syrkawlar;
– harby hereketleriň netijesinde ýaralananlar;
– maýyplar;
– garrylar;
– 15 ýaşa çenli çagalar;
– göwreli aýallar;
– 7 ýaşa çenli çagasy bar bolan eneler.

Ýokarda agzalanlary we saglygy goraýyş gullugynyň işgärlerini, olaryň iş enjamlaryny, dini hadymlary (işgäleri) uruş hereketiniň dowam edýän ýerinden ewakuirlemek (çykarmak) ýa-da howpsuz ýere göçürmek barada uruş alyp barýan taraplar ylalaşmaga çalyşmalydyrlar. Ýaralananlar, syrkawlar, maýyplar, göwreli aýallar aýratyn howandarlykdan we goragdan peýdalanyp bilerler.

Raýat ilatyny we beýleki şahslary goramak üçin harby frontda 3 sany zolak hereket edip bilýär. Olara şular degişlidir:

– howpsuz zolak;
– lukmançylyk zolagy;

– bitarap zolak.

Bu üç zolagyň ähmiýeti dogrusynda giňişleýin durup geçmek hökmandyr.

Uruş hereketleri, ýaragly çaknyşyklar başlamazdan ozal, dawaly taraplar ýörite ýokarda agzalan toparlar üçin howpsuz we lukmançylyk zolaklaryny döredip bilýärler. Dawaly taraplaryň bu zolaklary ykrar etmek barada ýaragly çaknyşyklar başlanmazdan öň ylalaşmaklary mümkindir.

Harby hereketleriň dowam edýän döwründe howpsuz we lukmançylyk zolaklaryny döretmeklikde bitarap döwletler hem-de halkara ynsanperwer guramalary hem özleriniň gytaklaýyn täsirini ýetirip bilýärler. Ýagny olar harby herekete ýa-da urşa gatnaşýan taraplaryň biriniň başlangyjy bilen beýleki tarapa howpsuz we lukmançylyk zolaklaryny döretmeklik barada ýüz tutup bilerler. Şeýle zolaklarda ýokarda agzalan raýat ilatynyň has-da goraga mätäç bölegine netijeli kömek etmek bolar.

Halkara Gyzyl Haç Guramasy we Penakär döwletler şeýle zolaklary harby hereketler dowam edýän döwründe döretmeklige çagyrýar. Şeýle-de olar bu ugurdan dawaly taraplara öz kömeklerini hödürläp bilýärler.

Dawaly tarap gönüden-göni, Bitarap döwletiň ýa-da ynsanperwer guramalaryň üsti bilen, öz garşydaşyna ýaragly çaknyşyklaryň dowam edýän ýerinde aşakdaky şahslar üçin howpsuz bolan bitarap zolagy döretmek barada ýüz tutup biler:

– syrkawlar we ýaralanan kombatantlar hem-de kombatant bolmadyklar üçin;
– hiç hili harby herekete gatnaşmaýan we şu zolagyň çäginde harby häsiýetli işleri ýerine ýetirmeýän raýat şahslary üçin.

Bu zolak hakynda dawaly taraplar ylalaşyga gol çekýärler we ony möhür bilen tassyklaýarlar. Ol ylalaşykda bu zolagyň ýerleşmeli ýeri we oňa ýolbaşçylyk hem-de gözegçilik, zerur serişdeler bilen üpjün etmek barada şertleşilýär. Ondan başga-da bu ylalaşykda bitarap zolagyň hereket edip başlaýan we dowam edýän döwri görkezilýär.

Urşy alyp barýan taraplar, uruş hereketleriniň netijesinde maşgalasyndan aýra düşen 15 ýaşyna ýetmedik çagalaryň aladasyny etmelidirler. Olaryň terbiýesi we eklenji bilen bagly meseleler oňyn çö-

zülmäge degişlidir. Şeýle çagalaryň dini we medeni aýratynlyklaryna aýratyn üns berilmelidir. Şoňa görä, olaryň terbiýesi bilen bagly aladany çaga bilen medeni adatlary meňzeş ýa-da bir bolan ynamdar adama ynanylmagy maksadalaýykdyr.

Uruş hereketleri netijesinde maşgalasyndan aýra düşen 12 ýaşyna ýetmedik çagalaryň şahsyýetini anyklaýan ýörite tumarlary dakynmagy mümkin. Şeýle-de bu çagalaryň şahsyýetini saklap galmak maksady bilen, başga-da netijeli usullar ulanylyp bilner.

Bu Konwensiýanyň esasynda Gepleşik geçirýän tarap lukmançylyk we lukmançylyk bilen bagly serişdeleri bökdençsiz beýleki Gepleşik geçirýän tarapa geçirmäge borçludyr, hatda beýleki Gepleşik geçirýän tarap harby garşydaşyň bolmagyna garamazdan, bu hereketleri etmäge borçlanýar. Şeýle hem 15 ýaşyna ýetmedik çagalar, göwreliler üçin azyk önümlerini we beýleki zerur bolan zatlary päsgelçiliksiz geçirmäge razylyk berýär.

Harby herekete gatnaşýan dawaly taraplar ýaralananlary, merhumlary we beýleki heläkçilige duçar bolanlary gözlemek işine ýardam berip bilerler. Şeýle hem raýat ilatynyň kömege mätäç bölegine ýardam etmek maksady bilen gurnalan raýat gospitallara hüjüm etmek bolmaýar, dawaly taraplar şeýle ýerlere aýratyn howandarlyk edip bilerler. Uruş alyp barýan taraplar raýat gospitallarynyň diňe öz asyl maksady üçin, ýagny diňe raýat ilatyna hyzmat edýändigine, onuň eýeleýän binasynyň başga maksatlar üçin ulanylmaýandygyna göz ýetirenden soňra, bu gospitalyň zerur hajatlary bitirilip, ol ähli gerek zatlar bilen üpjün edilmelidir.

Raýat gospitalynyň diňe bir raýat ilatyna hyzmat edýändiginiň subudy hökmünde gospitalyň haýsy tarapa degişliligi boýunça, şol döwletiň razylygy bilen ýörite nyşan ulanylyp bilner. Bu nyşanyň daşky görnüşini, ululygyny dawaly taraplar ylalaşyp bilerler. Çünki bu nyşan harby gury ýer, deňiz we howa güýçleri üçin ony görmeklige kynçylyk döretmezden, bu gospitaly oňa garşy harby hüjümlerden goramaga ýardam bermelidir. Raýat gospitallarynyň abatlygy üçin, şeýle binalary harby binalardan daşda gurnamaklyk ýa-da ýerleşdirmek maslahat berilýär. Raýat gospitalynyň administratiw, gözleg, daşamak ýaly işlerini ýerine ýetirýän işgärleri hem aýratyn howandarlyga, goraga we abraýa mynasypdyrlar. Bu işgärler hem öz gezegin-

de şahsyýetini subut edýän resminamalaryny mydama öz ýanlarynda saklamalydyrlar.

Syrkawlaryň, maýyplaryň, göwreli aýallaryň, ýaralananlaryň gatnawyny amala aşyrýan ulagyň dürli görnüşi bolan uçarlar (uçarlaryň uçuş wagty, uçuş beýikligi, gatnawy gapma-garşy taraplaryň ylalaşygy esasynda kesgitlenýär), otlular, awtoulaglaryň kolonnalary, gämiler, raýat gospitallary ýaly ýörite nyşan bilen belgilenip, olaryň aýratyn howandarlykdan we goragdan peýdalanmaga hukugy bardyr.

Raýat ilatyna garşy urşy alyp barmagyň serişdesi hökmünde açlyk ulanylyp bilinmez. Her bir raýat şahsy dawaly tarapyň ýa-da ol tarapyň basyp alan territoriýasynda bolýandygyna garamazdan, öz maşgalasyna (şeýle-de maşgalasynyň nirede ýaşaýandygyna seretmezden) diňe şahsy häsiýetli habary ýollap biler we olar hakynda habary alyp biler. Maşgala häsiýetli habarlar çalt we päsgelçiliksiz ugradylmaga degişlidir. Dawaly taraplar ýaragly çaknyşyklaryň netijesinde biri-birinden aýra düşen maşgala agzalarynyň gözleg işlerini ýeňilleşdirmelidirler, eger mümkin bolsa maşgala agzalarynyň biri-birini tapmaklygyna ýardam etmelidirler. Şeýle-de bu işler bilen meşgullanýan guramalary goldamalydyrlar, bu guramalar hem, öz gezeginde gözleg işleriniň amala aşyrylýan döwletiniň howpsuzlyk bilen bagly kadalaryny berjaý etmelidirler.

Şeýle-de raýat ilatyny goramak hakynda Ženewa Konwensiýasyna laýyklykda, talamak we ýesir almaklyk hem gadagan edilýär.

Ýesirlik, bendi etmeklik uruş hereketleri gutaran badyna bes edilmelidir. Ýesirlige ýa-da bendilige alnanlar öz hukuklaryny saklap galýar we şu Konwensiýadan gelip çykýan hukuklaryndan peýdalanyp bilýärler.

Penakär döwletleriň ýörite wekillerine goralýan şahslaryň bar bolan ähli ýerlerine, ýagny bendileriň, tussaglaryň saklanýan we olaryň işleýän ýerlerine baryp görmäge rugsat edilýär. Şeýle-de olara goralýan şahslaryň peýdalanýan desgalarynyň ählisine girmäge, goralýan şahslar bilen şaýatsyz gürleşmäge, zerur ýagdaýynda terjimeçiniň hyzmatlaryndan peýdalanmaga ýol berilýär. Şeýle ýerlere barmaklygyň sany we dowamlylygy çäklendirilip bilinmez, diňe harby taýdan zerurlyk dörän wagtynda wagtlaýyn gadagan edilip bilner. Penakär döwletleriň ýörite wekillerine barmak isleýän ýerlerini saýlap almaklykda doly erkinlik berilýär. Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň

ýörite wekillerine hem şeýle hukuklar degişlidir. Ol wekilleriň öz işini ýerine ýetirmek maksady bilen, barmaly ýerleriniň ýerleşýän döwletiniň razylygy hem hökmanydyr. Ynsanperwer häsiýetli kömek ýükleri diňe maksadalaýyk ulanylmalydyr. Eger-de zerur ýagdaý ýüze çykyp bu ýükler degişli maksady üçin ulanylmasa, onda basyp alnan ýurduň ilatynyň bähbidi göz öňünde tutulmaly we Penakär döwletiň razylygy bolmalydyr.

Ynsanperwer häsiýetli Türkmenistan döwletimiz hem tebigy we beýleki betbagtçylyklaryň netijesinde heläkçilik çeken dürli ýurtlaryň halklaryna yzygiderli kömek berýär. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy boýunça Gaitiniň, Pakistanyň tebigy betbagtçylyklardan ejir çeken halklaryna ynsanperwer kömekleri ugradyldy.

Şeýle hem ýurdumyz türkmen halkyna gadymdan bäri mahsus bolan belent ynsanperwer gymmatlyklara ygrarly bolmak bilen, goňşy Owganystana ynsanperwer kömegini yzygiderli ugradýar, onuň durmuş-ykdysady düzüminiň dikeldilmegine iş ýüzünde goldaw berýär. Milli Liderimiziň başlangyjy boýunça türkmen tarapynyň serişdelerine Owganystanda, hususan-da, saglyk öýi we mekdep guruldy. Hyrat welaýatynyň Turgundy şäherçesinde Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy boýunça bina edilen çaga dogrulýan öýüniň açylyş dabarasy boldy.

Türkmenistanyň Prezidentiniň gol çeken Kararyna laýyklykda, goňşy ýurtda saglygy goraýşa degişli täze desgany degişli önümler, dermanlar we beýleki lukmançylyk serişdeleri bilen üpjün etmek üçin ynsanperwer ýüki ugradyldy.

## § 3. «Uruş wagtynda raýat ilatyny goramak hakynda» IV Ženewa Konwensiýasynda bellenen ýagdaýlar

Halkara derejesinde hereket edýän we ynsanperwerlik hukugynyň aýrylmaz bölegi bolan bu Konwensiýanyň her bir maddasynyň aýratynlykda öwrenilmäge mynasyplygy şübhesizdir. Elbetde, raýat ilatyny goramak hakynda Ženewa Konwensiýasyndaky aýratyn bellenen ýagdaýlar hakynda hem has uly göwrümli işler ýazmak mümkin.

«Uruş wagtynda raýat ilatyny goramak hakynda» IV Ženewa Konwensiýasyndaky bellenen ýagdaýlaryň käbirine aýratynlykda seredip geçmek bolar.

Ženewa Konwensiýasynyň 2-nji maddasynda görkezilen islendik urşuň ýa-da harby hereketleriň başlan badyna bu Konwensiýadan peýdalanyp bolar. Bu Konwensiýanyň hereket ediş möhleti dawaly taraplaryň arasyndaky ýaragly çaknyşyklar gutarnykly bes edilenden soňra tamamlanýar.

Basylyp alnan ýa-da ýeňlen tarapyň territoriýasynda bu Konwensiýanyň hereket ediş möhleti ýaragly çaknyşyklar gutarnykly gutarandan soňra, ýene 1 ýyl dowam edýär. Emma basyp alan ýa-da ýeňen tarap basylyp alnan territoriýada hökümetiň wezipelerini ýerine ýetirýänligi üçin, bu tarap şu Konwensiýanyň 1–12, 27, 29, 30–34, 47, 49, 51, 52, 53, 59, 61–77 we 143-nji maddalary bilen baglydyr.

Ženewa Konwensiýalary, şol sanda «Uruş wagtynda raýat ilatyny goramak hakynda» IV Ženewa Konwensiýasy hem diňe halkara derejesindäki ýaragly çaknyşyklarda ulanylýar, emma «Uruş wagtynda raýat ilatyny goramak hakynda» IV Ženewa Konwensiýasynyň we beýleki Ženewa Konwensiýalarynyň hem 3-nji maddasyna laýyklykda, bu Konwensiýa ýaragly çaknyşyklaryň halkara derejesinde bolmadyk ýagdaýynda hem ulanylýar.

Bu maddanyň «Uruş wagtynda raýat ilatyny goramak hakynda» IV Ženewa Konwensiýasynda bolmagyny halkara ynsanperwer hukugynda hakyky öňegidişlik hasaplamak bolar. Çünki mundan öňki şu ugurdaky ylalaşyklarda diňe döwletleriň arasyndaky halkara ýaragly çaknyşyklar bilen bagly ýagdaýlar göz öňüne tutulypdy. Şu maddada bolsa, ýaragly çaknyşyklaryň halkara häsiýetine eýe bolmadyk ýagdaýynda hem raýat ilatynyň goraglylygy göz öňüne tutulandyr. Şonuň üçin, bu madda döwrebaplygyny we ähmiýetini häzirki wagtda hem ýitirmeýär.

«Uruş wagtynda raýat ilatyny goramak hakynda» IV Ženewa Konwensiýasynda ýekeleýin (indiwidual) we köpçülikleýin (kollektiw) jeza beriş çäreleri gadagan edilýär.

Şeýle-de bu Konwensiýada: «Goralýan şahsyň etmedik jenaýaty üçin etmişi çekilip bilinmez» diýlip bellenip, onuň bilen bir hatarda köpçülikleýin jeza bermeklik hem edil terror we beýleki gorkuzmak çäreleri ýaly gadagan edilýär. Şu madda «Uruş wagtynda raýat ilatyny goramak hakynda» IV Ženewa Konwensiýasynyň 33-nji maddasy bolup, bu maddanyň döremeginiň aýratyn taryhy bar.

Köpçülikleýin jezalandyryş çäreleri harby jenaýat hasaplanýar. Bu Konwensiýanyň awtorlary Birinji we Ikinji Jahan uruşlaryndaky repressiýalary göz öňünde tutup, şu maddany girizýärler. «Uruş wagtynda raýat ilatyny goramak hakynda» IV Ženewa Konwensiýasyna şu madda Birinji Jahan urşunda nemes goşuny tarapyndan, Belgiýanyň oba ilatyna garşylyk görkezendikleri üçin, köpçülikleýin jeza çärelerini, Ikinji Jahan urşunda hem garşylyk görkezilen ýeriň ilatyna şeýle jezalaryň ulanylmaklygy ýaly wagşyçylykly hereketleriň gaýtalanmazlygy sebäpli ýazylýar. Şeýle pajygaly wakalar bu maddanyň asyl manysynyň ähmiýetine göz ýetirmeklige mümkinçilik berýär.

Şu Konwensiýada ýene-de bir ýagdaý aýratyn nygtalýar. Onda görkezilişine görä: «18 ýaşamadyk goralýan şahsa islendik ýagdaýda eden hukuk bozmalary üçin ölüm jezasy berlip bilinmez» diýlip bellenilýär. Biziň ýurdumyzyň Esasy Kanunynyň 32-nji maddasynda bellenişine görä: «Her bir adamyň ýaşamaga we ony amala aşyrmagyň erkinligine hukugy bardyr. Hiç kim ýaşamaga bolan hukugyndan mahrum edilip bilinmez. Her bir adamyň erkin ýaşamaga bolan hukugy döwlet tarapyndan kanun esasynda goralýar. Türkmenistanda ölüm jezasy ýatyrylandyr» diýlip bellenmegi ýurdumyzyň kanunçylygynyň ýokary ynsanperwer ýörelgesine eýerýändigini aýdyň görkezýär.

Şu Konwensiýanyň 136-njy maddasyna laýyklykda, döredilen Merkezi Maglumatlar gullugy (agentligi) ýaragly çaknyşyk zerarly çagalaryň şahsyna degişli ýitirilen maglumatlary gözlemek, öwrenmek, anyklamak bilen meşgullanyp, olaryň ata-enesini, garyndaşlary we beýleki ýakynlary bilen bagly maglumatlar mydama hasaba alynmalydyr.

«Uruş wagtynda raýat ilatyny goramak hakynda» IV Ženewa Konwensiýasynda Milli Maglumatlar Bölümi we Merkezi Maglumatlar gullugy (agentligi) hakynda bellenilen aýratyn ýagdaýy, onuň poçta bilen bagly ýygymlaryndan boşadylýar we bu Konwensiýanyň 110-njy maddasynda bellenen ýeňilliklerden peýdalanmaga hukugy bardyr. Bu ýeňillikler diňe bir şu Konwensiýada göz öňünde tutulman, eýsem 1947-nji ýyldaky Bütindünýä Poçta Konwensiýasy [36] we Bütindünýä Poçta Bileleşiginiň ylalaşygynda hem şeýle ýagdaýlar bellenendir.

---

[36] Häzirki wagtda 2012-nji ýylda kabul edilen Bütindünýä Poçta Konwensiýasy hereket edýär.

Ondan başga-da Milli Maglumatlar Bölümi goralýan şahslaryň goýan gymmatly şahsy goşlaryny saklamaga, zerur ýagdaýlar ýüze çykanda ol goşlary Merkezi Maglumatlar gullugynyň (agentliginiň) üsti bilen degişli şahslara bermäge borçludyr.

Jemlenip aýdylanda, şu Konwensiýada aýratyn bellenen ýagdaýlar dürli görnüşde bolsa-da, olar bilen bagly çözgütler hem şu Konwensiýa esaslanyp amala aşyrylsa, raýat ilatynyň uruş ýaly gaty howply hadysalaryň tutuş dowamynda howpsuzlygynyň, goraglylygynyň derejesiniň hem has ýokary bolýandygy aýdyňdyr.

Ynsanperwerlik hukugynyň ýörelgelerine halkara derejesinde amal edilmegi, dünýäde parahatçylygy, howpsuzlygy, hyzmatdaşlygy saklamaga ýardam berer.

Halkara ynsanperwer hukugynyň ösmegi adamzat siwilizasiýasynyň halasgäridir.

# XIV BAP. HALKARA YNSANPERWER HUKUGYNYŇ KADALARYNY MILLI KANUNÇYLYGA ORNAŞDYRMAK

## § 1. Halkara ynsanperwer hukugy barada Türkmenistanyň kanunçylygy. Häzirki zaman halkara ynsanperwer hukugynyň ösüşiniň aýratynlyklary

Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri hem umumadamzat bähbitli ynsanperwer syýasatydyr. Ynsanperwer hukugynyň ýüze çykmagynyň, emele gelmeginiň we hereketiniň taryhy jähetleriniň esas goýujy ähmiýeti bardyr. Jemgyýetçilik ylmynyň islendik meselesine garamagyň obýektiwligi, onuň taryhda haçan ýüze çykandygynyň, öz ösüşinde haýsy tapgyrlary geçendiginiň, nähili netijelere getirendiginiň we ol hadysanyň nämä öwrülendiginiň takyk kesgitlenilip, öwrenilýän hadysanyň hemmetaraplaýyn hem-de başga hadysalar bilen baglanyşyklylykda öwrenilmeginden ybarat bolup durýar.

Halkara ynsanperwer hukugy adamzadyň ösüşiniň anyk bir basgançagynda ýüze çykdy we onuň bilen bilelikde ösýär. Jemgyýetde bolup geçýän üýtgeşmeler, umuman, halkara hukugynyň, hususan-da, halkara ynsanperwer hukugynyň gutulgysyz özgermegine getirdi, getirýär we getirer.

Halkara ynsanperwer hukugynyň kadalary taryhy nukdaýnazardan işlenip düzüldi. Köp asyrdan bäri dowam edip gelýän tejribe hukuk pudagynyň emele gelmegine getirdi, dürli wagtda ol dürli-dürli atlandyrylýardy: uruş hukugy, ýaragly çaknyşyklar hukugy, halkara ynsanperwer hukugy.

Ilkibaşdan, bu pudak ähli halkara hukugy ýaly adaty häsiýetlidi. Emma XVIII asyrdan başlap, döwletler urşy alyp barmagyň ýollarynda hem-de usullarynda, serişdelerinde söweşýänleri çäklendirmek, parahat ilaty goramak, söweşýänleriň, goşulmaýanlaryň, harby ýesirleriň, internirlenenleriň statusyny kesgitlemek we ş.m. maksady bilen düzgünleriň tertibini işjeň işläp taýýarlamaga başladylar.

Halkara ynsanperwer hukugy pudak hökmünde XIX asyrda emele gelip başlady. Alymlar halkara ynsanperwer hukugynyň 1864-

-nji ýylda hereket edýän goşunlarda ýaralananlaryň we syrkawlaryň ykbalyny gowulandyrmak hakyndaky Konwensiýanyň, 1868-nji ýylda Sankt-Peterburg Jarnamasynyň, 1874-nji ýylda Brýussel Jarnamasynyň kabul edilmegi bilen başlady diýip hasap edýärler. Halkara ynsanperwer hukugy diňe XX asyrda doly emele geldi. Adaty kadalaryň ýerine şertnamalaýyn ýazylan kadalar döredi. Harby hereketleri alyp barmagy düzgünleşdirilýän halkara hukugynyň kadalary 1899-njy we 1907-nji ýyllarda Gaaga konferensiýalarynyň netijesinde ep-esli derejede kodifisirlendi. Bu kadalar halkara ynsanperwer hukugynda «Gaaga hukugy» diýlip atlandyrylýar. 1949-njy ýylda Ženewada urşuň pidalaryny goramak hakynda Konwensiýalaryň dördüsi kabul edildi. Bu Konwensiýalaryň kadalary, şeýle hem olara 1977-nji ýylyň Goşmaça Protokollary halkara ynsanperwer hukugynda «Ženewa hukugy» diýlip atlandyrylýar.

«Halkara ynsanperwer hukugy» adalgasy täze adalga bolup durýar. Ol XX asyryň 50-nji ýyllarynda ýüze çykdy. Ilkinji gezek, ony belli şweýsar hukukçysy Žak Pikte ulandy we ol adalga «uruş hukugy» diýlip sözme-söz kesgitlenýär.

Ýurdumyzyň we daşary ýurt edebiýatynda halkara ynsanperwer hukugynyň mazmuny we halkara hukugy ulgamynda bu pudagyň orny baradaky meseleler boýunça iki esasy nukdaýnazar (çäklendirilen we giňişleýin çemeleşme) bar.

Ynsanperwerlik hukugyny işläp düzmäge täsir eden esasy faktorlaryň biri, ýagny söweş meýdanynda söweşijiniň namysy hakyndaky düşünjesi häzirki zaman jemgyýetine täsir etmegini bes edenligi üçin, bu boşlugy doldurmaga ukyply täze güýjüň zerurlygy ýüze çykdy. Hakykatda, şeýle güýç bolup, adamyň hukuklary barada düşünje we onuň mundan beýläk hem saklanyp galmak ähmiýetliligi bolup durýar.

Giňişleýin düşünjesi halkara ynsanperwer hukugyna diňe ýaragly çaknyşyklaryň hukugyny däl-de, eýsem, adam hukuklarynyň hukugyny girizmeklige esaslanýar. Ynsanperwer hukugyna has giň manyda garamak bilen, oňa uruş we parahatçylyk döwründe adam hukuklaryny üpjün etmek hem-de goramak meselelerini goşmak bilen, şu nukdaýnazardan, biziň pikirimiz boýunça has esaslandyrylan bolup durýar. Bu nukdaýnazary halkara hukugy çygrynda belli alymlaryň

ençemesi hem goldaýarlar. Öň halkara ynsanperwer hukugy hökmünde düşünilen «uruş hukugy» düşünjesiniň häzirki wagtda hukugyň bu pudagynyň ähli burçuny öz içine almaýandygy belli bolýar.

Şeýlelikde, halkara kadalary bilen düzgünleşdirilen gatnaşyklaryň göwrümi we olary reglamentirlemegiň hili, häzirki zaman halkara ynsanperwer hukugynda döwletleriň ynsanperwer çygryndaky hyzmatdaşlyklarynyň netijelerini görkezýän täze ugruň emele gelendigine şaýatlyk edýär. Öz hukuk güýji, täsir ediş çygry, gatnaşyjylaryň düzümi, adam hukuklaryny hem-de azatlyklaryny düzgünleşdirmekligiň häsiýeti we ş.m. boýunça tapawutlanýan bu pudagyň kadalary halkara hukugynyň dürli çeşmelerinde bellenilendir.

Bu ugurda halkara ynsanperwer hukugy ynsanperwer meseleleri boýunça halkara hyzmatdaşlygyny düzgünleşdirýän ýörelgeleriň jemi bolup durýar.

Häzirki wagtda öň hereketsiz görünýän käbir konsepsiýalaryň täzeden manysyny aňmak zerurlygynyň wagty geldi. Bu, stereotiplerden gutarmagy we halkara ynsanperwer hukugynyň nazaryýet hem-de amaly meselelerini barlamaga täze çemeleşmelerini işläp düzmekligi talap edýän, XXI asyryň başlarynyň halkara-hukuk ylmynyň derwaýys meselesi bolup durýar.

Öňki wagtda, halkara ynsanperwer hukugy ýaragly çaknyşyklaryň geçýän döwründe hereket etmeli diýen nazaryýet giňden ýaýran bolsa, häzirki wagtda, halkara ynsanperwer hukugynyň çeşmeleriniň tejribesi we seljerişi bu pudagyň parahat döwürde hem özüni bildirýändigini görkezýär. H.P.Gasseriň belleýşi ýaly, halkara ynsanperwer hukugy bu halklaryň arasynda parahatçylykly gatnaşyklary emele getirmek we goldamak maksady bolup durýan, köptaraply halkara hukugynyň bölegi bolup durýar.

Halkara we ynsanperwer hukugy nukdaýnazaryndan Türkmenistan üçin Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň mahsusdygyny bellemek zerurdyr. Bitaraplyk Türkmenistanyň daşary syýasat işinde diňe wajyp syýasy-hukuk ähmiýete eýe bolman, eýsem, çeşmeleriň arasynda BMG-niň çözgütlerine ähmiýetli orun berilýän, döwlet içindäki hukugyň ösüşine ýardam edýär.

Halkara ynsanperwer hukugy ynsanperwer ideallaryň ýaýradylmagyna we halklaryň arasynda parahatçylygyň ýola goýulmagyna

ýardam edýär. Parahatçylygy goramak babatda işiň, güýç ulanmagy gadagan etmegiň we halkara ynsanperwer hukugynyň aralaryndaky arabaglanyşyk has aýdyň bolup durýar. Hakykatdan-da, biziň düşünişimize görä, berk parahatçylygyň, şeýle hem halkara derejede parahat ösüşiň we hyzmatdaşlygyň bolmagy, eger olar halkara ynsanperwer hukugyny berjaý etmeklige hem-de şahsyýetiň mertebesini hormatlamaklyga esaslanmaýan bolsa mümkin däl.

XXI asyrda ynsanperwer hukugynyň ösmegi üçin giň mümkinçilikler bar. Bu köp ýagdaýlar bilen şertlendirilen, ilki bilen, ynsanperwer hukugy diňe ýaragly çaknyşyklar döwri hereket edýän hukuk däl-de, eýsem, adamyň hukuklaryny goraýan hukuk ylmynyň bir pudagydyr. Halkara ynsanperwer hukugy – halklaryň we döwletleriň parahatçylykly durmuşda ýaşamagyna gönükdirilen hukuk.

## § 2. Halkara ynsanperwer hukugynyň kadalaryny milli kanunçylykda ornaşdyrmagyň täsirli mehanizmleri, zerurlygy we maksadalaýyklygy. Türkmenistanyň halkara ynsanperwer hukugyndan gelip çykýan milli borçnamalary

Häzirki zaman halkara ynsanperwer hukugynda halkara hukugynyň bu pudagynda dürli jähetleri düzgünleşdirýän halkara-hukuk resminamalarynyň umumy toplumy döredildi. Emma şertnamalara goşulmak ýa-da tassyklamak ilkinji amaly ädim bolup durýar. Hukuk kadalary özbaşdak subýektleriň hakyky özüni alyp baryşlaryna howaýy mümkinçiliginiň we borçly bolmagynyň aňlatmasy bolup durýar. Şonuň üçin düzgünleşdiriş häsiýetleriniň hakyky bolmagy diňe durmuşa geçiriş prosesiniň üsti bilen ýüze çykyp biler.

Halkara we milli hukugyň özara gatnaşygy meselesi bilen meşgullanýan hukukçylaryň arasynda, netijede, halkara hukugyň kadalary milli hukugyň ulgamyna girizilýän, halkara hem-de milli hukugyň özara baglanyşygy prosesini kesgitlemek hem-de onuň hukuk mazmuny baradaky mesele boýunça bir umumy pikiriň ýokdugyny bellemek gerek.

*«Halkara ynsanperwer hukugy», «ýaragly çaknyşyklaryň hukugy»* we *«uruş hukugy»* aňlatmalaryna manydaş aňlatmalar hökmünde

12. Sargyt № 3735

garamak bolar, ol ýa-da beýleki adalgany saýlap almak ony kimiň ulanýandygyna we nähili ýagdaýda ulanýandygyna baglydyr. Meselem, halkara guramalarynda, uniwersitetlerde ýa-da döwlet derejesinde, adatça, *«halkara ynsanperwer hukugy»* diýen aňlatma ýüzlenilýär, şol bir wagtyň özünde, ýaragly güýçlerde beýleki iki adalga ýygy-ýygydan ulanylýar.[37]

Halkara hukugynda halkara hukugynyň kadalaryny milli hukuga girizmek (ornaşdyrmak) düşünjesini bellemek üçin, «implementasiýa» adalgasy giňden ýaýrady. Iňlis dilinden gelip çykýan «implementasiýa» adalgasy («implementation» – amala aşyrmak, ýerine ýetirmek) halkara-hukuk tejribesinde düýpli orun aldy. Oňa BMG-niň Baş Assambleýasynyň ynsanperwer çygrynda halkara şertnamalarynyň durmuşa geçirilişi baradaky meseleleri ara alyp maslahatlaşmak bilen bagly kabul edilen ençeme Kararlarynda duş gelmek bolar.

Türkmenistanyň dünýä bileleşigine doly ornaşmagy, onuň halkara syýasy, ykdysady, maliýe, ylmy, medeni, bilim, tebigaty goramak taslamalaryna netijeli gatnaşmagy içerki kanunçylyk binýadynyň halkara standartlaryna we ölçeglerine yzygiderli laýyk getirilmegini talap edýär. Bu ýerde halkara tejribesini öwrenmek, oňa döredijilikli düşünmek milli aýratynlygyň wajyp düzüm bölegi bolup durýar. Bu gün, döwletleriň has ýokary derejede ösýän özara gatnaşygy şertlerinde, global proseslere olaryň ornaşmagynyň artmagy bilen kanunçylyk tejribesinde dünýä tejribesini hasaba almak, bu çygyrda halkara hyzmatdaşlyk etmek, parlamentara gatnaşyklaryň ornuny güýçlendirmek ýokary derejede derwaýys bolup durýar. Bu şertlerde Türkmenistanyň halkara Konwensiýalarynda we Ylalaşyklarynda gatnaşygyny yzygiderli giňeltmek, Türkmenistanyň kanunçylygyny onuň halkara borçnamalaryna laýyk getirmek, ýurduň uzak möhletleýin isleglerine mynasyp bolýan täze halkara resminamalaryna goşulmak derwaýys meseleler bolup durýar.

Bitarap Türkmenistan goňşy döwletler bilen araçäkleşýän serhedini parahatçylygyň we dostlugyň serhedi diýip atlandyryp, geografik taýdan amatly ýerde ýerleşmek bilen goňşy döwletler arasynda özara bähbitli hyzmatdaşlyklary, mümkinçilikleri durmuşa geçirmeklige

---

[37] «Halkara ynsanperwer hukugy», HGHK žurnaly, S. 5.

gönükdirilen bilelikdäki täze taslamalaryň ählisiniň başyny başlaýjy bolup çykyş edýär.

Milli Liderimiziň başlangyjy boýunça ýurtda amala aşyrylýan özgerdiji prosesleriň wajyp ugurlarynyň biri hukuk özgertmesi bolup durýar, onuň esasy maksady – milli kanunçylyk binýadyny halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda kämilleşdirmek bolup durýar. Bu gün Türkmenistanda dünýä tejribesini öwrenmek we halkara standartlaryny jemgyýetçilik gatnaşyklary çygryny düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy-hukuk resminamalaryna girizmek boýunça işjeň iş alnyp barylýar. Şunuň bilen birlikde, dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň abraýly hukuk düzümleri bilen hyzmatdaşlygy berkitmek we hukuk işi babatda belli hünärmenler bilen tejribe alyşmak meselelerine aýratyn ähmiýet berilýär.

Türkmenistan BMG-niň ençeme wajyp Konwensiýalaryna goşulyp, dünýä bileleşiginiň öňünde öz üstüne alan borçnamalaryny gyşarnyksyz ýerine ýetirýär. Bu ugurda anyk ädim, türkmen halkynyň Milli Lideri tarapyndan Birleşen Milletler Guramasynyň beýik münberinden öňe sürlen başlangyçlar bolup durýar. Mysal üçin, häzirki zamanyň derwaýys meseleleriniň biri global möçberde doly üpjünçiligiň we öňe gidişligiň wajyp faktorlary hökmünde energiýa howpsuzlygyny üpjün etmek bolup durýar. Türkmenistanyň häzirki zamanyň derwaýys meseleleri babatdaky ähmiýetli nukdaýnazarynda parahatçylygy we durnuklylygy berkitmek meselesi öňe çykýar. Biziň ýurdumyz özüni BMG-niň Adam hukuklarynyň Ählumumy Jarnamasy tarapyndan yglan edilen – adamyň, milletiň, halkyň hukuklaryny üpjün etmäge, goramaga gönükdirilen esasy ýörelgeleri we institutlary birleşdirýän ynsanperwer hukugy çygrynda halkara borçnamalaryny gyşarnyksyz ýerine ýetirýän döwlet hökmünde görkezdi.

Döwletleriň milli hukugy halkara hukugynyň netijeliligine düýpli täsir edýänligi sebäpli, her bir döwletiň hukugynyň halkara hukugyna laýyk gelmegi zerurdyr. Halkara hukugyň bu talaby halkara şertnamalaryň hukugy hakyndaky Wena Konwensiýasynyň 26-njy maddasyndan gelip çykýar, onda halkara hukugynyň esasy ýörelgeleriniň biri berkidilen, ýagny halkara hukugy boýunça borçnamalary ak ýürek bilen ýerine ýetirmeklik ýörelgesidir (latyn. «Pacta sunt servanda» – «Şertnamalar berjaý edilmelidir»). Döwletleriň çäklerinde hal-

kara hukugynyň kadalarynyň döwlet içindäki hukugynyň kadalaryna transformasiýa (üýtgeşme) ýoly bilen hakyky durmuşa geçirilmegi halkara hukugynyň implementasiýasy (ornaşdyrmak) hökmünde kesgitlenilýär. Milli kadalaşdyryjy hukuk namalaryny halkara hukugynyň kadalaryna laýyk getirmek maksady bilen döwletler halkara hukugynyň kadalaryny gaýtalaýan ýa-da döwletiň çäginde olaryň hereketini yglan edýän kanunlaryň görnüşinde milli kanunçylyk namalaryny (kanunlar, halkara şertnamalary tassyklamak hakynda namalar) kabul edýärler.

Türkmenistan halkara şertnamalary hukugy hakynda Wena Konwensiýasyna 1995-nji ýylda goşuldy (1995-nji ýylyň 24-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Mejlisiniň Karary). Halkara şertnamasyna gol çekip, döwlet onuň ýerine ýetirilmegini üpjün etmekde öz üstüne borçnama alýar. Döwlet öz milli hukugynyň kadalaryna salgylanyp, onuň gatnaşyjy bolup durýan halkara şertnamasyny ýerine ýetirmekden boýun gaçyryp bilmez (1969-njy ýylyň halkara şertnamalar hukugy hakynda Wena Konwensiýasynyň 27-nji maddasy). Türkmenistan halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalarynyň ileri tutulmagyny ykrar edýär diýlip, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 9-njy maddasynda bellenildi.

Türkmenistanyň ynsanperwer hukugy çygrynda halkara namalarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça borçnamalaryny gyşarnyksyz berjaý edýär. Bu iş Milli Liderimiziň hemişe üns merkezinde durýar.

Halkara hukugynyň döwletiň kanunçylygyna täsir edişiniň derejesi köp halatlarda onuň içeri hem-de daşary syýasatyna baglydyr we ep-esli derejede esasy halkara ylalaşyklarynyň tassyklanylmagy bilen kesgitlenilýär. Döwlet tarapyndan näçe köp halkara şertnamalary tassyklanylsa, halkara hukugyň içerki kanunçylyga täsiri şonça uly bolýar.

Halkara kadalaryny milli hukuk giňişligine ornaşdyrmak işiniň güýçlendirilmegine halkara hukuk kadalarynyň milli kanunçylylyk kadalaryndan artykmaçlygyny kesgitleýän ýörite konstitusion we kanunçylyk düzgünleri ýardam edýär. Adatça, halkara borçnamalaryny döwlet derejesinde durmuşa geçirmeklikde halkara-hukuk kadalary milli kanunlara we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalara

transformasiýa (üýtgeşme) ýoly bilen amala aşyrylýar. Olaryň esasynda dünýäniň kanunçylyk tejribesinde bar bolan hukugyň esasy institutlaryny we pudaklaryny öz içine alýan kanunçylyk binýady döredilýär.

Ynsanperwerlik hukugy çygrynda tassyklanan halkara namalaryň düzgünleriniň ýerine ýetirilmeginde döwlet Baştutanymyzyň ýolbaşçylygynda Türkmenistanyň Mejlisi we Hökümeti tarapyndan amala aşyrylýan kanunçylyk hem-de institusional häsiýetli çäreler hyzmat edýär diýip bellemek bolar.

Häzirki wagtda Türkmenistanda adam hukuklary babatda halkara borçnamalarynyň hem-de halkara ynsanperwer hukugynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça Pudagara toparynyň ýanynda halkara ynsanperwer hukugyny ornaşdyrmak boýunça iş topary döredildi we öz işini amala aşyrýar.

Türkmenistanda ynsanperwer hukugy çygrynda kanunlaryň işlenip taýýarlanylmagy we kabul edilmegi milli ähmiýetden ugur alyp, ilki bilen, adamkärçilik, türkmen halkynyň myhmansöýüjilik däbine we halkara ynsanperwer hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna esaslanyp durmuşa geçirilýär. Bu hakykat biziň döwletimiziň adam hukuklary we ynsanperwer hukugy babatda halkara borçnamalaryny ýerine ýetirmekde ygrarlydygyny görkezýär.

Halkara hukuk kadalaryny ornaşdyrmagyň döwlet mehanizminiň bolmagy döwletler tarapyndan kabul edilýän halkara borçnamalaryny doly, hemmetaraplaýyn we öz wagtynda durmuşa geçirmegi üpjün etmäge mümkinçilik berýär.

Türkmenistanyň hukuk ulgamynda bu ugurda esasy orny halkara we içerki döwlet hukugynyň baglanyşygy hakyndaky kada eýeleýär. Bu barada Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 9-njy maddasynda berkidilendir. Oňa laýyklykda, Türkmenistan halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalarynyň ileri tutulmagyny ykrar edýär.

Halkara hukuk kadalarynyň ileri tutulmagy barada Türkmenistanyň ençeme kanunçylyk namalarynda bellenilýär. Obýektiw taýdan güýçlenýän we özara aralaşýan halkara birleşdiriji prosesler içerki hem-de halkara hukugynyň güýçlenýän özara baglanyşygyny has köp şertlendirýär. Halkara hukugyny milli kanunçylygyň «içine salmak» diýip atlandyrylýan umumy prosese – «ornaşdyrmak» diýilýär.

Häzirki zaman halkara hukugynyň doktrinasynda halkara we milli hukugyň gatnaşyk meselelerini çözmegiň nazaryýet esaslary, esasan, iki nazaryýetde, ýagny dualistik hem-de monistik nazaryýetlerde görkezilendir. Dualistik nazaryýetiň tarapdarlary halkara we milli hukuk tertibine özbaşdak garaýarlar. Beýleki tarapdan, monistler, «halkara we milli hukugy – bitewi hukuk tertibiniň bir bölegi bolup durýar» diýen nazaryýeti öňe sürýärler.

Halkara we milli hukugynyň özara gatnaşygy baradaky meseläni çözmek maksady bilen döwletler öz konstitusiýalarynda ýa-da beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda halkara şertnamalaryň ýuridik güýjüni we olary döwlet içinde ulanmak mümkinçiligini kesgitleýärler, halkara şertnamalaryny baglaşmagyň, ýerine ýetirmegiň hem-de ýatyrmagyň tertibini düzgünleşdirýärler.

Mysal üçin, bir döwletde halkara şertnamasy milli hukugyň bir bölegi bolup durýar we içerki döwlet hukugynyň täsirli çeşmesine öwrülýär. Milli kazyýetler (ABŞ, Fransiýa, Belgiýa, Niderlandlar, Şweýsariýa we beýlekiler) jedelli meseleleri çözenlerinde şolara salgylanýarlar we esaslanýarlar.

Käbir döwletlerde milli kanunçylyk ulgamlarynda has takyk adalgalary ulanmak we olary öz içerki kanunlarynyň aýratynlygyna uýgunlaşdyrmak bilen halkara şertnamasynyň ýuridik düzgünlerini beýan etmek üçin degişli kanunçylyk döredilýär. Mysal üçin, käbir döwletlerde halkara şertnamalaryň kadalaryny özleşdirmek ýörite hukuk namasyny, mysal üçin, şertnamanyň düzgünleri ýazylan kanunyň; neşir etmek hakynda namanyň we beýlekileriň kabul edilmegi arkaly bolup geçýär (Beýik Britaniýa, Kanada, Ysraýyl we beýlekiler).

Käbir ýurtlarda degişli tertipde baglaşylan halkara şertnamasy milli hukuga, şol sanda Konstitusiýa garanyňda artykmaçlyga eýedir (GFR, Italiýa, Gresiýa).

Döwletleriň beýleki bir bölegi halkara şertnamanyň kanundan rüstem gelmegini ýa-da olaryň öz arasynda deňligini ykrar edýär (Fransiýa, ABŞ we beýlekiler).

Bu aýratynlyklaryň hemmesi döwletleriň halkara hukugyndan gelip çykýan borçnamalaryny ornaşdyrmak prosesine öz täsirini ýetirýär.

Şeýlelikde, Türkmenistan öz üstüne alan halkara borçnamalaryna esaslanyp, dünýäniň hukuk giňişligine Türkmenistany mundan beýläk hem üstünlikli ornaşdyrmak zerurlygyndan ugur alyp, biziň döwletimiz gatnaşyjy bolup durýan halkara Konwensiýalarynda bar bolan ýuridik kadalary milli kanunçylyga meýilnamalaýyn ornaşdyrmaklyga uly üns berýär. Hut şunuň ýaly toplumlaýyn çemeleşme ýurdy kanunçylyk taýdan üpjün etmek boýunça meseleleriň çözülmegine ýardam edýär.

## § 3. Türkmenistanyň milli kanunçylygy we halkara ynsanperwer hukugynyň kadalary

Türkmenistan ynsanperwer hukugy çygrynda halkara kadalary ýerine ýetirmek boýunça borçnamalaryny gyşarnyksyz we yzygiderli berjaý edýär. Şertnamalaýyn-hukuk esasynyň seljerişi, Türkmenistanyň halkara ynsanperwer hukugy babatda ýokarda görkezilen şertnamalardan başga, halkara hukugynyň şu pudagynda, şonuň ýaly ugurlary düzgünleşdirýän ençeme şertnamalaryny tassyklandygyny görkezdi. Bulara «Bosgunlaryň statusy hakynda», «Apatridleriň statusy hakynda», «Bakteriologiýa (biologiýa), toksin ýaragyny işläp taýýarlamagy, öndürmegi hem-de ätiýaçlyklary toplamagy gadagan etmek we olary ýok etmek hakynda», «Himiýa ýaragyny işläp taýýarlamagy, öndürmegi, toplamagy hem-de ulanmagy gadagan etmek we ony ýok etmek hakynda», «Pyýada goşunyň garşysyna ulanylýan partlaýjylary ulanmaklygy, ätiýaçlyklara toplamagy, öndürmegi we bermegi gadagan etmek hem-de olary ýok etmek hakynda» «Çagalaryň hukuklary hakynda» Konwensiýalaryň çagalaryň ýaragly çaknyşyklara gatnaşmaklaryna degişli bolan Fakultatiw protokolyny görkezmek bolar.

Ynsanperwerlik hukugy çygrynda halkara şertnamalaryň her bir gatnaşyjy-döwleti bu ylalaşyklar boýunça öz üstüne alan borçnamalaryny ak ýürek bilen ýerine ýetirmäge borçludyr. Ilkibaşdan, adaty hukukda döredilen bu ýörelge, 1969-njy ýylyň «Halkara şertnamalaryň hukugy hakynda» Wena Konwensiýasynyň 26-njy maddasynda berkidilendir, Türkmenistan agzalan Konwensiýa 1995-nji ýylda goşuldy.

Durnukly global dünýä düzgünlerini goldamak boýunça dünýä bileleşiginiň ähli başlangyçlaryny goldaýan döwlet hökmünde, urşy, halkara terrorçylygy we ýaraglanyşygy ýazgarýan Türkmenistan ýadro ýaragyny ýaýratmazlyk hakynda Şertnamany, Türkmenistan we Atom energiýasy boýunça halkara agentliginiň arasyndaky «Ýadro ýaragyny ýaýratmazlyk hakynda Şertnama bilen bagly kepilleri ulanmak hakynda» Ylalaşygy we oňa Goşmaça Protokoly tassyklady. Mundan başga-da, 2012-nji ýylyň 31-nji martynda Türkmenistan «Hetdenaşa zeper ýetirýän» diýlip hasap edilip bilinjek ýa-da daşky gurşawy goramak meseleleriniň üstüni ýetirýän, halkara ynsanperwer hukugy çygryna degişli saýlawly däl hereketleri bolan 2003-nji ýylyň 28-nji noýabryndaky «Urşuň ýarylma howply galyndylary boýunça» Protokola goşuldy.

Türkmenistan halkara gatnaşyklaryň subýekti bolup halkara ynsanperwer hukugy çygrynda beýleki şertnamalara hem goşuldy.

Halkara hukuk namalarynda we içeri döwlet kanunçylygynda berkidilen, üpjün etmegiň, goramagyň toplumlaýyn ulgamyny döretmek halkara ynsanperwer hukugynyň wajyp wezipesi bolup durýar.

Halkara ynsanperwer hukugy çygrynda şertnamalaryň köp ugurlylygy hakynda şu mysal şaýatlyk edýär, ýagny, onuň kadalarynyň harby meselelerinden başga, medeni we taryhy gymmatlyklary goramak, daşky gurşawy goramak çygryndaky hukuk gatnaşyklaryny, bu kadalaryň bozulanlygy üçin jenaýat jogapkärçiliginiň meselelerini hem düzgünleşdirýändigi; şunuň bilen baglylykda, halkara jenaýat we jenaýat iş ýörediş hukugynyň kadalaryny hem-de onuň institusional jähetlerini öz içine alýar.

2016–2017-nji ýyllar üçin Halkara ynsanperwer hukugyny ornaşdyrmak boýunça çäreleri geçirmegiň Meýilnamasyny tassyklamak 2016-njy ýylyň 27-nji fewralynda Pudagara toparyň nobatdaky mejlisiniň garamagynyň predmeti boldy. Bu Meýilnama – milli kanunçylygyň onuň halkara ynsanperwer hukugynyň kadalaryna we ýörelgelerine laýyk gelýändigine seljerişi geçirmeklik girýär. Hususan hem, düzgünleşdiriş predmeti halkara ynsanperwer hukugynyň kadalary bilen baglanyşykly Jenaýat-ýerine ýetiriş kodeksini we beýleki kanunlary seljermekligiň zerurlygy, geçirilen seljerişiň netijesinde bolsa, teklipleri taýýarlamak bellenildi.

Türkmenistanyň kanunçylygyna halkara ynsanperwer hukugynyň kadalary girizilendir. Türkmenistanyň Mejlisi Türkmenistanda ynsanperwer işiniň käbir jähetlerini düzgünleşdirýän, ýagny: 1998-nji ýylyň 10-njy dekabrynda «Türkmenistanda mobilizasion taýýarlygy we mobilizasiýa hakynda», 2021-nji ýylyň 13-nji martynda «Adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüniň alynmagy we ýok edilmegi hakynda» Kanunyň rejelenen görnüşi, 2017-nji ýylyň 3-nji iýunynda «Bosgunlar hakynda», 2012-nji ýylyň 22-nji dekabrynda «Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýeti hakynda», 2013-nji ýylyň 22-nji iýunynda «Adatdan daşary ýagdaý düzgüni hakynda», 2015-nji ýylyň 8-nji awgustynda «Gyzyl Ýarymaýyň we Gyzyl Haçyň nyşanlaryny peýdalanmak we goramak hakynda» Kanuny (rejelenen görnüşi), 2020-nji ýylyň 22-nji awgustynda «Adatdan daşary ýagdaýda halkara ynsanperwer kömegi hakynda» Kanuny kabul etdi.

Bu Kanunlar derwaýys we talaby kanagatlandyrýan Kanunlar bolup, Türkmenistanyň kanunçylygyny halkara borçnamalara laýyk getirmek maksady bilen kämilleşdirmek bolup durýar.

## § 4. Türkmenistanyň halkara ynsanperwer hukugynyň meseleleri boýunça hyzmatdaşlygy

Halkara hökümetara guramalarynyň häzirki zaman halkara gatnaşyklaryny ösdürmekde wajyp ähmiýeti bar. Olar halkara gatnaşyklaryny institusiýalaşdyrmaklyga meýlini görkezýärler, döwletleriň arasynda hemişelik we kanuny esasda dostlukly gatnaşyklaryň saklanmagyny hem-de hyzmatdaşlygyň ösdürilmegini üpjün edýärler. Häzirki wagtda şu ýa-da beýleki döwletiň dünýädäki ýeri, orny we ähmiýeti az bolmadyk derejede onuň köptaraply hem-de sebitleýin halkara guramalarynda agzalygy bilen kesgitlenýär. Hemişelik Bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik we hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerine esaslanyp, işlenip düzülen, Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan üstünlikli durmuşa geçirilýän daşary syýasatyň baş ýörelgesi – Türkmenistanyň, oňyn gatnaşyjy bolup durýan 50-den gowrak abraýly halkara we sebitleýin guramalary, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasy bilen özara gatnaşyklaryny hil taýdan täze konstruktiw derejä çykardy, şeýle hem onuň agza bolup durmaýan aýratyn halka-

ra guramalarynyň ýokary derejedäki mejlislerine işjeň gatnaşýar. Ol adamlaryň gutarnykly azat edilmegine, Watanyna gaýtarylmagyna hem-de ýerleşdirilmegine çenli Ylalaşyklaryň we Mejlis ýazgysynyň degişli düzgünleri tarapyndan goralmalydyr.

Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň ileri tutulýan ugry Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlygy bolup durýar. BMG--ni strategik hyzmatdaş hökmünde saýlamagy kanuna laýykdyr we çuň dünýägaraýyş sebäpleri bardyr. Olaryň esasynda – ozaly bilen Merkezi Aziýada sazlaşykly we durnukly döwletara gatnaşyklarynyň guralmagy, sebitleýin parahatçylygy we howpsuzlygy saklamagyň berk mehanizmini döretmek ugrunda, Türkmenistanyň uzak möhletleýin maksatlarynyň BMG-niň meseleleri bilen gabat gelmegidir. Hut BMG-ä daýanyp, syýasy-diplomatik gurallaryna, Türkmenistanyň pikiri boýunça, halkara bileleşigiň we ilkinji nobatda, bu maksatlara ýetmek üçin gönükdirilen sebitiň öz döwletleriniň işi guralmalydyr.

Türkmenistanyň Hökümeti adamyň hukuklaryny berjaý etmek meseleleri boýunça halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygyny daşary syýasatynyň ähmiýeti diýip yglan etdi. BMG-niň Türkmenistanda şu gurluşlary bar, ýagny BMG-niň Ösüş maksatnamasy (BMGÖM), BMG-niň Çagalar gaznasy (ÝUNISEF), BMG-niň Ilat gaznasy (YUNFPA), Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy (BSGG), BMG-niň Neşe serişdeleri we jenaýatçylyk boýunça müdirligi, Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Sebitleýin Merkezi we beýleki guramalary hereket edýär.

Bitarap Türkmenistanyň alyp barýan içeri we daşary ösüş syýasaty, ilkinji nobatda, global parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmek boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň ileri tutulýan maksatlary hem-de meseleleri bilen baglydyr. Türkmen döwleti öz ýaraşdyryjy we döredijilik potensialyny umumy bähbit üçin durmuşa geçirmeklige çalşyp, giň halkara hyzmatdaşlyk nukdaýnazary bilen çykyş edip, häzirki zaman aktual meseleleri çözmekde hil taýdan täze çemeleşmeleri görkezýär.

Muňa subutnama hökmünde, iri halkara guramalaryň münberlerinden yglan edilen wajyp ýaraşdyryjy başlangyçlary, şeýle hem milli bähbitleri we geljegiň ählumumy baş ýörelgesini nazara alyp, ýola goýlan döwletara gatnaşyklaryň täze ulgamyny emele getirmek-

lige gönükdirilen çemeleşmeleri Türkmenistanyň halkara giňişliginde konstruktiw ädimleri bolup durýar.

Birleşen Milletler Guramasynyň goldamagy bilen, Aşgabat şäherinde täjigara gepleşikleriň üç tapgyry geçirilip, bu gepleşikleriň Täjigistan döwletinde milletara gapma-garşylyklaryň çözülmeginde wajyp netijesini berendigi muňa şaýatlyk edýär.

Türkmen döwletiniň Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlykda işjeň nukdaýnazarynyň aýdyň şaýady: halkara parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmeklige gönükdirilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlisinde beýik münberden Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň yzygiderli öňe sürýän döredijilikli başlangyçlary, dünýä bileleşigi tarapyndan goldanylan hem-de ykrar edilen wajyp sebitleýin durmuş-ykdysady meseleleriň we beýleki meseleleriň çözülmegi bolup durýar.

Türkmenistan parahatçylyk söýüji döwlet hökmünde urşy, halkara terrorçylygy, ýaraglanyşygyň ösdürilmegini ýazgarýar. Bu babatda biziň döwletimiz eýerýän ýörelgelerini aýdyňlaşdyrýar.

Halkara bileleşigiň, ozaly bilen, BMG-ä agza döwletleriň goldan Türkmenistanyň daşary syýasy teklipleri, olary amala aşyrmak boýunça yzygiderli ädimleri dünýäde syýasy durnuklylygy saklamak, hemmetaraplaýyn goldamak, ählumumy howpsuzlygy hem-de ösüşi berkitmek babatda bitaraplygyň türkmen nusgasynyň mümkinçiliklerini we ähmiýetini açyp görkezýär. Munuň şeýledigine, geçen asyryň 90-njy ýyllarynda täjigara we owganara gepleşikleriň Aşgabatda geçirilmeginiň tejribesi aýdyn şaýatlyk edýär.

BMG Türkmenistany ynamdar we jogapkärli hyzmatdaşy hökmünde görýär. Bu häzirki zaman dünýäsiniň derwaýys meseleleriniň çözgüdini tapmakda halkara gepleşiklerde işjeň orny eýeleýän, ýurduň konstruktiw içeri we daşary syýasaty bilen şertlendirilendir.

Türkmenistanyň dünýäniň dürli döwletleri we halkara guramalary bilen netijeli hyzmatdaşlygy – biziň ýurdumyzyň hil taýdan oňyn, wagt taýdan hemişelik, esas taýdan tutanýerli Bitaraplyk ýörelgesine esaslanýan daşary syýasat konsepsiýasyna yhlaslydygyna şaýatlyk edýär. Hut şular Türkmenistana konstruktiw döwletara hyzmatdaşlyk syýasatyny has täze derejä galdyryp, işjeň durmuşa geçirmäge mümkinçilik berýär.

Halkara hyzmatdaşlygyň wajyp elementi diýip, türkmen döwleti ynsanperwer hyzmatdaşlygy hasap edýär. Belli bolşy ýaly, BMG-niň Baş Assambleýasynyň 67-nji sessiýasynda biziň ýurdumyz ynsanperwerlik meselesini aýratyn, özbaşdak ugur hökmünde kesgitläp, 2015-nji ýyla çenli döwür üçin BMG-niň halkara gün tertibine goşmak hakyndaky meselä garamak başlangyjyny öňe sürmek bilen çykyş etdi. Hususan-da, ynsanperwer ölçeglerde halkara işi üçin syýasy-hukuk esasy boljak, BMG-niň hereketiniň platformasyny işläp düzmek teklip edildi. Bu çygyrda hyzmatdaşlygyň derwaýys ugry hökmünde Türkmenistan migrasiýa, gaçybatalga bermek, bosgunlaryň we raýatlygy bolmadyk şahslaryň hukuklaryny üpjün etmek meselelerine garaýar.

Raýatsyzlyk meselelerini çözmek Türkmenistanyň halkara ynsanperwer guramalary bilen hyzmatdaşlygynyň wajyp ugry boldy. Şu nukdaýnazardan 1995-nji ýyldan bäri Aşgabatda bosgunlary goramak we olar üçin uzak möhletleýin çözgütleri kesgitlemek boýunça öz halkara mandatyny durmuşa geçirip, BMG-niň Bosgunlaryň işi boýunça Ýokary Komissarynyň Müdirliginiň sebit edarasynyň işleýändigini bellemek zerurdyr. Bu edaranyň missiýasy biziň döwletimiz tarapyndan gürrüňsiz goldawa eýe bolup, ol Türkmenistanyň Hökümeti bilen netijeli hyzmatdaşlyk edýär.

Soňky ýyllarda Türkmenistan ykbalyň erki bilen öz watanyndan mejbury giden adamlar üçin, olara ikinji öý we ynamdar pena boldy. Şunuň bilen birlikde, Türkmenistan bosgunlaryň we apatridleriň hukuklaryny üpjün etmek we goramak çygrynda halkara tagallalaryny jebisleşdirmegiň işjeň tarapdary bolup durýar.

BMG-niň Bosgunlaryň işi boýunça Ýokary Komissarynyň Maksatnamasynyň Ýerine ýetiriji komitetiniň hemişelik agzasy bolmak bilen, BMG-niň esasy düzüm bölümçeleri bilen, hususan-da, BMG-niň Bosgunlaryň işi boýunça Ýokary Komissarynyň Müdirligi bilen, işjeň hyzmatdaşlyk etmek bilen Türkmenistan halkara bilermenleri bilen bilelikde, ýurtda raýatsyzlygyň öňüni almak we ony azaltmak boýunça Maksatnamanyň çäklerinde hereketiň anyk meýilnamasyny işläp düzdi.

Şeýlelikde, Türkmenistanyň Konstitusiýasyna we «Bosgunlar hakynda» Kanunyna laýyklykda, biziň ýurdumyz degişli halkara-hukuk resminamalarynda görkezilen sebäpler boýunça öz ýurtlaryn-

da yzarlanýan şahslara gaçybatalga hukugyny berýär. BMG-niň Bosgunlaryň statusy hakynda halkara Konwensiýasynyň kadalarynyň, «Bosgunlar hakynda» Kanunyň iş ýüzünde durmuşa geçirilmegi – türkmen Hökümetiniň degişli edarasynyň Missiýasy bilen hyzmatdaşlyk etmeginiň netijesi hökmünde, öz möçberi, ähmiýeti boýunça müňlerçe mejbury göçüp gelen adamlara, bosgunlara Türkmenistanyň raýatlygynyň we ýaşamak üçin ygtyýarnamanyň berilmegi boldy.

Şonuň bilen birlikde, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna we türkmen halkynyň ynsanperwer, myhman söýüjilik milli däplerine eýerip, Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan ýaşamak üçin ähli şertler döredildi, hususan-da, ýaşaýyş jaýy, iş, oba ýerinde ýer meýdançalary bölünip berildi. Bu ugurda dünýä bileleşiginiň bilelikdäki hereketi, ilkinji nobatda, global çagyryşlara we wehimlere garşy durmak zerurlygy bilen şertlendirilýär. Olaryň hatarynda: Ýer ýüzüniň aýratyn sebitleriniň durnuksyzlygy, döwletleriň birsydyrgyn ösmezligi, maliýe-ykdysady çökgünligiň netijeleri durýar. Bu ýagdaýlar adamlaryň mejbury migrasiýasyny döredýän esasy sebäpler hökmünde çykyş edýär. Bosgunlar meseleleriniň derwaýyslygyna dünýäde geosyýasy ýagdaýyň üýtgemegine getiren XX asyryň ahyryndaky we XXI asyryň başyndaky taryhy wakalar hem täsir etdi.

Belli bolşy ýaly, biziň ýurdumyz ynsanperwer çygrynda bosgunlara kömek bermek we olaryň hukuklaryny goramak boýunça aýdyň hereketlere başlap, belli bir maksada gönükdirilen uly işleri alyp barýar. Ýurdumyz adam hukuklary we halkara ynsanperwer hukugy çygrynda BMG-niň esasy halkara-hukuk resminamalaryny tassyklady. Türkmenistan Merkezi Aziýada apatridleriň statusy hakyndaky Konwensiýa goşulan ilkinji döwlet boldy. Öz üstüne alan borçlaryna, döwlet syýasatynyň esasyna goýlan hakyky ynsanperwer ýörelgelerine yhlaslydygyny iş ýüzünde tassyklap, Türkmenistan, bu ýerde iş we ýaşaýyş jaý bilen üpjün edilen müňlerçe bosgunlar – beýleki döwletleriň raýatlary üçin olaryň ikinji watany boldy.

XXI asyrda halkara wakalaryň ösüşiniň esasy meýilleri, olar bilen bagly parahatçylygy, howpsuzlygy üpjün etmek meseleleri çagyryşlaryň we howplaryň öňüni almak boýunça dünýä bileleşiginiň özara baglanyşygynyň täze, netijeli görnüşini gözlemek hem-de durmuşa geçirmek zerurlygyna sebäp boldy. Şu nukdaýnazardan Türk-

menistana dawaly ýagdaýlaryň öňüni almak babatda syýasy we guramaçylyk mümkinçiligi bolan, wajyp sebitleýin ýaraşdyryjy merkeziň statusy hemişelik häsiýetde berkidildi.

Türkmenistanyň ýaraşdyryjy işindäki we BMG bilen ýakyn özara gatnaşygyndaky tejribesi pozitiw «daýanç nokady» bolup durýar. Onuň kömegi bilen bar bolan çagyryşlaryň we wehimleriň mümkin bolan howpuny azaltmak boýunça ylmy-esasly amaly çäreleri işlenip düzülýär.

Durnukly ösüşiň dürli ileri tutulýan meseleleri boýunça Türkmenistanyň nukdaýnazarynyň gurluşy we yzygiderliligi halkara ynsanperwer hukugy üçin hem olaryň derwaýyslygyny kesgitleýär. Şunuň bilen baglylykda, Konsepsiýada Baş Assambleýanyň mejlislerinde we BMG-niň beýleki iri forumlarynda öňe sürlen Türkmenistanyň Prezidentiniň möhüm halkara başlangyçlaryny durmuşa geçirmeklige üns bermeklik aýratyn göz öňünde tutulandyr. Olaryň hatarynda halkara meseleleri çözülende syýasy-diplomatik serişdeleri ulanmagyň ileri tutulmagy hakynda Jarnamany halkara bileleşigi tarapyndan işläp düzmeklik we kabul etmeklik kesgitlenendir.

Häzirki wagtda halkara hukugynyň taglymaty kämilleşdirilýär. Olar belli bir halatlarda möhüm halkara-hukuk düzgünlerini, şeýle hem döwletleriň nukdaýnazarlaryny aýdyňlaşdyrmaga ýardam edýän, hususan-da, jedelleşýän taraplar halkara kazyýet edaralaryna berýän resminamalarynda halkara hukugynyň dürli meseleleri boýunça hünärmenleriň pikirlerini ýygy-ýygydan peýdalanýarlar.

Belli bolşy ýaly, Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynyň wajyp ugurlarynyň biri dünýäniň ähli döwletleri we öňdebaryjy halkara guramalary, şol sanda Halkara Gyzyl Haç Komiteti bilen konstruktiw hyzmatdaşlyk bolup durýar. Bu abraýly ynsanperwer guramasy bilen netijeli hyzmatdaşlyk – Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň ähmiýeti we Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň strategiýasy bilen bagly durmuş-ynsanperwer çygrynyň dürli ugurlarynda amala aşyrylýan bilelikdäki Maksatnamalaryň we Taslamalaryň ençemesiniň durmuşa geçirilmegi bolup durýar. Olaryň esasy meseleleri Ženewa Konwensiýalary we olara goşmaça teswirnamalar bilen kesgit-

lenen Halkara ynsanperwer hukugynyň kadalary, ýörelgeleri baradaky bilimi ýaýratmak hem-de kämilleşdirmek bolup durýar.

Halkara hukuk kadalaryny, şol sanda ynsanperwer hukugynyň esasyny düzýän ýörelgeleri ornaşdyrmak onuň wajyp nukdaýnazary bolup durýan milli kanunçylygy düýpgöter gaýtadan guramak, döwletiň demokratik we hukuk esaslaryny berkitmek boýunça ýurtda durmuşa geçirilýän toplumlaýyn maksatnamanyň esasy maksatlaryna laýyklykda ýokary derejeli hünärmenleri – hukukçylary, kämil hünärli diplomatlary taýýarlamak çygrynda bilelikde işler amala aşyrylýar.

Mysal üçin, dünýä tejribesini öwrenmek, halkara standartlaryny Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna girizmek boýunça özara gatnaşyklaryň çäklerinde daşary ýurt bilermenleri tarapyndan Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň diňleýjileri üçin umumy okuwlar geçirilýär. Türkmen wekiliýetleriniň tanyşdyryş duşuşyklary we GDA hem-de Ýewropa ýurtlaryna saparlar guralýar.

2008-nji ýylda açylan Türkmenistanyň DIM-niň Halkara gatnaşyklary instituty häzirki wagtda halkara gatnaşyklary we diplomatiýa, halkara hukugy, halkara ykdysady gatnaşyklary we halkara žurnalistika babatda hünärmenleri taýýarlaýar. Şunuň bilen baglylykda, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň esasy ugurlarynyň arasynda okuw maksatnamasyna halkara ynsanperwer hukugy boýunça sapaklary nazary amaly taýdan girizmek boýunça bilelikdäki iş, habar çeşmeler merkezini döretmek, ylmy-barlag işi babatda ýardam bermeklik kesgitlendi.

Häzirki döwürde biziň institutymyz Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň daşary syýasat ugruny alyp barýan, daşary ýurtlarda Türkmenistana wekilçilik edýän we onuň milli bähbitlerini goraýan hem-de Watanymyzyň halkara abraýynyň berkidilmegi ugrunda netijeli işleri alyp barýan türkmen diplomatlarynyň täze neslini kemala getirmek boýunça jogapkärli wezipäni üstünlikli ýerine ýetirýär. Institutyň doredilen gününden bäri halkara gatnaşyklary ulgamynda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek ugrunda degişli işler amala aşyrylýar. Has takygy, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gat-

naşyklary instituty tarapyndan daşary ýurtlaryň hyzmatdaş ýokary okuw mekdepleri bilen özara düşünişmek hakynda ençeme Ähtnamalar baglaşyldy. Olaryň çäklerinde bolsa, döwletleriň bilim ulgamynda toplan oňyn tejribesini öwrenmek maksady bilen, institutymyzyň wekiliýetleriniň yzygiderli saparlarynyň ençemesi amala aşyryldy.

Türkmenistan Ženewa Konwensiýalaryna we Goşmaça Protokollaryna goşulyşmak bilen, beýleki gatnaşyjy döwletler, Halkara Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý Halkara Hereketiniň düzüm bölekleri bilen bir hatarda Hereketiň ýokary institut edarasy, dünýäde iri ynsanperwer forumy bolup durýan, ikitaraplaýyn bähbitli bolan ynsanperwer meseleleri boýunça çözgütlere seredýän, çözgütleri kabul edýän, şeýlelik bilen, gatnaşyjy-döwletleriň hem-de hereketiň düzüm bölekleriniň arasynda gepleşikleri goldamaga ýardam edýän Halkara Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý Halkara konferensiýasyna gatnaşýar.

Halkara Gyzyl Haç Komiteti we Türkmenistanyň Hökümeti 1998-nji ýylyň 7-nji dekabrynda ştab-kwartira barada ylalaşyga gol çekdiler. Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň Aşgabatdaky edarasy Merkezi Aziýada Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň Sebitleýin Wekiliýetiniň bölegi bolup durýar. Geçen ýyllaryň dowamynda bolşy ýaly, Halkara Gyzyl Haç Komiteti bilen Türkmenistanyň Hökümeti iki tarap üçin hem özara bähbidi göz öňünde tutup, ikitaraplaýyn bähbitli bolan ynsanperwer meseleleri boýunça hyzmatdaşlygy barha ösdürýärler we berkidýärler.

# XV BAP. HALKARA YNSANPERWER HUKUGYNYŇ KADALARYNYŇ BOZULMAGYNA JENAÝAT JOGAPKÄRÇILIGI

## § 1. Halkara ynsanperwer hukugynda «Hukuk bozulmalary» düşünjesi. Harby jenaýatlar barada düşünje

Harby jenaýatlar boýunça işleriň ilkinji kazyýet seljerişi hökmünde 1474-nji ýyldaky Peter fon Hagenbah bilen bagly proses hasaplanýar. Ýokarky Reýniň Braýzah şäher-galasynyň gubernatory bolan Hagenbah hökümdarynyň diýenini (aýdanlaryny) ýerine ýetirmek bilen eden-etdilige ýol beripdir. Öldürmek, zorluk, hususy eýeçiligi elden almak, ilata bikanun salgyt salmak, goňşy territoriýalara çozmak Hagenbahyň we onuň ýaranlarynyň gündelik işine öwrülýär. Orta asyr döwletleriniň we şäherleriniň koalisiýasy (düzüminde Awstriýa, Fransiýa, Bern we Ýokarky Reýniň şäherleri bolupdyr) bu eden-etdiligiň soňuna çykýarlar. Braýzahyň gabalmagy, german hakyna tutmalaryň we şäheriň ýaşaýjylarynyň aýaga galmagy netijesinde Hagenbah ýeňlipdir hem-de ýesir alnypdyr.

Şeýlelikde, soyuz koalisiýasyndan ybarat, düzüminde 28 kazy bolan ýörite harby kazyýet döredilýär. Hagenbaha birnäçe aýyplanmalar bildirilýär. Kazyýet Hagenbahy aklamak üçin berlen ähli delilleri ret edip, «Peter fon Hagenbahyň günäsi subut edilen» diýip hasaplapdyr we ony jezalandyrypdyr.




13. Sargyt № 3735

Hagenbahyň etmişlerini häzirki zaman düşünjesinde harby jenaýat diýip kesgitlemäge kynçylyk döreýär. Şonuň bilen birlikde bu işe, häzirki wagtda atlandyrylyşy ýaly, «harby jenaýatlaryň öňüni almak» diýip garamak bolar.

XIX asyryň ikinji ýarymynda urşy alyp barmagyň kanunlarynyň we adatlarynyň bozulmagy bilen bagly indiwidleriň anyk etmişi üçin jenaýat jogapkärçiligine çekilmegi (ýörite hukuk kada bilen bellenen) baradaky düşünje ylmy doktrinada kemala gelýär. Şeýle mysallaryň biri hem ABŞ-nyň Prezidenti A.Linkolnyň 24.04.1863 ý. №100 belgili umumy buýrugy bilen güýje girizilen ABŞ-nyň meýdan goşunlaryna Gözükdirmesidir. Bu resminama Kolumbiýa kollejiniň meşhur professory Frensis Liber tarapyndan işlenip taýýarlanylýar. Bu nama döwletiň milli kanunçylygyna degişli bolsa hem, ol beýleki döwletiň içerki kanunçylygy bilen birlikde ýaragly çaknyşyklar hukugynyň, şol sanda munuň bozulmagynyň öňüni almagyň soňraky kodifikasiýasyna hem täsir edýär.

1864 ý. I ŽK we 1868 ý. Peterburg Jarnamasynyň kabul edilmegi birnäçe ýyllaryň dowamynda urşy alyp barmagyň kanunlarynyň we adatlarynyň bozulmagynyň öňüni almak soraglarynyň döwletiň içerki düzgünleşdirýän predmeti bolmagynda ýa-da ylmy çekişmeleriň soragy bolup galdy. Şonuň bilen birlikde, şol döwrüň halkara hukukçylary şeýle soragyň halkara hukugynda düzgünleşdirilmeginiň zerurdygyny esaslandyrdylar. XIX asyryň ikinji ýarymynda meşhur hukukçylar F.Liber, I.Blýunçli, D.Fild, G.Muanýe, G.Rollen-Žakmen 1873-nji ýylda halkara hukugynyň Institutyny döretmek baradaky başlangyçlar bilen çykyş edýärler. 1874-nji ýyldan başlap bu edaranyň işine meşhur rus halkara hukukçysy F.Martens hem gatnaşypdyr. 1879-njy ýylda G.Muanýe halkara Konwensiýasyna täze düzgünleri girizmegi teklip edýär, ýagny muňa laýyklykda Konwensiýa goşulan döwletler bulary bozanlary berk jezalandyrmaga borçlanýarlar.

1899-njy we 1907-nji ýyllarda Ženewa Konwensiýalaryna, ilkinji gezek, wajyp düzgün girizilip, milli jenaýat kanunçylygyny kabul etmek boýunça döwletleriň borçlarynyň esasyna ýerleşdirilýär: «Uruş

kanunlaryny bozujylar jenaýat kanunçylygynda göz öňünde tutulan jezalara sezewar edilýär».

Harby jenaýat – halkara ynsanperwer hukugynda uruş döwründe göz öňünde tutulan aýratyn agyr jenaýatlary aňladýan adalgadyr:

– adam öldürmek, gynamak we harby ýesirleriň gulçulygy, şeýle hem uruş hereketleriniň bolýan ýerindäki raýat ilatynyň gulçulygy;
– ýesirleriň tutulmagy we öldürilmegi;
– raýat obýektiniň bilkastlaýyn ýok edilmegi;
– ýaşaýyş jaýlaryň we ilatly ýerleriň harby wajyplygy bolmazdan ýok edilmegi.

Harby jenaýatlar köpçülikleýin häsiýete eýe, ondaky pidalar köp bolup, adamzadyň garşysyna edilen jenaýat hasaplanýar we günäkärler milli harby kazyýetlere degişli bolman, halkara harby tribunala degişlidir.

«Harby jenaýat» adalgasyna Halkara Jenaýat Kazyýetiniň Rim statutynyň 8-nji maddasynyň 2-nji böleginde düşündiriş berlipdir. Oňa şu aşakdakylar degişli:

a. 1949-njy ýylyň 12-nji awgustyndaky Ženewa Konwensiýasynyň bozulmagy, has takygy Ženewa Konwensiýasy tarapyndan goralýan şahslaryň ýa-da emläkleriň garşysyna indiki islendik hereketler:

1. Bilkastlaýyn adam öldürmek;
2. Gynamalar ýa-da adamkärçiliksiz çemeleşmeler, şol sanda biologik eksperimentler;
3. Bilkastlaýyn saglyga ýa-da tene agyr şikes ýetirmeler;
4. Harby wajyplygy bolmadyk emläkleriň köpçülikleýin alynmagy, ýok edilmegi;
5. Dostluksyz döwletiň harby ýesirini ýa-da ýaragly güýçlere degişli harby adamy gynamak;
6. Harby ýesiriň ýa-da başga goralýan şahsyň adalatly we kadaly kazyýet önümçiliginden mahrum edilmegi;
7. Bikanun deport edilmek, göçürilmek ýa-da bikanun azatlykdan mahrum etmek;

8. Ýesir almak;

b. Halkara hukugynyň çäklerinde ýaragly çaknyşyk döwründe ulanylýan kanunlaryň we däpleriň, indiki islendik hereketleri:

1. Harby hereketlere gönümel gatnaşmaýan raýat ilatyna şeýle hem aýratyn raýat ilatyna bilkastlaýyn çozuş etmek;

2. Raýat obýektlerine has dogrusy harby nyşany bolmadyk obýektlere bilkastlaýyn çozuş etmek;

3. Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasyna laýyklykda, ynsanperwer kömegini edýäne ýa-da parahatçylygy üpjün etmäge gelen adamlara, obýektlere, ulag serişdelerine, ýa-da bölümçelerine halkara hukugyna laýyklykda ýaragly çaknyşyk döwründäki raýat şahslaryna we raýat obýektlerine bilkastlaýyn hüjüm etmek;

4. Raýat ilatyna ýa-da raýat obýektine, tebigata we daşky gurşawa zyýan ýetirýän bilkastlaýyn çozuş;

5. Harby däl goragsyz şäherlere, obalara, ýaşaýyş ýerlerine, binalara bilkastlaýyn çozuş etmek ýa-da haýsy-da bolsa bir zat bilen oka tutmak.

Ilkinji gezek, «Halkara jenaýatlaryň topary» düşünjesi 1945-nji ýylda Halkara Harby tribunalyň Tertipnamasynda kesgitlendi. Tertipnamanyň esasynda hemme halkara jenaýatlar üç topara bölünýär:

1. Parahatçylyga garşy jenaýatlar – jenaýaty meýilleşdirmek, taýýarlamak, halkara şertnamasyny bozup, agressiw uruş alyp barmaklyk we ş.m.;
2. Harby jenaýatlar – urşy alyp barmaklygyň kanunlaryny we däplerini bozmak, gabalan meýdanda raýat ilatyny gulçulyga alyp gitmek, harby esgerleri öldürmek, gynamak ...;
3. Adamzadyň garşysyna jenaýatlar – gyrgynçylyk etmek, adam öldürmek.

## § 2. Indiwidleriň jogapkärçiligini belleýän halkara-hukuk kadasynyň häsiýetnamasy

Halkara ynsanperwer hukugynyň ýörelgeleri bu pudagyň ulgamlaýyn işini üpjün edýär. Harby jenaýatlaryň öňüni almak boýunça soraglary kadalaşdyrýan ýörelgeler hem bardyr. Bulara: uniwersal

ýurisdiksiýa, harby jenaýatlara wagt möhletini ulanmazlyk, ýolbaşçynyň jenaýatçylykly buýrugyny ýerine ýetirendigi üçin jogapkärçilik degişlidir.

***Uniwersal ýurisdiksiýa ýörelgesi.***

Harby jenaýatlaryň öňüni almagyň wajyp elementi bolup, döwletiň içerki derejesinde bulary amala aşyranlaryň raýatlygyna we jenaýatyň amala aşyrylan ýerine garamazdan, şahslary jenaýat jogapkärçiligine çekmek çykyş edýär.

Ýurisdiksiýa döwlet özygtyýarlylygydyr. Ol döwlet häkimiýetiniň hereket ediş çygryny aňladýar. Adatça, ýurisdiksiýa döwletiň territoriýasynda jenaýaty amala aşyran şahslar bilen çäklendirilýärdi (*territorial ýurisdiksiýa*).

Ýuwaş-ýuwaşdan halkara hukugy käbir aýry ýagdaýlarda döwlet öz territoriýasynyň çäginden (*eksterritorial ýurisdiksiýa*) daşary bolan ýa-da bolup geçýän wakalara degişli hukuk namalary kabul edip başlady.

Jenaýat hukugynda eksterritorial ýurisdiksiýa birnaçe ýörelgelere esaslanýar: şu döwletiň raýatlary tarapyndan döwletiň territoriýasynyň çäginden daşarda edilen jenaýatlar (*aktiw personal yurisdiksiýa*), döwletiň howpsuzlygyna garşy jenaýatlar (*gorag ýurisdiksiýa ýörelgesi*), şeýle hem şu döwletiň raýatlaryna garşy döwletiň çäginden daşary edilen jenaýatlar (*passiw personal ýurisdiksiýa*). Eksterritorial ýurisdiksiýanyň ýokarda agzalan ýörelgeleri edilen etmiş we özygtyýarlylygyny amala aşyran döwletiň arasynda kesgitli baglanyşyk bolmalydyr.

Şular ýaly baglanyşygy talap etmeýän ýörelgäniň ýene biri uniwersallyk ýörelgesi (uniwersal ýurisdiksiýa).

Uniwersal ýurisdiksiýa ýörelgesini amala aşyrmagyň esaslandyrmasy halkara şertnamada, şeýle hem adaty hukukda berkidilýär (1949-njy ýyldaky IV ŽK-nyň 49, 50, 129, 146-njy maddalarynda şeýle kada berkidilýär).

Häzrki wagtda şular ýaly bozulmalar hem harby jenaýatlar bolýar diýen nukdaýnazarlar bar. Bular ýaly bozulmalar Fakultatiw uniwersal ýurisdiksiýa diýen düşünjä gabat gelýär. Mysal hökmünde,

öňki Ýugoslawiýa boýunça Tadiçiň işi boýunça Halkara Tribunalyň çözgüdini; 16.06.1993 ý. IV ŽK we I we II GP-niň gödek bozulmalarynyň öňüni almak baradaky Belgiýa Kanunyny we beýlekileri görkezmek bolar.

***Harby jenaýatlara wagt möhletini ulanmazlyk ýörelgesi***

26.11.1968-nji ýylda kabul edilen harby jenaýatlara we adamzadyň garşyna jenaýatlara wagt möhletini ulanmazlyk hakyndaky Konwensiýa şu ýörelgäni berkiden ilkinji halkara şertnama. Şu Konwensiýanyň I maddasy aşakdakylary berkidýär:

a) 08.08.1945 ý. Halkara Nýurnberg harby Tribunalynyň Düzgünnamasy bilen kesgitlenen we 13.02.1946, 3 (I) we 11.12.1946, 95 (I) BMG-niň Baş Assambleýasynyň Rezolýusiýasy bilen tassyklanan harby jenaýatlar, hususan-da, 12.08.1949 ý. Ženewa Konwensiýasynda sanalan «gödek bozulmalar».

b) 08.08.1945 ý. Halkara Nýurnberg harby Tribunalynyň Düzgünnamasy bilen kesgitlenen we 13.02.1946, 3 (I) we 11.12.1946, 95 (I) BMG-niň Baş Assambleýasynyň Rezolýusiýasy bilen tassyklanan adamzadyň garşysyna edilen jenaýatlar, ýaragly çozuşyň ýa-da basyp almanyň netijesinde sürgün etmek we adamkärçiliksiz hereketlerdir, olar aparteid syýasatynyň netijesi, şeýle hem 1948 ý. Konwensiýasynda kesgitlenişi ýaly, genosid jenaýaty.

Şeýle halkara borçlar bilen bagly bolmadyk köpsanly döwletler häzirki wagtda harby jenaýatlara we adamzadyň garşysyna jenaýatlara wagt möhletini ulanmaýan kanunçylygy kabul etdiler:

**Albaniýa** – harby jenaýatlara wagt möhletini ulanmaýar (Jenaýat kodeksi, 67-nji madda);

**Germaniýa** – adam öldürmäge we genoside wagt möhletini ulanmaýar (Jenaýat kodeksi, §78);

**Belgiýa** – Ženewa Konwensiýalarynyň we onuň Goşmaça Protokollarynyň gödek bozulmagyna wagt möhletini ulanmaýar (1993 ý. Kanunyň 8-nji maddasy);

**Kuba** – ölüm jezasy bellenilýän jenaýatlara we adamzadyň garşysyna jenaýatlara wagt möhletini ulanmaýar (Jenaýat kodeksi, 64-nji madda);

**Efiopiýa** – adamzadyň garşysyna jenaýatlara wagt möhletini ulanmaýar (Konstitusiýa, 28-nji madda);

**Fransiýa** – adamzadyň garşysyna jenaýatlara wagt möhletini ulanmaýar (Jenaýat kodeksi, 213-nji madda);

**Wengriýa** – harby jenaýatlara we adamzadyň garşysyna jenaýatlara wagt möhletini ulanmaýar (Jenaýat kodeksi, 33-nji (2) madda);

**Niderlandlar** – Harby jenaýatlar hakynda Kanunyň 10-njy maddasy we Genosid hakynda Kanunyň 3-nji maddasynda getirilen jenaýatlara wagt möhletini ulanmaýar;

**Polşa** – harby jenaýatlara we adamzadyň garşysyna jenaýatlara wagt möhletini ulanmaýar (Jenaýat kodeksi, 109-njy madda);

**Ruanda** – genosid we adamzadyň garşysyna jenaýatlara wagt möhletini ulanmaýar (1996 ý. Organiki Kanunyň 37-nji maddasy);

**Sloweniýa** – harby jenaýatlara we adamzadyň garşysyna jenaýatlara wagt möhletini ulanmaýar (Jenaýat kodeksi, 116-njy madda);

**Ispaniýa** – genosid jenaýatyna wagt möhletini ulanmaýar (Jenaýat kodeksi, 131-nji (4) madda);

**Şweýsariýa** – harby jenaýatlara we adamzadyň garşysyna jenaýatlara wagt möhletini ulanmaýar (Jenaýat kodeksi, 75-nji madda we Harby Jenaýat kodeksi, 56-njy madda).

Bu ýörelge Halkara Jenaýat kazyýetiniň Rim Statutynyň 29-njy maddasynda hem öz beýanyny tapdy.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 74-nji maddasynyň 5-nji bölegi, 79-njy maddasynyň 3-nji bölegi – parahatçylyga we adamzadyň howpsuzlygyna garşy jenaýaty amala aşyran adamlar babatda wagt möhleti ulanylmaýar.

***Çäre görmedik ýolbaşçylaryň jogapkärçiligi ýörelgesi***

Bu ýörelge ýolbaşçylaryň öz tabynlygyndakylaryň harby jenaýaty amala aşyrmagynyň öňüni almakda hiç hili çäre görmedik ýagdaýynda ýüze çykýar. Bu ýörelgäniň mazmunyny halkara ynsanperwer hukugynyň birnäçe düzgünini seljermek esasynda açmak bolar.

1907 ý. Gury ýer urşunyň kanunlary we adatlary hakynda Gaaga Düzgünnamasynyň 1-nji maddasynda, 1977 ý. I GP-niň 43-nji maddasynyň 1-nji bendi ýaragly güýçleriň «Öz tabynlygyndakylaryň

hereketleri üçin jogapkär şahsyň ýolbaşçylygynda bolmaly» diýen kadany berkidýär. 1949 ý. III ŽK-nyň 39-njy maddasy hem harby ýesirler üçin lagere jogapkärleriň borçlaryny aýratyn belleýär. I GP serkerdäniň borçlaryny aýratyn beýan edýär (86-njy maddasynyň 2-nji bendi).

Ženewa Konwensiýalarynda we II GP-de halkara häsiýetli bolmadyk ýaragly çaknyşyklarda ýokary wezipeli şahsyň jenaýat jogapkärçiligi hakynda göni aýdylmaýar. Ýöne ýaragly toparlaryň üstünden jogapkär ýolbaşçylygyň bolmagy II GP-ni ulanmagyň esasy şertleriniň biridir.

## § 3. Halkara ynsanperwer hukugy boýunça döwletleriň borçlarynyň ýerine ýetirilişine halkara gözegçiligi

Döwletleriň şertnamalaýyn borçlarynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek üçin birnäçe çäreler kabul edilýär. Döwletler dürli formadaky gözegçilik etmegiň guramaçylyk gurluşlaryny döredýärler:

a) halkara gurama tarapyndan amala aşyrylýan halkara gözegçiligi;

b) döwletler tarapyndan ýörite döredilýän halkara gözegçilik edaralary;

ç) milli edaralar tarapyndan amala aşyrylýan halkara gözegçiligi;

d) halkara proseduralara we milli edaralaryň işine esaslanýan halkara gözegçiligi.

Halkara guramalaryň edaralarynyň gözegçilik wezipeleri olaryň düzgünnamasy ýa-da bu guramanyň agzasynyň arasynda ýetilen aýratyn ylalaşyk esasynda amala aşyrylýar. Halkara gözegçilik kanunalaýyklygyň ölçegi bolup, onuň edaralarynyň işi halkara hukugyň umumy ykrar edilen ýörelgelerine we kadalaryna, ilki bilen hem, beýleki döwletiň içerki işlerine goşulmazlyk, döwletleriň özygtyýarlylyk deňligi, borçnamalary päk ýürekden ýerine ýetirmeklik ýörelgelerine laýyk gelýär.

***Halkara tejribede gözegçiligiň şu usullary işlenip taýýarlanylýar:*** hasabatlary, dokladlary bermek, maglumatlar alyşmak, syn

etmek, obýektlere barmak, gözegçilik postlaryny bellemek, konsultasiýalary geçirmek, arzalara seretmek we beýlekiler.

Ýokarda aýdylanlary nazara almak bilen, halkara gözegçiligini şeýle kesgitlemek bolar, ýagny halkara gözegçilik halkara hukugyň subýektleriniň (ilki bilen döwletiň) halkara hukugynyň ýörelgelerine, kadalaryna laýyklykda halkara şertnamanyň esasynda amala aşyrylýar we döwletiň özlerine kabul eden borçlarynyň gyşarnyksyz hem-de anyk ýerine ýetirilişini üpjün etmekden ybaratdyr.

Ýaragsyzlanmak we ýaraglary çäklendirmek, ýaragly güýçleri çäklendirmek çygryndaky ylalaşyklaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik aýratyn ähmiýete eýedir.

Halkara ynsanperwer hukugynda gözegçiligiň hukuk esasy bolup, urşuň pidasynyň goragy, ony alyp barmakda gadagan edilen usullar we serişdeler baradaky Konwensiýalaryň çeşmelerinde berkidilen kadalar çykyş edýär.

ŽK we GP bilen gözegçiligiň birnäçe guramaçylyk formalary göz öňüne tutulýar:

a) *Halkara ynsanperwer hukugynyň kadalarynyň bozulmagyny ýüze çykarmak bilen söweşýän tarapyň derňew gözegçiligi* – bu ýagdaý I–IV ŽK degişli, 52, 53, 132, 149-njy maddalaryna esaslanýar. Bulara laýyklykda, Konwensiýanyň her bir gatnaşyjysy halkara ynsanperwer hukugynyň bozulan kadasynyň derňewini geçirmekligi talap edip bilýär;

b) *faktlary bellemek boýunça Halkara Komissiýanyň gözegçilik işi* – bu Komissiýa I GP-niň 90-njy maddasyna laýyklykda, 1991-nji ýylda döredildi we hemişelik hereket edýän edara. Onuň düzümine 15 agza girýär (Komissiýanyň ygtyýarlyklaryny ykrar eden döwlet tarapyndan saýlanylýar).

Komissiýa şulara ygtyýarly:

1. ŽK-nyň we I GP-niň gödek bozulmasy hasaplanylýan islendik faktlary derňemäge;
2. Hoşniýetli kömek arkaly Konwensiýalara we I GP-ä hormaty dikeltmäge ýardam etmäge.

Derňew (Komissiýanyň 7 agzadan ybarat bolan palatasy tarapyndan alnyp barylýar, olaryň 5-si hemişelik agza, 2-si «*ad hoc*» agza, ýagny her söweşýän tarapdan 1 agza. Palatanyň hiç bir agzasy söweşýän tarapyň raýatlygynda bolmaly däldir. Bu gözegçilik mehanizminiň häsiýeti diňe onuň ygtyýarlylygyny ykrar eden döwletlere degişlidir.

ç*) Penakär döwletiň gözegçilik işi* – penakär döwlet bitarap döwlet bolup, söweşýän taraplar ylalaşygy boýunça HYH-yň kadalarynyň berjaý edilişine ýardam edýär we haýsy hem bolsa bir döwletiň tarapynda gözegçiligi amala aşyrýar;

d*) HGHK-nyň gözegçilik işi.*

**HGHK-nyň gözegçilik wezipesini amala aşyrmagyň usullary:**

1. HGHK-nyň delagatlary tarapyndan ýerlere, sebitlere barmak;

2. Halkara ynsanperwer hukugynyň kadalarynyň bozulandygy baradaky arzalara garamak.

HGHK-nyň işiniň ýaýran görnüşiniň biri hem delegatlaryň dürli sebitlere ynsanperwer kadalarynyň ýerine ýetirilişine (berjaý edilişine) gözegçilik etmäge barmagydyr. HGHK halkara ynsanperwer hukugyna ters gelýän hereketler barada häkimiýetleri habarly edýär. Bular dürli görnüşli bolup biler. HGHK-nyň işiniň hukuk esasy bolup, III ŽK-nyň 126-njy we IV ŽK-nyň 143-nji maddasy çykyş edýär, bularda harby ýesirleriň, internirlenenleriň saklanýan ýerlerine barmak hukugy barada aýdylýar.

Döwletleriň gözegçilik işiniň möhüm bölegi bolup, urşy alyp barmagyň gadagan edilen serişdeleri barada borçlary ýerine ýetirmek çykyş edýär.

Şeýlelik bilen, halkara ynsanperwer hukugynda gözegçiligiň dürli formalary we usullary hereket edýär, bular döwletleriň şertnamalaýyn borçlarynyň ýerine ýetirilişine ýardam edýär. Şol bir wagtyň özünde, şu çygyrdaky gözegçilik işi halkara häsiýetli ýaragly çaknyşyklarda halkara ynsanperwer hukugynyň kadalarynyň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin olaryň kämilleşdirilmegini we düzgünleşdirilmegini hem-de halkara häsiýetli bolmadyk ýaragly çaknyşyklarda olary ulanmagyň gözegçilik mehanizmlerini işläp taýýarlamagy talap edýär.

## Harby jenaýatlar üçin indiwidual jenaýat jogapkärçiliginiň ýörelgeleri

Ýörelgeler

Uniwersal ýurisdiksiýa

Indiwidual jenaýat jogapkärçiligi

Wagtlaýyn möhletini ulanmazlyk

Nullum crimmen sine lege – Kanunsyz jenaýat ýok

Nulla poena sine lege – Jezasyz jenaýat ýok (Rim Statutynyň 23-nji maddasy)

Ýolbaşçynyň çäre görmedigi üçin jogapkärçilik

Öňki geçenlere täsiriniň bolmazlygy

Ýolbaşçynyň jenaýatçylykly buýrugy ýerine ýetirmegi üçin saýlamak mümkinçiligi bolsa hem jogapkärçilik

Wezipeli ýagdaýa salgylanmaga ýol bermezlik


Halkara ynsanperwer hukugynyň bozulmagynyň kategoriýalary
HYH-yň gödek bozulmalary (harby jenaýatlar)
Halkara ynsanperwer hukugynyň beýleki bozulmalary
Halkara bileleşiginiň ýaşaýyş ähmiýetli wajyp bähbitlerine zyýan ýetirilýär we ýokary derejeli jemgyýetçilik howply
Goralýan gatnaşyklara uly bolmadyk zyýan ýetirýärler we uly jemgyýetçilik howpuny döretmeýärler
Hökmany jenaýat jogapkärçiligini bellemegi talap edýär
Jenaýat jogapkärçiliginden başga öňüni alyş we jezalandyrmak boýunça çäreleri kabul etmeli


Halkara ynsanperwer hukugynyň gödek bozulmalary
1949 ý. ŽK 1977 ý. I GP, 1999 ý. IIGP
1949 ý. ŽK, 50 mad. I ŽK, 51m. II ŽK 130, III ŽK,147 IV
I GP, 11 madda 3-nji we 4-nji bent
II GP 1999
15-nji madda 1-nji bent
1949 ý. ŽK 1977 ý. I GP, gödek bozulma
1949 ý. I ŽK 15, 19, 24-26-njy madda I ŽK, 22-23-25-nji madda ŽK, 18, 22, 28, 49 IV ŽK
IGP, 12-nji madda, 2 we 3b, 35, 37, 40, 51, 54, 1b, 86, 2b
Beýleki halkara şertnamanyň halk adat hukugynyň bozulmagy
1970 ý. IV Gaaga Konwensiýasy
1949 ý. we II GP-niň umumy 3-nji maddasy
Urşy alyp barmakda käbir serişdeler we usullar gadagan

**Harby jenaýatlaryň klassifikasiýasy**
**(8-nji madda, 1998 ý. Rim Statuty)**

1. Kazyýet şu harby jenaýatlar babatda ýurisdiksiýa eýedir, ýagny olar meýilnamanyň ýa-da syýasatyň çäklerinde, ýa-da iri (köpsanly) edilen ýagdaýdaky jenaýatlar.
2. Şu Statutyň maksatlary üçin harby jenaýatlar şulary aňladýar:

1949 ý. ŽK-nyň gödek bozulmasy

Halkara hukugyň çäklerinde ulanylýan kanunlaryň we adatlaryň gödek bozulmalary

Halkara häsiýetli bolmadyk ýaragly çaknyşyklara umumy 3-nji maddanyň gödek bozulmasy

Halkara hukugynyň çäklerinde bellenen halkara häsiýetli bolmadyk ýaragly çaknyşyklarda ulanylýan kanunlaryň we adatlaryň beýleki gödek bozulmalary

Eksterritorial ýurisdiksiýa

*Aktiw personal ýurisdiksiýa* – bu döwletiň raýatlary tarapyndan döwletiň territoriýasynyň çäginden daşarda edilen jenaýatlar

*Passiw personal ýurisdiksiýa* – bu döwletiň raýatlaryna garşy döwletiň çäginden daşary edilen jenaýatlar

*Gorag ýurisdiksiýa ýörelgesi* – döwletiň howpsuzlygyna garşy jenaýatlar

## § 4. Halkara Jenaýat Kazyýetiniň döredilmegi, maksady we wezipeleri

Halkara Nýurnberg Harby tribunaly – häzirki zaman halkara hukugynyň taryhynda örän wajyp wakalaryň biridir. Ilkinji gezek, taryhda hukuk mehanizmi parahatçylygyň, adamzadyň garşysyna, harby jenaýatlary eden adamlary kazyýete çekmek üçin ulanyldy. Şunuň bilen baglylykda, ol, ilkinji gezek, halkara jenaýat hukugynyň esasyny goýdy, ol munuň ilkinji tapgyry boldy.




**Nýurnberg Harby tribunaly**

Halkara jenaýatlary eden adamlaryň tribunalyň öňünde jogap bermegini gurnamak pikiri, halkara hukugynda täzeçillikdi, mundan öň HHT-niň jogapkärçiliginiň obýekti döwletler bolup, olar indiwid däldi. Sewr parahatçylyk şertnamasynda ermenileriň genosidine garşy bölüm bar bolsa, 1923-nji ýylyň şertnamasynda bu göz öňünde tutulmady. Wersal şertnamasyna (1919 ý.) (227–229-njy maddalar) laýyklykda indiwidleriň şol sanda Imperator Wilgelm II «halkara adatlaryny» we «halkara şertnamalaryň bozulmagy» üçin jogapkärçilik bellenilýär. Emma Wilgelm II niderlandlary bermeklikden ýüz dönderipdir. 1937-nji ýyldaky terrorçylyk aktlary amala aşyrylandygy üçin Halkara Jenaýat Kazyýetini döretmek hakynda Konwensiýa güýjüne girmän galdyrylýar. Şeýlelikde, aýratyn indiwidleri gözlemek we jeza bellemek her döwletiň özünde galdyryldy.

Ýagdaý Nýurnberg tribunalynyň döredilmegi, şeýle hem wezipesinden we harby adyndan garaşsyz halkara jenaýatlar üçin jogapkärçilik çekmek ýörelgesiniň berkidilmegi bilen üýtgedi. Bu ýörelge öňki Ýugoslawiýada we Ruandada halkara kazyýetlere, Sýerkl – Leonede we beýleki garyşyk kazyýetlerde jenaýat repeassiýasyny amala aşyrmak üçin ählitaraplaýyn ösüşe eýe boldy. Şeýlelikde, tribunalyň esasy bolup dört döwletiň baglaşan, soňra 19 döwletiň goşulyşan şertnamasy çykyş edipdir. Onda Uzak Gündogar üçin tribunaly (Tokio) aýratyn bellemek bolar. Oňa 11 döwletiň Baş serkerdebaşylarynyň baglaşan 1946-njy ýylyň 19-njy ýanwaryndaky proklamasiýasy esas bolupdyr.

Halkara harby tribunal edebiýatlarda ýeňijileriň kazyýeti diýlip bellenilýär. Emma ABŞ-dan çykyş eden garalawjy R.Jekson «Germaniýa bilen alnyp barlan uruş agressiw uruş bolup, dünýäniň ýeke döwletinem biparh goýmady» diýip belläpdir. Halkara jenaýat kazyýetlerini şertli iki topara bölüp bolýar: Tribunallar we *ad hoc* kazyýetleri (halkara wagtlaýyn tribunallar, internasionallaşdyrylan içerki kazyýetler we tribunallar) hem-de hemişelik hereket edýän kazyýetler. Häzirki wagtda *ad hoc* wagtlaýyn kazyýetler düzgünleşdirilýär. 1993-nji ýyldaky BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň 827 san belgili Rezolýusiýasyna laýyklykda halkara ynsanperwer hukugyny düýpli bozan adamlara yzarlamalar yglan edildi we onuň Düzgünnamasy tassyklandy. Tribunalyň bolup geçýän ýeri Gaaga diýlip hasap edilýär.

**Kazyýetiň Statuty.** BMG-niň Tertipnamasynyň 93-nji maddasyna laýyklykda – BMG-niň ähli döwletleri «ipso facto» Kazyýetiň Statutynyň agzasy bolup durýar. Kazyýetiň Statuty BMG-niň Tertipnamasynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar, şeýle hem ol kazyýetiň hereketiniň aýrylmaz bölegidir. Statutyň 1-nji maddasy: «BMG-niň Tertipnamasy bilen tassyklanan Birleşen Milletleriň esasy kazyýeti hökmünde çykyş edýär, hereket edýän Statutyň şu aşakdaky düzgünleri bilen kemala gelýär we hereket edýär» diýen sözler bilen başlaýar. Onda 5 bölüm we oňa degişli 69 madda görkezilendir:

– I bölüm: Kazyýetiň gurluşy (2–33-nji maddalar);

– II bölüm: Kazyýetiň kompetensiýasy (34–38-nji maddalar);

– III bölüm: Kazyýet önümçiligi (39–64-nji maddalar);

– IV bölüm: Konsultatiw berkitmeler (65–68-nji maddalar);

– V bölüm: Düzetmeler (69–70-nji maddalar).

**Kazyýetiň ulanýan hukuk çeşmeleri.** Işlere seredende kazyýet Statutyň 38-nji maddasynda göz öňünde tutulyşy ýaly, şu aşakdaky çeşmeleri ulanýar:

– halkara Konwensiýalary we şertnamalary;

– halkara däpleri;

– siwilizasion milletleriň ykrar eden umumy ýörelgeleri;

– halkara hukugynyň bilermenleriniň çözgütleri we doktrinalary.

Mundan başga-da, jedeliň taraplarynyň ylalaşan ýagdaýynda, Kazyýet işi «ex aequo et bono», has takygy, adalatlylyk bilen tamamlanyp bilner.

Kazyýet önümçiliginiň resmi dili fransuz we iňlis dilleri bolup durýar. Eger başga dillerde towakganama getirilen bolsa, fransuz we iňlis dillerinden başga dillerde iş alnyp barylýar. Taraplar özüniň wekilleri bilen önümçilige girişýär ýa-da ynanan adwokatlaryny ulanyp bilýär. Kazyýet önümçiliginde işiň diňlenişi açyk bolup, ol kazyýetiň öz karary bilen köpçülige ýetirilmän bilner. Kazyýet önümçiligi iki bölümi özünde jemläp: ýazmaça we dilden bolup biler. Ýazmaça önümçilige hatlar, memorandumlar, resminamalar degişlidir. Bilermenleri we şaýatlary kazyýet dilden diňleýär.

Halkara hukugy boýunça harby jenaýatlara diňe şahsy jogapkärçilik bellenmän, eýsem toparlaýyn jogapkärçilik hem bellenendir. 1949-njy ýylyň Ženewa Konwensiýasynyň protokolynyň 86-njy maddasyna laýyklykda, serkerde golastyndakylaryň eden etmişi üçin, eger ol bu hakynda bilen bolsa, emma degişli çäreleri görmedik bolsa, jogapkärçilige çekilýär. Harby jenaýatlara möhlet bellenmedik. (Adamzadyň garşysyna harby jenaýatlara möhlet ulanmazlyk hakynda BMG-niň 1968-nji ýylyň Konwensiýasy; Adamzadyň garşysyna harby jenaýatlar üçin möhlet ulanmazlyk hakynda 1974-nji ýylyň Ýewropa Konwensiýasy).

Her bir çaknyşyga aýratyn tribunal döretmezlik üçin, 1998-nji ýylda Halkara Jenaýat Kazyýeti döredildi we onuň düzümine harby jenaýatlar hem girizildi. Oňa uniwersal kanunçylyk mahsusdyr. 2002--nji ýylda ony döretmek hakyndaky kanun güýje girdi. Emma birnäçe döwletler ony tassyklamady (Russiýa, ABŞ we Hytaý). Mundan baş-

ga-da, ABŞ amerikan raýatlarynyň harby janaýatçylaryny bermezlik hakynda iki taraplaýyn şertnama baglaşdy.

Nýurnberg Tribunalynyň belleýşi ýaly, halkara Konwensiýalar jenaýatçylaryň jogapkärçilikden sypmagy üçin çäre bolmaly däldir. Eýýäm XVIII asyrdan «Goragsyz adamlary öldürmek ýa-da olara şikes ýetirmek harby däplere garşy gelýär» diýlen düşünje işjeň hereket edip başlady.

# XVI BAP. HALKARA GYZYL HAÇ KOMITETINIŇ DÖREDILMEGI, TAPAWUTLANDYRYJY NYŞAN BELGILERI WE OLARYŇ ÄHMIÝETI

## § 1. Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň döredilmeginiň taryhy. Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň esas goýujy ýörelgeleri

Adamzat taryhy müňlerçe uruşlaryň, gapma-garşylyklaryň hem--de adam pidalarynyň şaýady boldy. Esasan hem, XX asyr awuly, uly ýitgili, köp pidaly, gandöküşikli asyr boldy. Iki gezek Jahan uruşlary, onlarça sebitara, döwletara agyr uruşlar boldy. Urşuň dowam edýän döwründe azda-kände adamzadyň ejir çekmegini azaltmak maksady bilen Žan Anri Dýunan Halkara Gyzyl Haç Komitetini esaslandyrdy.


Žan Anri Dýunan

Žan Anri Dýunan 1828-nji ýylda Ženewada gurply maşgalada dünýä inýär. Ol 1849-njy ýylda okuwyny taşlap, şäherdäki banklaryň birine işe girýär. 26 ýaşly Dýunan Demirgazyk Afrikada we Sisiliýada hereket edýän Ženewa bankynyň wekili bolup işe başlaýar. Ol işlän döwründe Alžirde, Tunisde we Sisililýada gören-eşiden zatlary barada kitap ýazýar. 1856-njy ýylda ol Alžirde özüniň şahsy işini guraýar. Şol wagtlar hem Alžir Fransiýanyň koloniýasy bolmagynda galýardy. 1850-nji ýylda Alžirdäki işleri bilen bagly meseläni çözmek maksady bilen, Fransiýanyň patyşasy Napoleon III bilen duşuşmak isleýär. Emma Awstriýa imperiýasynyň hem-de Fransiýanyň arasynda dowam edýän uruş sebäpli, Italiýanyň demirgazygynda ýerleşýän Solferino obasyna gelýär. Ol, söweş meýdanynda lukmançylyk kömegini alyp bilmän ýatan ýaraly esgerleri görýär. Ägirt uly jeň meýdany ýaralylardan ýaňa münder-münder bolup, olar gana bulaşyp ýatyrdylar, suwsuzlykdan heläk bolýardylar, kömege çagyryp gygyrýardylar. Bu elhenç görnüş Dýunanyň kalbyny elendirýär. Anri Dýunanda ynsana söýgi, ýakynyň

barada aladalanmak, oňa ýardam bermek, onuň derdini çekişmek duýgusy üstün çykýar. Patyşa bilen duşuşmagy başarmadyk Dýunan Solferinoda bolan wagtynda, haýsy tarapyň esgeridigine garamazdan, ýaralananlara kömek bermek üçin ýerli ýaşaýjylary birleşdirmegi başardy. Golaýdaky obanyň käbir öýlerini hem-de ýerli ybadathanalaryň birini wagtlaýyn hassahana öwrüp, Dýunan golastyndaky serişdeleriň kömegi bilen halas ediş işlerini ýola goýýar. Şepagat uýasy we aşpez bolup biljek meýletinçi zenanlar toplanylýar. Awstriýadan ýesir alnan lukmanlaryň boşadylmagy hem-de olaryň ýaralylara kömek etmekleri üçin rugsat alynýar. Ähli edilen işlere garamazdan 22 müň awstriýaly hem-de 17 müň fransiýaly esgerleriň janyny halas etmek başartmaýar. Şonuň netijesinde, Anri Dýunanyň «Solferinonyň etegindäki söweş hakynda ýatlama» atly kitaby 1862-nji ýylda çap edilýär we ençeme ýurtlarda jemgyýetçilik pikirini gozgalaňa salýar. Kitap 3 ýylyň dowamynda ýazylyp tamamlanýar. Dýunanyň bu kitaby jemgyýet tarapyndan uly gyzyklanma bilen garşylanyp, ol 3 ýylyň dowamynda daşary ýurt dilleriniň 12-sinde çap edildi. Kitap üç bölümden ybarat bolup, birinji bölümde urşuň özi barada, ikinji bölümde çaknyşykdan soň söweş meýdanynyň ýagdaýy barada, üçünji bölüm bolsa, uruşlarda ýaralananlaryň halas edilmegi üçin edilmeli işler we geljekki maksatlar barada beýan edilýär. Kitapda Dýunan diňe bir öz görenlerini beýan etmän, eýsem, uruş bolan halatynda ýaralylara milletine parh goýmazdan ýardam we goldaw bermek niýeti bilen, tutuş Ýewropa boýunça ýardamçylyk jemgyýetini gurmak hem-de harby hassahanalary, saglygy goraýyş işgärlerini goramak barada konwensiýa kabul etmek üçin halkara kongresini çagyrmak barada teklibini orta atýar. 1863-nji ýylda Anri Dýunan, Giýom Anri Dýufur, Gustaw Muanýe, Lui Appia, Teodor Monuar bilen bilelikde «Bäşleriň komiteti» diýlip atlandyrylýan ýaralylara kömek Komitetini döredýär. Bu Komitetiň başlangyjy bilen şweýsar hökümeti halkara maslahatyny çagyrýar we onuň netijesinde, 1864-nji ýylyň 22-nji awgustynda 57 döwleti özüne birleşdiren, «Hereket edýän goşunlarda ýaralylaryň ýagdaýyny gowulandyrmak we lukmançylyk gullugynyň statusy barada I Ženewa Konwensiýasy» diýlip atlandyrylan Konwensiýa gol çekildi. Hereketiň dörän ýeri hem-de onuň esaslandyryjysynyň şweýsariýaly bolandygyna esaslanyp, ýaralanan esgerlere edilýän he-

maýatyň tapawutly nyşany hökmünde Şweýsariýanyň baýdagyndaky reňkleriň ýerleşiş ornuny tersligine üýtgedip – ak şekilde gyzyl Haçyň nyşanyny ulanmak karar edilýär. 1880-nji ýylda «Bäşleriň komitetiniň» ady üýtgedilip, ol Halkara Gyzyl Haç Komitetine öwrülýär. Bu at biziň hazirki günlerimize çenli saklanyp gelýär.

Halkara Gyzyl Haç hereketiniň esasy wezipesi ynsanyň gelip çykyşyna, teniniň reňkine, jynsyna, dini ynanjyna, diline, milletine, syýasy garaýşyna garamazdan,[38] ynsan durmuşyny we saglygyny goramakdan, ynsanyň esasy azatlyklarynyň, hukuklarynyň hormatlanylmagyny üpjün etmekden, adamlaryň uruş belasyndan ejir çekmeginiň öňüni almakdan, ejir çekenlere goldaw bermekden ybarat bolan halkara ynsanperwer guramasydyr. Bu ynsanperwer hereketiň düzüm bölekleri şu aşakdakylardan ybarat:

I. *Halkara Gyzyl Haç Komiteti* ähli Gyzyl Haç Hereketini esaslandyryjydyr we bu Hereketiň esasy düzüm birlikleri bolup durýar. Halkara Gyzyl Haç Komiteti tarap çalmaýan, bitarap we garaşsyz guramadyr, onuň ynsanperwer maksatlary we wezipeleri urşuň hem-de ýurduň içindäki zorlukly ýagdaýlaryň pidalarynyň ömrüni, mertebesini goramakdan, olara kömek bermekden ybaratdyr.

Halkara Gyzyl Haç Komiteti dawaly ýagdaýlarda ynsanperwer kömegini bermek boýunça Hereketiň durmuşa geçirýän işlerine ýolbaşçylyk edýär hem-de ony sazlaýar. Ynsanperwer hukugyny we köptaraply ynsanperwer ýörelgelerini wagyz etmek we berkitmek bilen, Halkara Gyzyl Haç Komiteti adamyň ejir çekmeginiň öňüni almaga çalyşýar.

1863-nji ýylda esaslandyrylan Halkara Gyzyl Haç Komiteti Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý Halkara Hereketiniň hem-de Gyzyl Ýarymaýyň başlangyjydyr. Ol halkara jemgyýetçiliginden alnan aýratyn ygtyýarlyklara (mandata) eýedir:

1. Söweşýän taraplaryň arasynda bitarap araçy hökmünde çykyş edýär;

2. Halkara ynsanperwer hukugyny wagyz edijidir we saklaýjydyr;

3. Ýaragly dawalaryň, ýurduň içindäki içerki tertipsizlikleriň we zorlugyň pidalaryny goramaga hem-de olara kömek bermäge çalyşýar.

---

[38] BMG tarapyndan 1948-nji ýylyň 10-njy dekabrynda kabul edilen Adamyň hukuklarynyň Ählumumy Jarnamasynda we IV Ženewa Konwensiýasynyň II bölüminde öz beýanyny tapýar.

Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň esasy iş ugurlary:

1. Gözleg boýunça merkezi agentligi;

2. Azatlykdan mahrum edilenleri, harby tussaglary, syýasy tussaglary görmäge barmak;

3. Dawalaryň pidalaryna ynsanperwer kömegini bermek;

4. Dawalaryň pidalaryna saglygy goraýyş ulgamynda kömek bermek;

5. Halkara ynsanperwer hukugy we Halkara Gyzyl Haç Hereketi baradaky bilimleri ýaýratmak.

1876–1878-nji ýyllarda Osman imperiýasy bilen Russiýa döwletiniň arasynda bolan ýaragly çaknyşyklarda Osman imperiýasy gyzyl haç nyşanyny ulanmaklykdan boýun gaçyrdy we oňa derek ak düşekçede ýerleşdirilen ýarymaý şekilini tapawutlandyryjy nyşan hökmünde ulanjakdygyny aýtdy. Osman imperiýasy şeýle çözgüdini özleriniň yslam döwleti bolup durýandygy we gyzyl haç nyşany osmanly esgerler üçin hormatsyzlyk diýip hasaplaýandygy bilen düşündirdi. Gyzyl ýarymaý nyşanyny ýaragly çaknyşyklar tamamlanýan döwrüne çenli ulanmaly diýlip wagtlaýyn ykrar edildi.

1929-njy ýylda I Jahan urşundan soň, Halkara konferensiýasy çagyryldy we ilkinji Ž念 Ženewa Konwensiýasynyň düzgünlerine seretmeklik göz öňünde tutulýardy. Türk wekiliýeti, müsür wekiliýeti we Eýran döwletiniň wekiliýeti konferensiýada gyzyl ýarymaý, gyzyl ýolbars we gyzyl Gün nyşanlarynyň kabul edilmegini teklip edip ýüzlendiler. Netijede, bu goşmaça nyşanlar kabul edildi, emma konferensiýada nyşanlaryň köpelmeginiň öňüni almak maksady bilen, täze goşulan tapawutlandyryjy nyşanlaryň ulanylyşyny ýokardaky agzalan döwletler çäklendirdi. Häzirki günde 151 döwlet gyzyl haç nyşanyny, 32 döwlet gyzyl ýarymaý nyşanyny ulanýar.

Hereketiň ikinji düzüm birligi *Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý jemgyýetleriniň Halkara Federasiýasydyr.* Halkara Federasiýanyň esasy maksady: betbagtçylykly hadysalar, weýrançylyklar döwründe adamlaryň ejir çekmekleriniň öňüni almak we ýeňilleşdirmek üçin harby däl häsiýetli adatdan daşary ýagdaýlaryň pidalaryna kömek bermekdir. Halkara Gyzyl Haç Komitetinden tapawutlylykda Halkara Federasiýa parahatçylykly döwürde iri tebigy we tehnogen weýrançylykly ýagdaýlarda, epidemiýalarda ýa-da beýleki ýurtlaryň milli

jemgyýetlerinden alnan ynsanperwer kömeginiň utgaşdyrylmagyny amala aşyryp hereket edýär.

Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý jemgyýetleriniň Halkara Federasiýasynyň işiniň esasy ugurlary:

1. Milli jemgyýetler üçin hemişelik aragatnaşyk edarasydyr we olara zerur bolan kömegi berýär;

2. Her bir ýurtda degişli şertlerde Milli jemgyýetiň döredilmegine hem-de olaryň ösmegine ýardam edýär;

3. Tebigy betbagtçylyklaryň we weýrançylyklaryň ähli pidalaryna kömek berýär hem-de Milli jemgyýetlere betbagtçylykly ýagdaýlarda işi taýýarlamaga kömek edýär;

4. Ilatyň saglygyny goramaga we durmuş üpjünçiligine gönükdirilen işde Milli jemgyýetleri höweslendirýär hem-de olaryň gatnaşmagyny utgaşdyrýar;

5. Milli jemgyýetlere öz hatarlaryna täze agzalary çekmäge we olara Hereketiň ýörelgelerini hem-de ideallaryny öwretmäge kömek edýär;

6. Halkara Gyzyl Haç Komitetine halkara ynsanperwer hukugy we Milli jemgyýetleriň arasynda esas goýujy ýörelgeleriň ýaýradylmagyna ýardam edýär.

Hereketiň esasy düzüm birlikleriniň biri *Gyzyl Haç ýa-da Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýetleridir.* Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýetleriniň umumy maksady, Ženewa Konwensiýasynda beýan edilişi ýaly, ýaragly çaknyşyklaryň pidalaryna kömek bermek boýunça, şeýle hem tebigy betbagtçylyklarda, beýleki adatdan daşary ýagdaýlarda asla tarap çalmazdan hereket edip, adamlaryň hasratynyň öňüni almakdyr we ýeňilleşdirmekdir. Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýetleri harby döwürdäki ýaly parahatçylyk döwründe-de hereket edýärler. Islendik Milli jemgyýetiň birinji derejeli wezipesi urşuň we beýleki adatdan daşary ýagdaýlaryň pidalaryna ynsanperwer kömegini bermekden, parahatçylykly döwürde bolsa olara taýýarlanmakdan: meýletinçileri toplamakdan we okatmakdan, «aýratyn döwre» ammarlary taýýarlamakdan; dürli durmuş maksatnamalaryny düzmekden we durmuşa geçirmekden; ilatyň has hemaýata mätäç gatlaklaryna (köp çagaly, az üpjünçilikli maşgalalara, hossarsyz garrylara, ýetim çagalara, maýyplara) kömek bermekden ybaratdyr.

Hereketiň düzüm birlikleriniň arasyndaky bilelikdäki iş Hereketiň Tertipnamasy we içerki ylalaşyklar esasynda amala aşyrylýar.

Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň ştab-kwartirasy Ženewadadyr.

Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň esasy wezipesi uruş ýa-da içerki uruşlar döwründe ejir çekenleriň durmuşyny we olaryň abraýynyň «depelenmezliginiň» öňüni almakdyr. Hereket 25 agzadan ybarat bolup, olaryň ählisi Şweýsariýanyň raýatydyr. Olar Gyzyl Haç Hereketi tarapyndan amala aşyrylýan işleri utgaşdyryjylar bolup durýar. Hökümetler tarapyndan we ýerli Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý jemgyýetlerine berilýän haýyr-sahawat kömekleriniň hasabyna maliýeleşdirilýär. Bu Komitetiň dünýäde alyp barýan ynsanperwer işleri göz öňüne tutulyp, üç gezek parahatçylyk ugrunda Nobel[39] baýragyna mynasyp görüldi. Ilkinji gezek, bu baýraga 1901-nji ýylda Komitetiň esaslandyryjysy bolan Anri Dýunan eýe boldy. Ikinji gezek hem, iki Jahan urşunyň dowamynda, ýagny 1917–1944-nji ýyllarda bitiren işleri üçin Nobel baýragyna mynasyp boldy. Nobel baýragyna mynasyp bolanyna garamazdan, hut şol döwürde Komitet birnäçe tankytlamalara sezewar edildi. Onuň esasy sebäpleriniň biri hem Ikinji Jahan urşy döwründe ýewreý milleti babatynda ulanylan genoside[40] garşy hiç hili hereketi amala aşyrmandygy boldy. 1968-nji ýylda hem Nobel baýragyna, 1990-njy ýylda Birleşen Milletler Guramasynda[41] synçy statusyna eýe boldy.

Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý jemgyýetleriniň Halkara Federasiýasy 180 sany Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý jemgyýetleriniň işini utgaşdyryjy bolup hyzmat edýär. 1919-njy ýylda döredilen bu federasiýanyň merkezi Ženewada ýerleşýär. Halkara hökümete dahylsyz

---

[39] 1895-nji ýylda Alfred Nobeliň ýogalmazyndan öň wesýet etmegi bilen, bu baýrak her ýyl mynasyp görlen şahslara we gurluşlara berilýär. Ol, esasan-da, milletleriň, halklaryň doganlaşmagy, ýaraglaryň, goşunlaryň azaldylmagy hem-de ýaraşyk kongresleriniň geçirilmeginde uly işler bitiren şahsyýetlere we gurluşlara berilýär. Ilkinji gezek, bu baýraga Anri Dýunan mynasyp boldy. Baýrak Alfred Nobeliň mirasynyň hasabyna düzgünleşdirilýär we Norwegiýa döwletiniň Nobel Komiteti tarapyndan alnyp barylýar. Bu baýraga mynasyp görlenler medal, diplom hem-de her ýyl üýtgäp durýan mukdarda pul baýragy bilen sylaglanýarlar.

[40] 1939-njy ýyldan 1945-nji ýyla çenli dowam etdi. 100 milliondan gowrak esgerler gatnaşdy. II Jahan urşy adamzadyň taryhynda iň ganly we iň uly uruşlaryň biri bolmak bilen, urşuň dowamynda 40–50 million toweregi adam heläk boldy.

[41] Ýewreý milletine garşy ulanylan genosidiň has elhençleriniň biri hem Holokost operasiýasydyr.

häsiýetli bu Federasiýa 1963-nji ýylda Halkara Gyzyl Haç Komiteti bilen bilelikde Nobel baýragyna mynasyp görüldi. Dünýäniň 186 ýurdunda 150 milliona golaý meýletinçileri özüne birikdirýär. Bu halkara hereketi dünýäde iň iri ynsanperwer hereket bolmak bilen, halkara ýaragly çaknyşyklary mahalynda 1949-njy ýylyň Ženewa Konwensiýasynyň 4-siniň we 1977-nji ýylyň I Goşmaça Protokolynyň esasy bolup hereket edýär. Bu şertnamalar oňa işiň belli bir görnüşini ýerine ýetirmeklige hukuk berýär. Ol özüniň işinde ýedi sany esasgoýujy ýörelgelere salgylanýar. Hereketiň esasgoýujy ýörelgeleri diňe 1965--nji ýylda Gyzyl Haçyň XX Halkara konferensiýasynda biragyzdan kabul edildi we 1986-njy ýylda Hereketiň Tertipnamasynyň giriş bölümine goşuldy. Olardan ilkinjisi we esasysy *ynsanperwerlikdir,* ol aýratyn orny eýeleýär, sebäbi Hereketiň öz manysy onuň aňladylmasydyr, galan ýörelgeler ondan gelip çykýar.

*Ynsanperwerlik* – Hereketiň adamlaryň ömrüni we saglygyny goramaga, adam şahsyýetine hormat goýulmagyny üpjün etmäge çagyrýandygyny aňladýar. Ol özara düşünişmegi, dostlugy, hyzmatdaşlygy we halklaryň arasyndaky berk parahatçylygy gazanmaga ýardam edýär. Ýörelgäniň manysyny esasy üç sany wezipede: adamlaryň hasratynyň öňüni almakda we ýeňilleşdirmekde; adamlaryň ömrüni we saglygyny goramakda; şahsyýete we ynsan mertebesine hormaty üpjün etmekde beýan edip bolar.

*Tarap çalmazlyk* – bu ýörelge Hereketiň jynsy, dini, synpy ýa-da syýasy ynanç alamatlary boýunça hiç bir tapawudy goýmaýandygyny aňladýar. Ol diňe adamlaryň hasratyny, ilkinji nobatda bolsa, kömege has mätäçleriň hasratyny ýeňilleşdirmäge çalyşýar. Bu ýörelgede üç ugur tapawutlanýar: hasrat çekýän adama kömek bermekde kemsitmä ýol bermezlik; tarap çalmazlyk – bu häsiýet kömek bermek bilen meşgullanýana ýüklenen häsiýetdir; deňlik ideýasy – aýratyn mätäçlere kömek bermek.

*Bitaraplyk* – ählumumy ynamy saklamak üçin Hereket dawalarda hiç bir tarapyňky bolmaýar, hiç haçan syýasy, jynsy, dini ýa-da ideologik häsiýetli jedellere gatnaşmaýar. Bu ýörelge 1864-nji ýylyň Ženewa Konwensiýasyna gol çekilmegi bilen ýüze çykdy. Gyzyl Haçyň söweş meýdanyndaky bitaraplygy kem-kemden ählumumy ýörelge boldy, onuň berjaý edilmegi ähli ýagdaýlara degişlidir we berk

berjaý edilmegi hökmanydyr. Bitaraplyk ýörelgesi ähli taraplaryň ynamyny saklamaga, adatdan daşary ýagdaýlarda pidalara kömek bermek üçin başga hiç bir gurama barmaga ygtyýary bolmadyk ýagdaýynda hereket etmäge mümkinçilik berýär.

*Garaşsyzlyk* – Hereket garaşsyz. Milli jemgyýetler öz hökümetlerine olaryň ynsanperwer işinde kömek bermek we öz ýurtlarynyň kanunlaryna tabyn bolmak bilen, şol bir wagtda Hereketiň ýörelgelerine laýyklykda hereket etmäge, hemişe (öz-özüni dolandyrmagy) saklamaga borçludyrlar. Bu ýörelge ynsanperwer işine, ynsanperwer başlangyçlaryna bolan hukuga degişli kararlary kabul etmekde garaşsyzlygy aňladýar. Milli jemgyýetiň döwlet derejesinde ykrar edilmegi ynsanperwer işini giňeltmäge hem-de bu babatda ýaşlaryň işjeňligini ösdürmäge we meýletinçileri çekmäge mümkinçilik berýär.

*Meýletinlik* – bu ýörelge haýsydyr bir bähbit bolmadyk halatynda ynsanperwer kömeginiň ak göwünli ýerine ýetirmelidigini aňladýar. Dýunan Solferinoda söweş meýdanynda ýaralylaryň örän köp sanlysyny görüp, meýletinlik esasynda ýerli ýaşaýjylary kömek bermäge çekipdir. Hereket öz işini adamlaryň iň gowy duýgularyna ýüzlenip we olarda rehimi oýaryp amala aşyrýar. Meýletinlik ýörelgesi bu işiň telekeçilik esasynda peýda görmek üçin amala aşyrylmaly däldigini ýatladýar.

*Bitewülik* – ýurtda Gyzyl Haçyň ýa-da Gyzyl Ýarymaýyň diňe bir Milli jemgyýeti bolmaly. Ol hemmeler üçin açyk we özüniň ynsanperwer işini ýurduň ähli ýerinde amala aşyrýar. Milli derejede bitewülik ýörelgesiniň berjaý edilmegi, Milli jemgyýete adatdan daşary ýagdaýlarda ýa-da tebigy betbagtçylyklarda aýratyn möhüm bolan maksada gönükdirilip, netijeli hereket etmäge mümkinçilik berýär. Diňe birleşdirilen tagallalar bilen islendik betbagtçylygy ýeňip geçip bolar.

*Köptaraplyk* – Gyzyl Haçyň we Gyzyl Ýarymaýyň Halkara Hereketi bütindünýä möçberli. Hereketiň çäklerinde Milli jemgyýetler deň hukuk derejesine eýedirler we birek-birege kömek bermekde deň jogapkärçilik çekýärler, üstlerine deň borçlary alýarlar. Köptaraplyk düşünjesi iki ideýany özüne birleşdirýär: kömek, kim oňa mätäç bolsa, şolara elýeterli bolmalydyr hem-de Hereketiň işi ähli ýurtlara ýaýramalydyr. Gyzyl Ýarymaýyň ýa-da Gyzyl Haçyň borjy kimdi-

gine garamazdan, adamlara kömek bermekden we olary goramakdan ybaratdyr.

Esas goýujy ýörelgeler – munuň özi iň çylşyrymly ýagdaýlarda goldanylmaly bolan, gündelik işde ýüze çykýan kadalaryň özboluşly toplumy. Olaryň hemmesini bilelikde, ýörelgeleriň hiç biri bozulmaz ýaly jemläp ulanmak zerurdyr.

Halkara ynsanperwer hukugynyň ösdürijisi we goraýjysy hökmünde Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň esasy wezipesi halkara ynsanperwer hukugyna hormat goýulmagyny üpjün etmekden ybaratdyr. Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň bu wezipesi halkara ynsanperwer hukugynyň kadalarynyň geriminiň giňeldilmegi we çaknyşyk ýagdaýyndaky taraplaryň öz borçlarynyň ýatladylmagy bilen amala aşyrylýar. Islendik kadanyň bilinmezligi ony ýerine ýetirmekde päsgelçilik döredýänligi sebapli, Halkara Gyzyl Haç Komiteti döwletleri halkara ynsanperwer hukugynyň kadalarynyň tanyşdyrylmagy bilen hem üpjün edýär. Şeýle-de döwletlere bu hukugyň işjeň görnüşde ýerine ýetirilmegini we hormatlanylmagyny üpjün etmek üçin gerek bolan çäreleriň ýerine ýetirilmelidigini ýatladýar.

Halkara Gyzyl Haç Komiteti I Jahan urşy[42] ýyllarynda öz hereketiniň çägini has-da giňeltdi. Ol hassa we ýaraly esgerleriň ýagdaýlaryny gowulandyrmak bilen bilelikde, tussaglaryň, şeýle hem uruş zerarly ejir çeken raýatlaryň ýagdaýy bilen hem ýakyndan gyzyklandy. Komitet Birinji Jahan urşunyň başynda öz hereketiniň çägini giňeltmegiň möhümdigini duýdy. 1914-nji ýylyň 15-nji awgustynda ýerli birleşmelere hat iberip, olary öz işinde goldamaga we kömek bermäge çagyrdy.

Urşuň başynda ýesir düşenler baradaky maglumatlary toplap, olary ýaýratmak maksady bilen «Halkara uruş tussaglary agentligi» ady bilen ýörite edara döredilýär. 1914-nji ýylyň 12-nji oktýabrynda agentlik Ženewada resmi taýdan işläp başlaýar. Ol urşa gatnaşýan döwletleriň ýesir alan adamlary baradaky maglumatlary toplap, olary beýleki bir ýerden gelýän maglumatlar bilen deňeşdirme geçirýän täsirli edara bolýar. Basylyp alnan ýerlerdäki hem-de duşman ýerlerinde tussag edilen raýatlara kömek bermek maksady bilen agent-

[42] 1914-nji ýylyň 28-nji iýulynda Awstro-Wengriýanyň Serbiýa garşy uruş yglan etmegi bilen başlanýar. Urşa dünýä ilatynyň üçden iki bölegini öz içine alan 38 döwlet gatnaşdy.

ligiň düzüminde ýörite raýat bölümi döredilýär. Raýat bölümi uruş gutarandan soň hem öz işini dowam etdirýär.

Bitarap döwletleriň poçta ulgamynyň üsti bilen ýesir düşenleriň maşgalalaryna hat we beýleki zatlaryň ugradylmagyna mümkinçilik döredildi. Bu agentlik ýaraşyk şertnamasyna gol çekilmegi bilen 1919-njy ýylyň 31-nji ýanwarynda öz işini bes etdi.

Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň wekilleri urşuň dowam edýän döwründe ýesir düşenleriň saklanýan lagerlerine baryp, ýesirlikdäki adamlaryň saklanyş şertleri bilen ýygy-ýygydan gyzyklandylar. Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň wekilleri her gezek lagerlere aýlanyp gaýdanlaryndan soň ýesirler we olaryň ýagdaýy barada hasabatlar taýýarlap, olary ýesirleriň degişli bolan döwletlerine iberdiler hem-de hasabatlar çap edilip, jemgyýetçilik köpçüligine ýetirildi. 1915-nji ýylda, ilkinji gezek, Birinji Jahan urşunda günbatar frontda zäherleýji ýaraglar[43] ulanyldy. Mundan başga-da, 20 müňden gowrak zäherleme hadysalarynyň bolandygy barada Halkara Gyzyl Haç Komiteti öz hasabatynda, dokladynda beýan etdi. Komitet 1918-nji ýylda dünýä döwletlerine we dini liderlerine hat ugradyp, himiki ýaraglaryň ulanylmagyny gadagan etmek boýunça teklipleri berdi. Komitetiň bu başlangyjy 1925-nji ýylda Ženewa Protokolyna gol çekilmegine getirdi.

Ilkinji gezek, Halkara Gyzyl Haç Komiteti 1870-nji ýylda Fransiýa bilen Prussiýanyň arasynda bolan söweşde öz işine başlady. Uruşda ýaraly we ýesir alnan esgerleriň maşgalalary bilen habarlaşyp bilmekleri üçin, Habarlar agentligi döredilýär. Mundan başga-da, Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň wekilleri 1875–1878-nji ýyllardaky Balkan krizisinde, 1885–1886-njy ýyllardaky Serbiýa bilen Bolgariýanyň arasynda bolan uruşda, hem-de 1912–1913-nji ýyllardaky Balkan uruşlarynda möhüm işleri bitirdiler.

XXI asyryň başynda bolup geçen ýaragly çaknyşyklar döwründe Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň alyp baran işlerine degişli birnäçe statistiki maglumatlar, bu guramanyň we Ženewa Konwensiýalarynyň müňlerçe adamlaryň ömrüni, namysyny, hukuklaryny goramaga ýar-

[43] 1915-nji ýylyň 22-nji aprelinde alty kilometr uzaklykdaky frontda – Belgiýanyň Ipr etrabynda, ilkinji gezek, himiýa ýaragyny ulandylar. Nemes goşunlary gorag enjamlary bilen üplün edildi. Emma iňlis-fransuzlarda zäherli howadan goranmak üçin hiç zat ýokdy. Howa hüjümi netijesinde, iňlis-fransuz goşunlarynyň 15 müňüsi hatardan çykarylýar, olardan 5 müňüsi şol ýerde wepat bolupdyr.

dam bermegi, onuň häzirki döwürde-de nähili wajypdygynyň subutnamasy bolsa gerek.

Eritreýa bilen Efiopiýanyň arasynda 2001-nji ýylda bolup geçen çaknyşyk döwründe Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň delegatlary müňlerçe harby ýesirleriň saklanýan ýerine baryp gördüler, olaryň saklanyş şertleri bilen tanyşdylar we 4300 sany bendi edilen raýatlaryň ýagdaýyndan habar aldylar. Ondan başga-da, delegatlar 16326 sany efiopiýaly we eritreýaly harby ýesirleriň maşgalalary bilen hat alyşmaklary üçin olara ýardam berdiler.

Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň delegatlary 12493 sany efiopiýa gelip çykyşly raýatlaryň front liniýasyndan howpsuz geçip bilmekleri üçin geçelge gurdular. Komitet Eritreýa bilen bilelikde ýaragly çaknyşyk zerarly ejir çeken 150 müň raýata ynsanperwer kömegini ýaýratmak we paýlamak bilen birlikde olary 10 müň ýaralynyň ömrüni halas etmäge kömek berýän lukmançylyk esbaplary bilen üpjün etdi.

2003–2004-nji ýyllarda Yrakda bolan uruş döwründe Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň delegatlary 6100 sany harby ýesirleriň we 11146 sany bendi edilen raýatlaryň ýagdaýy hem-de olaryň saklanyş şertleri bilen tanyşdylar. 16 müň sany hatlaryň gowuşmagyna ýardam berdiler.

Hatda 2009-njy ýylda Russiýa bilen Gruziýanyň arasynda bolup geçen gysga wagtlyk çaknyşyk döwründe Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň delegatlary III Ženewa Konwensiýasyna laýyklykda harby ýesirleriň ýagdaýlaryndan habar aldylar.

## § 2. Gyzyl Haçyň we Gyzyl Ýarymaýyň nyşanlarynyň döredilmegi, orny we ähmiýeti

Tapawutlandyryjy nyşan belgileri şu günki günde ýaragly çaknyşyklar we dürli tebigy betbagtçylyklar döwründe ynsanperwer hereketlerinde esasy aýratyn üns berilýän jähetleriň birine öwrüldi. Çünki tapawutlandyryjy nyşan belgileriniň üstüne birnäçe borçlar we jogapkärçilikler ýüklenýär. Tapawutlandyryjy nyşan belgileriniň ilkibaşdaky esasy wezipesi hökmünde ynsanperwer hereketlerini alyp barýan adamlar, toparlar üçin, şol sanda lukmançylyk wezipesini

ýerine ýetirýän toparlar üçin hem tapawutlandyryjy nyşan hökmünde çykyş etmek bilen, şol nyşan belgileriniň astynda hereket edýän adamlaryň we toparlaryň goragdan, hormatdan peýdalanmagyny aňladýardy. Mundan başga-da, tapawutlandyryjy nyşan belgileri uzak aradan seredilende, ýagny ýaragly çaknyşyklar döwründe ýa-da tebigy betbagtçylyklar döwründe adamlar we dürli ynsanperwer hereketini amala aşyrýan toparlar, guramalar görüp biler ýaly hem-de kömek gerek ýerlerine hiç hili päsgelçiliksiz barar ýaly göze ilip durmalydyr.

Halkara ynsanperwer hukugynda tapawutlandyryjy nyşan belgileri esasy iki topara bölünýär. Olar şu aşakdakylar:

1. Halkara Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý tapawutlandyryjy nyşan belgileri;

2. Beýleki tapawutlandyryjy nyşan belgileri.

Halkara Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý tapawutlandyryjy nyşan belgileriniň ilkibaşda we şu wagt hem esasy wezipesi bolup, lukmançylyk işgärlerini, sanitar ulag serişdelerini, şol sanda lukmançylyk hereketinde gerek boljak serişdeleri gorag astyna almak, olara hormaty hem-de sylagy üpjün etmek bolup durýar. Mundan başga-da, bu tapawutlandyrjy nyşan belgileri Halkara Gyzyl Haç Guramasynyň, Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý halkara Hereketiniň, Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý Halkara Federasiýasynyň we Milli jemgyýetleriň ýuridik nyşanlary hökmünde çykyş edýär. Bu tapawutlandyryjy nyşan belgileriniň astynda ýokarda agzalan ýuridik edaralar özleriniň ynsanperwer hereketlerini alyp barýarlar. Bu tapawutlandyryjy nyşan belgileri halkara hukugynyň, halkara ynsanperwer hukugynyň, döwletara halkara şertnamalarynyň, şol sanda Halkara Gyzyl Haç Guramasynyň, Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý halkara Hereketiniň we Milli jemgyýetleriň dörediji şertnamalarynyň goragyndan hem-de hormatyndan peýdalanýar. Ýokarda agzalan halkara hukuk resminamalarynyň agza-döwletleri bolsa, bu tapawutlandyryjy nyşan belgileri goramaga we hormatlamaga borçly bolup durýarlar. Şol sanda agza-döwletler özleriniň milli kanunçylygynda degişli kanunlary ýa-da beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kabul etmäge borçludyrlar.

Wagtyň geçmegi bilen biri-biriniň yzyndan köp sanly milli jemgyýetler döräp başlaýar. Olaryň arasynda «gyzyl haçy» öz nyşanlary hökmünde ulanmak islemeýän döwletler hem bolup, olar özlerine

täze nyşany saýlap alypdyrlar. Esasan hem, musulman döwletleri haçyň nyşany hristian dininiň simwoly bolanlygy sebapli, bu hereketi ykrar etmändirler we onuň kömeginden peýdalanmak islemändirler. Bu bolsa uruşlaryň garşydaşyň peýdasyna tamamlanmagyna hem-de köp heläkçiliklere we ýitgilere getiripdir. Bu ýagdaýy gören Osmanly döwleti ýaragly çaknyşyklar döwründe tiz kömek ulaglarynda «ýarym Aýyň» şekilini ulanmak isleýändigi baradaky haýyşy bilen ýüz tutýar. Bu haýyş 1929-njy ýylda resmi taýdan kabul edilýär hem-de tassyklanylýar. Häzirki wagtda Gyzyl Ýarymaý nyşany dünýäniň 33 döwletinde hereket edýän jemgyýetler tarapyndan ulanylýar. Dini ynançlaryna baglylykda Gyzyl Haçyň hem-de Gyzyl Ýarymaýyň nyşanlaryny ulanmak islemeýän Ysraýyl döwletinde 2015-nji ýylyň 7-nji ýanwarynda geçirilen halkara maslahatda Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý jemgyýetleriniň Halkara federasiýasy tarapyndan Gyzyl Kristal nyşanynyň dini, syýasy, etniki aýratynlygynyň ýokdugy tassyklanyldy we kabul edildi. Şonuň esasynda 2007-nji ýylda Üçünji Goşmaça Protokol güýje girdi. Ol täze goşmaça nyşany – ýerligi ak Gyzyl Kristaly kesgitledi.

Ženewa Konwensiýasy tarapyndan goranmak maksady bilen nyşanlary ulanmaga bolan hukuk lukmançylyk işgärlerine, birleşiklere we wezipäni ýerine ýetirijilere berilýär. Halkara ynsanperwer hukugy tarapyndan nyşanlary ulanmaga hukuk berilmedik halatynda, onuň ters niýetler bilen ulanylmagy ýalnyş hasaplanylýar.

Nyşanlary bikanun peýdalanmagyň adaty mysallary:

*Öýkünme* (*imitasiýa*)[44]– nyşanlary ýalňyşlyk bilen Gyzyl Haçyň, Gyzyl Ýarymaýyň ýa-da Gyzyl Kristalyň nyşany hökmünde peýdalanmak (mysal üçin, reňkleriniň, şekiliniň meňzeşligi üçin). Öýkünme – nyşanyň görnüşine ýa-da reňkine başga bir yşaratyň goşulmagy netijesinde amala aşyrylýar.

*Haýynlyk bilen peýdalanmak* – harby döwürde ýaragly kombatantlary ýa-da harby tehnikalary goramak, mysal üçin, ýüzüne nyşan şekillendirilen sanitar ulaglar, ýa-da dikuçarlar ýaragly kombatantlary daşaýarlar, gyzyl haçly baýdak ýaragly ammarlary ýaşyrmak üçin peýdalanylýar. Nyşanlaryň şeýle bikanun peýdalanylmagyna harby jenaýat hökmünde garalýar.

[44] «Imitation» diýen iňlis sözünden gelip çykyp, «öýkünme» diýen manyny berýär.

*Ogurlamak* – ulanmagyna rugsat edilmedik halda dürli görnüşli gurluşlaryň ýa-da şahslaryň nyşanlardan peýdalanmagyny aňladýar (mysal üçin: söwda birleşikleri, dermanhanalar, tölegli lukmanlar, hökümete dahylsyz guramalar we ýönekeý birleşmeler). Nyşanlary ulanmaga hukuk berlendigine garamazdan onuň Ženewa Konwensiýalaryna ýa-da Goşmaça Protokollaryna laýyk gelmeýän sebäplere görä, ulanylmagy jenaýat hasaplanylýar.

*Nädogry ulanmak* – çaknyşyk döwründe esgerleriň we olaryň ýerleşýän ýeriniň goraglylygyny üpjün etmek maksady bilen Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň nyşanlaryndan peýdalanylmagyny aňladýar. Şeýle maksat bilen nyşanlaryň ulanylmagy halkara we halkara häsiýetli bolmadyk ýaragly çaknyşyklar döwründe edilen etmiş – harby jenaýat hasaplanylýar.

Nyşanlaryň goraýjylyk häsiýetinden nädogry peýdalanylmagy, uruş wagtynda halkara ynsanperwer hukugy tarapyndan döredilýän gorag ulgamyna howp döredýär we onuň gorag güýjüniň peselmegine getirýär.

Türkmenistan Ženewa Konwensiýalaryna gatnaşyjy bolmak bilen, nyşanlaryň dogry ulanylmagyna gyzyklanma bildirýär. 2015-nji ýylyň 18-nji awgustynda Türkmenistanda «Gyzyl Ýarymaýyň we Gyzyl Haçyň nyşanlaryny peýdalanmak we goramak hakynda» Kanun kabul edildi, ol Türkmenistanyň çäginde nyşanlary peýdalanmagyň düzgünlerini belleýär.

Kanuna laýyklykda:

– Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň lukmançylyk düzümleri Gyzyl Ýarymaýyň nyşanyny parahatçylykly we harby hereketler döwründe ulanýarlar;

– raýat lukmançylyk işgärleri harby hereketler döwründe Gyzyl Ýarymaýyň nyşanyny ulanýarlar;

– TGÝMJ parahatçylyk we harby hereketler döwürlerinde Gyzyl Ýarymaýyň nyşanyny tapawutlandyryjy we gorag nyşanlary hökmünde ulanýar;

Ženewa Konwensiýalary we olara Goşmaça Protokollar bilen rugsat edilmedik nyşanlaryň peýdalanylmagy bikanundyr.

Ženewa Konwensiýalaryna we olaryň Goşmaça Protokollaryna gatnaşýan döwletleriň üstüne nyşanlaryň bikanun peýdalanylma-

gynyň öňüni almak we oňa ýol bermezlik üçin zerur çäreleri görmek borjy ýüklenendir.

Türkmenistanyň Jenaýat Kodeksiniň 225-nji maddasynda[45] Gyzyl Haçyň we Gyzyl Ýarymaýyň nyşanlarynyň peýdalanylandygy üçin jerime görnüşinde ýa-da düzediş işleri görnüşinde jenaýat jogapkärçiligi göz öňünde tutulandyr.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 173-nji maddasynda berkidilişi ýaly, Gyzyl Haçyň we Gyzyl Ýarymaýyň nyşanlarynyň bilkastlaýyn peýdalanylandygy üçin bäş ýyla çenli möhlete azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýeti hem Gyzyl Ýarymaýyň we Gyzyl Haçyň nyşanlarynyň peýdalanyş kadalarynyň berjaý edilmegine jogapkärdir. Şonuň üçin jemgyýetiň işgärleri we meýletinçileri nyşanlaryň peýdalanylyşynyň bozulmalaryny ýüze çykarmak maksady bilen, barlaglary geçirýärler hem-de ýüze çykarylan bozulmalary düzetmek üçin çäreleri görýärler.

1990-njy ýyllarda milli jemgyýetleriň ösmegi we täze güýçleriň köpelmegi netijesinde, köp döwletler öz milli jemgyýetleriniň nyşanlarynyň halkara nyşany hökmünde ykrar edilmegini isläp öňe çykdylar. Mundan başga-da, Gyzyl Haçyň we Gyzyl Ýarymaýyň ýeke-täk nyşan hökmünde diňe Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý nyşanlaryny bilelikde ulanmaklyk meselesi orta atyldy.



2005-nji ýylda Ženewada geçirilen Halkara Konferensiýasynda, III Goşmaça Protokol kabul edildi. Bu Protokol Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý nyşanlarynyň hatarynda Gyzyl Kristal nyşanyny ulanmaklygy ykrar etdi we onuň hukuk statusy beýleki tapawutlandyryjy nyşanlar bilen deň derejede goýuldy. Gyzyl Kristal goşmaça nyşany indiki soraglary çözmeklik üçin kabul edildi:

– Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý nyşanlaryny ulanmak islemeýän ýa-da onuň hereketlerine goşulmaýan döwletler üçin täze goşmaça nyşan bolup çykyş edýär we döwletler bu nyşanyň hereketine goşulyp bilerler;

[45] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 173-nji maddasy. Halkara şertnamalar arkaly goralýan nyşanlaryndan bikanun peýdalanylmagy.

– Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý tapawutlandyryjy nyşanlarynyň birlikde ulanylmagyna rugsat bermek.

2007-nji ýylda Ženewa Konwensiýalarynyň III Goşmaça Protokoly güýje girdi. Bu proses nyşanlar boýunça alnyp barylýan hereketleriň tamamlanmagyna getirdi.

**Tapawutlandyryjy nyşan belgileriniň esasy wezipeleri we maksatlary.**

Tapawutlandyryjy nyşan belgileriniň öňünde esasy iki wezipe goýulýar:

1. Gorag wezipesi;
2. Tapawutlandyryjy wezipesi.

Tapawutlandyryjy nyşan belgileriniň gorag wezipesi hakynda gürrüň edilende, ilki bilen, halkara ynsanperwer hukugynda ähli nyşan belgilerde gorag wezipesiniň bardygyny belläp geçmek zerurdyr. Çünki her bir tapawutlandyryjy nyşan belgileriniň öňünde esasy goýulýan maksat hem, tapawutlandyryjy nyşan belgiden peýdalanýan şahsyň goragdan we hormatdan peýdalanmaga bolan hukugydyr. Tapawutlandyryjy nyşan belgileriniň goragyndan halkara hukuk resminamalarynda görkezilen şahslaryň we ynsanperwer hereketlerini alyp barýan toparlaryň, olaryň agzalarynyň peýdalanmaga hukugy bardyr. Bilşimiz ýaly, Halkara Gyzyl Haç Guramasynyň çäginde ýörite tapawutlandyryjy nyşan belgileri barada «Tapawutlandyryjy nyşan belgileri hakynda» resminama kabul edildi. Mundan başga-da, 1949-njy ýylda kabul edilen Ženewa Konwensiýalarynyň we 1977-nji ýylda kabul edilen II Goşmaça Protokollaryň esasynda «Raýat goragy», şol sanda 1954-nji ýylda kabul edilen Ýaragly çaknyşyklar döwründe medeni gymmatlyklary goramak hakyndaky Gaaga Konwensiýasynyň esasynda «Medeni ýadygärlikleriň goragy», mundan başga-da Gaaga hukugynyň ulgamynda kabul edilen halkara hukuk resminamalarynyň esasynda «aýratyn howply desgalar we beýleki obýektleriň goragy» we Ženewa hukugynyň ulgamynda kabul edilen hukuk resminamalarynyň esasynda bolsa «Ak baýdagy göterýäniň goragy» amala aşyrylýar.

1949-njy ýylyň Ženewa Konwensiýasynda we olaryň Goşmaça Protokollarynda tapawutlandyryjy nyşan belgilerine bagyşlanan birnäçe maddalar bardyr. Olarda nyşandan peýdalanmaga onuň möçberine, ölçeglerine, maksadyna we ýerleşýän ýerine, onuň goraýan

adamlaryna, obýektlerine, ondan kimiň peýdalanyp biljekdigine, oňa hormat goýmaga hem-de ondan bikanun peýdalanmagyň öňüniň alynmagyna degişli meselelere seredilýär.

**Ynsanperwer hukugynyň tapawutlandyryş belgileri:**



– ak düşekde Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý: lukmançylyk gullugy, dini işgärler ulanýarlar;



– sary düşekde mawy üçburçluk: raýat goranyşy aňladýar;



– ak düşekde mawy kwadrat hem-de üçburçluk: medeni gymmatlyklary, ýadygärlikleri, muzeýleri we beýlekileri aňladýar;



– 3 sany sary tegelekler: howply güýçleri özünde saklaýan abzallar we desgalar, dambalar, atom elektrik stansiýasy;



– ak mata: ýaraşygy baglaşmak, gepleşikleri geçirmek üçin ulanylýan ak baýdak.

Tapawutlandyryjy nyşan belgileriniň ýene bir wezipesi hem, tapawutlandyryş wezipesidir. Bu ýagdaýda tapawutlandyryjy nyşan belgisi haýsy-da bolsa bir obýekti ýa-da şahsy beýleki zatlardan tapawutlandyrmak bilen ýaragly çaknyşyklara gatnaşýan taraplary uzak aralykdan tapawutlandyrmak üçin peýdalanylýar.

Tapawutlandyryjy nyşan belgileri ýaragly çaknyşyklar döwründe raýatlaryň has köp toplanan döwründe goýulmak bilen, has-da raýat hassahanalarynda olary goýmak wajyp bolup durýar. Şol sanda raýatlaryň köpçülikleýin ýaşaýan obýektlerinde we ylym-bilim obýektlerinde, mundan başga-da medeni ýadygärliklerde hem goýulýar. Ýokarda agzalan ähli obýektler we aýratyn goralýan ýerler halkara ynsanperwer hukugy tarapyndan goralýar. Ýaragly çaknyşyga gatnaşýan taraplar tapawutlandyryjy nyşan belgilere hormat goýmaga borçludyrlar. «Hormat goýmak» diýmek nyşan belgileriniň astynda duran obýektlere, aýratyn goralýan ýerlere zyýan ýetirmegiň we şol ýerlerde uruş hereketlerini hem-de harby hereketleri alyp barmaklygyň gadagandygyny aňladýar.

Halkara hukuk resminamalarynda kesgitlenýän, tapawutlandyryjy nyşan belgilerini ulanmakda esasy düzgünleriniň biri hem: tapawutlandyryjy nyşan belgileriniň astynda ynsanperwer hereketleri alnyp barlanda, halkara ýaragly çaknyşyklara gatnaşýan taraplaryň, şol sanda halkara häsiýetli bolmadyk ýaragly çaknyşyklara gatnaşýan taraplaryň razylygy boýunça alnyp barylmalydyr we olaryň gözegçiligi astynda hereket etmelidir. Mundan başga-da, 1949-njy ýylyň Ženewa Konwensiýalaryna laýyklykda halkara ýaragly çaknyşyklara gatnaşýan taraplar we halkara häsiýetli bolmadyk ýaragly çaknyşyklara gatnaşýan taraplar öz islegleri boýunça ýörite goralýan obýektleri, aýratyn howply ýerleri hem-de zolaklary goramak maksady bilen aýratyn tapawutlandyryjy nyşan belgilerini goýup bilýärler. Şol sanda şeýle tapawutlandyryjy nyşan belgileri sanitar ulaglarynda, din işgär-

lerinde we Birleşen Milletler Guramasynyň astynda işleýän dürli ynsanperwer hereketlerini alyp barýan toparlarda bolup biler.

Tapawutlandyryjy nyşan belgileriniň goragynyň täsirliligini has ýokarlandyrmak üçin, tapawutlandyryjy nyşan belgileri beýleki belgiler bilen deňeşdirilende has uly göwrümde bolmaly, şol sanda tapawutlandyryjy nyşan belgileri goralýan obýekte garanyňda üýtgeşik we aýrybaşgalanmaly, mundan başga-da tapawutlandyryjy nyşan belgileri uzak aralykdan seredilende gowy görünmeli. Tapawutlandyryjy nyşan belgileri biri-birine meňzeş bolmaly däldir. Eger tapawutlandyryjy nyşan belgilerini, dürli ýaragly çaknyşyklarda ulanylýan usullar we serişdeler zerarly uzak aradan görüp bolmasa ýa-da tapawutlandyryjy nyşan belgileriniň uzak aradan görnüşi aýdyň, anyk bolmasa, onda ýaragly çaknyşyga gatnaşýan taraplar öňki tapawutlandyryjy nyşan belgileriniň üstesine goşmaça tapawutlandyryjy nyşan belgilerini ulanyp bilerler. Şol sanda olara derek başga, has gowy görünýän ýa-da uzak aralykdan aýdyň we anyk görüp bolýan tapawutlandyryjy nyşan belgilerini ulanyp bilerler. Olaryň hatarynda şu aşakdakylary gökezip bileris:

– yşyklandyryş duýduryşlary;
– radio duýduryşlary;
– dürli elektrik duýduryşlary we ş.m.

Esasy bellemeli zatlaryň biri hem, tapawutlandyryjy nyşan belgileri öz-özünde gorag wezipesini alyp barmaýar, olar bary-ýogy halkara ynsanperwer hukugy tarapyndan we halkara hukuk resminamalary tarapyndan goralýan obýektleri ýa-da beýleki goralýan ýerleri, zolaklary tanamaklykda aňsatlyklary, ýeňillikleri döredýärler. Halkara tapawutlandyryjy nyşan belgilerini bolsa, halkara hukuk resminamalarynyň agza-döwletleri hormatlamaga borçly bolup durýarlar.

Halkara ynsanperwer hukugynda tapawutlandyryjy nyşan belgileri barada ýene-de bir bellemeli zatlaryň biri hem, ynsanperwer hereketini amala aşyrýan islendik adam ýa-da adamlar topary, şol sanda lukmançylyk işgärleri we sanitar ulag serişdeleri, mundan başga-da goraga degişli bolan obýektler, aýratyn howply ýerler, zolaklar tapawutlandyryjy nyşan belgileri tarapyndan goralýan bolsa-da, olary ýaragly çaknyşyga gatnaşýan taraplar uzak aralykdan görüp bilme-

seler, ýa-da tapawutlandyryjy nyşan belgileri ýok bolan wagtynda-da ýokardaky agzalan subýektler halkara ynsanperwer hukugynyň goragyndan peýdalanmaga degişlidir.

Häzirki döwürde ulanylýan tapawutlandyryjy nyşan belgileri 1864-nji ýylda I Ženewa Konwensiýasynyň kabul edilmegi bilen döredi diýlip hasaplanýar. Sebäbi, ilkinji gezek, halkara ynsanperwer hukugynda tapawutlandyryjy nyşan belgileri baradaky halkara hukuk resminamasy bolup durýar. Onda hem tapawutlandyryjy nyşan belgileri doly we açyk beýan edilmeýär. Çünki 1864-nji ýyldaky Ženewa Konwensiýasynda lukmançylyk işgärlerine bitaraplyk statusyny bermek we olary tapawutlandyrmak hakynda bellenip geçilýär. Ýene-de bellemeli zatlaryň biri hem tapawutlandyryjy nyşan belgileri öňler hem hereket edip, olar adat hukugy boýunça düzgünleşdirilipdir. Wagtyň geçmegi bilen, dürli ugurlarda gorag wezipesini amala aşyrmak üçin birnäçe halkara hukuk resminamalary kabul edilipdir we şol halkara şertnamalarynda tapawutlandyryjy nyşan belgileriniň wezipeleri hem-de maksatlary bellenipdir.

Uruş hukugy iň gadymy hukuklaryň biri diýsek ýalňyşmarys. Çünki döwletler, has dogrusy, halklaryň gadymy döwürde öz aralarynda düzgünleşdiren gatnaşyklarynyň ilkinjisi hem uruşdyr. Döwletler biri-biri bilen harby çaknyşyklara giren wagtynda belli bir düzgünler bolmadyk wagtynda, wagşyçylykly we yzyna gaýtaryp bolmajak netijeleri getirýändigini göz öňünde tutupdyrlar. Şeýle düzgünleriň arasynda tapawutlandyryjy nyşan belgileri hem bolupdyr.

Taryhda tapawutlandyryjy nyşan belgilerinden iň gadymysy hem «Ak baýdak» nyşan belgisidir. Bu nyşan belgisi adat hukugy bilen düzgünleşdirilipdir. Taryhda «Ak baýdak» nyşan belgisi ak reňkdäki mata bolmak bilen, onuň ýüzünde hiç hili nyşan ýa-da belgi bolmandyr. «Ak baýdak» nyşan belgisi dürli taryhy tapgyrlarda dünýäniň dürli ýerlerinde bolup geçýän harby çaknyşyklarda ulanylypdyr.

«Ak baýdak» nyşan belgisiniň iň köp duş gelýän manysy we ulanylýan maksady: «Wagtlaýyn ýaraşyk baglanyşmak ýa-da gepleşikler geçirmek üçin urşy togtatmaklyk», şol sanda ak baýdak nyşan belgisi «ýaragly çaknyşyga gatnaşýan taraplaryň biri urşy tamamlaýandygy barada boýun almagy we parahatçylyk şertnamasyny

baglanyşmak isleginiň bardygyny» aňlatmak manysynda hem ulanypdyr.

Häzirki döwürde hem «Ak baýdak» nyşan belgisi halkara gatnaşyklarynda, döwletleriň arasynda alnyp barylýan ýaragly çaknyşyklarda urşuň tamamlanmagy ýa-da togtadylmagy bilen ýüz tutulanda, şol sanda bir tarapyň ýaraşyk şertnamasyny baglanyşmak babatda gepleşikleri geçirmek üçin ýüz tutmalarynda ulanylýar. Mundan başga-da, «Ak baýdak» nyşan belgisi bir tarapyň doly derejede kapitulýasiýa edilendigini aňlatmak üçin hem ulanylýar. Bu ýagdaý ýaragly çaknyşyklar döwründe bir tarapyň uruşsyz, doly derejede beýleki tarapa boýun egýändigini we onuň dolandyryşyna geçýändigini aňladýan ýagdaý bolup durýar. Halkara ynsanperwer hukugynda «Ak baýdak» nyşan belgisiniň ulanylyşy Ženewa Konwensiýalarynda göz öňüne tutulandyr.

Uruş hukugynyň taryhyna seretsek, onda eýýäm gadymy döwürlerde adamlar ýaragly çaknyşyklar döwründe halkyň belli bir bölegini ýa-da aýratyn bir toparyny goramagyň wajypdygyna düşünipdirler. Şol bir sanda ýurduň içinde bar bolan aýratyn wajyp obýektleri ýa-da aýratyn zolaklary goramaklygyň wajypdygyny göz öňünde tutup, birnäçe kadalary we düzgünleri kabul edipdirler. Şeýle kadalar uruş başlamazdan ozal döwletleriň arasynda ylalaşylypdyr. Wagtyň geçmegi bilen şeýle kadalar we düzgünler adat kadalaryna öwrülipdir.

Harby çaknyşyklar döwründe uruşýan taraplar öz aralarynda habar alyşjak bolsalar ýa-da aragatnaşygy dikeltjek bolsalar, ýörite jogapkär adamlary belläpdirler. Şeýle jogapkärçilikli adam, özüniň hukuk statusyny «Ak baýdak» götermegi bilen tassyklapdyr. Gaaga hukugy şeýle adamlary «parlamentariý» diýen düşünje bilen kesgitleýär. Ýaragly çaknyşyklarda bu tapawutlandyryjy nyşan belgisini göterýän adamlar eldegrilmesizlikden peýdalanýarlar. Şeýle-de olaryň eldegrilmesizligi, olaryň ulanýan awtoulaglaryna hem degişli bolýar, awtoulaga degişlilikde «Ak baýdak» nyşan belgisi dakylýar, şol sanda-da eldegrilmesizlik hukugy parlamentýoryň ýanyndaky adamlara hem degişlidir (onuň sürüjisi, terjimeçisi we ş.m.).

Parlamentýora eldegrilmesizlik statusy hiç bir ýagdaýda-da garşydaş tarapda maglumat toplamak we beýleki hukuga garşy gelýän hereketleri amala aşyrmaklyga hukuk bermeýär. Parlamentýor halkara hukugyna garşy gelýän hereketleri ýa-da garşydaş tarapa zyýan ýetirýän hereketeri eden wagtynda özüne bolan hukugy ýitirýär we ýörite jogapkärçilige çekilýär. Şol sanda-da adat hukugynda parlamentýory kabul etmeklik hökmany diýen düzgün ýa-da kada ýokdur. Ony garşydaş tarap özüniň bähbitlerinden we isleglerinden ugur almak bilen çözmelidir.

Umuman, tapawutlandyryjy nyşan belgileriniň taryhy ösüşi halkara ynsanperwer hukugynyň taryhy ösüşi bilen aýakdaş gitmegi, 1949-njy ýylda kabul edilen Ženewa Konwensiýalarynda kesgitlenendir. Şol sanda aýratynlygy boýunça beýleki hukuk resminamalarynda hem kesgitlenendir. Mysal hökmünde, 1954-nji ýylda kabul edilen Ýaragly çaknyşyk mahalynda medeni gymmatlyklary goramak baradaky Gaaga Konwensiýasyny görkezmek bolar. Şol sanda halkara we milli derejede aýratyn howply ýükleri daşamak we howply zolaklary goramak hakynda dürli kadalaşdyryjy hukuk namalary kabul edildi.

Ýaragly çaknyşyklar döwründe esasy gorag wezipesini amala aşyrmaklyk raýat goragynyň üstüne düşýär. Raýat goragy diýlende, ýaragly çaknyşyklar döwründe ýa-da tebigy betbagtçylyklar döwründe raýatlaryň goragyna gönükdirilen hereketlere we raýatlara abanýan howplary netijeli aradan aýyrmak üçin gönükdirilen hereketlere düşünilýär. Raýat goragynyň esasy maksady bolsa, ýaragly çaknyşyklar döwründe hem-de tebigy betbagtçylyklar döwründe raýatlaryň diri galmagy we ýaşamagy üçin gerekli bolan şertleri döretmekden ybarat bolup durýar.

Hukuk resminamalaryna laýyklykda, raýat goragynyň öňünde goýulýan esasy wezipeler şulardan ybaratdyr:

– adatdan daşary ýagdaýy yglan etmek;
– adamlary howpsuz ýere göçürmek;
– adamlaryň wagtlaýyn howpsuz ýerlerini gurnamak;
– tapawutlandyryjy nyşanlary dikmek we ýerleşdirmek;
– halas ediş işlerini geçirmek;
– lukmançylyk kömeklerini bermek, şol sanda ilkinji lukmançylyk we dini kömeklerini bermek;

– ýangyna garşy göreşmek;
– howply ýerleri gözläp tapmak we degişli tapawutlandyryjy nyşan belgileri bilen bellemek;
– ýaragsyzlandyrmak we beýleki howpsuzlyk meselelerine garamak;
– ýaşamak üçin ilkinji gerek bolan obýektleri goramak we degişli tapawutlandyryjy nyşan belgileri bilen belgilemek;
– ýokarda görkezilenleri ýerine ýetirmek üçin guramaçylyk işleri bilen meşgullanmak we gerekli bolan beýleki işleri amala aşyrmak.

Umumylykda raýat goragyna ýörite wezipeli adamlar tarapyndan ýolbaşçylyk edilmelidir. Raýat goragy ýaragly çaknyşyklar, uruşlar ýa-da tebigy betbagtçylyklar döwründe iň bir wajyp elementleriň biri bolup durýar, çünki adamyň janyndan gymmat zat ýokdur.

Ýokarda görkezilenleri jemläp aýtsak, tapawutlandyryjy nyşan belgileriniň uruş mahalynda ähmiýetliligi bimöçber derejede ýokary hasaplanylýar, çünki tapawutlandyryjy nyşan belgileri ýaragly çakyşyklarda adamzadyň bütin taryhy döwründe guran, goran, döreden we hormatlan zatlaryny goramaga, olary indiki nesle ýetirmäge kömek edýär. Iň wajyplarynyň biri bolan raýat goragy we aýratyn howply obýektleri goramak baradaky tapawutlandyryjy nyşan belgileri bolan harby çaknyşyga hiç bir ýagdaýda degişli bolmadyk, parahat oturan raýatyny urşuň bela-beterlerinden goramak üçin gönükdirilendir.

Tapawutlandyryjy nyşan belgileriniň ulanylyşyny kanun bilen berkitmek iň wajyp meseleleriň biri bolup durýar. Halkara ýaragly çaknyşyklarda ulanylýan tapawutlandyryjy nyşan belgileri halkara hukuk resminamalarynda kesgitlenilýär we olara halkara hukugy tarapyndan halkara statusy berilýär. Bilşimiz ýaly, häzirki güne çenli tapawutlandyryjy nyşan belgileri birnäçe halkara hukuk resminamalarynda berkidilendir we düzgünleşdirilýär, şol bir sanda aýratynlykda agza döwletleriň milli kanunçylygynda hem göz öňünde tutulandyr. Şeýle edilmeginiň aňyrsynda bolsa, tapawutlandyryjy nyşan belgilerine goragy has netijeli we hormatyň ýokary bolmagyny gazanmaga bolan agza döwletleriň islegleri ýatandyr.

Tapawutlandyryjy nyşan belgileri, ilkinji nobatda, halkara hukugy we halkara ynsanperwer hukugy tarapyndan ykrar edilýär hem-de olar goralýar.

Tapawutlandyryjy nyşan belgileri has giňişleýin möçberde 1949-njy ýylda kabul edilen Ženewa Konwensiýalarynda, has takygy, Hereket edýän goşunlarda ýaralananlaryň we syrkawlaryň ýagdaýlaryny gowulandyrmak baradaky Konwensiýada düzgünleşdirilendir. I Ženewa Konwensiýasynyň VII babynyň 38–44-nji maddalarynda Tapawutlandyryjy nyşan belgileri barada bellenilip geçilýär.

Konwensiýanyň 38-nji maddasynda halkara ynsanperwerlik hukugynda iň tanalýan tapawutlandyryjy nyşan belgileri bolan Gyzyl Haç, Gyzyl Ýarymaý we beýleki lukmançylyk kömekleri bilen bagly bolan tapawutlandyryjy nyşan belgileri hakynda bellenilip, tapawutlandyryjy nyşan belgilerine halkara statusy berilýär, olaryň şu Konwensiýanyň goragyndan peýdalanýandyklary hakynda kesgitlenilýär.

Konwensiýanyň 39-njy maddasyna laýyklykda, tapawutlandyryjy nyşan belgileriniň nirelerde ýerleşdirilmegi hakynda ýörite bellikleri düzgünleşdirýär. Şu madda laýyklykda, tapawutlandyryjy nyşan belgileri adamlaryň ellerinde, baýdaklarda we tapawutlandyryjy nyşan belgilerine degişli bolan beýleki predmetlerde, obýektlerde dakylmaga rugsat berilýär. Tapawutlandyryjy nyşan belgileriniň ulanylyşy degişli bolan ýörite harby gulluklar tarapyndan gözegçilikde saklanylýar.

Konwensiýanyň 40-njy maddasynda bolsa, tapawutlandyryjy nyşan belgilerini göterjek harby düzümiň esgerleri kesgitlenilýär we tapawutlandyryjy nyşan belgileriniň ulanylyş düzgünleri jikme-jik kesgitlenilýär. Şu madda laýyklykda tapawutlandyryjy nyşan belgileri esgerleriň çep elinde, çygdan goralan görnüşinde bolmaly. Mundan başga-da, tapawutlandyryjy nyşan belgileri ulanmaga rugsat berlen harby düzümiň esgerleriniň ýanynda degişli resminamalaryň bolmalydygy hem göz öňünde tutulýar we resminamada nähili maglumatlaryň bolmalydygy hem düzgünleşdirilýär. Şu madda laýyklykda tapawutlandyryjy nyşan belgileriň agza döwletleriň ählisiniň harby düzüminde birmeňzeşligi saklanylmaly, şol sanda resminamalary we harby düzümiň ýörite wekili tapawutlandyryjy nyşan belgisini ýa-da

resminamany ýitiren mahalynda, oňa goşmaça göçürme berilmäge degişlidigi hakynda bellenilýär.

Konwensiýa tapawutlandyryjy nyşan belgileriniň ulanylyşy hakynda kadalary berkidýär. Konwensiýanyň 43-nji maddasyna laýyklykda, ýaragly çaknyşyklarda bitarap döwletler özleriniň ynsanperwer hereketlerini, ýagny ynsanperwer kömegini amala aşyrjak ýagdaýynda tapawutlandyryjy nyşan belgisiniň baýdagy bilen bir hatarda kömek berýän tarapyň milli baýdagyny götermäge borçly bolup durýarlar.

Eger ýaragly çaknyşyklar döwründe, adaty ýagdaýlardan daşarda, ýaragly çaknyşyga gatnaşýan taraplaryň biri şeýle hereketleri goldamadyk ýagdaýynda we ýörite ugrukdyrma bilen çykyş etse, onda bitarap döwletler özleriniň ynsanperwer hereketerinde tapawutlandyryjy nyşan belgisiniň baýdagy bilen bir hatarda öz milli baýdagyny hem galdyryp, ýagny ulanyp bilerler.

Şu Konwensiýanyň 44-nji maddasynda bolsa, tapawutlandyryjy nyşan belgileriniň parahatçylyk döwründe ulanylyşynyň düzgünleri berkidilendir.

1954-nji ýylda kabul edilen Ýaragly çaknyşyklar mahalynda medeni gymmatlyklary goramak baradaky Konwensiýanyň V babynyň 16–17-nji maddalarynda tapawutlandyryjy nyşan belgileriniň ulanylyşy barada bellenilip geçilýär.

1954-nji ýyldaky Konwensiýanyň 16-njy maddasynda ulanylýan tapawutlandyryjy nyşan belgisi suratlandyrylýar we tapawutlandyryjy nyşan belgisiniň üstüne gorag wezipesi ýüklenýär. Medeni gymmatlyklary goramak boýunça tapawutlandyryjy nyşan belgisi şeýle suratlandyrylýar: ak düşekde mawy kwadrat we üçburçluk.



Konwensiýanyň 17-nji maddasyna laýyklykda medeni gymmatlyklary goramak baradaky tapawutlandyryjy nyşan belgisi yzygiderli ýa-da üç gezeklik görnüşinde ulanylmaga degişlidir.

Tapawutlandyryjy nyşan belgisi identifikasiýa maksady bilen indiki ýagdaýlarda üç gezekleýin ulanylmaga degişlidir:

– aýratyn goragdan peýdalanýan, ýerinden üýtgedip bolmaýan medeni gymmatlygy bolan emläkler we obýektler babatynda ulanylýar;
– medeni gymmatlyklary daşamakda ulanylýan ulag serişdelerinde;
– medeni ýadygärlikleri goramak, saklamak üçin ýörite gurnalan ýerlerde we obýektlerde peýdalanylyp bilner.

Tapawutlandyryjy nyşan belgisi identifikasiýa maksady bilen indiki ýagdaýlarda yzygiderli ulanylmaga degişlidir:

– aýratyn goragdan peýdalanmaýan, ýerinden üýtgedip bolmaýan medeni gymmatlygy bolan emläkler we obýektler babatynda ulanylýar;
– Konwensiýanyň talaplaryna laýyklykda görkezilen, medeni gymmatlyklary gözegçilikde saklamak üçin bellenilen şahs tarapyndan peýdalanylyp bilner;
– ýerine ýetiriji parlament tarapyndan ýörite rugsat berlen şahslar peýdalanyp bilerler.

Konwensiýa laýyklykda ýaragly çaknyşyklar döwründe tapawutlandyryjy nyşan belgisi diňe ýokarda görkezilen halatlarda ulanylmaga degişlidir. Galan ýagdaýda ýa-da ýokardaka meňzeş ýagdaýlarda tapawutlandyryjy nyşan belgileriniň ulanylmagy şu Konwensiýanyň talaplarynyň bozulmagyna getirýär we netijede, jenaýat jogapkärçiligi ýüze çykýar.

Muňa garamazdan, tapawutlandyryjy nyşan belgilerini parahatçylyk döwründe diňe ynsanperwer hereketleri halkyň içinde ýaýratmak üçin ýa-da ýokarda agzalan edaralaryň öňünde goýlan beýleki maksatlar üçin peýdalanmaga rugsat berilýär. Parahatçylyk döwründe hem tapawutlandyryjy nyşan belgilerini dini, syýasy, telekeçilik we beýleki göz öňünde tutulmadyk maksatlar üçin ulanmak gadagan edilýär.

## § 3. Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýetiniň we Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň bilelikde alyp barýan işleri. Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýetiniň işiniň ileri tutulýan ugurlary

Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow: «Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýeti 1926-njy ýyldan bäri Halkara Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý Hereketiniň ynsanperwerlik, bitaraplyk, garaşsyzlyk, meýletinlik ýaly düýpli ýörelgelerine laýyklykda hereket edip, gündelik durmuşda we adatdan daşary ýagdaýlarda Türkmenistanyň ilatyna ynsanperwerlik kömegini bermek boýunça döwletimiziň ygtybarly kömekçisi bolup gelýär» diýip belleýär.

Ol özüniň döredilmegine heniz köp wagt geçmänkä lukmançylyk – barlaýyş we bejeriş toparlaryny döretdi hem-de oba ilatynyň ýagdaýyny sagdynlaşdyrmaga girişdi. 1941–1945-nji ýyllarda urşuň ilkinji günlerinden öz işini söweşde we tylda ýaralananlara, syrkawlara seretmek boýunça saglygy goraýyş guramalaryna kömek bermäge gönükdirdi. Ylaýta-da, 1948-nji ýylyň 6-njy oktýabryndan 7-sine geçilýän gije Aşgabatda bolan elhenç ýertitremesiniň heläkçiligini ýok etmek boýunça bitiren işleri aýratyn bellärliklidir. 1992-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen Jemgyýet Türkmenistanyň çäginde Gyzyl Haçyň we Gyzyl Ýarymaýyň Halkara hereketiniň ýörelgelerine laýyklykda öz işini alyp barýan ýeke-täk özbaşdak jemgyýetçilik guramasy hökmünde ykrar edildi. Şonda hem, Türkmenistanyň Hökümeti 1949-njy ýylyňŽenewa Konwensiýasyna doly goşuldy. Bu ýagdaý 1995-nji ýylyň awgust aýynda Jemgyýetiň Halkara Gyzyl Haç Komiteti tarapyndan ykrar edilmegine deslapky hukuk şertlerini döretdi. 1995-nji ýylyň noýabr aýynda Ženewada bolan 10-njy Baş Assambleýada Türkmenistan Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň we Gyzyl Ýarymaý jemgyýetiniň Halkara federasiýasyna doly hukukly agza hökmünde kabul edildi. Türkmenistanda Gyzyl Ýarymaý jemgyýetiniň 5 sany welaýat, 6 sany şäher, 40 sany etrap wekilçiligi hereket edýär. Gyzyl Ýarymaý jemgyýetiniň ýekebara we toparlaýyn agzalary birnäçe müňden geçýär. Ähli ugurlar boýunça taýýarlanýan meýletinçileriň sany birnäçe müň adamdan gowrakdyr.

2021-nji ýylyň dowamynda Jemgyýetde 25 sany geňeş geçirildi we olarda 85 sany karar kabul edildi.

Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýetiniň işiniň ileri tutýan ugurlary şulardan ybarat bolup durýar:

1. Sanitar aň-bilim işlerini geçirmek arkaly ýurduň raýatlarynyň saglygyny goramakda, ilatyň goragsyz gatlagyny durmuş taýdan goldamakda, dürli keselleriň, şol sanda, inçekeseliň we AIDS-yň öňüni almakda döwlet düzümlerine ýardam etmek;
2. Ilata dürli ýagdaýlarda lukmandan deslapky ilkinji kömek bermegiň endiklerini öwretmek;
3. Türkmen halkynyň öz gözbaşyny iň gadymy döwürlerden alan, nesilden-nesle geçip gelen rehimdarlyk, duýgudaşlyk we şepagatlylyk ýaly ajaýyp däpleriniň ruhunda ýaş nesle terbiýe bermek;
4. Ilata adatdan daşary ýagdaýlarda we tebigy betbagtçylyklarda özüňi alyp barmagyň düzgünlerini öwretmek;
5. Jemgyýetiň arasynda halkara ynsanperwer hukugy we Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý Halkara Hereketiniň esasy ýörelgeleri hakynda bilimleri ýaýratmak;
6. Taryhyň pajygaly wakalary, tebigy betbagtçylyklar we beýleki adatdan daşary ýagdaýlar netijesinde jyda düşen dogan-garyndaşlary gözläp tapmak.

Bu ugurlar boýunça ähli esasy wezipeleri Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýeti, onuň ýerlerdäki düzüm bölekleri, ýurduň jemgyýetçilik we düzüm bölekleri, şeýle-de dürli halkara guramalary bilen ýakyndan işjeň gatnaşyklar esasynda amala aşyrýar. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty, Bilim, Içeri işler we Goranmak ministrlikleri bilen ilatyň saglygyny we durmuşyny goramak boýunça işler ýola goýuldy. Häzirki wagtda Jemgyýet ýokarda agzalan ministrlikler bilen giň möçberli maksatnamalary amala aşyrýar.

Milli jemgyýet adatdan daşary ýagdaýlarda we tebigy betbagtçylyklarda adamlara kömek bermek, ilata özüňi alyp barmagy öwretmek ýaly örän wajyp ugurlarda hem ýokary ynsanperwer wezipäni alyp barýar. Gyzyl Ýarymaýyň ýaşlar hereketiniň agzalarynyň, durmuş-üpjünçilik işgärleriniň, mekdep mugallymlarynyň hasabyna meýletinçileriň giňden çekilmeginiň netijesinde, işleriň

ähli görnüşleriniň gerimi barha artýar. Bu babatda Jemgyýetiň ýaşlar bilen işini aýratyn bellemek gerek. Häzirki wagtda Milli jemgyýetiň ýaşlar hereketi ýaş meýletinçileriň 2000-den gowragyny öz içine alýar. Maýyplara, ýeke ýaşaýan garrylara, şeýle-de köp çagaly we hossarlarynyň birini ýitiren maşgalalardaky çagalara ähli taraplaýyn hemaýat, durmuş hyzmatlaryny etmek ýaş meýletinçileriň iň wajyp işleriniň biridir. Işleriň ähli görnüşleriniň möçberi oňa sosial işgärleriniň, mekdep mugallymlaryň, hukukçylaryň, döredijilik intelligensiýasynyň, ýaşlar hereketiniň agzalarynyň has köp çekilmekleri netijesinde barha artýar. Köpugurly bu işiň ählisi Jemgyýetiň strategik meýilnamasy hem-de Gyzyl Haçyň we Gyzyl Ýarymaýyň Halkara Hereketiniň strategiýasy nazarda tutulyp, maksadalaýyk guralýar.

«Saglyk» Döwlet maksatnamasyny hem-de bilim ulgamyna degişli maksatnamalary durmuşa geçirmäge gatnaşmak, «Raýatlaryň saglygyny goramak hakynda», «Ýokanç keselleriň öňüni almak hakynda» Türkmenistanyň Kanunlaryna goldanmak bilen, Milli jemgyýet soňky ýyllarda döwlet edaralarynyň, jemgyýetçilik we halkara guramalarynyň goldaw bermeginde ynsanperwer işiniň gerimini hasda artdyrdy. Netijede, ilata durmuş we ruhy taýdan berilýän ýardamlar önjeýli artdy.

Ilat arasynda sanitar aň-bilim, sagaldyş işleri dürli maksatnamalaryň we taslamalaryň çäginde maksadalaýyk ýerine ýetirilýär. Ylaýta-da, soňky ýyllarda «Jemgyýetçilik saglygyny goraýyş we bileleşiklerde ilkinji kömek», «Inçekeseliň öňüni almak», «Howpsuz enelik», «AIW/AIDS-yň ýaýramagynyň öňüni almak» ýaly maksatnamalar we taslamalar, «Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýetiniň kuwwatyny berkitmek» Maksatnamasynyň çägindäki «Saglygy goraýyş» taslamasy durmuşa geçirilýär.

2021–2025-nji ýyllar üçin degişli Maksatnamanyň durmuşa geçirilmeginiň çäklerinde hyzmatdaşlyk hakynda täze Şertnama gol çekilmegi netijesinde, ÝUNISEF bilen Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýetiniň arasyndaky hyzmatdaşlyk özüniň ösüşiniň täze döwrüne gadam basdy. Bu Şertnama 2021–2025-nji ýyllar üçin ÝUNISEF bilen Türkmenistanyň Hökümetiniň arasynda «Ýurt boýunça hyzmatdaşlyk etmek» Maksatnamasynda esasy ileri tutulýan ugurlaryň köpüsini şöhlelendirýär.

Bu Şertnamanyň çäklerinde iki hyzmatdaş, şeýle-de Türkmenistanyň Aral deňzi sebitindäki ýerlerde mekdepleriň we ýerli bileleşikleriň derejelerinde çäreleri durmuşa geçirmek arkaly gowşak goralýan ýerlerde bilimi, lukmançylyk hyzmatlaryny, sanitar-arassaçylyk gurşawyny we adatdan daşary ýagdaýlara taýýarlygy pugtalandyrmaga gönükdirilen 2021–2025-nji ýyllar üçin maksatnamalaýyn resminama hem gol çekdiler.

Hyzmatdaşlygyň maksady Türkmenistandaky çagalar üçin daşky gurşawyň howpsuzlygyny we arassalygyny, talaba laýyk bilimi, saglygy goraýyş hyzmatlaryny, iýmit, suw, sanitar arassaçylyk hyzmatlaryny (WASH) üpjün etmek üçin, Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýetiniň hem-de ÝUNISEF-iň tehniki tejribesini, mümkinçiliklerini, serişdelerini birleşdirmekden ybaratdyr. Bu Maksatnama «Ýaşyl mekdep» Maksatnamasynyň çäklerinde Aral kynçylygyndan has köp ejir çeken etraplarda, şol sanda, howanyň üýtgemegi, tebigy betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini azaltma ýaly temalar boýunça esasy päsgelçilikleri aradan aýyrmak, öňdebaryjy usulyýet, täzeçil çemeleşmeleri ulanmak üçin synag çözgütleri ulanar. «Ýaşyl mekdep» Maksatnamasy mekdep okuwçylaryny döredijilige, täzeçillige ruhlandyrjak we durnukly bilime ýardam berjek bilim gurşawyny üpjün edýär.

Maksatnamalaýyn resminama hem howanyň üýtgemegi we tebigy betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini azaltma boýunça öňdebaryjy halkara tejribesine daýanyp, TGÝMJ-niň hünärmenleriniň mümkinçiliklerini ýokarlandyrmagy öz içine alýar. Ol ÝUNISEF-iň esasy hyzmatdaşlary bilen ýakyn hyzmatdaşlykda, hususan-da, Bilim, Saglygy goraýyş we derman senagaty hem-de Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrlikleri bilen birlikde durmuşa geçiriler.

Tebigatyň weýrançylyklarynyň oslanmadyk wagtlarda döreýänligi, oýlanmaga we gyssanmaç ýygnanmaga adama wagt galdyrmaýandygy üçin hem ol *tebigy betbagtçylyk* diýlip atlandyrylýar. Hadysalaryň öňüni almak mümkin däl, ýöne golaýlap gelýän howpuň garşysyna bar güýjüňi jemläp durmak üçin taýýarlanyp bolýar. Gyzyl Ýarymaý ejir çekenlere azyk önümleri, gündelik zerur zatlary paýlamak arkaly ynsanperwer ýardamy bermek üçin tebigy betbagtçylyk zolagyna ilkinjileriň hatarynda barýar. Adatdan daşary ýagdaýlarda

we tebigy betbagtçylyklarda dolandyrmak boýunça işleri jemgyýetiň ösüşine aýratyn itergi berdi. Eger-de Gyzyl Ýarymaýyň kemala gelen ilkibaşdaky döwürlerinde onuň esasy wezipeleriniň adatdan daşary ýagdaýlarda hökümet edaralarynyň, Milli jemgyýetiň hereketlerini utgaşdyrmak bolan bolsa, häzirki döwürde bar bolan tagalla töwekgelçiligi peseltmek we tebigy betbagtçylyklaryň gaýra üzülmelerini azaltmak ýaly çylşyrymly wezipeleri çözmäge gönükdirilendir.

Jemgyýet geçirýän işlerini mahabatlandyrmak, hyzmatdaşlyk ulgamyny giňeltmek, Jemgyýetiň işine meýletin kömekçileri çekmek, olaryň sanyny köpeltmek, onuň hataryna täze agzalary çekmek maksady bilen, ýurdumyzyň ähli künjeklerinde dürli edara-kärhanalar we guramalar bilen yzygiderli hyzmatdaşlyk saklaýar. Geçirilen işleriň netijesinde, hasabat döwründe Jemgyýet – 228 802 sany hakyky agzany öz içine alýar.

Meýletinçiler we ýaşlar bilen iş ugruny Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýeti, «Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň 2012–2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyny ýerine ýetirmegiň Meýilnamasyna» laýyklykda amala aşyrýarlar. Zähmetsöýer, ylymly-bilimli, watansöýüji, ynsanperwer, ýurduň hemmetaraplaýyn ösüşine mynasyp goşant goşýan kämil nesilleri terbiýeläp ýetişdirmek hem-de ýaşlarda ruhy-ahlak gymmatlyklaryny, sagdyn-durmuş ýörelgelerini kemala getirmek maksady bilen, 2021-nji ýylda Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligi we Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýeti bilen bilelikde iki sany meýilnama gol çekildi. Bu Meýilnamanyň gün tertibine laýyklykda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda ýzýgiderli okuw çäreleri geçirilýär.

Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýetiniň hatarynda Türkmenistanyň ähli künjeginden 5005 sany meýletinçiler Jemgyýetiň işine ýakyndan ýardam berip, häzirki wagtda Jemgyýetiň meýletinçileriniň kömegi bilen 679 sany maglumat beriji we haýyr-sahawat çäreleri geçirilýär. Olarda 13 371 sany ýaşlar we meýletinçiler gurşalyp alyndy. Şeýle hem, Jemgyýetde ýaşlar tarapyndan 465 sany maýyp, ýeke ýaşaýan gartaşan adamlara, ýetim çagalara ýakyndan kömekler berlip, ýaşlar, meýletinçiler we agzalar boýunça welaýat bölümleriniň işgärleri bilen hem birnäçe onlaýn maslahatlary geçi-

16. Sargyt № 3735

rildi. Mundan başga-da, ýurdumyzyň ähli künjeginde çagalaryň dynç alyş-sagaldyş merkezlerinde Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýetiniň işgärleri we meýletinçileri tarapyndan 2021-nji ýylyň iýun aýynyň dowamynda çagalaryň arasynda ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almak, ýol hereketiniň kadalary, arassaçylyk-şahsy arassaçylyk, art-terapiýa, suwda gark bolmakdan ägä bolmak ýaly temalar boýunça möwsümleýin okuwlar geçirildi.

TGÝMJ-niň Adatdan daşary ýagdaýlarda dolandyrmak iş ugry boýunça, Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Baş raýat goranyşy we halas ediş işleri müdirligi, Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Döwlet ýangyn howpsuzlygy gullugy, Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Polisiýanyň ýol gözegçiligi gullugy, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi bilen bilelikde döwlet, welaýat, etrap-şäher derejelerinde «Adatdan daşary ýagdaýlarda özüňi alyp barmak» temasy boýunça, ilatyň arasynda wagyz-ündew çäreleriniň, okuw sapaklarynyň we amaly türgenleşikleriň birnäçesi gurnaldy.

Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýeti Adatdan daşary ýagdaýlary durmuşa geçirmek babatda Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Baş raýat goranyşy we halas ediş işleri müdirligi, Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrligi, Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy, Birleşen Milletler Guramasynyň betbagtçylyklaryň howpuny azaltmak boýunça bilermenleri bilen birnäçe çäreleri geçirdi.

Türkmenistanyň Adam hukuklary babatda halkara borçnamalarynyň we halkara ynsanperwerlik hukugynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek maksady bilen TGÝMJ, Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň goldamagynda «Milli jemgyýetiň ynsanperwerlik işinde kömekçi wezipesini goldamak» taslamasyny ýerine ýetirmekde, halkara ynsanperwer hukugy baradaky bilimleri ýaýratmak boýunça degişli onlaýn çäreleri geçirýär.

Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýetiniň tutuş işi hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen baş taglymatynyň maksada okgunlylyk bilen durmuşa geçirilýän täze eýýamda ýurt bilen bitewüligiň aýdyň şöhlelenmesi bolup durýar.

# XVII BAP. HALKARA YNSANPERWER HUKUGYNDA BOSGUNLARYŇ HUKUK ÝAGDAÝY

## § 1. Bosgunlaryň hukuk statusy barada düşünje

Taryhyň ähli döwürlerinde dünýäniň dürli künjeklerindäki adamlar howpsuzlygyň gözleginde öz ýurtlaryndan gaçmaga, yzarlanmalardan, syýasy zorlukdan ýa-da ýaragly jedellerden goranmaga mejbur bolupdyrlar. Olar bütin taryhyň dowamynda adamlaryň iň bir güýçsüz toparlaryna girýärler. Dünýädäki dinleriň köpüsinde heläkçilikli ýagdaýa düşen adamlar babatda gaçybatalga, düşelge, howpsuz gonalga we myhmansöýerlik ýaly düşünjeler bardyr. Emma XX asyra çenli şeýle adamlaryň goragy babatda haýsy-da bolsa bir umumy kadalar bolmandy. I we II Jahan uruşlarynyň netijesinde, *bosgun* adalgasy peýda boldy.

**Bosgunlar** – adatdan daşary ýagdaýlaryň esasynda öz hemişelik ýaşaýan ýurduny taşlamaga mejbur bolan şahslar.

«Bosgunlaryň hukuk statusy hakynda» 1951-nji ýylyň Ženewa Konwensiýasyna laýyklykda, jynsy, dini, raýatlygy, jemgyýetiň belli bir gatlagyna degişliligi ýa-da syýasy garaýyşlary sebäpli yzarlamalaryň pidasy bolýan, raýatlygy boýunça degişli bolan ýurduň çäklerinden daşarda bolýan we şol ýurduň goragyndan peýdalanmak islemeýän, şeýle howatyrlanmalar sebäpli şol ýurda gaýdyp baryp bilmeýän, ýa-da gaýdyp barmak islemeýän adamlar bosgun hasaplanylýar.[46]

«Bosgunlar hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda bolsa bosgunlara şeýle kesgitleme berilýär:

**Bosgun** – teniniň reňki, jynsy, dine garaýşy, raýatlyk alamaty, jemgyýetiň belli bir gatlagyna degişliligi boýunça ýa-da syýasy ynam-ygtykaty sebäpli yzarlamalaryň pidasy bolmakdan doly esaslandyrylan howatyrlanmalary netijesinde, Türkmenistanda bolýan we öz ýurdunyň goragyndan peýdalanyp bilmeýän, ýa-da belli bir raýatlygy bolman, şeýle ýagdaýlaryň netijesinde öňki adaty ýaşan ýurdunyň çäklerinden daşarda bolmak isleýän adam.

---

[46] Введение в вопросы международной защиты беженцев. UNHCR, 2005.

**Bosgunçylyk** – öz dogduk mekanyňy uruşlaryň ýa-da tebigy betbagtçylyklaryň netijesinde köpçülikleýin bolup terk etmek.

**BMG-niň BÝKM-iniň ygtyýarlygyna (kompetensiýasyna) girýän şahslar.** BMG-niň BÝKM-i bosgunlardan başga-da gaçybatalga gözleýän we şeýle adamlar babatynda kesgitlenen gorag hem-de ýardam bermek ýaly borçlary öz üstüne alýar:

1. Repatriantlar;
2. Raýatlygy bolmadyk adamlar;
3. Ýurtlaryň arasynda garyşan şahslar.

**Bosgunlar bilen baglanyşykly halkara hukugy** – bosgunlaryň halkara goraglylygynyň esasy ýörelgelerini kesgitleýär:

1. Bosgunlaryň we gaçybatalga gözleýän şahslara dolanyp barjak ýerinde yzarlamalar howpy döreýän bolsa, olary yzyna gaýtarmak gadagandyr (non-refoulement);
2. Bosgunlar bilen gatnaşyga gireniňde olaryň hukuklarynyň kemsidilmezligi;
3. Bosgunlar bilen özüňi alyp barmagyň düzgünleri;
4. Bosgunlara gaçybatalga berýän ýurduň olar babatynda öz üstüne alýan borçlary;
5. Döwletiň öz wezipelerini ýerine ýetirende BMG-niň BÝKM-i bilen hyzmatdaşlyk etmäge borçlulygy.

**Non-refoulement – gaýtadan ýurduna dolanyp barmakdan boýun gaçyrmak.** Eger-de dolanyp barjak ýurdunda ýa-da territoriýasynda onuň jynsy, dini, raýatlygy, belli bir sosial topara degişliligi we syýasy ynamlary ýaly alamatlary boýunça janyna howp salýan bolsa bosgunlaryň yzyna gaýtarylmagy gadagan edilýär. Ýöne bosgun milli howpsuzlyga howp döredýän bolsa, onda kadadan çykma hökmünde ulanylyp bilner. Agyr jenaýat eden we jemgyýet üçin howp döredýän bolsa bosgun yzyna gaýtarylyp bilner.[47]

**Halkara goraglylyk** – bu bosgunlaryň gaçybatalga berlen ýurda girmäge ygtyýarlygy bolan döwründen başlanyp, olara gaçybatalga bermek, esasy adam hukuklaryna hormat goýmak ýaly şertlerini öz içine alýar. Olara öz ýurdunda janyna howp salýan ýagdaýlar bar bolsa we özleri dogduk mekanlaryna dolanmak islemeýän bolsalar, olaryň muňa doly hukugy bardyr.

[47] Международное гуманитарное право. ICRC, 2002.

**Halkara goraglylygy üçin jogapkärçilik çekmek.** Bosgunlaryň ýerleşýän ýurdunyň hökümeti olara halkara goragyny bermekde esasy jogapkärçiligi çekýär. Şeýle hem BMG-niň BÝKM-i bosgunlara we onuň ygtyýarlygyna (kompetensiýasyna) girýän beýleki şahslara-da halkara goragyny üpjün etmek tabşyrylýar.[48]

**Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bosgun statusyny edinmek.**

1. Adam bosgun statusyny almak üçin Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň edaralaryna towakganama bilen ýüz tutmaga borçludyr;
2. Bosgun statusynyň berilmegi hakynda towakganama garamak towakganamanyň berlen gününden başlap üç aýyň dowamynda Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy tarapyndan amala aşyrylýar;
3. Bosgun statusyny bermek hakynda towakganama garamagyň netijeleri üç iş günüň dowamynda ýazmaça görnüşde towakganama berijiniň dykgatyna ýetirilýär;
4. Bosgun statusy berlen adama on günüň dowamynda bellenilen görnüşdäki şahsyýetnama berilýär. Bosgun statusy berlen adamyň ýüz tutmagy esasynda oňa ýol resminamasy berilýär. Bosgunyň şahsyýetnamasy we ýol resminamasy tölegsiz resmileşdirilýär.

**Bosgun statusynyň ýatyrylýan ýagdaýlary** 1951-nji ýylyň Konwensiýasynyň 1-nji maddasynyň «C» punktunda görkezilýär. Bosgun statusyny şeýle ýagdaýda ýitirýär, eger ol:

– öz raýatlygy degişli bolan ýurdunyň goragyndan meýletin ýene-de peýdalansa;
– öz raýatlygyndan mahrum bolup, ýene-de ony meýletin edinse;
– täze raýatlyk edinip, täze raýatlyk alan ýurdunyň goragyndan peýdalansa;
– yzarlanmalar sebäpli ýurduny taşlap, soňra ýene-de gaýtadan ýurduna ornaşsa;
– öz raýatlygy degişli bolan ýurdunyň goragyndan peýdalanmakdan şondan beýläk ýüz öwrüp bilmese ýa-da onuň bosgun diýlip ykrar edilen ýagdaýlary mundan beýläk bolmasa.

[48] Записка о международной защите – note on international Protection. UNHCR, 2000 year.

Bu düşünjeleriň arasynda örän uly tapawut bardyr. *Bosgun* adalgasynyň kesgitlemesi «Bosgunlaryň statusy hakynda» 1951-nji ýylyň Konwensiýasynda, şeýle hem bosgunlar baradaky kabul edilen sebitleýin resminamalarda we BÝKM-iň Düzgünnamasynda görkezilýär.

**Migrant** adalgasynyň kabul edilen hukuk taýdan kesgitlemesi bolmasa-da, Birleşen Milletler Guramasy migranta migrasiýa sebäpleri bolmazdan daşary ýurtda bir ýyldan köp ýaşaýan adam hökmünde kesgitleme berýär. Migrasiýanyň sebäpleri boýunça meýletin we meýletin däl, usullary boýunça hem kanuny we kanuny däl hökmünde tapawutlandyrylýar. Migrantlar gysga wagtlaýyn iş üçin gelip, soňra olar öz ýurtlaryna dolanýarlar.

Bosgunlaryň statusy hakyndaky esasy halkara hukuk resminamalar – 1951-nji ýylyň Ženewa Konwensiýasy, 1967-nji ýylyň Goşmaça Protokoly we 1975-nji ýylyň goşmaça Nýu-Ýork protokollary hasaplanylýar. Köp ýurtlaryň bosgunlar barada öz kanunçylygy bolup, olar diňe ýerine ýetirilmesi hökmany bolan halkara resminamalaryň üstüni ýetirýärler. Mundan başga-da, Bosgunlaryň işi boýunça Ýokary Komissarynyň Müdirliginiň, BMG-niň, Ýewropa Bileleşiginiň, GDA-nyň bu meseleleri kadalaşdyrmak boýunça kabul edilen ýüzlerçe resminamalary – esasy kadalaşdyryjy resminamalar hasaplanylýar.

BMG-niň ulgamyndan Bosgunlaryň meseleleri bilen meşgullanýan edara **BMG-niň Bosgunlaryň işi boýunça Ýokary Komissarynyň Müdirligidir.** Halkara *Gyzyl Haç Komiteti* hem bosgunlara we ýaragly jedelleriň netijesinde göçürilenlere we ejir çekenlere ýardam bermekde esasy rol oýnaýar. Şeýle hem edara Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý halkara federasiýalary bilen bilelikde işläp, adatdan daşary ýagdaýlarda ejir çekenlere ynsanperwer ýardamlaryny berýär we halkara ynsanperwer hukugynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär.

*Halkara Migrasiýa Guramasy* – hökümete degişli däl gurama bolup, migrasiýa bilen baglanyşykly hyzmatlary ýerine ýetirýär. Bu gurama BMG-niň BÝKM-iniň esasy hyzmatdaşy bolup, köplenç, meýletin repatriasiýa işlerini amala aşyrýar.

2001-nji ýyldan bäri dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan iýun aýynyň 20-si ählumumy Bosgunlar güni hökmünde bellenilýär.

Iňlis dilinde *bosgun* sözi «refugee» bolup, ol «gaçybatalga» diýen sözden köklerini alýar. Gadymy fransuz dilinde hem «refuge»

sözi bolupdyr, ol «gizlenmek üçin ýer» diýmekligi aňladýar. Oňa gaçybatalga ýa-da betbagtçylykdan we howpdan goranmaklyk degişli bolup durýar. Latyn dilinde hem bu söze ýakyn «fugure» sözi bolup, bu hem «gaçybatalga» ýa-da «gaçmak» ýaly manylary aňladypdyr.

Gadymy döwürlerde greklerde we müsürlilerde *mukaddes ýer* ýa-da *ybadathana gözlemek* ýaly düşünjeleri bolupdyr. Emma ybadathanalarda we şeýle mukaddes ýerlerde gaçybatalga gözlemek ilkinji gezek b.e. öň 600 ýyl ozal Etelbert Kent tarapyndan kanunlaşdyrylypdyr. Orta asyrlarda Ýewropada şeýle kanunlaryň kabul edilendigine duş gelmek bolýar.

Günbataryň taryhynda bu adalga, ilkinji gezek, fransuz gugenotlarynyň (katolik buthanasy we hökümet tarapyndan yzarlanýanlar) ýurtdan gaçyp, soňra ýene gaýtadan gelmekligi bilen baglanyşykly ulanylyp başlandy. Şol döwürde Edikt Fonteblonyň 1685-nji ýylda ýurtda *protestantiz* kanuny kabul etmegi muňa sebäp bolupdyr. ýüz müňlerçe gugenotlar Angliýa, Niderlandlara, Şweýsariýa, Günorta Afrika, Germaniýa we Prussiýa gaçypdylar.

Halkara hukugynda «bosgunlar» düşünjesi Birinji Jahan urşundan soň döredi. Bosgunlaryň meselelerini halkara ulgamda çözmek boýunça işler 1921-nji ýylda Milletler Ligasynyň ýolbaçylygynda Bosgunlaryň işi boýunça Ýokary Komissarynyň Müdirliginiň döredilmegi bilen başlandy. Onuň ilkinji ýolbaşçysy hökmünde bu wezipä **Fritof Nansen** bellenildi. Soňraky döwürde bu wezipede işlän amerikan professory we žurnalisti Jeýms Makdonald bosgunlara halkara kömegini bermekde birnäçe tagallalary etdiler. Bosgunlar meselesini çözmekde dürli garaýyşlary bolsa-da, olaryň ikisi hem bosgunlaryň bähbidini goramak boýunça soňraky halkara tagallalaryna täsirini ýetirdi.

## § 2. Bosgunlaryň işini utgaşdyrmakda hereket eden guramalar. BMG-niň Bosgunlaryň işi baradaky Ýokary Komissarynyň Müdirliginiň döredilmegi we onuň wezipeleri

XX asyryň 20–30-njy ýyllarynda ilkinji halkara guramasy bolan Milletler Ligasy Ýewropadaky bosgunlara yzygiderli bilen goldaw berip başlady. Ilkinji bosgunlar meselelerini kadalaşdyrmak boýunça

edara 1921-nji ýylda Milletler Ligasynyň ýolbaşçylygynda Bosgunlaryň işi boýunça Ýokary Komissarynyň ady bilen esaslandyryldy. Komissiýa we Fritof Nansene 1917-nji ýylda Russiýa rewolýusiýasy we raýatlyk uruşlarynyň netijesinde ýurtlaryny taşlap gaýdan 1 mln 500 müň adama ýardam bermek tabşyryldy. Bu adamlaryň köpüsi kommunistik hökümetinden gaçan aristokratlardy. 1921-nji ýylda W.I. Lenin olaryň raýatlygyny ýatyrdy.

*1933-nji ýyl. Germaniýadan bolan Bosgunlaryň işi boýunça Ýokary Komissarlyk.*

Haçanda Germaniýada Gitleriň diktaturasyndan adamlar gaçyp başlanda, Milletler Ligasy Germaniýadan bolan bosgunlaryň işi boýunça ýokary komissarlyga Jeýms Makdonaldy belledi. Makdonald bu adamlara ýaşamak üçin hemişelik ýer tapmaklyga çalyşdy. Ol iki ýylyň içinde 80 000-den gowrak bosgunlary, esasanam, Palestina ýerleşdirdi. 1935-nji ýylda Makdonald Milletler Ligasyndan Germaniýadaky ýewreýleriň goragy we olar üçin has çözgütli çäreleri geçirmegi talap etdi. Ol Nýurnberg kanuny esasynda ýewreýleriň raýatlygyny we beýleki esasy hukuklaryny ýitirmekligine närazylyk bildirip, garşylyk görkezdi.

***Ikinji Jahan urşy döwründe***

Milletler Ligasy Ikinji Jahan urşunyň soňuna çykmaklygy başarmady. Şol sebäpli, Ýewropanyň ähli ýerine konflikt ýyllarynda garyşan adamlara adatdan daşary ýardamlary bermek üçin, 1944--nji ýylda **Birleşen Milletleriň Ýardamlar we uruşdan soňky ýagdaýlary dikeltmek boýunça Administrasiýasy (UNRRA)** döredildi. Bosgunlara ýardam bermekde we uruş zerarly tozanly ýerlerde dikeldiş işlerini alyp barmakda giň ygtyýarlyklary bolan UNRRA bosgunlar meselelerini çözmekde ýöriteleşdirilen edara däldi. 1944–1945--nji ýyllarda Sowet Soýuzy bu Administrasiýa öz gözegçilik edýän territoriýalarynda işlemäge rugsat bermedik hem bolsa, soýuzdaş goşunlaryň eýeleýän ýerlerinde müňlerçe bosgunlara we göçürilenlere adatdan daşary kömegini berdi. 1945-nji ýylda, Ýalta we Potsdam konferensiýalarynda baglaşylan ylalaşyklara laýyklykda, sowet raýatlarynyň tiz SSSR-e gaýtarylmagy göz öňünde tutulypdy.

Bosgunlary ýurtlaryna gaýtarmak işinde mesele köpelýärdi, ylaýta-da dolanmaga garşylygyň artdygyça meseläni çözmek kynlaşýar-

dy. Şol döwürde gyssagly watanyna gaýtarylanlaryň arasynda 2 mln-a golaý sowet raýatlary bardy. Olardan ukrainler we pribaltika respublikalarynyň ýaşaýjylary gaýtmak islemediler. Urşuň soňunda bu edara birnäçe bosgunlaryň ýurduna gaýdyp barmaklaryny ýola goýdy, ýöne bosgunlaryň köpüsi öz ýurtlaryna düýpli ideologik syýasy gurluşyň dörändigi sebäpli watanlaryna dolanmak islemeýärdiler. Ýöne olaryň isleglerine garamazdan, gelip çykan ýurtlaryna ugradyldy.

Bosgunlaryň dogduk mekanyna gaýdyp barmak islemeýändigi uruşdan soňky döwrüň iň esasy meselesine öwrüldi. BMG-de repatriasiýa meselesi wajyp syýasy mesele hökmünde ara alnyp maslahatlaşyldy. Bu mesele bilen baglanyşykly jedeller şol wagtyň Gündogary we Günbatary biri-birinden aýyrýan esasy düýpli ideologik gapma-garşylyklar bilen hem baglanyşyklydy. Iň soňunda UNRRA-ny maliýeleşdirmegiň 70%-ni we ýolbaşçylygyň esasy bölegini öz üstüne alýan ABŞ-nyň hökümeti 1947-nji ýyldan soň onuň ygtyýarlylygyny giňeltmekden we maliýe goldawyny bermekden boýun gaçyrdy. Gündogar topar ýurtlarynyň garşylygyna garamazdan UNRRA-nyň ornuna bosgunlaryň işi boýunça täze bir ugry bolan guramany döretmegi talap etdiler.

***Bosgunlaryň işi boýunça Halkara guramasy (1947-nji ýyl)***

1947-nji ýylda BMG-niň Bosgunlaryň işi boýunça Halkara guramasy (BHG) esaslandyryldy. Ol BMG-niň ýöritleşdirilen wagtlaýyn edarasy hökmünde döredildi. Edara döredilen wagty 3 ýyllyk maksatnama düzülip, oňa laýyklykda 1950-nji ýylda wezipesini tamamlar diýlip çak edilýärdi.

Bosgunlaryň işi boýunça Halkara guramasy – bosgunlaryň ähli durmuş jähetlerini, toplumlaýyn göz öňünde tutýan ilkinji halkara edarasy bolup, şol sanda, oňa bosgunlaryň registrasiýasyny, statusyny kesgitlemek, repatrasiýa we ýerleşdirmek ýaly işler bilen meşgullanmak tabşyryldy. Ýewropada ýüze çykan syýasy ýagdaýlaryň netijesinde bosgunlaryň köpüsi öz watanlaryna dolanmak islemeýändikleri sebäpli, olar başga ýurtlara ýerleşdirildi. Emma BHG bosgunlar meselesini soňuna çenli çözüp bilmedi. Bu bolsa 1951-nji ýylda onuň dargamagyna getirdi.

1950-nji ýyllaryň soňunda BMG-niň Bosgunlaryň işi boýunça Halkara guramasy öz wezipelerini üstünlikli amala aşyrman başlady.

Bosgunlaryň işi boýunça ýene bir edaranyň zerurlygy bolsa görnüp durdy we hemmä düşnüklidi. BMG-de birnäçe jedellerden soň 1949--njy ýylda *BMG-niň Baş Assambleýasynyň 319-njy (IV) Rezolýusiýasy* esasynda Birleşen Milletler Guramasynyň Bosgunlaryň işi boýunça Ýokary Komissarynyň Müdirligi Baş Assambleýanyň kömekçi edarasy hökmünde esaslandyryldy. Bu döwletleriň arasyndaky syýasy jebisleşmek boýunça hemişelik edaranyň döredilmegi döwletleriň özara ylalaşygynyň netijesinde boldy. Baş Assambleýanyň indiki sessiýasynda – 1950-nji ýylyň 14-nji dekabrynda 428-nji Rezolýusiýa esasynda BÝKM-iň Düzgünnamasy tassyklanyldy we ol 1951-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girdi.

Ilkibada, onuň Düzgünnamasyna BMG-niň Baş Assambleýasynyň 428-nji (IV) Rezolýusiýasy (1950 ý.) goşuldy. Soňra ol Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň hem-de Baş Assambleýanyň Rezolyusiýalary bilen baýlaşdyryldy. BMG-niň BÝKM-ine syýasy bolmadyk we ynsanperwer ulgamda bosgunlary halkara goraglylyk bilen üpjün etmek, şeýle hem olar üçin uzak möhletleýin çözgütleri gözläp tapmak ýaly wezipeler tabşyryldy. BMG-niň BÝKM-iniň Düzgünnamasy kabul edilmänkä, BMG-niň beýleki edaralaryndan kömek alanlar, bu mandata degişli däldi. Şeýle hem bu mandatdan koreý uruşlarynyň netijesinde garyşan adamlar, ýagny BMG-niň Koreýany dikeltmek boýunça edarasy, BMG-niň Ýakyn Gündogardaky palestinaly bosgunlara kömek berýän agentiligi hem aýrylypdy.

Baş Assambleýanyň we EKOSOS-yň 1950-nji ýyllardaky Rezolýusiýasyndan soň BMG-niň BÝKM-iniň wezipelerini we borçlaryny giňeltdiler. Ol diňe bir bosgunlara halkara ynsanperwer kömegini bermek bilen çäklenmän, eýsem oňa şeýle adamlara – raýatlygy bolmadyk şahslara, döwletleriň arasynda garyşan şahslara hem ýardam bermek wezipesi degişli bolupdyr. Olar barada BMG-niň BÝKM-iniň Düzgünnamasynyň 4-nji bölüminde «halkara goragyna mätaç bolan şahslar» diýlip hem görkezilýär.

Ýokary Komissar Baş Assambleýa tarapyndan bäş ýyldan bir gezek saýlanýar. Ol Baş Assambleýa, şeýle hem EKOSOS-a hasabat berýär. Ýokary Komissaryň işine 1958-nji ýylda Baş Assambleýanyň haýyşy esasynda esaslandyrylan Ýokary Komissaryň Maksatnamasy boýunça Ýerine Ýetiriji komitet ýardam berýär. Ýerine Ýetiriji komi-

tet BMG-ä agza ýurtlardan düzülip, oňa 1951-nji ýyldaky we 1967--nji ýyldaky Protokolyň gatnaşyjysy bolmadyklar hem agza bolýar. Ýerine Ýetiriji komitetiň ýyllyk mejlisi, adatça, Ženewada oktýabr aýynyň birinji ýarymynda bolup geçýär we ol bir hepde dowam edýär. Mejlisiň çäginde müdirligiň işiniň möhüm meselelerine, onuň ileri tutýan ugurlaryna we wezipelerine seredilýär. BÝKM-iň ştab-kwartirasy Ženewada (Şweýsariýada) ýerleşip, onuň wekilleri dünýäniň birnäçe ýurtlarynyň paýtagtlarynda we konfliktli merkezlerinde zähmet çekýärler. 2016-njy ýylyň ýanwar aýynyň 1-nden bäri BMG-niň BÝKM-iniň Ýokary Komissary wezipesine öňki BAPOR-yň Baş Komissary *Filippo Grandi* bellenildi.[49]

Edara özüniň alyp baran işlerinde dünýäniň 116 döwletiniň 50 milliondan gowrak adamyna ýardam etdi. 1954-nji ýyldan bäri Bosgunlaryň işi boýunça Ýokary Komissar ýylda «Nanseniň medalynyň» berilmegini ýola goýdy. Häzirki wagtda ol «Nanseniň baýragy» diýlip atlandyrylýar. Bu baýrak bilen bosgunlaryň hukuklaryny goramak boýunça tagalla edýän adamlar sylaglanýar. Bosgunlaryň meselelerini çözmekde görkezen netijeleri esasynda 1954-nji we 1981-nji ýyllarda BMG-niň BÝKM-i Parahatçylyk ugry boýunça Nobel baýragy bilen gaýtadan sylaglandy.

## §3. Bosgunlaryň hukuklaryny kadalaşdyrýan halkara hukuk resminamalary

BMG-niň BÝKM-i esaslandyrylandan soň, hökümetler 1951-nji ýylda Bosgunlaryň hukuk statusy hakynda Konwensiýany kabul etdiler. Konwensiýa häzirki wagtda hem bosgunlara degişli esasy halkara hukuk resminamasy hasaplanylýar. Ol kimleriň bosgundygyny kesgitleýär we bu şahslar bilen gatnaşmagyň düzgünlerini ýola goýýar.

Ilkibaşda, bu Konwensiýanyň kadalary 1951-nji ýyldan öň bolup geçen ýagdaýlaryň netijesinde, diňe bosgun hasaplanýan şahslara degişlidi. Galyberse-de, ýurtlara ýewropaly bosgunlar boýunça Konwensiýany ýerine ýetirmäge mümkinçilik berilýärdi. Soňra bosgunlar bilen bagly syýasy çökgünlikleriň diňe bir Ýewropada däl--de, başga kontinentlerde hem dowam edýändigi mälim boldy. 1956-

49 www.unhrc.ru

-njy ýylda BMG-niň BÝKM-i Wengriýada bosgunlara degişli bolup durýan çäreleri sazlaşdyrdy. Soňra ol, Gonkongdaky Hytaý bosgunlaryna, Alžiriň garaşsyzlygy boýunça alnyp barlan uruşlardan soň ýüze çykan bosgunlara ýardam etdi.

1960-njy ýylda koloniýadan azatlygyň yglan edilmegi Afrikada köpsanly bosgunlaryň ýüze çykmagyna getirdi. Bu bolsa BMG-niň BÝKM-i üçin uly alada öwrülip, netijede, guramanyň alyp barýan işini üýtgetdi. Ýewropadan tapawutlylykda, Afrikadaky bosgunlar üçin uzak möhletleýin çözgütler göz öňünde tutulanokdy. Olaryň köpüsiniň ýurdundan gaçmagy durnuksyz ýagdaýa getirdi. Guramanyň onýyllykda alyp baran işleriniň ugry çalt üýtgedi, soňky onýyllykda býujetiniň 3/2 bölegini Afrika üçin harçlady. Täze ýagdaýlary kadalaşdyrmak üçin halkara jemagaty 1951-nji ýylyň Konwensiýasynyň 1967-nji ýylda Goşmaça Protokolyny kabul etdiler. Protokol Konwensiýadaky öňki çäklendirmeleri, ýagny bosgunlaryň hataryna diňe 1951-nji ýyldan öň bolup geçen döwletleriň arasynda garyşan şahslaryň, şeýle-de käbir ýurtlaryň diňe Ýewropadaky bolup geçen ýagdaýlaryň netijesinde bosgun hasaplanýan geografik çäklendirmelerini hem aradan aýyrdy.

1967-nji ýylyň Protokoly täze garaşsyz Afrika döwletleriniň köp babatda meselelerini çözmäge ýardam etdi. Şeýlelikde, Afrika guramasy (häzirki wagtda *Afrika soýuzy* diýlip atlandyrylýar) BMG-niň BÝKM-i bilen maslahatlaşyp, özi bosgunlar barada Konwensiýa kabul etdi.

1970-nji ýyllarda bosgunlar bilen bagly çökgünlik Aziýada hem döredi. Olardan iň elhenç ýagdaýlarynyň hatarynda Hindistandaky gündogar Pakistandan Bangladeşiň emele gelmegi netijesinde köpçülikleýin göçhä-göçlükleriň bolmagyny we ýüzmüňlerçe wýetnamlylaryň öz ýurdundan deňizde ýüzmäge ukypsyz ýa amatsyz gämilerde gaçmagyny mysal getirmek bolar. Şol ýyllarda bosgunlaryň ählisi üçin çözgüt tapmak kyn bolupdy. Iň wajyp wakalaryň biri hökmünde Günorta-Gündogar Aziýanyň halkara başlangyçlary bilen bosgunlar üçin umumy maksatnamanyň kabul edilmegini aýtmak bolar. Umumy maksatnama laýyklykda bosgunlaryň köpüsi Demirgazyk Amerika, Ýewropa we Aziýa ýurtlaryna, şeýle hem Awstraliýa ýerleşdirildi.

1980-nji ýyllaryň soňunda ýurtlaryň köpüsi gaçybatalga bermeklerini bes etdiler. Bu bolsa bosgunlaryň sanynyň artmagyna getirdi. Bu ýyllarda bosgunlar diňe bir garaşsyzlyk ugrunda göreşýän ýurtlardan däl, eýsem, täze garaşsyz döwletlerde ýüze çykýan özara etniki jedeller boýunça ýurtlaryndan gaçmaga mejbur bolýardylar.

Bosgunlar bilen bagly ýagdaýlaryň häsiýeti üýtgeýändigi sebäpli, 1951-nji ýylyň Konwensiýasy könelişen hasaplanýar, şeýle hem bosgunlara degişli esasy hukuklar hem könelişen hasaplanýar.[50]

## § 4. Türkmenistanyň bosgunlar baradaky halkara başlangyçlary we tejribesi

Türkmenistan halkara ynsanperwer hyzmatdaşlygyna milli, sebit we dünýä derejesindäki durnuklylygy pugtalandyrmak boýunça bilelikdäki tagallalaryň wajyp bölegi hökmünde garaýar. Ynsanperwer ugrunyň dünýä jemgyýetçiliginiň ýokary ýörelgeleriniň we gymmatlyklarynyň esasyny düzýändigini bellemek bilen, Türkmenistan adam hukuklaryny goramak, ynsanlar üçin iň oňyn şertleri döretmek ugrundaky BMG bilen özara gatnaşyklaryny dowam etdirýär. Şu jähetden Türkmenistan üçin bosgunlaryň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň hukuklaryny goramak we üpjün etmek bilen bagly meseleler halkara ynsanperwerligiň derwaýys ugry hasaplanýar.

BMG-niň Bosgunlaryň işi boýunça Ýokary Komissarynyň Müdirligi (BÝKM) Türkmenistanyň Hökümeti bilen bilelikde raýatsyzlygyň sanyny azaltmak we soňuna çykmak üçin uly işleri alyp barýar. 2011-nji ýylda Türkmenistan hemişelik esasda Bosgunlaryň işi boýunça BMG-niň Ýokary Komissarynyň Müdirliginiň ýerine ýetiriji komitetine saýlandy.

Türkmenistanyň başlangyjy boýunça 2012-nji ýylyň 11–12--nji maýy aralygynda Aşgabatda geçirilen Yslam Hyzmatdaşlyk guramasy, BMG-niň BÝKM-iniň we Türkmenistanyň Hökümeti bilen bilelikde «Musulman dünýäsinde bosgunlar» atly halkara maslahaty bu ugurdaky möhüm wakalaryň biridir. Bu halkara maslahata 40-dan gowrak hökümetara guramalaryň, 21 döwletiň wekilleriniň gatnaşmagy bolsa bu meselä gönükdirilen uly ünsi aňladýar.

---

[50] «Bosgunlaryň statusy hakynda» 1951-nji ýylyň Konwensiýasy we 1967-nji ýylyň Goşmaça Protokoly.

Bu duşuşyk tutuş musulman dünýäsi üçin şanly waka diýlip häsiýetlendirildi, sebäbi gyzyklanma bildiren ähli taraplar, ilkinji gezek, bosgunlaryň goralmagyny bütin dünýä möçberinde üpjün etmek we bar bolan meseleleri çözmek üçin netijeli çäreleri işläp düzmäge ýygnandylar. Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedow «Musulman dünýäsindäki bosgunlar» atly halkara maslahatynda öz ýurdunyň wekilçilikli toparyna ýolbaşçylyk edip, bosgunlaryň ýagdaýy seljerilende: «Häzir bu mesele halkara durmuşynyň gün tertibiniň esasy meseleleriniň biri bolup, bosgunlar bilen bagly ýagdaýlarda diňe ynsanperwerlik boýunça däl-de, eýsem, syýasy we ykdysady ugurlary öz içine alýan, köptaraply hyzmatdaşlygyň zerurdygy ýüze çykýar» diýip belledi. «Meseleler, ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmak, durnuklylygy berkitmek – biziň halkara gatnaşyklarynda dünýä ýurtlary bilen bilelikde alyp barýan syýasatymyzyň esasy ugurlary bolup durýar. Duşuşygyň Aşgabatda geçirilmegi bolsa, bosgunlaryň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň meselelerini çözmekde Türkmenistanyň toplan oňyn tejribesiniň dünýäde uly gyzyklanma döredýändiginiň subutnamasydyr. Şoňa görä-de, biz şu maslahata bosgunlar bilen bagly meseleleri sebitde we bütin dünýäde çözmek boýunça düýpli pikir alyşmak üçin oňat mümkinçilik hökmünde garaýarys» diýip, Gahryman Arkadagymyz bu babatda ýerlikli belläp geçdi.[51] Bosgunlaryň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň meselelerini çözmekde halkara guramalarynyň eýeleýän ornuny kesgitlemek, degişli ugurda köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmek, bosgunlaryň öz Watanyna meýletin gaýdyp barmagy ýaly meseleler boýunça pikir alyşmak bu maslahatyň esasy maksady boldy. BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterriş BMG-niň Bosgunlaryň işi boýunça Ýokary Komissarynyň Müdirliginiň ýolbaşçysy hökmünde bu maslahata gatnaşyp, ol bu saparynyň dowamynda belli bir meseleleri ara alyp maslahatlaşmak boýunça Gahryman Arkadagymyz bilen hem gepleşikleri geçirdi.

Şeýle-de bosgunlary we raýatlygy bolmadyk adamlary raýatlyga kabul etmek meselesinde ýurdumyzyň alyp barýan netijeli işleri we gazanan tejribesi halkara bileleşiginde hem-de beýleki daşary ýurt döwletlerinde uly gyzyklanmalary döredýär. Ýurdumyzda raýatlygy

[51] «Нейтральный Туркменистан» gazeti, 11.05.2012.

bolmadyk adamlaryň meseleleriniň çözülmegi Türkmenistanyň halkara ynsanperwer guramalary bilen alyp barýan hyzmatdaşlygynda möhüm tapgyr boldy. Häzirki döwürde biziň ýurdumyz bu ugurda oňyn tejribe toplady. Abraýly halkara guramalarynyň we daşary ýurt döwletleriniň wekilleriniň gatnaşmagynda 2014-nji ýylda «Migrasiýa we raýatsyzlyk boýunça halkara maslahaty: meseleleri we indiki ädimleri anyklamak» we 2017-nji ýylda «Raýatsyzlygy azaltmak boýunça Türkmenistanyň oňyn tejribesi» atly halkara maslahatlarynyň, duşuşyklaryň ýurdumyzyň paýtagty Aşgabat şäherinde geçirilmegi hem munuň aýdyň subutnamasydyr.

### Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlaryna bosgunlaryň gatnaşmagy

Aşgabat – 2017 V Aziýa oýunlaryna bäş türgenden ybarat bolan bosgunlar toparynyň gatnaşmagy, olara dünýä boýunça örän uly ähmiýet berilýändiginiň nyşanydyr. Olar sportuň ýeňil atletika görnüşi boýunça ýaryşlara gatnaşyp ýeňiş gazanmagy başardylar. Bäş sany türgen: Paulo Amotun Lokoro, Wiýual Puok Deng, Gaý Nýang Tap, Ukak Utloo Bul we Ýeş Pur Biel dagylar Keniýanyň Naýrobi şäherinde Tegla Lorupeniň esaslandyran Parahatçylyk gaznasy tarapyndan guralan synag oýunlaryndan soň, Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlaryna gatnaşmaga hukuk gazandylar. Bosgunlaryň ählisi Günorta Sudandan bolup, olara BMG-niň sport we parahatçylyk işleri boýunça wekili bolan, Keniýanyň meşhur türgen zenany Tegla Lorupe ýolbaşçylyk edýär. Ilkinji bosgunlar topary 2016-njy ýyldaky Olimpiýa oýunlaryna gatnaşdy.

Erkekleriň arasynda 800 *m* aralyga ylgamak boýunça ýaryşan, ýarym final tapgyryna çykan Biel şeýle tejribäniň özi üçin örän ähmiýetlidigini aýtdy we V Aziýa oýunlaryna taýýarlyk görmek baradaky ýerine ýetiriji komitete minnetdarlygyny bildirdi. Biel: «Bu «Rio – 2016» oýunlaryndan soň gatnaşan ikinji uly göwrümli ýaryşym. Rio-de-Žaneýro we Aşgabat şäherlerindäki sport ýaryşlaryna bosgun hökmünde gatnaşanymyz – dünýäde käbir zatlary üýtgetmegi ähtimal. Biz Türkmenistanyň myhmansöýer halkynyň bardygynynyň şaýady bolduk. Biz geljekde hem bu ajaýyp ýurtda geçiriljek ýaryşlara uly höwes bilen gatnaşarys» diýip, öz hoşallygyny bildirdi.

Bu toparyň ýolbaşçysy, ýarym marafony ylgap geçmekde üç gezek dünýäniň çempiony bolan we üç gezek Olimpiýa oýunlaryna gatnaşan keniýaly Tegla Lorupä bosgun türgenleri üçin hem uly sport ýaryşlarynyň gapylarynyň açylmagyny teklip etdi.

T. Lorupe: «Afrikadan we beýleki kontinentlerden gelýän türgenler ýaryşa gatnaşmak üçin dünýäniň islendik künjegine gidip gatnaşyp bilýärler. Bosgunlarda bolsa şeýle mümkinçilik ýok. Emma häzirki wagtda sportuň olara şeýle goldawy berýändigi diýseň begendirýär. Men beýleki iri sport çäreleriniň guramaçylary bilen hem bosgun türgenleriniň ýokary derejede ýaryşyp bilmekleri üçin öz gapylaryny açar diýip umyt edýärin. Bu diňe ýeňil atletika bilen çäklenmeli däl. Sportuň beýleki görnüşlerinde hem, mysal üçin, taekwondo ýa-da karate sporty boýunça ukyply ençeme bosgun türgenler bar. Bosgunlar üçin bu sport görnüşleri boýunça ýaryşmak mümkinçilikleri dörär diýip umyt edýärin» diýip belledi.

Halkara Olimpiýa Komiteti we Birleşen Milletler Guramasynyň Bosgunlaryň işi boýunça Ýokary Komissarynyň Müdirligi dünýädäki bosgunlar toparlaryny sporta gatnaşdyrmak üçin 22 ýyldan bäri utgaşykly işleýär. Bulara degişli gerekli işleriň ýerine ýetirilmegi üçin býujeti Halkara Olimpiýa komiteti üpjün edýär.

Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlaryna gatnaşan bosgunlar toparynyň agzalary geljekde hem dünýä derejesinde geçiriljek beýleki ýaryşlara gatnaşmaga mümkinçilik döredilmegine umyt bildirýärler. Türkmenistanyň bolsa bosgunlara şeýle mümkinçilikleri döredip berendigi sebäpli, onuň halkara abraýy has-da beýgeldi.

## § 5. Türkmenistanyň bosgunlar baradaky milli kanunçylygy

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda milli kanunçylyk ulgamymyzy kämilleşdirmekde we ony halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyk getirmekde ýurdumyzda möhüm işler üstünlikli amala aşyrylýar. Bu ugurda Türkmenistan birnäçe halkara Konwensiýalaryna we şertnamalaryna goşulyşdy, şol sanda Birleşen Milletler Guramasynyň 1951-nji ýyldaky «Bosgun-

laryň hukuk statusy hakynda», 1954-nji ýyldaky «Apatridleriň derejesi hakynda», 1961-nji ýyldaky «Raýatsyzlygy azaltmak hakynda» Konwensiýalaryna we 2011-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň «Raýatlygy bolmadyk adamlaryň hukuk statusy hakynda» Konwensiýasyna goşuldy hem-de olary tassyklady.

Häzirki hereket edýän «Bosgunlar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny 2017-nji ýylyň 3-nji iýunynda kabul edilip, häzirki döwürde Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän bosgunlaryň hukuk ýagdaýyny kesgitleýär. Bu Kanun adamy, ýagny ony «bosgun» diýip ykrar etmegiň tertibini we şertlerini, olaryň hukuklaryny kesgitleýär, bosgunlaryň hukuklaryny goramagyň hukuk, ykdysady we durmuş kepilliklerini belleýär.

**Türkmenistanda adamyň «bosgun» diýlip ykrar edilmegi bilen şular göz öňünde tutulýar:**

– *bosgun statusynyň berilmegi hakyndaky towakganama bilen ýüz tutmagy;*
– *bosgun statusynyň berilmegi hakyndaky towakganamanyň hasaba alnandygy baradaky wagtlaýyn şahadatnamanyň berilmegi;*
– *bosgun statusynyň berilmegi hakyndaky towakganama garalmagy;*
– *bosgun statusynyň berilmegi hakyndaky towakganamanyň hasaba alnandygy baradaky wagtlaýyn şahadatnama berlenden soň towakga edýän adamyň hasaba alynmagy;*
– *bosgun statusynyň berilmegi hakyndaky towakganama garamagyň netijeleri boýunça bosgun statusyny bermek ýa-da bermekden ýüz döndermek hakynda çözgüdiň kabul edilmegi we bu barada towakga edýän adama habar berilmegi.*

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň hemişelik esasda BMG-niň Bosgunlaryň işi boýunça Ýokary Komissarynyň Müdirliginiň ýerine ýetiriji komitetiniň agzasy bolmak bilen, halkara Konwensiýalaryň talaplaryna laýyklykda öz üstüne alan borçnamalaryny ýerine ýetirmekde alyp barýan döwlet syýasatyna abraýly halkara guramalary hem-de dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan ýokary baha berilýär we giňden goldanylýar. Türkmenistan bu ugurda dünýä bileleşigi-

niň tagallalaryna saldamly goşant goşup, bosgunlara kömek bermek hem-de olaryň hukuklaryny goramak boýunça maksada gönükdirilen işleri alyp barýar we bu ugurda anyk ädimleri ädýär.

Halkara hukuk namalarynyň düzgünlerini milli kanunçylygymyza girizmek maksady bilen, Garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllarynda Türkmenistanda bosgunlaryň hukuk ýagdaýyny düzgünleşdirýän, olaryň hukuklaryny hem-de azatlyklaryny kepillendirýän milli kanunçylygyň berk binýady döredildi.

Türkmenistanda raýatsyzlygyň öňüni almakda we azaltmakda alnyp barylýan işler, Gahryman Arkadagymyzyň çuňňur pähim-paýhasyna ýugrulan «Döwlet adam üçindir!» diýen baş şygarynyň gyşarnyksyz durmuşa geçirilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr. Şu ýörelgelerden ugur alyp, Türkmenistan iň ýokary gymmatlygy – *adam* diýip ykrar edýär hem-de raýatlaryň halkara resminamalary arkaly berkidilen ähli hukuklaryny, azatlyklaryny kepillendirýär we üpjün edýär.

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Serdar Berdimuhamedow.* Ýaşlar – Watanyň daýanjy. – A.: TDNG, 2023.
2. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň wezipä girişmek dabarasyndaky çykyşy (Aşgabat şäheri, 2022-nji ýylyň 19-njy marty). //«Türkmenistan» gazeti, 2022-nji ýylyň 20-nji marty, № 71–72.
3. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň Aziýa – Ýuwaş umman Suw sammitindäki çykyşy (2022-nji ýylyň 23-nji apreli) //«Nesil» gazeti, 2022-nji ýylyň 26-njy apreli, № 35.
4. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň altynjy Hazar sammitindäki çykyşy (2022-nji ýylyň 29-njy iýuny) //«Türkmenistan» gazeti, 2022-nji ýylyň 30-njy iýuny, №167–168 (30434).
5. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I – XIV tomlar. – A.: TDNG, 2008 – 2021.
6. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan. – A.: TDNG, 2014.
7. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Bilim – bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk. – A.: TDNG, 2014.
8. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – abadançylygyň we rowaçlygyň ýurdy. – A.: TDNG, 2015.
9. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy. – A.: TDNG, 2016.
10. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. – A.: TDNG, 2017.
11. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda. – A.: TDNG, 2018.
12. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi. – A.: TDNG, 2020.
13. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany. – A.: TDNG, 2020.
14. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Garaşsyzlyk – bagtymyz. – A.: TDNG, 2021.
15. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ak şäherim Aşgabat. – A.: TDNG, 2021.
16. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ömrümiň manysy. – A.: TDNG, 2022.
17. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ömrümiň manysynyň dowamaty. – A.: TDNG, 2023.
18. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 63-nji mejlisinde kabul edilen «*Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty*» atly Rezolýusiýa (19.12.2008).
19. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 67-nji mejlisinde kabul edilen «*Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçi-*

*rilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty*» atly Rezolýusiýa (17.05.2013).

20. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 69-njy mejlisinde kabul edilen «*Durnukly ösüş üçin halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde ulag-üstaşyr geçelgeleriniň orny*» atly Rezolýusiýa (19.12.2014).
21. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 69-njy mejlisinde kabul edilen «*Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýy*» hakyndaky Rezolýusiýa (03.06.2015).
22. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 70-nji mejlisinde kabul edilen «*Durnukly köpugurly ulag-üstaşyr geçelgeleriniň döredilmegine ýardam bermek maksady bilen ulaglaryň ähli görnüşleriniň arasynda hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlygyň üpjün edilmegi ugrunda*» atly Rezolýusiýa (22.12.2015).
23. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 72-nji mejlisinde kabul edilen «*Durnukly ösüş maksatlaryny amala aşyrmak bilen baglylykda ulaglaryň ähli görnüşleriniň arabaglanyşygyny berkitmek*» atly Rezolýusiýa (20.12.2017).
24. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 71-nji mejlisinde kabul edilen 12-nji dekabry «*Halkara Bitaraplyk güni*» diýip yglan etmek hakynda Rezolýusiýa (02.02.2017).
25. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 72-nji mejlisinde kabul edilen «*BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň orny*» atly Rezolýusiýa (17.11.2017).
26. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 72-nji mejlisinde kabul edilen «*Birleşen Milletler Guramasynyň we Araly halas etmegiň Halkara gaznasynyň arasynda hyzmatdaşlyk*» atly Rezolýusiýa (12.04.2018).
27. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 73-nji mejlisinde kabul edilen «*Birleşen Milletler Guramasynyň we Araly halas etmegiň Halkara gaznasynyň arasynda hyzmatdaşlyk*» atly Rezolýusiýa (28.05.2019).
28. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 73-nji mejlisinde kabul edilen «*2021-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly*» atly Rezolýusiýa (12.09.2019).
29. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 75-nji mejlisinde kabul edilen «*Halkara parahatçylygy, howpsuzlygy saklamakda we pugtalandyrmakda hem-de durnukly ösüş işinde bitaraplyk syýasatynyň orny we ähmiýeti*» atly Rezolýusiýa (07.12.2020).
30. Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň daşary işler ministrleriniň Geňeşiniň 47-nji mejlisinde kabul edilen «*Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasy sebitinde we tutuş dünýäde halkara parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi saklamakda we pugtalandyrmakda bitaraplyk syýasatynyň orny*» atly Rezolýusiýa (27–28.11.2020).

31. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 75-nji mejlisinde kabul edilen «*BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň orny*» atly Rezolýusiýa (16.04.2021).
32. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 75-nji mejlisinde kabul edilen «*Koronawirus keseliniň (COVID-19) pandemiýasy we ondan soňky döwürde durnukly ösüş üçin üznüksiz we ygtybarly halkara ýük daşamalary üpjün etmek maksady bilen, ulagyň ähli görnüşleriniň arabaglanyşygyny berkitmek*» atly Rezolýusiýa (29.07.2021).
33. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 76-njy mejlisinde kabul edilen «*Durnukly ösüşi gazanmak üçin köpçülikleýin welosiped sürmegi jemgyýetçilik ulag ulgamlaryna girizmek*» atly Rezolýusiýa (15.03.2022).
34. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 76-njy sessiýasynyň 97-nji plenar mejlisinde kabul edilen «*Merkezi Aziýa – parahatçylyk, howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk zolagy*» atly Rezolýusiýa (28.07.2022).
35. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 77-nji sessiýasynyň 45-nji plenar mejlisinde kabul edilen «*2023-nji ýyl – Parahatçylygyň kepili hökmünde dialogyň halkara ýyly*» atly Rezolýusiýa (06.12.2022).
36. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 77-nji sessiýasynyň 60-njy plenar mejlisinde kabul edilen «*BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň orny*» atly Rezolýusiýa (24.02.2023).
37. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 77-nji sessiýasynyň 70-nji plenar mejlisinde kabul edilen 26-njy noýabry «*Bütindünýä durnukly ulag güni*» diýip yglan etmek hakynda Rezolýusiýa (16.05.2023).
38. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynyň 49-njy plenar mejlisinde kabul edilen «*Durnukly ösüşi üpjün etmekde ygtybarly we durnukly energiýa birikmesiniň esasy orny*» we «*Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek üçin ulagyň ähli görnüşleriniň arabaglanyşygyny berkitmek*» atly Rezolýusiýalar (19.12.2023).

**Goşmaça:**

1. *Арцибасов И.Н., Егоров С.А.* Вооруженный конфликт: право, политика, дипломатия. – М. 1989.
2. *Бори Ф.* Возникновение и развитие международного гуманитарного права. – МККК. 1998.
3. *Борубашов Б.* Международное гуманитарное право. – Бишкек. 2002.
4. *Бюньон Ф.* МККК и защита жертв войны. Пер. с франц. – М., МККК, 2005.
5. *Бюньон Ф.* Красный крест, красный полумесяц, красный кристалл. Пер. с франц. – М., 2006.
6. *Гассер Х.П.* Международное гуманитарное право. – М., 1995.

7. *Гудвин - Гилл Г.С.* Статус беженца в международном праве. – Будапешт, 2000.
8. *Давид Э*. Принципы права вооруженных конфликтов. – М., 2000.
9. Документы по международному гуманитарному праву и другие документы, относящиеся к ведению военных действий. МККК. – М., 2010.
10. *Дюнан А.* Воспоминание о битве при Сольферино. Пер. с франц. – М., 2009.
11. *Егоров С.А.* Вооруженные конфликты и международное право. – М., 2003.
12. Имплементация международного гуманитарного права. – М., 1998.
13. *Калугин В.Ю., Павлова Л.В., Фисенко И.В.* Международное гуманитарное право: учебное пособие. – Мн., 1999.
14. *Калугин В.Ю., Акулов Д.В.* Пресечение нарушений в механизме имплементации международного гуманитарного права. – Минск, 2004.
15. *Калугин В.Ю*. Курс международного гуманитарного права. – Мн., 2006.
16. *Кальсховен Ф*. Ограничение методов и средств ведения войны. – МККК, 1994.
17. *Карташкин В.А., Лукашева Е.А.* Международные акты о правах человека: Сборник документов. – М., 2002.
18. *Карташкин В.А.* Права человека: международная защита в условиях глобализации. – М., 2009.
19. *Крилль Ф.* Международное гуманитарное право о защите женщин. – МККК, 1994.
20. Комитеты и другие органы, создаваемые для содействия имплементации международного гуманитарного права на национальном уровне. – М., 1998.
21. *Костенко Н.И.* Международный уголовный суд. – М., 2004.
22. *Костенко Н.И.* Международное уголовное право: современные теоретические проблемы. – М., 2005.
23. *Котляров И.И.* Международно-правовое регулирование вооруженных конфликтов // Военное право. – Москва, 1997.
24. *Котляров И.И,* Ходжабегова К.Л. Международное гуманитарное право. – М., 2007.
25. *Курдюков Г.И.* Ответственность за нарушение норм международного гуманитарного права // Российский ежегодник международного права, 2005 (Специальный выпуск). – СПб., 2006.
26. *Лукашук И.И.* Право международной ответственности. – М., 2004.
27. *Лукьянцев Г.Е.* Международный контроль в области прав человека: тенденции и перспективы. – М., 2005.
28. *Ляхов Е.Г.* Международные институциональные контртеррористические системы. – М., 2004.
29. Международное право. Ведение боевых действий. – М., 1995.

30. Международное гуманитарное право (учебник). – М., 2010.
31. Международный уголовный суд как субъект международного права. Российский ежегодник международного права. 2003. – Спец. вып.
32. Международное право и борьба с преступностью: сборник документов. Сост. А.В.Змеевский, Ю.М.Колосов, Н.И.Прокофьев. – М., 2005.
33. *Наумов А.В., Кибальник А.Г., Орлов В.Н., Волосюк П.В.* Международное уголовное право. – М., 2013.
34. *Нахлик С.*. Краткий очерк международного гуманитарного права. – МККК, 1984.
35. Обычное международное гуманитарное право. Нормы./Под ред. Ж.М.Хенкертс, Л.Дюсвальд-Бек. Пер.с англ. – М., 2006.
36. *Пикте Ж.* Развитие и принципы международного гуманитарного права. – М., 1993.
37. *Пикте Ж.* Международный Комитет Красного Креста: уникальное учреждение. – МККК, 1997.
38. Пресечение нарушений международного гуманитарного права. – М., 1998.
39. Римский Статут Международного уголовного суда. – М., 1998.
40. *Сассоли М., Бувье А.* Правовая защита во время войны. Прецеденты, документы и учебные материалы, относящиеся к современной практике международного гуманитарного права: В 4 т. Пер.с англ. Т. I – III. – М., 2008; Т. IV. 2009.
41. *Свинарски К.* Основные понятия и институты международного гуманитарного права как система защиты человека. – М., 1997.
42. Современное международное уголовное право: понятия, задачи, принципы. Отв.ред. А.В. Наумов. – СПб., 2003.
43. *Эмблема*. История и современность. – М., 1998.
44. *Шиндлер Д.*, Международный Комитет Красного Креста и права человека. – М., 1994.
45. *Хакимов Р.* Международное гуманитарное право. – Т., 1998.

**Hukuk namalar:**


1. «Türkmenistanyň Garaşsyzlygy we döwlet gurluşynyň esaslary hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion Kanuny. 27.10.1991.
2. «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion Kanuny. 27.12.1995.
3. «Bitarap Türkmenistanyň adamyň hukuklary babatdaky halkara borçnamalary hakynda» Jarnama. 27.12.1995.
4. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. − A., TDNG, 2023.
5. Türkmenistanyň Söwda deňiz gatnawynyň kodeksi (Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary, 2008 ý., № 4, 54-nji madda). 23.10.2008.
6. Türkmenistanyň Howa kodeksi (Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary, 2012 ý., № 1, 6-njy madda). 10.01.2012.
7. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. «Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hem-de ony rejelenen görnüşde tassyklamak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 17.04.2022.
8. «Türkmenistanyň halkara şertnamalary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny (Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary, 2010 ý., № 2, 32-nji madda). 10.05.2010.
9. «Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlarynyň hukuk ýagdaýy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny (Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň maglumatlary, 2021 ý., № 4, 129-njy madda). 13.11.2021.
10. «Migrasiýa hakynda» Türkmenistanyň Kanuny (Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary, 2012 ý., №1, 41-nji madda). 15.01.2012.
11. «Çaganyň hukuklarynyň döwlet kepillikleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny (Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary, 2014 ý., № 2, 74-nji madda). 14.05.2014.
12. «Aýallaryň we erkekleriň deň hukuklarynyň we deň mümkinçilikleriniň üpjün edilmeginiň döwlet kepillikleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, (Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary, 2015 ý., № 3, 98-nji madda). 25.08.2015.
13. «Adalatçy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny (Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary, 2016 ý., № 4, 157-nji madda). 26.11.2016.
14. «Adam söwdasyna garşy hereket etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny (Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary, 2016 ý., № 4,137-nji madda). 15.10.2016.
15. «Bosgunlar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny (Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary, 2017 ý., № 2, 73-nji madda). 04.08.2017.
16. «Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýeti hakynda» Türkmenistanyň Kanuny (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 3–4, 108-nji madda). 22.12.2012.
17. «Gyzyl Ýarymaýyň we Gyzyl Haçyň nyşanlaryny peýdalanmak we goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny (rejelenen görnüşi) (Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary, 2015 ý., № 3, 102-nji madda). 18.08.2015.

18. «Adatdan daşary ýagdaýda halkara ynsanperwer kömegi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2020 ý., № 2–3, 34-nji madda). 22.08.2020.
19. Halkara Konwensiýalaryň ýygyndysy. – Aşgabat, 2001.
20. 12.08.1949-njy ýyldaky Ženewa Konwensiýalary we olaryň 1977-nji ýyldaky Goşmaça Protokollary. – Aşgabat, HGHK, 2015.
21. Bosgunlaryň olimpiýa toparlarynyň parahatçylygy we adam hukuklaryny berkitmäge goşandyny höweslendirmek hakynda BMG-niň Jarnamasy. 20.08.2017.
22. Устав ООН. 24.10.1945.
23. Устав СНГ. 22.01.1993.
24. Статут Международного Суда ООН. 24.10.1945.
25. Конвенция о правовой помощи и правовых отношениях по гражданским, семейным и уголовным делам. Минск. 22.01.1993.
26. Конвенция Содружества Независимых Государств о правах и основных свободах человека. 26.05.1995.
27. Декларация о принципах международного права. 24.10.1970.
28. Договор о постоянном нейтралитете и эксплуатации Панамского канала. – Вашингтон. 07.09.1977.
29. Декларация о правовом убежище, Генеральная Ассамблея ООН. 14.12.1967.
30. Устав УВКБ ООН, резолюция 428 (V) Генеральной Ассамблеи ООН. 14.12.1950.
31. Чикагская конвенция о гражданской авиации. 07.12.1944.

## MAZMUNY

Giriş........................................................................................................ 7

**I bap. Halkara ynsanperwer hukugy: düşünjesi, predmeti, çeşmeleri we ýörelgeleri**

§ 1. Halkara ynsanperwer hukugy halkara hukugyň pudagy hökmünde. Halkara ynsanperwer hukugy barada düşünje we onuň predmeti .......9

§ 2. BMG tarapyndan ulanylýan «Halkara gumanitar hukugy» diýlen düşünjäni kesgitlemek. Halkara ynsanperwer hukugynyň çeşmeleri. Halkara ynsanperwer hukugynyň çeşmeleriniň klassifikasiýasy.........10

§ 3. Halkara ynsanperwer hukugynyň ýörelgeleriniň umumy düşünjesi. Ýörelgeleri toparlandyrmak. Çalşyrma ýörelgesiniň (Martensiň ýörelgesi) mazmuny..........................................................................18

**II bap. Halkara ynsanperwer hukugynyň döremegi, taryhy we ösüşiniň döwürleri**

§ 1. Halkara ynsanperwer hukugynyň gelip çykyşy we ösüşi. Halkara ynsanperwer hukugynyň ösüşiniň döwürleri. Gadymy döwürde urşuň kanunlary we adatlary ..........................................................26

§ 2. Orta asyrlarda urşuň kanunlary we adatlary .......................................27

§ 3. Täze döwürde halkara ynsanperwer hukugynyň ösüşi. Halkara ynsanperwer hukugynda « Solferino ideýasy» ...................................29

§ 4. 1864-nji ýyldaky Ženewa Konwensiýasynyň aýratynlyklary. 1949-njy ýyldaky Ženewa Konwensiýalarynyň kabul edilmegi.........................................................................................30

**III bap. Halkara ynsanperwer hukugynyň subýektleri**

§ 1. Halkara ynsanperwer hukugynyň subýektleriniň düşünjesi. Döwletler halkara ynsanperwer hukugynyň subýektleri. Penakär döwletleriň we bitarap döwletleriň hukuk ýagdaýy. Öz azatlygy ugrunda göreşýän milletler we halklar .......................................................................34

§ 2. Halkara ynsanperwer hukugynyň beýleki subýektleri: indiwidual we köpçülikleýin subýektleriň aýratynlyklary...................................40

## IV bap. Halkara ynsanperwer hukugynyň beýleki hukuk pudaklary bilen arabaglanyşygy we onuň ulanyş çygry

§ 1. Halkara ynsanperwer hukugynyň we halkara hukugynyň pudaklary bilen arabaglanyşygy ..........49
§ 2. Halkara ynsanperwer hukugy we adam hukuklary ..........51
§ 3. Halkara ynsanperwer hukugynyň halkara howpsuzlyk hukugy we halkara jenaýat hukugy bilen arabaglanyşygy ..........53
§ 4. Halkara ynsanperwer hukugynyň halkara şertnamalar hukugy bilen baglanyşygy. Halkara ynsanperwer hukugy we halkara guramalar....57
§ 5. Halkara ynsanperwer hukugyny dürli ýagdaýlarda ulanmak («Rationesituations»). Halkara ynsanperwer hukugyny wagtda ulanmak («Rationetemporis»)..........59
§ 6. Halkara ynsanperwer hukugyny aýratyn şahslar babatda ulanmak («Ratione personae»). Halkara ynsanperwer hukugynyň kadalaryny giňişlikde ulanmak («Ratione loci»). Ýaragly çaknyşyk döwründe bitaraplyk ..........62

## V bap. Ýaragly çaknyşyklaryň gatnaşyjylary

§ 1. Halkara ynsanperwer hukugynda «ýaragly güýçler» düşünjesi. Döwletleriň harby hereketleriniň teatry. Ýaragly çaknyşyklar döwründe serkerdeleriň hukukçy geňeşçileriniň orny ..........67
§ 2. Halkara ynsanperwer hukugynda lukmançylyk işgärleriniň hukuk goragy. Ýaragly çaknyşyklarda lukmançylyk we din işgärleriniň hukuklary hem-de borçlary ..........71

## VI bap. Urşuň pidalarynyň halkara-hukuk goragy

§ 1. Halkara ynsanperwer hukugynda «urşuň pidasy» düşünjesi. Halkara häsiýetli ýaragly çaknyşyklaryň pidalaryny goramak. Ýaralylar, syrkawlar we gämi heläkçiligine sezewar bolan adamlar. Nam-nyşansyz ýiten we ölen adamlar ..........75
§ 2. Internirlenenleriň hukuk ýagdaýy. Hakyna tutulanlaryň hukuk ýagdaýy ..........79
§ 3. Halkara häsiýetli bolmadyk ýaragly çaknyşyklaryň pidalaryny goramak..........85

**VII bap. Ýaragly çaknyşyklar döwründe raýat obýektleriniň halkara-hukuk goragy**

§ 1. Halkara ynsanperwer hukugynda raýat we harby obýektleri tapawutlandyrmak. «Raýat obýekti» düşünjesi ................................ 90
§ 2. Raýat ilaty üçin zerur bolan obýektleriň goragy. Raýat goranyş obýektleriniň goragy ................................................................ 92
§ 3. Ýaragly çaknyşyklar döwründe medeni gymmatlyklaryň goragy .... 94
§ 4. Ýaragly çaknyşyklar döwründe daşky gurşawyň halkara-hukuk goragy ......................................................................................... 97

**VIII bap. Söweş hereketlerini alyp barmagyň serişdeleriniň we usullarynyň hukuk çäklendirmeleri**

§ 1. Söweş hereketlerini alyp barmagyň gadagan edilen usullarynyň, serişdeleriniň we ýörelgeleriniň düşünjesi....................................... 104
§ 2. Urşy alyp barmagyň usullaryny we serişdelerini çäklendirmek. Harby basyp almanyň (okkupasiýa) hukuk düzgüni......................... 107
§ 3. Kiberoperasiýalar we halkara ynsanperwer hukugy ........................ 110

**IX bap. Ýaragly çaknyşyklar döwründe žurnalistleriň hukuk goragy**

§ 1. Ýaragly çaknyşyklar döwründe žurnalistleri goramagyň hukuk esaslary........................................................................................... 113
§ 2. Halkara habarlaryny ýaýratmaklygyň hukuk çäkleri. Halkara ynsanperwer hukugynda žurnalistleriň hukuk goragynyň usuly ...... 115
§ 3. Ýaragly çaknyşyklar döwründe žurnalistleriň işiniň aýratynlyklary. «Serhetsiz habarçylar» guramasy ........................... 119

**X bap. Hereket edýän goşunlarda ýaralylaryň, syrkawlaryň ýagdaýyny gowulandyrmak hakynda 1949-njy ýylyň I Ženewa Konwensiýasy**

§ 1. Ženewa Konwensiýalarynyň döremegine getiren taryhy wakalar. Halkara ynsanperwer hukugynyň gurluşy: Ženewa hukugy we Gaaga hukugy ............................................................................ 124
§ 2. Hereket edýän goşunlardaky ýaralylaryň we syrkawlaryň ýagdaýyny gowulandyrmak hakynda I Ženewa Konwensiýasynyň mazmuny hem-de gurluşy............................................................................. 128

**XI bap. Deňizdäki ýaragly güýçleriň düzümindäki ýaralylaryň, syrkawlaryň we gämi heläkçiligine duçar bolan adamlaryň ýagdaýyny gowulandyrmak hakynda 1949-njy ýylyň II Ženewa Konwensiýasy**

§ 1. Deňizdäki ýaragly güýçleriň düzümindäki ýaralylaryň, syrkawlaryň we gämilerde heläkçilige duçar bolan adamlaryň ýagdaýyny gowulandyrmagyň hukuk wezipeleri. 1949-njy ýylyň II Ženewa Konwensiýasyna düşünje .......... 139

§ 2. Ýaralylara, syrkawlara we gämi heläkçiligine duçar bolan adamlara hemaýat etmek .......... 142

§ 3. Gyzyl Haç gospital gämileriniň hukuk statusy. Gospital gämileri we olaryň şahsy düzümi. Tapawutlandyryş nyşanlarynyň ähmiýeti we olary ulanmagyň düzgünleri .......... 146

**XII bap. «Harby ýesirlere garamak hakynda» 1949-njy ýylyň III Ženewa Konwensiýasy**

§ 1. III Ženewa Konwensiýasy barada düşünje we onuň kabul edilmeginiň ähmiýeti. «Harby ýesir» düşünjesi, harby ýesirleriň harby derejeleri .......... 152

§ 2. Harby ýesirleriň hukuk ýagdaýy, olaryň daşky dünýä bilen gatnaşygy. Ýesirlik düzgünleri barada harby ýesirleriň şikaýatlary .......... 154

§ 3. Harby ýesirleriň düzgün-nyzam jogapkärçiligi .......... 158

**XIII bap. Ýaragly çaknyşyklar döwründe raýat ilatynyň goragy hakyndaky 1949-njy ýylyň IV Ženewa Konwensiýasy**

§ 1. Raýat ilatyny goramak hakynda IV Ženewa Konwensiýasynyň zerurlygy, mazmuny we ähmiýeti .......... 163

§ 2. Ýaragly çaknyşyklar döwründe raýat ilatyny we raýat şahsyny goramak üçin döredilýän zolaklar .......... 166

§ 3. «Uruş wagtynda raýat ilatyny goramak hakynda» IV Ženewa Konwensiýasynda bellenen ýagdaýlar .......... 170

**XIV bap. Halkara ynsanperwer hukugynyň kadalaryny milli kanunçylyga ornaşdyrmak**

§ 1. Halkara ynsanperwer hukugy barada Türkmenistanyň kanunçylygy. Häzirki zaman halkara ynsanperwer hukugynyň ösüşiniň aýratynlyklary ........ 174
§ 2. Halkara ynsanperwer hukugynyň kadalaryny milli kanunçylykda ornaşdyrmagyň täsirli mehanizmleri, zerurlygy we maksadalaýyklygy. Türkmenistanyň halkara ynsanperwer hukugyndan gelip çykýan milli borçnamalary ........ 177
§ 3. Türkmenistanyň milli kanunçylygy we halkara ynsanperwer hukugynyň kadalary ........ 183
§ 4. Türkmenistanyň halkara ynsanperwer hukugynyň meseleleri boýunça hyzmatdaşlygy ........ 185

**XV bap. Halkara ynsanperwer hukugynyň kadalarynyň bozulmagyna jenaýat jogapkärçiligi**

§ 1. Halkara ynsanperwer hukugynda «Hukuk bozulmalary» düşünjesi. Harby jenaýatlar barada düşünje ........ 193
§ 2. Indiwidleriň jogapkärçiligini belleýän halkara-hukuk kadasynyň häsiýetnamasy ........ 196
§ 3. Halkara ynsanperwer hukugy boýunça döwletleriň borçlarynyň ýerine ýetirilişine halkara gözegçiligi ........ 200
§ 4. Halkara Jenaýat Kazyýetiniň döredilmegi, maksady we wezipeleri ........ 207

**XVI bap. Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň döredilmegi, tapawutlandyryjy nyşan belgileri we olaryň ähmiýeti**

§ 1. Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň döredilmeginiň taryhy. Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň esas goýujy ýörelgeleri ........ 211
§ 2. Gyzyl Haçyň we Gyzyl Ýarymaýyň nyşanlarynyň döredilmegi, orny we ähmiýeti ........ 221
§ 3. Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýetiniň we Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň bilelikde alyp barýan işleri. Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýetiniň işiniň ileri tutulýan ugurlary ........ 237

**XVII bap. Halkara ynsanperwer hukugynda bosgunlaryň hukuk ýagdaýy**

§ 1. Bosgunlaryň hukuk statusy barada düşünje ..................................... 243
§ 2. Bosgunlaryň işini utgaşdyrmakda hereket eden guramalar. BMG-niň Bosgunlaryň işi baradaky Ýokary Komissarynyň Müdirliginiň döredilmegi we onuň wezipeleri ................................ 247
§ 3. Bosgunlaryň hukuklaryny kadalaşdyrýan halkara hukuk resminamalary ........................................................................ 251
§ 4. Türkmenistanyň bosgunlar baradaky halkara başlangyçlary we tejribesi ............................................................................ 253
§ 5. Türkmenistanyň bosgunlar baradaky milli kanunçylygy .................. 256
Peýdalanylan edebiýatlar ........................................................................ 259

*Dürli Ballyýewa, Saýat Goçumowa, Merjen Gurbannazarowa*

# HALKARA YNSANPERWER HUKUGY

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby


| | |
|---|---|
| Redaktor | *D. Hallygylyjow* |
| Surat redaktory | *O. Poladowa* |
| Teh. redaktor | *Ş. Gurbangeldiýewa* |
| Kompýuter bezegi | *T. Öwezgeldiýewa,* |
| | *G. Hommadow* |
| Neşir üçin jogapkär | *B. Baýryýew* |

Çap etmäge rugsat edildi . .2025. Ölçegi 60x90 $^{1}/_{16}$.
Şertli çap listi , . Hasap-neşir listi , .
Çap listi , . Şertli-reňkli ottiski , .
Sargyt № 3735. Sany

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.